# Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary

**M. Tyllaýew, I. Bekiýew, Ý. Nuryýew, G. Saryýewa**
**B. Orazdurdyýewa, B. Zahyrow**

# Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary

**Ýokary okuw mekdepleriniň hukuk hünärinden beýleki hünärler üçin okuw kitaby**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent M. Tyllaýewiň umumy redaksiýasy bilen**

**Ylmy redaktor hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent O. Ballyýewa**

**Aşgabat – 2010ý.**

**Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary boýunça ýokary okuw mekdepleriniň hukuk hünärlerinden beýleki hünärler üçin okuw kitaby**


## Awtorlar:

**B. M. Orazdurdyýewa,** I bap, Türkmenistanyň Konstitusion kanunçylygynyň esaslary

**M. Tyllaýew**, II bap, Türkmenistanyň dolandyryş kanunçylygynyň esaslary

**Ý. M. Nuryýew,** III bap, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esaslary, IV bap, Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň esaslary

**G. D. Saryýewa,** V bap, Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň esaslary

**I. Bekiýew,** VI bap, Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygynyň esaslary

**B. Zahyrow,** VII bap, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynyň esaslary

# Giriş

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistanda kanunçylygy kämilleşdirmek iň wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň – Konstitusiýanyň düzgünleri täze döwrüň talaplaryna laýyk getirildi. Onuň jemgyýetdäki orny we ähmiýeti güýçlendirildi.

Konstitusiýada görkezilişi ýaly, Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Bu düzgünler Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklaryna we azatlyklaryna aýratyn uly ähmiýetiň berilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Döwletiň demokratik häsiýeti Konstitusiýada (2-nji madda) kepillendirilýär. Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar.

Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat öz üstüne Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgesi Konstitusiýanyň kadalarynda berkidilip, ýurtda ähli ugurlar boýunça alnyp barylýan işleriň esasy maksadydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy hukugyň esasy pudaklary bolan Konstitusiýa, dolandyryş, raýat, zähmet, ekologiýa, maşgala, jenaýat kanunçylygynyň esaslaryny kesgitleýär. Konstitusiýadan ugur alnyp, Türkmenistanyň kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirilýär, olaryň kadalary täze şertleriň talaplaryna laýyk getirilýär.

Häzirki zaman şertlerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryny Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary bilen tanyşdyrmak zerurdyr hem-de

peýdalydyr. Netijede, talyplaryň – geljekki hünärmenleriň gözýetimi giňeler hem-de olaryň raýat işjeňligi ýokarlanar. Konstitusiýanyň kadalaryna, kanunlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň düzgünlerine oňat düşünmek hem-de olardaky talaplary berjaý etmek möhüm ähmiýete eýedir.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslaryny öwrenmegi, hukuk terbiýesini almagy olaryň kanuna, hukuga hormat goýmaklaryny üpjün etmäge syýasy we ahlak taýdan oňyn täsir eder, olaryň hukuk taýýarlygy gündelik iş tejribesiniň kämilleşmegine ýardam eder.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary diýen okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň hukuk hünärlerinden beýleki hünärler üçin niýetlenip, talyplara maddy hukuk pudaklarynyň kanunçylyk esaslaryny öwretmek göz öňünde tutulýar. Esasanam, bu kitapda Türkmenistanyň Konstitusion hukugynyň, Türkmenistanyň dolandyryş (administratiw) hukugynyň, Türkmenistanyň zähmet hukugynyň, Türkmenistanyň raýat hukugynyň, Türkmenistanyň maşgala hukugynyň, Türkmenistanyň ekologik hukugynyň we Türkmenistanyň jenaýat hukugynyň kanunçylyk esaslarynyň mazmuny açylyp görkezilýär ýagny agzalan hukuk pudaklaryna umumy düşünje berilýär, olara degişli hukuk kadalaryna we hukuk gatnaşyklaryna seljerme berilýär. Mundan başga-da şu kitapda öwrenilýän hukuk pudaklarynyň subýektleri barada maglumatlar berilýär hem-de degişli hukuk pudaklarynyň kadalary bozulan halatynda ýüze çykýan jogapkärçilikler hakynda düşündirilýär.

„Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary“ diýen okuw kitaby ýeke bir talyplar üçin peýdaly bolman, beýleki hukuk meseleleri bilen iş salyşýan hünärmenlere hem peýdaly bolar diýip awtorlar topary umyt edýär.

# I bap. Türkmenistanyň Konstitusion kanunçylygynyň esaslary

## §1. Türkmenistanyň döwlet we hukuk gurluşynyň esaslary

Türkmenler taryhda jemi 70-den gowrak döwlet döretdi. Bu gün bolsa türkmen halky öz topragymyzda özygtyýarly, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletini binýat etdi. Biziň türkmen döwletimiz 70 ýyldan-da gowrak ýyllaryň dowamynda SSSR-iň düzüminde boldy. Häzir bolsa türkmen halkymyzyň arzuw eden taryhy pursady gelip ýetdi. Türkmenistany özbaşdak döwlet hökmünde berkarar eden hukuk resminamalaryna Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky jarnamasy we Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky konstitusion kanuny degişli hasap edilýär. Türkmenistan SSR-niň Döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky jarnamasy 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenistanyň Ýokary Soweti tarapyndan kabul edildi. Bu jarnamanyň esasy maksady Türkmenistanyň bütin territoriýasynda döwletiň häkimiýetiniň hökmürowanlygyny, özbaşdaklygyny, doly ygtyýarlylygyny, mizemezligini, daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarda özüniň Garaşsyzlygyny we deňhukuklylygyny ykrar etmekden ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň özygtyýarlylygy hakyndaky jarnamasynda Türkmenistanda Konstitusiýanyň we kanunlaryň hökmürowanlygy berkarar edilýär, territoriýasynyň eldegrilmesizligi, Türkmenistanyň raýatlygy, döwletiň içerki we daşarky howpsuzlygyna degişli meseleleri özbaşdak çözüp bilýänligi, döwlet dili hökmünde türkmen diliniň yglan edilýänligi we beýleki döwlet ähmiýetli wajyp meseleler öz beýanyny tapýar. Jarnamadan gelip çykyşyna görä, onuň düzgünleri Garaşsyz döwletimiziň Esasy Kanunyny işläp düzmeklikde esas bolup hyzmat etdi. Özygtyýarlylygymyzdan soňra 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň Geňeşi geçirildi, onda türkmeniň taryhy karary – Türkmenistan döwletiniň Garaşsyzlygy ebedi ykrar edildi. Oňa laýyklykda Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna – türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň

hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Konstitusiýasynda¸ Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki normalarynda göz öňünde tutulan hukuklary we azatlyklary üpjün etmegiň, kanun agalyk edýän ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edýändigi bellenilýär.

Türkmenistanda döwlet häkimiýeti ony kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we kazyýet häkimiýetine bölmek ýörelgesi boýunça amala aşyrylýar. Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamy Prezident bolup, ol döwletiň baştutanydyr. Türkmenistanyň Prezidenti ýerine ýetiriji häkimiýete hem baştutanlyk edýär. Türkmenistanyň territoriýasyndaky ýer, ýerasty baýlyklar, howa giňişligi, suw hem beýleki tebigy resurslar we deňiz ykdysady zonasy halkyň milli baýlygy we eýeçiligi bolup, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň maddy esasy bolup hyzmat edýärler.

Garaşsyz döwlet, ýagny dünýä bileleşiginiň deň hukukly agzasy hökmünde Türkmenistan öz daşary syýasatyny özbaşdak düzýär we durmuşa geçirýär, Birleşen Milletler Guramasyna we beýleki halkara guramalaryna gös-göni girýär, diplomatik, konsullyk, söwda we beýleki gatnaşyklary amala aşyrýar, olar bilen ygtyýarly wekilçilikleri alyşýar, halkara şertnamalaryny baglaşýar.

Türkmenistanyň öz döwlet nyşanlary: baýdagy, gerbi, gimni bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz, sözüň doly manysynda, özygtyýarly hem-de Garaşsyz döwletdir. Özygtyýarlylyk içeri we daşary meseleleriň özbaşdak çözülmegidir. Biziň hemmämiz bulary gündelik durmuşymyzda görýäris. Häkimiýet we hökümet edaralarynyň maslahatlarynda döwlete, halkymyza dahylly meseleleriň dürli görnüşlerine garalýar. Olaryň ählisinde halkymyzyň bähbitlerinden ugur alynýar.

Şonuň üçin hem häzirki wagtda döwlet Baştutanymyz döwletliligi berkarar etmek, jemgyýetde syýasy durnuklylygy berkitmek, kanunlara sarpa goýmak, ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmak ýaly döwlet ähmiýetli meseleleri esasy wezipe edip goýdy. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan

döwletimiziň hukuk binýady has-da berkeýär. Her bir özygtyýarly döwlet özüniň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýasyny kabul edýär.

Konstitusiýa sözi „constitus” diýen latyn sözünden gelip çykyp, „tassyk etmek, dikeltmek“ diýmekligi aňladýar. Gadymy döwürlerde hem „konstitusiýa“ sözi ulanylypdyr. Ýöne ol konstitusiýanyň häzirki zaman düşünjesine laýyk gelmändir. Täze konstitusiýa adatça täze döwlet emele gelende, jemgyýetçilik gurluşynda düýpli özgerişlik bolan ýagdaýynda kabul edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy hem 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi kanunlary kabul edýär, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär hem-de olara resmi düşündirişler berýär. Konstitusion kanunlar diýlip, Türkmenistanyň Konstitusion gurluşynyň esaslaryna düýpli täsir edýän kanunlara düşünilýär. Konstitusiýa Esasy Kanun bolmak bilen beýleki adaty kanunlardan tapawutlanýar. Ilki bilen Konstitusiýa iň ýokary hukuk güýjüne eýe bolan kanundyr. Bu kada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasyndan gelip çykýar, ýagny döwletiň, onuň ähli edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň hereketleri diňe hukuk hem kostitusion gurluş arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalar we düzgünler gös göni hereket edýär. Konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur.

Konstitusiýanyň aýratyn kabul ediliş hem-de üýtgetme, goşmaça giriziliş tertibi bolýar. Bu bolsa onuň durnukly häsiýete eýe bolmalydygyndan gelip çykýar. Beýle diýildigi her bir döwlet Esasy Kanuny kabul edende köp wagtlaýyn uzak möhleti göz öňünde tutup kabul edýär. Konstitusiýanyň ýene-de bir aýratynlyklarynyň biri ol mazmuny boýunça jemgyýet we döwlet gurluşynyň esaslaryny düzgünleşdirýär.

Daşary syýasat babatda aýdanymyzda, biziň döwletimiz hoşniýetli, parahatçylygy söýüji daşary syýasaty ilkinji günlerden işläp düzdi we ony kämilleşdirip, yzygiderli alyp barýar. Şu güne çenli biziň döwletimiz birnäçe halkara guramalarynyň agzasy boldy. Dünýäniň köp döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ýola

goýdy. 1992-nji ýylyň mart aýynyň 2-sinden bäri hem Birleşen Milletler Guramasynyň agzasydyr.

Türkmenistan döwleti dünýä bileleşiginiň durmuşyna çuňňur ornaşýar. Halkara guramalarynyň köpüsine agzalyga girmegi, daşary syýasatda parahatçylykly ýaşaşmak, güýç ulanmazlyk, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgeleriniň pugta berjaý edilmegi onuň dünýädäki abraýyny artdyrýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy girişden, 117 maddadan, 8 bölümden, 5 bapdan ybarat. Onuň I bölümi „Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary“ diýlip atlandyrylýar hem-de 1–17-nji maddalary özünde jemleýär. Bu bölümde döwletiň esasy alyp barýan ugry, döwlet häkimiýet bölünişigi, Türkmenistanyň raýatlarynyň hem-de daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýlarynyň esaslary we başgalar kesgitlenilýär. Kontitusiýanyň II bölümi „Türkmenistanda adamyň we raýatyň esasy hukuklary, azatlyklary hem borçlary“ diýlip atlandyrylyp, ol 18–47-nji maddalary özünde berkidýär. Adam hukuklary baradaky mesele döwletimizde amala aşyrylýan syýasatlaryň özeni bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň III bölümi „Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy“ diýlip atlandyrylyp, ol özünde 5 baby jemleýär. 1-nji bap „Umumy düzgünler“ (48–49-njy maddalar), 2-nji bap „Türkmenistanyň Prezidenti“ (50–58-nji maddalar), 3-nji bap „Türkmenistanyň Mejlisi“ (59–71-nji maddalar), 4-nji bap „Türkmenistanyň Ministrler Kabineti“ (72–76-njy maddalar), 5-nji bap „Ýerli häkimiýet edaralary“ (77–83-nji maddalar) diýlip atlandyrylýar. Baş kanunyň IV bölümi „Ýerli öz-özüňi dolandyryş“ (84–88-nji maddalar), V bölüm „Saýlaw ulgamy, sala salşyk“ (89–98-nji maddalar), VI bölüm „Kazyýet häkimiýeti“ (99–109-njy maddalar), VII bölüm „Prokuratura“ (110–114-nji maddalar), VIII bölüm „Jemleýji düzgünler“ (115–117-nji maddalar) diýlip atlandyrylýar.

Döwrüň talabyna görä, Esasy Kanun hem, onuň esasynda kabul edilýän kanunlar hem ösýär, özgerýär, kämilleşýär. Kanunçylygy kämilleşdirmek döwlet gurluşyny ösdürmekligiň esasy ugrudyr. Türkmenistanyň ilkinji gezek 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sine hemişelik Bitaraplygyny almaklygy bilen, 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-sine Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji we 6-njy

maddalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. 1999-njy ýylyň dekabr aýynyň 29-nda, 2003-nji ýylyň awgust aýynyň 15-inde, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-inde, 2006-njy ýylyň dekabr aýynyň 26-synda, 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-synda döwlet gurluşynyň kanuny binýadyny has kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Türkmenistanyň Esasy Kanuny türkmen döwletiniň dünýäde tutýan ornuny kesgitledi. Beýik Galkynyş zamanasynda Türkmenistan döwletimizde ösüşiň ähli ugurlary boýunça uly-uly sepgitlere ýetilýär. Ýurt baştutanlygyna geçen ilkinji günlerinden başlap, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan döwletimiziň dünýä progresi bilen sazlaşykly hereket etmegi hem-de adam hukuklaryny we azatlyklaryny ileri tutmagy esasy wezipe edip goýdy. Şol belent başlangyçlardan ugur almak bilen, hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda ýurdumyzda düýpli reformalary durmuşa ornaşdyrýar. Garaşsyz, Bitarap döwletimizde hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetde, bilim-ylym pudaklarynda, oba hojalygynda, daşary syýasatda amala aşyrýan giň möçberli reformalarynyň hemmesiniň öňde goýlan maksatlara ýetmegi üçin halkara ülňülerine laýyk gelýän kämil milli kanunçylygymyzyň bolmaklygy döwrüň talaby bolup durýar. „Uly möçberli reformalaryň amala aşyrylmagy dünýä ykdysadyýeti bilen deň gadam urmaga, onuň ösüş kanunlaryna goşulyşmaga mümkinçilik berýär, munuň özi örän dogry ýoldur. Hut şonuň üçin hem ýurdumyzyň kanunçylygy reformalar üçin işlemelidir...“ diýip, hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň geçen mejlisleriniň birinde örän jaýdar belläp geçdi. Diýmek, edil häzirki wagtda döwlet hukuk institutlarynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek derwaýys meseleleriň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2007-nji ýylyň noýabr aýynda milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmek boýunça döwlet topary, şu ýylyň aprel aýynyň 4-ne bolsa Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion topar döredildi, şunuň netijesinde hem täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanyna laýyk gelýän ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň täze redaksiýasy kabul edildi.

Galkynyş zamanasynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi, ýurdumyzyň mundan beýläk-de durnukly ösüşiniň kepili hökmünde çykyş eder.

„Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslary“ diýen bölümiň özi türkmen jemgyýetiniň we döwletiniň häsiýetiniň has möhüm özenini özünde jemleýär. Konstitusiýa gurluşy we onuň esaslary konstitusiýa hukugynyň bir instituty hasaplanyp, döwletiň we jemgyýetiň ösüşinde konstitusiýa hukuk ýörelgeleriniň, kadalarynyň jemi bolup durýar.

Biziň döwletimiz günsaýyn ösüp, onda her bir ädimde demokratik özgerişlikler bolup geçýär. Türkmenistan döwletimiziň alyp barýan baş ugry Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda öz beýanyny tapýar, ýagny Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Şonuň ýaly-da Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir.

Bu maddadan gelip çykyşyna görä, Türkmenistan döwletiniň dolandyryş formasy prezident respublikasy, döwlet çäk-gurluş formasy boýunça unitar, syýasy düzgün formasy bolsa demokratik döwletdir. Turuwbaşdan Türkmenistanyň territoriýasy (çägi) emele gelen serhetlerde eldegrilmesizligi we bölünmezligi, dolandyryş formasynyň respublika görnüşinde boljakdygy hakynda, döwlet häkimiýetiniň eýesiniň bolsa halkdygy, onuň öz häkimiýetini gös-göni sala-salşygyň (referendumyň) we wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýandygy barada „Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky konstitusion kanunda” berkidildi. Diýmek, eger-de döwlet baştutany öz wezipesini saýlaw esasynda eýeleýän bolsa, respublika; emma döwlet baştutany öz wezipesini nesilden-nesle ýa-da ömürlik geçirýän bolsa, onda oňa monarhiýa diýilýär. Unitar bolsa „unus” diýen latyn sözünden gelip çykyp, „bir, bitewi, ýeke-täk” diýmekligi, demokratiýa bolsa, „demos–halk, cratus–häkimiýet” diýen sözlerden gelip çykyp, „halk häkimiýeti” diýmekligi aňladýar”. Esasy Kanunymyzyň 2-nji maddasynda demokratiýa sözüniň manysy açylyp görkezilýär, onda: „Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk

gözbaşydyr. Ol öz häkimýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar“ diýilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ähli maddalarynda demokratik ýörelgelerden ugur alynýar. Mysal üçin, häkimiýet halka degişli (2-nji madda), döwlet Baştutany halk tarapyndan saýlanylýar (52-nji madda), Mejlisiň deputatlary, halk maslahatlarynyň agzalary, geňeş agzalary (89-njy madda) halk içinden saýlanylýar, döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli möhüm meseleleri çözmek üçin ählihalk sala salşyklary we ýerli sala salşyklar geçirilýär (94-nji madda).

Unitar döwletlerde federatiw döwletlerden tapawutlylykda bir bitewi territoriýasy dolandyryş-çäk birliklerden durýar. Unitar döwletiň ýeke-täk Konstitusiýasy, bir kanun çykaryjy edarasy, ýeke-täk dolandyryş ulgamy, bir kazyýet ulgamy, bir raýatlygy we ş.m. bolýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasyndan ugur alsak: „Türkmenistan dolandyryş-çäk gurluşy boýunça welaýatlardan, welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan, etrap hukukly şäherlerden, etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden, geňeşliklerden ybaratdyr. Bir ýa-da birnäçe obanyň çägi geňeşligi emele getirýär“.

Özbaşdaklygyň gazanylmagy, onuň Esasy Kanunda berkidilmegi, biziň halkymyza öz ykbalyny özi kesgitlemäge doly mümkinçilikleri döretdi. Biziň döwletimizde kanunyň, hukugyň ýokarylygy Konstitusiýanyň esasynda hem ykrar edilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda: „Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler“ diýip kesgitlenilenilýär. Döwletiň kanun çykaryjy edaralaryna häkimiýet diýilýär. Hökümet – döwleti edara ediji, iş dolandyrjy gurama. Hökümet öz işinde häkimiýetiň çykaran kada-kanunlaryndan ugur alyp işleýär.

Hukuk döwleti hökmany suratda adalatly döwlet bolmalydyr. Sebäbi hukuk hem-de adalat diýen düşünjeler biri-birinden aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ösen döwletlerde hukugyň dabaralanmagyna adalatyň dabaralanmagy hökmünde garalýar.

Hukuk başlangyçlarynda gurlan we hukuga tabyn bolan döwlet – hukuk döwleti diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda özara hormat goýmaklyga, oňşuklylyga, ynsanperwerlige esaslanyşy ýaly, özüniň içerki durmuşynda-da şol ýörelgelerden ugur alýar. Döwletde we jemgyýetde milletara we sebitara ylalaşygyň, geçirimliligiň, durmuş hyzmatdaşlygynyň ykrar edilmegi Türkmenistan döwletiniň içerki syýasatynyň öňe tutýan ugrudyr. Häzirki wagtda döwletimizde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda adam hukuklaryny doly kepillendirmek ugrunda dürli görnüşdäki döwlet ähmiýetli çäreler durmuşa ornaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň bu adalatly döwlet syýasaty adam mertebesiniň ýokarlanmagyna, ilatyň durmuş ýagdaýynyň ýokary derejede saklanylmagyna, erkin we adalatly jemgyýetiň gurulmagyna gönükdirilendir. Adam hukuklary barada döwlet syýasaty adamyň esasy hukuklary we azatlyklaryny hem-de bu hukuklara we kanuny bähbitlerine bolan kepillerini, goragyny, adamyň fiziki we bedeni taýdan ösüşini, milli gymmatlyklaryň ruhy ösüşi bilen utgaşmaklygyny öz içine alýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet baştutanlygyna geçmegi bilen türkmen döwletiniň ösüşi „Döwlet adam üçindir. Biziň döwletimiz we jemgyýetimiz üçin adamdan , onuň bähbitlerinden ýokarda durýan baýlyk ýokdur“ diýen ýörelgelere esaslanýar.

Milletiň ruhy mirasynyň bölegi hökmünde ata-babalarymyzyň dini ynanjy her bir Türkmenistanyň raýaty üçin gymmatlydyr. Döwletimiziň 5 müňýyllyk taryhynda onuň ruhuýetini we medeniýetini kemala getirmekde hem-de ony ösdürmekde musulmançylygyň aýratyn orny ykrar edilip, Türkmenistan özüni dünýewi döwlet diýip ykrar etdi. Umuman, dünýewi döwlet diýlende, diniň döwlet işlerinden aýry hereket etmekligine düşünilýär.

Türkmenistanda dünýewi döwletiň gurulmagy we onuň kemala gelmegi Esasy Kanunymyzda özüniň giň beýanyny tapdy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 12-nji maddasynda bellenilişine görä: „Döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär. Dini guramalar döwletden aýrydyr we

olaryň döwlet işlerine gatyşmagyna we döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär. Döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir.

Her bir adam özüniň dine garaýşyny özbaşdak kesgitleýär. Onuň ýeke özi ýa-da beýleki adamlar bilen bile islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga haky bardyr, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlar bilen baglanyşykly ynam-ygtykatlary beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge gatnaşmaga haky bardyr“.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň maddalarynyň hemmesi ynsanperwerlige, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna, dostluk-doganlyga, jebislige, watançylyk borjuňa düşünmäge, milli-ruhy baýlyklarymyzy gorap saklamaga, milli däp-dessurlarmyzy, taryhymyzy dikeltmäge gönükdirilendir. Türkmen halkynyň ynsanperwer däp-dessurlary, milli demokratiýamyz jemgyýetiň ösüşine laýyk täze mazmunda Esasy Kanunymyzda özüniň giň beýanyny tapdy. Häkimler, geňeşlikleriň döredilmegi türkmen halkynyň öz milli taryhy aýratynlyklaryna we demokratik ýörelgelerine laýyklykda Konstitusiýasyny işläp düzendigine şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy her bir adamyň dine uýmak erkinligine bolan hukugy, şeýle hem olaryň dine bolan garaýyşlaryna garamazdan, kanunyň öňündäki deňligini kesgitledi. Esasy Kanunymyzda beýleki dinlere hormat goýmak, däp-dessurlary berjaý etmek, dine uýmak erkinligi meselesinde özara düşünişmegi ündeýän ýörite maddanyň bolmagy ýöne ýerden däldir. Bu ýörelgeler dürli milletleriň arasynda agzybirligi saklamakda-da uly ähmiýete eýedir. Biziň döwletimiziň esasy maksady ruhy taýdan sagdyn adalatly jemgyýeti gurmakdan ybarat bolup durýar.

2003-nji ýylyň oktýabr aýynyň 21-nde „Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda“ kanun hem kabul edildi. Bu kanun 7 bapdan ybarat bolup, özünde 27 maddany jemleýär. Ol kanunda dini guramalary döretmegiň tertibi, olaryň emläk ýagdaýlary, dini guramalaryň we raýatlaryň dine uýmakdaky hukuklary, bularda zähmet işiniň ýöredilişi, gözegçiligi amala aşyrmak ýaly meseleler kadalaşdyrylýar.

Her bir döwletiň taryhynda onuň daşary syýasat gatnaşyklaryna goşulyşmagynyň we ilerläp başlamagynyň pursady hökmünde hasaba alyp boljak seneler bar. 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-si Türkmenistanyň durmuşynda şeýle sene bolup durýar. Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy „Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy“ kararnamasyny kabul etdi, şol kararnamada bolsa BMG-niň agzalary bolan döwletleriň Türkmenistany hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar etmegi, Türkmenistanyň şu halkara-hukuk derejesine, onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we ýerleriniň bitewüligine sarpa goýmagy we olary goldamagy göz öňünde tutulýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite kararnamasynyň kabul edilmegi Türkmenistanyň parahatçylygy söýüjilikli daşary syýasat ugrunyň, halkara işlerine onuň iş bähbitli ornunyň Milletler Bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi boldy. Munuň taryhy ähmiýetli wakadygy şübhesizdir. Her ýylyň dekabr aýynyň 12-si Türkmenistanda Milli baýram – Bitaraplyk güni diýlip, yglan edildi. Türkmenistan döwletiniň baky bitaraplyk syýasaty bu günki günde dünýä halklaryny jebisleşdirýär we parahatçylyga çagyrýar.

2008-nji ýylda Türkmenistanyň Konstitusiýasy, girizilen üýtgetmelere görä, döwletiň konstitusion gurluşynyň ykdysady esaslarynyň ýörelgelerini berkitdi. Bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9–10-njy maddasynda öz beýanyny tapdy, ýagny Türkmenistanda önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy berkarar edilýär, Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär. Konstitusiýamyzda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň anyk konstitusion esaslarynyň berkidilmegi biziň döwletimizde halkyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna aýratyn itergi berýär.

Garaşsyzlyk türkmen milletiniň ykbalyny doly özgertdi, gutarnykly kemala getirdi. Türkmenistan döwletiniň döremegi bilen halkymyzyň geçmişi, şu güni we geljegi bitewülige eýe boldy. Özbaşdak milli döwletliligimizi sypatlandyrýan milli döwlet nyşanlarymyz döredildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 15-nji maddasynda: „Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary: Döwlet

baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy bardyr. Baýdak, Tugra, Sena kanun esasynda kabul edilýär we goralýar“ diýlip kesgitlenilýär. Şeýle kanun 1992-nji ýylyň fewral aýynyň 19-nda kabul edildi. Türkmen halky ol güni Türkmenistanyň Döwlet Baýdagynyň baýramy diýip dabaraly belläp geçýär. Baýdagymyzyň ýaşyl reňki ýaşaýyş ýaly ýaşyl ýaýlalarymyzy, ondaky haly gölleri adamlaryň ýaşaýyş durmuşyny, Aý bilen ýyldyz bolsa ata-babalarymyzyň ynançlaryna goýulýan hormaty alamatlandyrýar. Ýyldyz bakylygy aňladýar. Bu arzuwyň, ýagtylygyň, adalatyň alamatydyr. Baýdakdaky Aýyň gapdalynda ýyldyzlaryň parlap durmagy, olaryň biri-birini şöhlelendirýändiginiň alamatydyr. Ýyldyzlaryň sanynyň bäş bolmagy tebigatda adamyň aňly-başly ýaşaýşyny kesgitleýän: ys, ses, ýagtylyk, tagam we mukdar (möçber) bilen düşündirilýär. Baýdagymyzdaky ýyldyzlar bäş mukaddesligi, ýagny berk ynamy, arzuw-hyýallarymyzy, adalat döwletini gurandygymyzy, saýlap alan ýolumyzyň dogry we aýdyňlygyny, uzak-uzak nesillerden-nesle dowam etjek bagtyýarlygymyzam aňladýandyr. Aý bilen ýyldyzlar biziň Altyn asyra barýan ak ýolumyzdyr. Jemgyýetdäki bolup geçýän özgerişliklere görä döwlet nyşanlaram üýtgeýär. Biziň döwletimize täze hukuk derejesiniň berilmegi bilen 1997-nji ýylyň ýanwar aýynyň 29-nda „Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda döwlet kanuny kabul edildi. Öňki kanunyň 1-nji maddasynda: „Türkmenistanyň Döwlet baýdagy milletiň agzybirliginiň we garaşsyzlygynyň netijesidir“ diýlip kesgitlenen bolsa, indi ol: „Türkmenistanyň Döwlet baýdagy milletiň agzybirliginiň hem garaşsyzlygynyň we döwletiň bitaraplygynyň nyşanydyr“ diýlip berkleşdirildi. Biziň halkymyzyň aýratynlyklary, mertebesiniň belentligi onuň Tugrasynda jemlenendir. 2000-nji ýylyň noýabr aýynyň 27-sinde Türkmenistanyň Döwlet tugrasy hakyndaky kanun kabul edildi we şol barada düzgünnama tassyklanyldy. Türkmenistanyň Döwlet tugrasy Türkmenistanyň Döwlet häkimiýetiniň nyşanydyr. Döwlet özygtyýarlylygynyň we garaşsyzlygynyň ýene bir alamaty onuň dabaraly senasynyň bolmagydyr. 1996-njy ýylda Halk Maslahatynyň, Ýaşulular Maslahatynyň, Umumymilli „Galkynyş“ hereketiniň Baýramaly şäherinde geçirilen bilelikdäki mejlisinde „Türkmenistanyň Döwlet

senasy hakyndaky“ kanun kabul edildi. Şol kanunyň 2-nji maddasyna laýyklykda „Döwlet senasy Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň nyşanydyr we milletiň agzybirligini hem jebisligini janlandyryp görkezýär“.

2003-nji ýylyň awgust aýynyň 14–16-synda Türkmenistanyň Halk Maslahaty geçirilip, onda „Türkmenistanyň Döwlet tugrasy hakyndaky“ we „Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hakyndaky“ kanunlar kabul edildi. Kanunyň täze görnüşinde döwletimiziň şu agzalan nyşanlarynyň keşbine üýtgetmeler girizildi. Mundan beýläk türkmen halkynyň beýik ruhy däpleriniň mizemez alamaty hökmünde Oguz hanyň ýyldyzy diýlip, at galan sekizgyraňlyk girizildi. Türkmenleriň geçmişinde sekizgyraňlyk her hili görnüşde gabat gelýär. Esasan-da, ol türkmen döwletiniň nyşanlarynda ulanylypdyr.

Özbaşdak döwlet bolup garaşsyzlyk ýoluna düşenimizden soň, öz döwlet sylaglarymyz we hormatly atlarymyz hem döredildi. Mysal üçin: „Ruhnama“, „Prezidentiň ýyldyzy“, „Galkynyş“ ordenleri, „Altyn Aý“, „Edermenlik“, „Gaýrat“ medallary, „Türkmenistanyň hormatly il ýaşulusy“, „Türkmenistanyň halk mugallymy“ we ş.m. Döwlet sylaglary Türkmenistanyň Mejlisi (Parlamenti) tarapyndan döredilýär. 2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda „Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda“ Türkmenistanyň täze kanuny kabul edildi. Bu kanunyň 1-nji maddasynda: „Türkmenistanyň Gahrymany diýen at, Türkmenistanyň ordenleri, medallary we hormatly atlary döwletiň we jemgyýetiň öňünde bitirilen aýratyn hyzmatlar üçin berilýän döwlet sylaglarydyr“ diýlip kesgitlenilýär.

Türkmen halkynyň taryhyndaky şanly seneler mynasybetli döredilen ýubileý medallary hem bar. Muňa mysal edip „Watana bolan söýgüsi üçin“, „Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 60 ýyllygyna“ ýubileý medallaryny görkezmek bolar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň ordenleri we medallary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan döredilýär, hormatly atlary bolsa bellenilýär. 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 13-ne „Döwlet sylaglary barada Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de olaryň käbirini güýjüni ýitiren diýip hasap etmek hakynda“ Türkmenistanyň

kanuny kabul edildi. Türkmenistanyň döwlet sylaglaryna mynasyp bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

Her bir döwletiň we jemgyýetiň baş aýratynlyklarynyň biri milli dili hasaplanýar. Türkmenistan döwleti hem garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra, öz milli diliniň – türkmen diliniň derejesini belende göterdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 14-nji maddasyna laýyklykda „Türkmen dili Türkmenistanyň döwlet dilidir. Türkmenistanyň ähli raýatlaryna öz ene dilini ulanmak hukugy kepillendirilýär“. Döwlet diliniň konstitusion derejä eýe bolmagy döwlet dolandyryş işlerinde-de onuň giň gerim almagyna alyp barýar.

1990-njy ýylyň 24-nji maýynda Türkmenistan SSR-niň „Dil hakyndaky“ kanuny kabul edildi. Şu kanunyň esasynda türkmen diline döwlet dili derejesi berildi. Metbugatyň berýän habaryna görä, häzir Ýer ýüzünde 2796 dilde gepleşilýär, emma bary-ýogy 118 döwlet dili bar.

Türkmenistanda 40-dan gowrak milletiň wekili ýaşaýar. Dürli milletiň wekilleri agzybirlikde egin-egne berip, beýik garaşsyzlygymyzy berkitmek üçin arman-ýadaman zähmet çekýärler. Döwletimizde olaryň dinine, däp-dessurlaryna, diline hormat goýulýar. Olaryň hukuklary we azatlyklary deň derejede goralýar.

**Soraglar:**

**1. Konstitusiýa näme?**

**2. Türkmenistan haçan özygtyýarly döwlet boldy?**

**3. Türkmenistanyň Esasy Kanuny haçan kabul edildi?**

**4. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň mazmuny?**

**5. Demokratik, hukuk we dünýewi döwlet nähili bolmaly?**

**6.Türkmenistanyň döwlet gurluş, dolandyryş, syýasy düzgün formasyny aýdyp beriň?**

**7. Türkmenistanda döwlet sylaglaryny kim döredýär we sylaglaýar?**

**8. Däp-dessurlar barada nämeleri bilýärsiňiz?**

**9. Türkmenistanda dil syýasatynyň ornaşdyrylyşy?**

## Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary

### §1. Adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary barada düşünje.

Adam hukuklary diýlende şahsyýetiň dogulmagy bilen oňa degişli bolan tebigy, ýagny elinden alyp bolmaýan hukuklaryna düşünilýär. Elinden alyp bolmaýan hukuklary diýlende, adatça, adamyň ýaşamaga bolan hukugy, azat ömür sürmäge, howpsuzlygy, eýeçilik, fiziki hem-de psihik eldegrilmesizligi, şahsyýetiň mertebesi, şahsy we maşgala syrlary we başga hukuklary degişli.

Adam hukuklary barada Türkmenistanyň goşulan halkara hukuk namalarynyň käbirlerini mysal getirsek, „Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasy“, (10.12.1948 ý.), „Raýatlar we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygy“ (16.12.1966 ý.), „Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşygy“ (16.12.1966 ý.), „Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa“ (20.11.1989 ý.) we başgalar. Adamyň hukuklary diýlende has giňişleýin düşünilýär. Adamyň hukuklary we azatlyklary onuň haýsy döwlete degişlidigine garamazdan, çaganyň dogulmagy bilen ýüze çykýar. Ondan tapawutlylykda raýatyň hukuklary şahsyýetiň belli bir döwlete degişliligi bilen, ýagny raýatlyk hukuk ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr. Raýatlyk adam bilen döwletiň arasynda ýüze çykýan syýasy-hukuk baglanyşyk bolup durýar. Mysal üçin: Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanylmaga haky bar. Türkmenistanyň raýatlary bolan her bir erkek kişi belli bir ýaşda gulluk etmäge borçludyrlar.

Adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary öz gezeginde üç topara bölünýär:

1. Şahsy hukuklary we azatlyklary.
2. Syýasy hukuklary.
3. Sosial-ykdysady hukuklary.

Raýatyň şahsy hukuklary hem-de azatlyklary „şahsyýet“ diýen düşünjäniň özünden gelip çykýar. Şahsy hukuklar, köplenç, tebigy hukuklar bilen gabat gelýärler. Mysal üçin: adamyň ýaşamaga bolan hukugy, şahsy eldegrilmesizligi we

azatlygy, raýatyň hukuklaryny çäklendirmek, ony hukuklaryndan mahrum etmek, oňa iş kesmek ýa-da jeza bermek bolmaz, beýle ýagdaýlara diňe kanunda göz öňüne tutulan halatlarda ýol berilýär. Şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylmagyndan, şonuň ýaly-da hat-habarlarynyň, telefon we beýleki aragatnaşyklarynyň syryny saklamak düzgüniniň bozulmagyndan, öz namysyna we at-abraýyna hyýanat edilmeginden her bir raýatyň goranmaga hukugy bar. Her bir adamyň Türkmenistanyň çäginde ondan-oňa erkin gitmäge, ýaşajak ýerini saýlap almaga, ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligini goramaga hukugy bar (Mysal üçin: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 18, 22, 23, 25, 26, 27-nji maddalary).

Konstitusiýa laýyklykda adamlaryň sosial-ykdysady hukuklaryna eýeçilik hem-de ony miras goýmaga hukuklary, ähli raýatlaryň zähmet çekmäge, dynç almaga bolan hukuklary, her bir raýatyň bilim almaga hukugy, abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýyny edinmäge bolan hukugy, Türkmenistanyň raýatlarynyň öz çeper, ylmy we tehniki döredijiligini erkin alyp barmaga bolan hukuklary degişlidir (Mysal üçin: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 24, 33, 34, 35, 37, 38-nji maddalary).

Raýatlaryň syýasy hukuklary raýatlaryň döwlet häkimiýeti bilen gatnaşyklarynda ýüze çykýan hukuklarydyr. Bulara mysal edip şulary görkezmek bolýar: Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ynam-ygtykadyna erkin eýermäge we ony erkin beýan etmäge, kanunçylykda bellenen tertipde ýygnaklary, ýygnanyşyklary we ýörişleri geçirmek azatlygy, syýasy partiýalaryň düzümine girmäge bolan hukuklary, raýatlaryň saýlaw hukuklary we ş.m. Görşümiz ýaly, raýatlaryň syýasy hukuklary olaryň raýatlygy bilen baglanyşykly (Mysal üçin: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 29, 30, 31, 32-nji maddalary).

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 3-nji maddasynda „Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet özüniň her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär; raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetine eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar“ diýlip aýdylýan bu kadalar jemgyýetimiziň we döwletiň hukuk esaslaryny düzýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi bilen, döwletde adam mertebesini has hem ýokary

göterip, onuň mizemez hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmekde, kanun bozulmalarynyň öňüni almakda hem-de jemgyýeti demokratiýalaşdyrmagyň ýolunda aýgytly ädimler ädildi. Türkmenistan adam hukuklaryny we azatlyklaryny doly derejede durmuşa geçirmek üçin zerur bolan syýasy, ykdysady, hukuk şertlerini döredýär. Türkmenistan raýat we adam barasynda dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen halkara hukugynyň ähli kadalaryny ýerine ýetirýär we hormatlaýar. 1948-nji ýylyň dekabr aýynyň 10-na „Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy“ yglan edildi. Bu jarnama ilkinji gezek adamyň esasy hukuklary we azatlyklary beýan edilen halkara resminamasydyr. Ählumumy jarnamanyň şeýle möhüm ähmiýete eýedigi göz öňünde tutulyp, onuň kabul edilen güni bolan dekabr aýynyň 10-y BMG tarapyndan „Adam hukuklarynyň güni“ diýlip ykrar edildi. Türkmenistan döwleti hem öz milli kanunçylygynda şu jarnama esaslanýar.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda özara hormat goýmaklyga, oňşuklylyga, ynsanperwerlige esaslanyşy ýaly, özüniň içerki durmuşynda-da şol ýörelgelerden ugur alýar. Döwletde we jemgyýetde milletara we sebitara ylalaşygyň, geçirimliligiň, durmuş hyzmatdaşlygynyň ykrar edilmegi Türkmenistan döwletiniň içerki syýasatynyň öňe tutýan ugrudyr. „Adam türkmen döwletiniň baş gymmatlygydyr, ýurdumyzda amala aşyrylýan ähli özgertmeler, ozaly bilen, halkyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, adamlaryň bähbitlerini goramaga gönükdirilendir“ diýmek bilen, häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda adam hukuklaryny doly kepillendirmek ugrunda dürli görnüşdäki döwlet ähmiýetli çäreler durmuşa ornaşdyrylýar.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda „Döwlet adam üçindir“ diýen baş şygaryň astynda durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeleriň esasy maksady raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny doly üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň bu adalatly döwlet syýasaty adam mertebesiniň ýokarlanmagyna, ilatyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýynyň ýokary derejede saklanylmagyna, erkin we adalatly jemgyýetiň gurulmagyna gönükdirilendir. Adam hukuklary barada döwlet syýasaty – adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň

hem-de bu hukuklara we kanuny bähbitlerine bolan kepilleriniň, goragynyň, adamyň fiziki we beden taýdan ösüşiniň, milli gymmatlyklaryň ruhy ösüşi bilen utgaşmagyny öz içine alýar.

## §2. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň II bölümi „Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem borçlary“ diýlip atlandyrylyp, onda adam hukuklary we azatlyklary giňden beýan edilip, bular Konstitusiýanyň 18–47-nji maddalarynda berkidilendir. Çünki adam hukuklaryny kepillendirmek milli kanunçylygyň özenini tutmak bilen demokratik, hukuk döwleti üçin mahsus bolup durýar. Ýurdumyzyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň şahsy, syýasy, durmuş-ykdysady hukuklary hem-de onuň döwlet tarapyndan goragy anyk görnüşde berlendir. Konstitusiýanyň girişinde hem adam hukuklarynyň goralmagy barada aýdylýar. „Her raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirip, jemgyýetiň asudalygyny hem milli agzybirligi üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň hem-de hukuk döwletiniň esaslaryny berkarar etmäge çalşyp, şu Konstitusiýany – Türkmenistanyň Esasy Kanunyny kabul edýäris“ diýip, girişde bellenendir. Türkmenistanyň Konstitusiýasy ilat üçin deňhukuklylygy kepillendirýär. Adam hukuklary babatdaky mesele döwletimizde amala aşyrylýan ykdysady we syýasy özgerişikler bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu mesele her bir raýatyň azatlygyna, abadançylygyna, işine, durmuşyna, mertebesine degişlidir. Esasy Kanunymyzyň 18-nji maddasynda şeýle berkidilendir: „Adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz“. Türkmenistanda ýaşaýan raýatlaryň hemmesine olaryň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykatyna, haýsy partiýa degişlidigine garamazdan, olaryň deňhukuklylygy we azatlyklary Konstitusiýamyz tarapyndan kepillendirilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 22-nji maddasynda adamyň ýaşamaga hukugy berkidilendir, ýagny her bir adam ýaşamaga we azat ömür sürmäge

haklydyr. Hiç bir adam ýaşamaga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugy döwlet tarapyndan kanun esasynda goralýar.

Türkmenistanda ölüm jezasy ýatyrylandyr.

Türkmenistanyň milli syýasatynyň esasy umumy demokratik ýörelgelerden, ozaly bilen, adam hukuklaryndan ybarat. Konstitusiýa döwletimizde adam hukuklarynyň doly berjaý edilmegine kepil geçiji baş hukuknama bolup durýar.

Türkmenistanda raýatlaryň hukuklary we azatlyklary bilen deň derejede olaryň konstitusion borçlary hem berkidilýär. Esasy Kanunymyzyň 40-njy maddasynda: „Adamyň we raýatyň öz hukuklaryny hem azatlyklaryny amala aşyrmagy, onuň jemgyýetiň we döwletiň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan her bir adam Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr“ diýlip bellenilýär. Şeýle-de Konstitusiýamyza laýyklykda Türkmenistanyň raýatlary üçin döwlet salgytlaryny we gaýry tölegleri tölemek, Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek kişä bolsa ählumumy harby borçlulyk göz öňünde tutulýar.

**Soraglar:**

1. **Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň näçenji bölüminde adam hukuklary barada beýan edilýär?**
2. **Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň toparlandyrylyşy nähili?**
3. **Konstitusiýa laýyklykda adamyň we raýatyň borçlary nähili kesgitlenilýär?**
4. **Adamyň hukuklary we azatlyklary barada nähili kanunçylyk namalaryny bilýärsiňiz?**

## Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy. Türkmenistanyň Prezidenti

### §1. Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk derejesi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary

Halk demokratiýasyna daýanyp, adalat jemgyýetini gurmaklyga tarap barýan Türkmenistan döwletimizi dolandyrmak Esasy Kanunymyzyň 1-nji maddasyna laýyklykda prezident respubliksay görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 116-njy maddasynda Konstitusiýanyň Türkmenistanda döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýandygy hakyndaky düzgünleriniň üýtgedilip bilinmeýänligi kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji baby Türkmenistanyň Prezidentine bagyşlanýar (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 50–58-nji maddalary).

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Prezident bilen baglanyşykly hukuk meselelerini düzgünleşdirýän kanunlar hereket edýär. Olara 2006-njy ýylyň dekabr aýynyň 28-ne kabul edilen „Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda“ Türkmenistanyň kanunyny, 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 4-ne kabul edilen „Türkmenistanyň Prezidenti hakynda“ Türkmenistanyň kanunyny mysal getirmek bolar.

„Türkmenistanyň Prezidenti hakynda“ Türkmenistanyň kanuny 5 bapdan, 20 maddadan ybarat bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň işiniň hukuk, ykdysady, guramaçylyk we beýleki esaslaryny kesgitleýär, onuň işini üpjün etmek boýunça döwlet kepilliklerini belleýär, şeýle hem öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegini bes eden Türkmenistanyň Prezidentine we onuň maşgala agzalaryna kepillikleri üpjün edýär. Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr, ol milli Garaşsyzlygyň we Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, ýurt bitewüliginiň, Konstitusiýanyň we halkara ylalaşyklarynyň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edýänligi kesgitlenendir. Mundan başga-da Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydyr.

Türkmenistanda ilkinji gezek Prezident saýlawlary 1990-njy ýylyň oktýabr aýynyň 27-sine geçirildi. Soňra täze kabul eden Konstitusiýamyzyň esasynda 1992-nji ýylyň iýun aýynyň 21-ne täzeden Prezident saýlawlary geçirildi. Bu saýlawlaryň ikisinde hem Türkmenistanyň Prezidentligine Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow saýlanyldy.

2007-nji ýylyň fewral aýynyň 11-ne Türkmenistanda Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary geçirildi. Bu saýlawda türkmen halky hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy biragyzdan saýlady. Hormatly Prezidentimiziň döwlet başlangyçlarynyň maksady adam gymmatlyklaryny goramakdan ybaratdyr. Bu bolsa döwletimiziň, jemgyýetimiziň ösen derejä ýetmekliginiň özenidir. Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 51-nji maddasynda Türkmenistanyň Prezidenti bolmak üçin bildirilýän talaplar berkidilýär, ýagny Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk we ýetmişden uly bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, kärhanalarynda, edaralarynda, guramalarynda işläp gelýän Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanyp bilner.

Şeýle-de Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 52-nji maddasyna görä, „Türkmenistanyň Prezidenti gös-göni Türkmenistanyň halky tarapyndan bäş ýyl möhlete saýlanylýar we kasam kabul eden pursadyndan öz wezipesine girişýär“.

2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda bolup geçen nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty edarasy hukuk taýdan hereket etmegini bes etdi. Şoňa laýyklykda onuň ygtyýarlyklary, esasan, Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Mejlisine degişli edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklaryna bagyşlanýar. Umuman, Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklaryny onuň döwleti dolandyrmakda alyp barýan işlerine laýyklykda birnäçe toparlara bölmek bolýar:

**1. Ýurda onuň içinde we daşynda wekilçilik etmek çygryndaky ygtyýarlyklary.**

Prezident daşary syýasatyň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär, daşary gatnaşyklarda Türkmenistanyň adyndan wekilçilik edýär, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki, döwletara we halkara guramalarynyň ýanyndaky ilçilerini we beýleki diplomatik wekillerini belleýär hem yzyna çagyrýar, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň ynanç hem yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär (TK-nyň 53-nji maddasy).

**2. Ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrmak çygryndaky ygtyýarlyklary.** Öň hem belläp geçişimiz ýaly, ilki bilen Türkmenistanyň Prezidenti ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr. Türkmenistanyň raýatlaryny döwlet sylaglary bilen sylaglaýar we hormatly atlary dakýar, raýatlyk meselelerine garaýar. Ýokary wezipeli adamlary wezipesine belleýär. Raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanda adatdan daşary ýagdaý düzgüni girizip bilýär. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydyr Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň ýokary serkerdelerini belleýär, Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary döredýär, onuň düzümine üýtgetmeler girizýär, sala salşyklary geçirmegiň senesini belleýär we beýlekiler (TK-nyň 53-nji maddasy).

**3. Kanun çykaryjy häkimiýet edarasy bilen baglylykda ýüze çykýan ygtyýarlyklary.**

Türkmenistanyň Prezidenti kanun çykaryjy edara bolan Mejlise degişlilikde möhüm ygtyýarlyklardan peýdalanýar. Prezident Konstitusiýa, kanunlara gol çekýär, kanun çykaryjylyk başlangyjyna eýe bolup durýar, döwlet býujetini hem onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlisiň garamagyna we tassyklamagyna berýär. Türkmenistanyň Prezidenti weto hukugyndan peýdalanýar, Mejlisi möhletinden öň ýatyryp bilýär. Prezidentiň özi hem kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edip bilýär, ýagny permanlar, kararlar we buýruklar çykarýar, olaryň bolsa

Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanlyk güýji bar (TK-nyň 53-nji, 61-nji, 65-nji maddalary).

**4. Kazyýet häkimiýetiniň çygryndaky ygtyýarlyklary.** Prezidentiň bu çygyrdaky ygtyýarlyklary, esasan hem, şu edaralaryň düzümini düzmek bilen baglanyşykly bolup durýar, ýagny kazylar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär we wezipesinden boşadylýar. Döwletimizde rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýar (TK-nyň 53-nji, 102-nji maddalary).

## §2. Türkmenistanyň Mejlisi kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr. Mejlisiň ygtyýarlyklary

Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy dürli ýollar bilen, ýagny saýlamak ýa-da bellemek esasynda düzülýär. Biziň demokratik döwletimizde döwlet baştutany, Mejlis (Parlament) ählumumy we deň saýlawlar esasynda saýlanylýar.

Täze Galkynyş zamanasynda döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň kämilleşdirilmegi, olaryň hukuk statusynyň has takyk kesgitlenmegi döwlet dolandyryş ulgamynyň hem-de kanunlary kabul etmegiň mehanizminiň kämilleşdirilmegine ýardam edýär. Diýmek, döwrebap kabul edilen kanunlar ýurdumyzda il-ýurt bähbitli işleriň ilerlemegine we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan progressiw reformalaryň durmuşa ornaşmaklygyna aýratyn goşandyny goşar. Täze eýýamyň öňde durýan wezipelerini amala aşyrmak maksady bilen hem Türkmenistanyň Konstitusiýasyna birnäçe üýtgetmeler, goşmaçalar girizildi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň gün tertibinde garalan esasy meseleleriň biri hem Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşini kabul edip, tassyk etmekden ybarat boldy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze rejelenen görnüşine laýyklykda Türkmenistanyň Halk Maslahaty edarasy özüniň işini bes etdi, ýagny ýatyryldy. Ýöne bu edaranyň hereket eden döwründäki ähmiýetini Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle belleýär: „Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda döredilen

Halk Maslahaty ýurdumzyň ruhy we ykdysady taýdan gaýtadan dikeldilmeginde, milli döwletliligiň kemala gelmeginde öz borjuny doly ýerine ýetirdi...“ Häzirki wagtda Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Prezidentine we Mejlise berildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 48-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 3-nji baby „Türkmenistanyň Mejlisi“ diýlip atlandyrylýar. Ol 13 maddany özünde jemleýär (TK-nyň 59–71-nji maddalary). Türkmenistanyň Konstitusiýasynda Mejlis (Parlament) Türkmenistanyň kanun çykaryjy häkimiýetini amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edarasydyr diýlip bellenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 60-njy maddasyna görä, Mejlis 125 deputatdan ybaratdyr. Deputatlar halkyň doly ygtyýarly wekilleridir. Deputatlar öz ygtyýarlyklaryny Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde amala aşyrmak bilen öz saýlawçylarynyň erkini aňladýarlar. Deputata Mejlisde kanun çykarmak başlangyjyna bolan hukuk berilýär. Deputat öz ygtyýarlyklaryndan diňe Mejlis tarapyndan mahrum edilip bilner. 2005-nji ýylyň noýabr aýynda „Türkmenistanyň Mejlisi hakynda“, 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda „Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň täze redaksiýasy kabul edildi. Mejlis möhletinden öň şu aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylyp bilner:

1) Ählihalk sala salşygynyň çözgüdi esasynda;

2) Mejlisiň bellenen sandaky deputatlarynyň üçden iki böleginden az bolmadyk sesleriniň köplügi bilen kabul eden karary esasynda (öz-özüni ýatyrmagy);

3) Alty aýyň dowamynda Mejlisiň ýolbaşçy düzümi düzülmedik mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan.

Mejlisiň deputaty şol bir wagtyň özünde Ministrler Kabinetiniň agzasy, häkim, arçyn, kazy, prokuror wezipelerini eýeläp bilmez (TK-nyň 69-njy maddasy). Mejlisiň işi maslahat görnüşinde geçirilýän ýygnaklar, şeýle hem Mejlisiň

komitetleriniň we toparlarynyň maslahatlary görnüşinde amala aşyrylýar we ol meseleleri erkin ara alyp maslahatlaşmaga, olary bileleşip çözmäge, onuň döredýän düzümleriniň we saýlaýan wezipeli adamlarynyň Mejlisiň öňünde jogapkärçiligine, hasabatlylygyna, aýanlygyna, jemgyýetçilik pikiriniň hemişe hasaba alynmagyna esaslanýar. Kanunlaryň taslamalaryny, degişli meseleleri işläp taýýarlamak we olara öňünden seretmek işlerini alyp barmak üçin Mejlis deputatlaryň hataryndan komitetleri we toparlary düzýär.

1994-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ne ilkinji gezek Parlament saýlawlary geçirildi. Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary Mejlisiň deputatlarynyň ygtyýarlylyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan iki aý galanda, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär. Mejlisiň deputatlarynyň ygtyýarlylyk möhleti bäş ýyldyr. Saýlawlar gününe çenli 18 ýaşa ýeten Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr. Mejlisiň (Parlamentiň) deputatlarynyň saýlawlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyň gizlin ses bermegi arkaly ählumumy, deň hem göni saýlaw hukugy esasynda we her saýlaw okrugynda azyndan iki-üç sany dalaşgäriň bäsleşmegi bilen amala aşyrylýar. Her saýlaw okrugyndan bir deputat saýlanýar. Saýlawçylaryň hemmesiniň deň esaslarda, Mejlisiň deputatlaryna gös-göni ses bermek arkaly, saýlawçylaryň erkine täsir etmezden saýlawa gatnaşmaklaryna deň hem göni, gizlin ses bermek diýlip düşünilýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 29-njy maddasynda bellenilişine görä, Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärler saýlawlara 45 gün galanda görkezilip başlanýar we 30 gün galanda tamamlanýar. Saýlawlar gününe çenli 25 ýaşy dolan we soňky 10 ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Mejlisiň deputatlygyna dalaşgär edilip görkezilip bilner. Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlarynyň geçirilmegini degişli saýlaw toparlary üpjün edýärler, saýlaw toparlary bolsa syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş, jemgyýetçilik edaralarynyň hem-de raýatlaryň beýleki toparlarynyň, harby bölümler boýunça harby gullukçylaryň wekillerinden ybarat döredilýär.

Häzirki wagtda döwlet we halk häkimiýetiniň guramalary özgerdilip guralýar, daşary syýasat babatda çemeleşmeler çuňlaşýar. Bilim we saglygy goraýyş, ilaty durmuş taýdan goldamak ulgamlary kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinden ugur alyp, Türkmenistanyň Mejlisine 125 deputat saýlamak üçin 2008-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Mejlisiň deputatlaryna geçirilen saýlawlar hem ýurdumyzda amala aşyrylýan progressiw özgertmeleri durmuşa ornaşdyrmakda kämil milli kanunçylyk binýadymyzyň berkemegine netijeli itergi berer. Bu saýlawlary guramaçylykly geçirmek babatynda Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar degişli işleri alyp bardy. Onda Mejlisiň deputatlaryny saýlamak üçin saýlawçylarynyň sany takmynan deň bolan ýerli saýlaw okruglarynyň 125-si döredildi. Her saýlaw okrugyndan Mejlisiň bir deputaty saýlanyldy. Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary wagtynda ses bermegi geçirmek we sesleri sanamak üçin saýlaw okrugy ýerli saýlaw uçastoklaryna bölünýär. Bäsleşik ýörelgesi esasynda her saýlaw okrugyndan birnäçe dalaşgärler deputatlyk ýeri üçin bäsleşdiler. Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary örän möhüm syýasy ähmiýetli waka bolup, adalat, ynsanperwer ýörelgelerine berk daýanyp, milli demokratiýamyzy dünýä aýan eder. Türkmenistanyň raýatynyň Mejlisiň deputatlaryny saýlamak we deputatlyga saýlanmak baradaky „Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakyndaky“ kanunda bellenilen düzgünleri bozan adamlar jogapkärçilige çekilýärler.

Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy amala aşyrmak bilen Türkmenistanyň Mejlisi (Parlamenti) birnäçe ygtyýarlyklara eýedir. Mejlisiň çözmäge degişli ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynda beýan edilýär. Mejlisiň esasy wezipesi kanunlary kabul etmekden ybarat bolup durýar. 2008-nji ýylda Konstitusiýa girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar hem ýurdumyzda amala aşyrylýan bilim, ylym, ykdysady-durmuş, syýasy özgertmeleri durmuşa ornaşdyrmak üçin döwrebap kanunlary kabul etmäge ýardam berýär. Ynha, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasyna „...Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar.

Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar" diýlen bölek girizildi. Mundan başga-da Konstitusiýa ýurdumyzyň ykdysady esasyny kesgitleýän täze 10-njy madda girizildi. Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär (TK-nyň 10-njy maddasy). Jemgyýetiň dürli taraplaryna degişli bolan konstitusion esaslaryň has aýdyň kesgitlenilmegi, Türkmenistanyň kanun çykaryjylaryna döwrebap kanunlary işläp düzmäge giň mümkinçilikleri açýar. Täze eýýamyň talaplaryndan yza galýan kanunlary has kämilleşdirip, döwrebaplaşdyryp, has takygy, dünýä ülňülerine laýyk gelýän kanunlaryň eýýäm birnäçesi kabul edildi. Mysal üçin, „Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda" Türkmenistanyň kanuny (05.11.20008), „Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda" Türkmenistanyň kanuny (23.10.2008), „Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi kanunyna we başga-da birnäçe kanunlara we bitewi kanunlara üýtgetmeler, goşmaçalar girizilýär. Yzygiderli kämilleşýän kanunçylygymyz bolsa ýurdumyzy hemmetaraplaýyn özgertmäge, täzelikleri durmuşa ornaşdyrmaga düýpli esas bolup hyzmat edýär. Şeýle-de Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär hem-de olara resmi düşündirişler berýär. Mejlis beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Konstitusiýa laýyklygyna ýa-da laýyk däldigine parlament gözegçiligini amala aşyrýar. Daşary ýurt döwletleriniň käbirleriniň konstitusion tejribesinde munuň üçin ýörite edara konstitusiýa sudlary hereket edýär we olaryň hukuk statusy özbaşdak kesgitlenilýär (M.ü. Germaniýanyň Federal konstitusiýa sudy, Russiýa Federasiýasynyň konstitusiýa sudy). Türkmenistanyň Mejlisi döwlet häkimiýetiniň beýleki şahalary ýerine ýetiriji, kazyýet häkimiýeti bilen hem aýratyn meseleler boýunça hyzmatdaşlyk edip işleýär. Mejlisiň başlygyny, Mejlisiň başlygynyň orunbasaryny saýlaýar hem-de wezipesinden boşadyp bilýär. Mejlisiň komitetlerini we toparlaryny döredýär, üýtgedip gurap hem-de ýatyryp bilýär. Olaryň düzümini

tassyklaýar. Şeýle-de Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä seredýär. Öň Halk Maslahatynyň ygtyýarlygyna degişli bolan ýurdy syýasy, ykdysady, sosial taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryna we maksatnamalaryna garaýar, ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri çözýär, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher wekilçilikli edaralarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny belleýär, halkara şertnamalaryny tassyklaýar we ýatyrýar, Türkmenistanyň Döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerini çözýär, parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garaýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, içeri işler ministrini, adalat ministrini wezipä bellemek we olary wezipeden boşatmak baradaky meselelere garaýar. Döwlet sylaglaryny döredýär hem-de Türkmenistanyň Prezidentini döwlet sylaglary bilen sylaglaýar, oňa harby atlary, tapawutlandyryş atlaryny dakýar. Konstitusiýada we kanunlarda Mejlisiň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meselelere hem garap bilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasyna laýyklykda Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine kanun çykarmak hukugyny berip biler, ýöne soňra şol kanunlary tassyklamak baradaky meselä Mejlis tarapyndan hökman garalmalydyr.

Mejlis aşakdaky meseleler boýunça kanun çykaryjylyk hukugyny hiç kime berip bilmez:

1) Konstitusiýany üýtgetmek;
2) jenaýat we dolandyryş kanunçylygy;
3) kazyýet önümçiligi.

Ondan başga-da Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 65-nji maddasynda „Kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk Türkmenistanyň Prezidentine, Mejlisiň deputatlaryna, Ministrler Kabinetine, Ýokary kazyýete degişlidir“ diýlip kesgitlenilýär.

## §3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji baby Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bagyşlanýar. Ol özünde bäş maddany jemleýär (TK-nyň 72–76-njy maddalary). Esasy Kanunyň 72-nji maddasyna laýyklykda „Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygydyr“ diýlip bellenilýär. Şu düzgünlere esaslanyp, 1992-nji ýylyň iýun aýynyň 26-syna bu edara Halk Maslahatynyň birinji mejlisinde döredildi. Ministrler Kabineti işini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we 1995-nji ýylyň noýabr aýynyň 24-ne kabul edilen „Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky“ ýörite kanuna esaslanyp alyp barýar. Ministrler Kabinetiniň mejlisleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň biri tarapyndan geçirilýär. Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ol öz wezipesine girişen gününden beýläk bir aýyň dowamynda düzülýär, indiki Prezident saýlananda bolsa onuň öňünde öz ygtyýarlaryny üstünden aýyrýar. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary hem-de ministrler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipesine bellenilýärler hem-de wezipesinden boşadylýarlar. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Mejlisi, ýerli häkimiýet edaralary hem-de jemgyýetçilik birleşmeleri bilen berk arabaglanyşyk saklaýar. Mysal üçin: Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar. Ministrler Kabineti öz iş maksatnamasyny Türkmenistanyň Mejlisine garamak üçin berýär. Şeýle-de her ýyl döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatyň taslamasyny işläp düzýär hem-de ony tassyk etmek üçin Türkmenistanyň Mejlisine berýär we başgalar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär. Esasy Kanunyň 73-nji maddasyna görä „Ministrler Kabinetiniň düzümine onuň başlygynyň orunbasarlary, ministrler girýärler“. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Ministrler Kabinetiniň düzümine ýerine

ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary bolup durýan beýleki adamlar hem goşulyp bilner. Ministrler Kabinetiniň düzümine girýän wezipeli adamlar hem Ministrler Kabinetiniň agzalary hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 75-nji maddasy Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kanunlaryň berjaý edilmegini, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar. Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek hem goramak, eýeçiligi we jemgyýetçilik tertibi, milli howpsuzlygy goramak baradaky çäreleri durmuşa geçirýär. Döwletiň içeri we daşary syýasy işiniň esasy ugurlary baradaky teklipleri, ýurdy ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar hem-de olary Mejlisiň garamagyna hödürleýär. Pul we karz ulgamyny pugtalandyrmak boýunça çäreleri görýär. Ykdysady we durmuş taýdan ösüşiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagyny amala aşyrýar. Döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny dolandyrmagy guraýar. Tebigy baýlyklaryň netijeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär. Daşary ykdysady işi amala aşyrýar, daşary ýurt döwletleri bilen medeni aragatnaşyklaryň ösdürilmegini üpjün edýär. Hökümet edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işine ýolbaşçylyk edýär, onuň ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hukuk namalaryny ýatyrmaga haky bardyr. Zerur bolan ýagdaýynda öz ýanynda komitetleri, baş dolandyryş edaralaryny we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny döredýär. Başga-da kanunlarda özüne degişli edilen beýleki borçlary ýerine ýetirýär. Ministrler Kabineti öz ygtyýarlyklarynyň çäginde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýär hem-de buýruklary çykarýar.

### §4. Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş

2008-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny alanyna 17 ýyl boldy. Ösüşiň 17 ýylynyň dowamynda Türkmenistan dünýäniň iň çalt ösýän ýurtlarynyň birine öwrüldi. Dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply önümler

öndürilýän ykdysadyýetimiziň ygtybarly binýady tutuldy, ýurdumyzyň şäherleridir obalary özgerdilýär, milletiň ruhy galkynyşy üçin ähli şertler döredilýär.

Häzirki wagtda döwlet we halk häkimiýetiniň guramalary özgerdilip guralýar, daşary syýasat babatda çemeleşmeler çuňlaşýar. Bilim we saglygy goraýyş, ilaty durmuş taýdan goldamak ulgamlary kämilleşdirilýär. Hut Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatyndaky ýetilen sepgitleriň düýp manysy şulardan ybaratdyr. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny alan ilkinji günlerinden bäri halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň ýokary göterilýändigini islendik welaýatyň, etrabyň, şäheriň, obanyň, şäherçäniň mysalynda görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň uzakdaky oba ýerlerini hem ösdürmek baradaky başlangyçlary hem döwlet syýasatynyň sosial taýdan gönükdirilendiginiň aýdyň subutnamasydyr. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň, Hazar deňziniň ýakasynda ýerleşen Esenguly etrabynyň, Daşoguz welaýatynda Ruhubelent etrabynyň, şeýle hem Lebap welaýatynyň tarp ýerlerinde döredilen täze Döwletli etrabynyň, Mary welaýatynyň Altyn sähra etrabynyň çäklerinde alnyp barylýan gurluşyklar–bularyň ählisi sosial-ykdysady reformalary amala aşyrmagyň ýolundaky anyk ädimlerdir.

„Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli maksatnamasynyň“ işlenilip taýýarlanylmagy we durmuşa geçirilmegi obalarymyzyň we şäherlerimiziň ilatynyň durmuş şertleriniň dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirilmegine gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiziň öz çykyşlarynda belleýşi ýaly: „Bu şäherçeleriň gurulmagynyň özi Türkmenistany ösdürmegiň birbada iki konsepsiýasyna esaslanýar, ýagny olaryň birinjisi, ýerlerde ýaşaýan ilatyň sosial-durmuş şertlerini düýpgöter gowulandyrmakdan, ikinjisi bolsa, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekden ybaratdyr“. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Balkan welaýatynyň Esenguly şäherçesinde, Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent şäherçesinde durmuş-ykdysady desgalaryň açylyş dabaralary milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmeginiň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistan döwletimizde ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslary düýpgöter täzeçe işlenilip düzüldi. Öz döwletimiziň gurluşyna milli, taryhy aýratynlyklaryna laýyklykda guraldy. Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň işlerini has-da kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hasaplanýar. Ýerli edaralaryň öz işlerini jogapkärçilikli, kanuna laýyk alyp barmaklary Türkmenistan döwletimiziň ösmeginde aýratyn täsiri bardyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň III bölüminiň 5-nji baby ýerli häkimiýet edaralaryna bagyşlanýar. Onuň 80-nji maddasynda „Ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti: welaýatlarda – welaýat häkimleri, şäherlerde – şäher hakimleri, etraplarda – etrap häkimleri amala aşyrýarlar“ diýip kesgtilenen. Bu bölekler Türkmenistanyň dolandyryş çägi boýunça döredilýär. Häzir Türkmenistanda bäş welaýat, ýagny Ahal, Mary, Daşoguz, Lebap we Balkan welaýatlary bar. Welaýatlar öz gezeginde etraplara bölünýär. Ýerli dolandyryşy kämilleşdirmek maksady bilen, uly şäherler hem birnäçe etraplara bölünýär.

Ýerli häkimiýet edaralary özüniň hukuk esaslaryny Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň hem-de 1995-nji ýylyň noýabr aýynyň 24-nde kabul edilen „Häkimler hakyndaky“ kanun, Prezidentiň kabul edýän hukuk namalary, 1992-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ne Türkmenistanyň administratiw-territorial gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda Türkmenistanyň kanuny we beýleki namalar boýunça alyp barýarlar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 77-nji maddasynda „Türkmenistanda ýerli häkimiýet öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edýän wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralardan ybaratdyr“ diýlip kesgitlenilýär. Bu ýerde ýerine ýetiriji edara diýlende welaýat, etrap, şäher häkimlikleri göz öňünde tutulýar. Ýerlerde wekilçilikli edaralar bolanda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 78-nji maddasyndan gelip çykýar, ýagny Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde welaýatda, welaýat hukukly şäherde, etrapda, etrap hukukly şäherde agzalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň raýatlary tarapyndan dört ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahatlary döredilýär. Halk maslahatlary öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda çäkleriň ykdysady, sosial we medeni taýdan ösüşiniň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar. Türkmenistanda welaýat halk maslahaty, etrap,

şäher halk maslahaty, olaryň agzalarynyň saýlawlary hakynda Türkmenistanyň kanunlary hereket edýär. Häkimler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir, olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar hem-de oňa hasabat berýärler (TK-nyň 81-nji maddasy). Häkimler ýerlerde Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Prezidentiň we Ministrler Kabinetiniň hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler. Häkimler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kararlary kabul edip bilýärler. Gündelik meseleleri çözmek üçin häkim buýruklar çykarýar. Häkimleriň normatiw häsiýetli, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli namalary Türkmenistanyň Ministrler kabineti bilen ylalaşylyp kabul edilýär.

Häkimiň namalary Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň aktlary tarapyndan kesgitlenen raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirip bilmez, şeýle hem raýatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk borçlary belläp bilmez.

Häkimiň namalary olara gol çekilen pursadyndan ýa-da aktda görkezilen möhletinden güýje girýär. Raýat hukuklary, azatlyklary we borçlary bilen baglanyşykly häkimiň aktlary ilatyň arasynda ýaýradylan pursadyndan güýje girýär.

Häkimiň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden aktlarynyň bozulmagy we ýerine ýetirilmezligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekilmegine eltýär.

Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkimleriniň namalary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalary ters gelýän bolsa, Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan togtadylýar ýa-da ýatyrylýar.

Etraplaryň, şäherleriň häkimleriniň namalary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň aktlaryna ters gelýän bolsa, welaýatyň, Aşgabat şäheriniň häkiminiň olary togtatmaga we ýatyrmaga haky bardyr.

**Häkimleriň kärhanalar, guramalar, edaralar we ýerli hojalygyň ulgamyna girmeýän hojalygy dolandyrýan beýleki subýektler bilen özara gatnaşyklary**

Döwlet dolandyryş, durmuş-medeni we hojalyk gulluşygy, hukuk tertibi we kanunçylygy, düzgün-tertibi we guramaçylygy pugtalandyrmak meselelerinde ministrlikler we döwleti dolandyryşyň beýleki merkezi organlary bilen häkimler özara bilelikde hereket edýärler we olar bilen ozara ylalaşykly işlemegi üpjün edýärler. Dolandyryş döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň, edaralaryň, guramalaryň, ministrlikleriň we wedomstwolaryň garamagynda durýan we hojalygy ýöredýän etrap we şäher derejesindäki beýleki subýektleriň ýolbaşçylaryny wezipä bellemek hem wezipeden boşatmak işi, olar kimiň garamagynda durýan bolsa, şol organ tarapyndan degişli etrabyň, şäheriň häkimi bilen we degişli welaýatyň, Aşgabat şäheriniň häkimi bilen ylalaşyp amala aşyrylýar.

Welaýatyň, Aşgabat şäheriniň, etrabyň, şäheriň häkimi öz ýgtyýarlyklarynyň çäklerinde Konstitusiýa, „Türkmenistanyň häkimler hakyndaky” kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary tarapyndan bellenilýän hukuklaryň we borçlaryň aýdyňlaşdyrylmagy esasynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen öz gatnaşyklaryny gurýar.

Diňe Geňeşiň ygtyýarlyklarynyň çägine girýän meselelere häkimleriň gatyşmagyna ýol berilmeýär.

Häkimleriň kärhanalar, guramalar, edaralar, şol administratiw territorial birliginiň ýerli hojalygyň düzümine girmeýän hojalygy dolandyrýan beýleki subýektleri bilen özara gatnaşyklary hereket edýän kanunlara laýyklykda kesgitlenilýär.

Kärhanalar özleriniň haýsy wedomstwa we eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, geçirilýän çäreler durmuş-ekologik taýdan we başga ýaramaz netijelere getirmegi mümkin bolan halatynda şular barada degişli häkimler bilen ylalaşýarlar.

Kärhanalaryň, hojalyklaryň, edaralaryň we guramalaryň eýeçiliginiň haýsy görnüşine we özleriniň wedomstwolaýyn degişlidigine garamazdan, häkim öz ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýuça olaryň ýolbaşçylaryny diňläp, degişli ýokarda durýan edaralara teklipleri hödürläp biler.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň IV bölümi „Ýerli öz-özüňi dolandyryş“ diýlip atlandyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 84-nji maddasyna görä ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralary emele getirýärler. Geňeş ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýar we ol etrapdaky şäheriň, şäherçeleriň, geňeşlikleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr. Bir ýa-da birnäçe obanyň çägi geňeşligi emele getirýär, şol ýerde hem Geňeş döredilýär. Geňeşligiň çäginde hojalyk işiniň subýekti hökmünde bir ýa-da birnäçe daýhan birleşigi, paýdarlar jemgyýeti, hojalygara kärhanasy bolup biler. Geňeş öz işini maslahat arkaly alyp barýar. Geňeş agzalary gös-göni raýatlar tarapyndan üç ýyl möhlete saýlanylýarlar. Geňeş öz agzalarynyň arasyndan arçyn saýlaýar. Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk edýär. Arçyn öz ygtyýarlarynyň çäginde buýruklary çykaryp bilýär. Ilkinji gezek Geňeş agzalarynyň saýlawlary 1993-nji ýylyň iýun aýynyň 27-sinde geçirildi. Geňeşiň ygytýarlyklary işiniň tertibi, onuň beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen gatnaşygy 2009-njy ýylyň aprel aýynyň 18-ne „Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda“, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne rejelenen görnüşde kabul edilen „Geňeş hakynda“, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 30-na „Arçynlar hakynda“ Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kanunçylyk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Beýik Galkynyş we özgertmeler zamanynda obalaryň we şäherleriň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmagyň esasy ýörelgeleri “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli maksatnamasynda” berkidilýär. Şu maksatnamany durmuşa geçirmekde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan Geňeşleriň we Geňeş agzalarynyň aýratyn orny bardyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini gýtadan guramaga aýratyn ünsi çekýär. Hut şu jähetden 2009-njy ýylyň 26-njy iýulynda geçirilen Geňeş agzalarynyň saýlawlarynyň ýurdumyzyň syýasy durmuşynda ähmiýeti uludyr. Geňeş öz işinde kanunylyk, bileleşiklik we aýanlyk ýörelgelerini goldanýar we dolandyryş taýdan biri-birine basgançakly tabynlyk gatnaşyklar bilen baglanyşykly

däldir. Geňeş hem-de onuň döredýän edaralary özleriniň alyp barýan işleri we kabul eden kararlary barada ilaty yzygiderli habarly edip durýarlar.

Geňeşiň maslahatlary zerur bolşuna görä, ýöne azyndan ýylda iki gezek arçyn tarapyndan çagyrylýar.

Täze saýlanylan Geňeşiň birinji maslahatyny saýlaw toparynyň başlygy saýlawdan soň iki hepdäniň dowamynda çagyrýar, ol maslahaty açýar we arçyn saýlanylýança maslahatyň işini alyp barýar, soňra bu işi arçynyň özi ýa-da onuň orunbasary ýerine ýetirýär.

Eger saýlanylan Geňeş agzalarynyň umumy sanynyň azyndan üçden iki bölegi maslahata gatnaşýan bolsa, onda maslahat doly ygtyýarly hasap edilýär.

Geňeşiň maslahaty açyk hasaplanylýar. Onuň giňişleýin mejlislerine halk wekilleri, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, ýokarda durýan döwlet edaralarynyň wekilleri, şeýle hem zähmetkeşler toparlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, çäkdäki jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maslahata çagyrylan wekilleri, raýatlar maslahatçy ses hukugy bilen gatnaşyp bilerler.

Geňeşiň karary boýunça onuň ýapyk mejlisi hem geçirilip bilner.

Geňeşiň maslahaty teswirnama ýöretmek üçin kätibi saýlaýar. Maslahatyň teswirnamasyna arçyn ýa-da onuň orunbasary hem-de maslahatyň kätibi tarapyndan gol çekilýär.

Geňeşiň maslahatlary hakyndaky habar, Geňeşiň kabul eden kararlary ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Geňeş „Geňeş hakyndaky” kanun we beýleki kanunlar arkaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary arkaly özüne berlen ygtyýarlygyň çäginde kararlary kabul edýär.

Geňeşiň kararlary açyk ses bermek arkaly, Geňeş agzalarynyň umumy sanyndan berlen sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär.

Geňeşiň kabul eden kararlary hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär we halka ýetirilen pursadyndan güýje girýär.

**Geňeşiň ygtyýarlylygy.** Geňeşiň ygtyýarlaryna şu aşakdakylar girýär:

• öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek;

• ýerli býujeti hem-de onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak;

• ýerli salgytlary hem ýygymlary, olary almagyň tertibini bellemek;

• öz býujetine tölenilýän tölegler boýunça ýeňillikler bermek;

• tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak baradaky çäreleri kesgitlemek;

• Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hem-de kanunçylykda göz öňüne tutulan halatlarda olaryň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak;

• arçyny, arçynyň orunbasarlaryny saýlamak, olary wezipelerinden boşatmak;

• Geňeşiň toparlaryny döretmek we ýatyrmak;

• arçynlygy saklamak üçin edilýän harajatlary tassyklamak;

• Arçynyň, Geňeşiň döredýän toparlarynyň işi hakyndaky hasabatlara, şeýle hem Geňeş agzalarynyň öz borçlaryny ýerine ýetirişi hakyndaky habarlara seretmek;

• arçynyň çykaran buýruklaryny ýatyrmak;

• ýerli sala salşygy geçirmek hakynda karar kabul etmek;

• ilatly mekanlaryň we dolandyryş çäkleriniň ( birlikleriň ) araçäklerini, hukuk ýagdaýyny hem-de adyny üýtgetmek hakynda haýyşlary gozgamak, şunda emläk we hukuk häsiýetli ýüze çykýan meseleleri çözmek;

• Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz çäginde ýer we suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly Geňeşleriň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleler.

Geňeş agzasy saýlawçylaryň doly ygtyýarly wekilidir we ol Geňeşde saýlawçylaryň erk-islegini hem bähbitlerini aňladýar.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň “Geňeş hakyndaky” kanuny bilen kesgitlenilýär.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakunda Geňeş tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar we täze çagyrylyşyň Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilen gününde gutarýar.

Geňeş agzasy özüniň ygtyýarlyklaryny muzdsuz amala aşyrýar. Geňeş agzasy Geňeşiň maslahatlary geçirilýän, Geňeşiň tabşyryklary ýerine ýetirilýän döwürde önümçilik ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylýar, oňa şol işleri ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly edilen çykdajylaryň öwezi ýerli býujetiň hasabyna tölenilýär.

Geňeş agzasy saýlawçylar bilen ykjam aragatnaşyk saklaýar, öz çäklerini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilşi hakynda olary yzygiderli habarly edip durýar, Geňeşiň kabul eden kararlaryny ýerine ýetirmegi guramak we oňa gözegçilik etmek işine gatnaşýar, jemgyýetçilik pikirini, ilatyň isleg-hajatlaryny öwrenýär, Geňeşe teklip girizýär.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary kazyýetiň aýyplaýyş hökümininiň kanuny güýje girmegi ýa-da onuň özüniň arza bermegi, ýa-da Türkmenistanyň raýatlygyny ýitirmegi bilen baglanyşyklylykda Geňeşiň kabul eden karary esasynda möhletinden öň ýatyrylýar.

Geňeş dolandyryş-çäk gurluşynyň üýtgedilmegi bilen baglanyşyklylykda ýatyrylan mahalynda, Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylýar.

Geňeşiň agzasy saýlawçylaryň ynamyny ödemedik wagtynda, ol “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda” kanuna laýyklykda yzyna çagyrylyp bilner.

Geňeşiň agzasy Geňeş bilen deslapdan ylalaşylman, ýolbaşçylaryň teklibi boýunça işden ýa gullukdan boşadylyp, ýa-da düzgün-nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenilýän işe geçirilip ( wezipesinden peseldilip ) bilinmez.

Geňeşiň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekiljek, tussag ediljek bolnanda ýa-da ol barada kazyýetiň üsti bilen dolandyryş temmi çäresi ulanyljak bolnanda, Geňeş bilen deslapdan ylalaşylmalydyr.

Arçyn Geňeşiň agzalarynyň arasyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar. Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk edýär hem-de Geňeşe hasabat berijidir.

**Arçyn**

Geňeşiň ygtyýarlylyk möhleti tamamlanandan soň, täze çagyrylyşyň Geňeşiniň arçyny saýlanylýança öz ygtyýarlylygyny saklaýar.

Arçyn öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde buýruklary çykarýar.

Arçynyň çykaran buýruklaryny geňeş agzalarynyň teklibi boýunça, etrabyň prokurorynyň ýa-da häkiminiň, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň teklipnamasy boýunça Geňeşiň özi ýatyryp biler.

Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk etmek bilen, onuň kabul eden kararlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, şeýle hem häkimleriň ygtyýarlyklarynyň çäginde çykaran buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Arçyn:

- Geňeşiň maslahatyny taýýarlamak we ony çagyrmak işini amala aşyrýar, maslahatyň gün tertibini maslahatyň geçiriljek gününe çenli azyndan 10 gün galanda, Geňeş agzalarynyň dykgatyna ýetirýär, Geňeşiň kararlarynyň taslamalary bilen tanyşmak mümkinçiligini üpjün edýär;
- Geňeşiň maslahatlaryny alyp barýar;
- Geňeşiň hem-de ýokarda durýan döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň kabul eden kararlarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;
- özüniň garamagyndaky çäkde işleriň ýagdaýy hakynda, Geňeşiň kararlaryny ýerine ýetirmek boýunça edilen iş hakynda Geňeşi habarly edýär;
- ýerli çägi ykdysady, durmuş, medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de ýerli býujetiň taslamalaryny işläp taýýarlaýar, bellenilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilşi we býujetiň berjaý edilişi hakyndaky hasabatlary Geňeşiň garamagyna hödürleýär;
- arçynyň orunbasarlaryny saýlamak ýa-da wezipesinden boşatmak hakynda teklip girizýär;
- toparlary döretmek we olaryň düzümi hakyndaky teklipleri Geňeşiň garamagyna hödürleýär, şol toparlaryň işini utgaşdyryp ugrukdyrýar, şeýle hem olaryň işine zerur kömekleri berýär;

• Geňeş agzalarynyň öz hukuklaryny hem ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmegine ýardam edýär;

• Geňeşiň işinde aýanlygyň ösdürilmegine ýardam edýär hem-de onuň işinde jemgyýetçilik pikirini nazara almak barada çäreleri görýär;

• döwlet we jemgyýetçilik guramalary, kärhanalary bilen gatnaşyklarda Geňeşe wekilçilik edýär;

• ýerli häkimiýetiň eýeçiligindäki desgalaryň dolandyrylmagyny üpjün edýär;

• Geňeşiň çykaran kararlaryna laýyklykda ýerli sala salşyklaryň geçirilmegini, şeýle hem Geňeşiň kararlarynyň taslamalarynyň ýerli we döwlet ähmiýetli beýleki möhüm meseleleriň raýatlar tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmagyny üpjün edýär;

• raýatlaryň ýüz tutmalaryna seretmek boýunça işi üpjün edýär;

• dolandyryş-çäk gurluşynyň meseleleri baradaky degişli maglumatlary taýýarlaýar;

• Türkmenistanyň Prezidentiniň, halk wekilleriniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hem-de geňeş agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk we olary geçirmek boýunça saýlaw toparlaryna ýardam edýär;

• raýatlary sylaglamak meseleleri baradaky teklipleri hem-de degişli maglumatlary taýýarlaýar;

• huhuk düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýy, şol bozulmalara ýardam edýän sebäpleri we şertleri ýok etmek çäreleri boýunça polisiýanyň ýerli wekilleriniň we degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny yzygiderli diňleýär. Polisiýanyň ýerli wekilleri bilen bilelikde hukuk düzgünlerniiň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýyny seljermek işini guraýar we garamagyndaky ýerlerde jenaýatlaryň öňüni almak barada çäreler görýär;

• polisiýanyň yerli wekillerine we olaryň maşgala agzalaryna şol wekilleriň hyzmat edýän ýerlerinde ýaşamak üçin gulluk-ýaşaýyş jaýlarynyň berilmegini we olaryň ýaşaýan jaýlarynda telefonlaryň oturdylmagyny üpjün edýär;

• polisiýanyň yerli wekilleriniň ýerlerdäki ýaşulular geňeşleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmegine ýardam berýär;

- saglygy goraýyş, bilim, medeniýet we hyzmat çygryndaky, şeýle hem eýeçiligiň görnüşine garamazdan, öz tabynlygyndaky çäkde ýerleşýän kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylarynyň hasabatlaryny diňleýär.

Kanunçylyk namalary, şeýle hem Geňeşiň kararlary boýunça arçynyň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.

**Geňeş agzalaryna saýlawlary geçirmekdäki umumy ýörelgeler**

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy esasynda geçirilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary bir mandatly saýlaw bölügleri boýunça geçirilýär. Her saýlaw bölüginden bir geňeş agzasy saýlanylýar.

Saýlaw döwründe geňeş agzalygyna dalaşgärleri erkin we deňhukukly görkezmek, aýanlyk we açyklyk, wagyz-nesihatyň erkinligi başlangyçlarynda, saýlaw möwsümi geçirilende, ähli dalaşgärler üçin mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti üç ýyldyr.

Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşýarlar, her saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Saýlawlar göni saýlawlardyr, geňeş agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýarlar. Saýlawlarda ses bermek gizlindir, saýlawçylaryň öz erkini ýüze çykarmaklaryna gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, Ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we raýatlar toparlarynyň wekillerinden, harby bölümlerde harby gullukçylardan düzülýän degişlilikdäki saýlaw toparlary üpjün edýärler.

Saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller syýasy partiýalaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, olaryň ilkinji

guramalarynyň ýygnaklarynda, raýatlaryň ýygnaklarynda, şeýle hem harby bölümlerde harby gullukçylaryň ýygnaklarynda görkezilip bilner.

Ýygnaga saýlawçylaryň azyndan 30-sy gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnagy ýa-da maslahaty açmazdan ozal, olaryň guramaçylary tarapyndan ýygnaga, maslahata gatnaşyjylary bellige almagyň jemleri esasynda onuň doly ygtyýarlylygy anyklanylýar. Saýlaw toparlarynyň düzümine döwlet edaralarynyň wekilleri hem görkezilip bilner.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary üçin şäherlerde, şäherçelerde we geňeşliklerde saýlawçylaryň sany, takmynan, deň bolan 5–11 sany saýlaw bölügleri döredilýär.

Saýlaw bölügleriniň sany Türkmenistanyň “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakyndaky” kanunyň 10-njy maddasyndaky bellenilen möçberiniň çäginde, degişli Geňeş tarapyndan kesgitlenilýär.

Saýlaw bölügleri saýlawlara çenli azyndan 60 gün galanda degişli şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň Geňeşi tarapyndan döredilýär we saýlaw bölügleriniň araçäkleri hem-de merkezi görkezilen sanawy şol möhletde halka ýetirilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary geçirilende, ses bermegi geçirmek we sesleri sanamak üçin şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň çägi saýlaw ülüşlerine bölünýär. Harby bölümlerde, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda, uzak we barmasy kyn ýerlerdäki raýatlaryň bolýan ýerlerinde saýlaw ülüşleri döredilip bilner, ol ülüşler öz ýerleşýän ýerindäki saýlaw bölüglerine girýärler.

Saýlaw toparlary:

Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek üçin şu aşakdaky saýlaw toparlary döredilýär: şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary (ýerli saýlaw toparlary ); ülüş saýlaw toparlary.

Bu görkezilen toparlaryň ygtyýarlyklary, saýlanan geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamam bolýar.

Türkmenistanda saýlawlar we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar bu kanunyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

Saýlawçylaryň sanawlary:

Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw ülşi boýunça düzülýär we oňa ülüş saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi gol çekýär. Ülüş saýlaw topary sanawy düzmek işine jemgyýetçilik wekillerini çekip biler.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlawçylaryň hasaba alynmagyny üpjün edýärler hem-de saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek üçin zerur bolan degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylar baradaky maglumatlary ülüş saýlaw toparyna berýärler.

Harby bölümlerde bolýan harby gullukçy saýlawçylaryň sanawlary, şeýle hem harby gullukçylaryň maşgala agzalary we beýleki saýlawçylar harby bölümleriň ýerleşýän sebitlerinde ýaşaýan bolsalar, olaryň sanawlary harby bölümleriň serkerdeleriniň berýän maglumatlary esasynda düzülýär. Harby bölümleriň daşynda ýaşaýan harby gullukçylar saýlawçylaryň sanawlaryna ýaşaýan ýeri boýunça umumy esaslarda girizilýär.

Şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda saýlawçylaryň sanawy şol edaranyň ýolbaşçylarynyň berýän maglumatlary esasynda düzülýär.

Saýlawçylaryň familiýalary saýlawçylaryň sanawynda ses berlişini guramak üçin amatly bolan tertipde görkezilýär.

Saýlawçylaryň sanawyna saýlaw gününe çenli 18 ýaşy dolan, sanawyň düzülýän pursadyna çenli şol saýlaw ülşüniň çäginde ýaşaýan we ses bermäge gatnaşmaga hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.

Saýlawçy diňe bir saýlaw ülşünde saýlawçylaryň sanawyna girizilip bilner.

**Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak. Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi**

Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmek saýlawa 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar.

Degişli şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde ýaşaýan ýa-da işleýän Türkmenistanyň raýatlary geňeş agzalygyna dalaşgär edilip görkezilip bilner.

Görkezilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam geňeş agzalygyna dalaşgär görkezilip bilinmez. Şonda iş kesilenlik aýby aýrylandan ýa-da öz-özünden aýrylandan soň iň az döwür azyndan 3 ýyl bolmalydyr.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmek:

Kanunda bellenilen tertipde bellige alnan syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan olaryň etrap edaralarynyň mejlislerinde, ilkinji guramalaryň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik birleşikleriniň dalaşgärleri görkezmek baradaky mejlisleri we ýygnaklary bilelikde geçirmäge haklary bardyr.

Ýerli ülüş saýlaw toparlarynyň teklibi bilen, şonuň ýaly-da raýatlar toparynyň teklibi bilen çagyrylyp geçirilýän raýatlaryň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Ýygnaga saýlaw bölüginiň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 50-si gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär.

Mejlislerde we ýygnaklarda geňeş agzalygyna dalaşgärleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylýar we hödürlenilýär. Ýygnaga, mejlise gatnaşýan her adamyň dalaşgärler hakynda teklip girizmäge, olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga, olary oňlamaga ýa-da ret etmäge, geňeş agzalygyna dalaşgär hökmünde ara alnyp maslahatlaşmak üçin hut özüniň hem teklip etmäge haky bardyr.

Eger jemgyýetçilik birleşiginiň degişli saýlawly edarasynyň düzüminiň ýarysyndan köpüsi ýa-da ýygnaga gatnaşyjylaryň ýaryndan köpüsi geňeş agzalygyna dalaşgär üçin ses berse, onda şol dalaşgär görkezilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgäri görkezmek hakyndaky karar açyk ýa gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň tertibi we ýygnagyň alnyp barlyşynyň beýleki meseleleri ýygnaga, mejlise gatnaşyjylar tarapyndan kesgitlenilýär.

Geňeş agzalygyna dalaşgäriň görkezilendigi hakynda teswirnama düzülýär, şol teswirnama iki günüň içinde, ýöne dalaşgär görkezmek möhletiniň gutaran gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä galynman, ýerli saýlaw toparyna gowşurylýar. Dalaşgäriň görkezilendigi hakynda kabul edilen karar hem geňeş agzalygyna dalaşgäre şol möhlet içinde habar berilýär.

Dalaşgär görkezilen adam sese goýulmaga özüniň razydygy hakynda ýerli saýlaw toparyna, onuň geňeş agzalygyna dalaşgärleri bellige aljak gününden öň ýazmaça görnüşde habar berýär. Ýerli saýlaw topary geňeş agzalygyna dalaşgäre bellige alnyşyň haýsy gün boljakdygyny öňünden habar edýär.

Şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň geňeş agzalygyna dalaşgärler degişli ýerli saýlaw topary tarapyndan bellige alynýar. Bellige almaklyk saýlawlara 35 gün galanda başlanýar we saýlawlara 25 gün galanda tamamlanýar.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň ýerli saýlaw toparlary tarapyndan bellige alnan wagtyndan beýläk saýlawyň öň ýanynda geçirilýän ýygnaklarda, maslahatlarda, mejlislerde, metbugatda, telewideniýe we radio arkaly çykyş etmäge deň hukuklary bardyr.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň we öz-özüňi dolandyryşyň ýerli edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary saýlawçylar bilen duşuşyklar guramakda, zerur düşündirişli hem habarly maglumatlary almakda geňeş agzalygyna dalaşgärlere ýardam etmäge borçludyrlar.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär.

Geňeş agzalygyna dalaşgär, degişli ýerli saýlaw toparynyň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip tussag edilip ýa-da başga ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

Saýlaw bölügleri boýunça saýlawlaryň netijesini ülüş saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda ýerli saýlaw topary öz mejlisinde takyklaýar.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan geňeş agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Ýerli saýlaw topary saýlawlaryň barşynda ýa-da sesler sanalanda, “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakyndaky” kanunyň bozulmagyna ýol berlendigi sebäpli saýlawy hakyky däl diýip hasap edip biler.

Eger saýlawlara saýlawçylaryň sanawyna girizilen saýlawçylaryň ýarysyndan az bölegi gatnaşan bolsa, şeýle hem bölüg boýunça geňeş agzalygyna bir dalaşgär

bellige alnyp, şol aradan çykan bolsa, ýerli saýlaw topary saýlaw geçirilmedi diýip hasap edip biler.

Sesleri sanamagyň netijesine görä ýerli saýlaw topary degişli Geňeşiň agzalygyna her bir saýlaw bölügi boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär we olary bellige alýar. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler.

Şäher, şäherçe we geňeşlik hem-de saýlaw bölügleri boýunça saýlawlaryň netijesi degişli ýerli saýlaw topary tarapyndan saýlawlaryň bolan gününden soň bäşinji günden gijä galdyrylman yglan edilýär. Habarda şu zatlar görkezilýär: saýlawçylaryň sanawyna girizilen raýatlaryň umumy sany; ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany; her bir dalaşgäriň tarapyna we garşysyna berlen sesleriň sany; hakyky däl býulletenleriň we kagyzçalaryň sany; geňeş agzalygyna saýlananlaryň sanawy, ady, atasynyň ady, familiýasy, eýeleýän wezipesi ( käri ), işleýän we ýaşaýan ýeri elipbiý tertibinde görkezilýär.

Saýlanan geňeş agzalarynyň ygtyýarlylyklaryny ykrar etmek hakyndaky meselä Geňeşiň maslahatynda garalýar.

### §5. Saýlaw ulgamy, sala salşyk

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň V bölümi „Saýlaw ulgamy, sala salşyk“ diýlip atlandyrylýar (TK-nyň 89–98-nji maddalary). Saýlawlar döwlet häkimiýetini demokratik ýol bilen dolandyrmaklygyň möhüm bölegidir. Saýlawlar diýen düşünjäniň mazmuny diýlende belli bir möhletiň dowamynda döwleti ýa-da dolandyryş-çäk birliklerini dolandyrmak üçin wezipeli adamlary saýlamaklyga düşünilýär. Saýlaw hukugy 2 sany görnüşe bölünýär: 1. Aktiw (işjeň); 2. Passiw (gowşak). Aktiw saýlaw hukugy bolanda raýatlaryň saýlamaga bolan hukugy bilen düşündirilýär. Mysal üçin: Türkmenistanyň 18 ýaşa ýeten raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr, her saýlawçynyň bir sesi bar. Passiw saýlaw hukugy bolanda raýatlaryň saýlanylmaga bolan hukugyna düşünilýär. Mysal üçin: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 90-njy maddasyna laýyklykda „Türkmenistanyň raýaty bolan, saýlawlar gününe çenli 25 ýaşan we soňky 10 ýyl Türkmenistanda hemişelik

ýaşaýan, il içinde abraýly adam Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlanyp bilner“. Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanmak üçin bolsa pesinden 40 ýaş göz öňünde tutulýar. Türkmenistanda saýlawlar ählumumy, deň, göni hem-de gizlin saýlaw hukugy esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 94-nji maddasyna laýyklykda „Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli möhüm meseleleri çözmek üçin ählihalk sala salşyklary we ýerli sala salşyklary geçirilip bilner“ diýlip kesgitlenilýär. Sala salşyk bolanda umumy döwlet ähmiýetli ýa-da ýerli ähmiýetli döwlet ýa-da öz-özüňi dolandyryş häsiýete eýe bolan kararlary kabul edilmekde saýlawçylaryň gös-göni ses bermek arkaly döwlet häkimiýetini amala aşyrmaga gatnaşmaklaryna düşünilýär. Ählihalk sala salşyklaryny geçirmek meselesini Türkmenistanyň halk maslahaty çözýär. Sala salşyklara Türkmenistanyň saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlary gatnaşýar.

**Soraglar:**

**1. Konstitusiýa laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk derejesi nähili?**

**2. Türkmenistanda geçirilen Prezident saýlawlary?**

**3. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary?**

**4. Türkmenistanda Mejlis nähili edara hasaplanýar?**

**5. Mejlisiň nähili ygtyýarlyklary bar?**

**6. Kim Mejlisiň deputaty bolup bilýär?**

**4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň düzümine kimler girýär?**

**5. Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary?**

**6. Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary haýsylar?**

**7. Saýlaw hukugynyň nähili görnüşleri bar?**

**8. Sala salşyk haçan geçirilýär?**

## §6. Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti we prokuratura

1. Türkmenistanda kazyýet häkimiýetiniň gurluşynyň esaslary.

2. Türkmenistanda prokuratura edaralary.

Ýurdumyzyň Esasy Kanuny kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygyny üpjün etdi, hukuk tertibini pugtalandyrmakda onuň ornuny kesgitledi. Esasy Kanunymyzyň VI bölümi „Kazyýet häkimiýeti“ diýlip atlandyrylýar. Indi biziň döwletimizde milli kazyýet gurluşyny mundan beýläk-de ösdürmegiň ileri tutulýan esasy ugurlary kesgitlenildi. 2009-njy ýylyň awgust aýynyň 15-ne „Kazyýet hakynda“ Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanda adyl kazyýetlik diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanda kazyýet adyl kazyýetligi amala aşyrmaga çalşyp, döwletimizde bellenilen konstitusion gurluşy, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň kanuny bähbitlerini hem-de hukuklaryny goraýar. Kazyýetiň alyp barýan bütin işi kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, hukuk tertibiniň bozulmagyna ýol açan sebäpleri we şertleri ýok etmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Araçy kazyýeti, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri, etrap, şäher kazyýetleri Türkmenistanyň kazyýetleri bolup durýarlar. Kazylar garaşsyzdyrlar we olar diňe kanuna hem özleriniň içki ynam-ygtykadyna tabyndyrlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär, oňa gatyşylanlygy üçin kanun esasynda jogapkärçilik çekdirilýär. Türkmenistanda kazylaryň hemmesi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bäş ýyl möhlete bellenilýär. Kazyýet işini ýöretmek döwlet dilinde alnyp barylýar. Eger-de gatnaşýan taraplaryň biri türkmen dilini bilmeýän bolsa, olar terjimeçi bilen üpjün edilýär. Ähli kazyýetlerde işler açyk seredilýär. Işiň ýapyk mejlisde seredilmegine diňe kanunda göz öňüne tutulan halatlarynda ýol berilýär. Taraplar Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň çykaran hökümleri, çözgütleri we beýleki kararlary barada şikaýat edip bilýärler. Kazyýet häkimiýetiniň ähli işi demokratik, hukuk, dünýewi we Bitarap döwleti her taraplaýyn berkitmäge, adalatlylygy ornaşdyrmaga, raýatary

kanunlary anyk we gyşarnyksyz ýerine ýetirmek ruhunda terbiýelemäge, raýatlaryň abraýyna we mertebesine, hukuklaryna hormat goýmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanda kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän ýörite prokuratura edarasy hereket edýär. Bu barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň VII bölüminde aýdylyp geçilýär. Prokuratura özüniň işini Esasy Kanunyň we 2009-njy ýylyň awgust aýynyň 15-ne kabul edilen „Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda" kanunyň esasynda alyp barýar (Bu kanun 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär). Kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň maksady kanunyň hemme zatdan ýokary tutulmagyny üpjün etmekden we kanunçylygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginde kanunlaryň, Prezidentiň, Ministrler Kabinetiniň namalarynyň döwlet dolandyryş hem-de gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalar, edaralar, guramalar, birleşikler tarapyndan, telekeçilik işi bilen meşgullanýan adamlar, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçilik etmek işi Türkmenistanyň Baş prokurorynyň we oňa tabyn prokurorlaryň üstüne ýüklenilýär. Şeýle-de prokuror kazyýetlerde işleriň garalmagyna gatnaşýar, kanunlarda göz öňüne tutulan halatlarda jenaýaty derňeýär, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligne çekýär. Kanuna laýyklykda prokuratura earalarynyň düzümi Baş prokuraturadan, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň, şäherleriň, etrabara we etraplaryň prokuraturalaryndan we ýöriteleşdirilen prokuraturalardan ybaratdyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokuroryny Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi bilen deslapdan ylalaşyp wezipä belleýär. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlaryny, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň prokurorlaryny hem-de etrabara prokurorlary, şeýle hem ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlaryny Türkmenistanyň Baş prokurorynyň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Prezidenti wezipä belleýär. Türkmenistanyň Baş prokurory  we onuň tabynlygyndaky prokurorlar bäş ýyl möhlete bellenilýär we öz wezipesini yzly-yzyna iki möhletden köp eýeläp bilmeýär. Türkmenistanyň Baş

prokurory öz işinde Türkmenistanyň Prezidentine hasabat berýär. Baş prokuror Mejlisiň, Ministrler Kabinetiniň mejlislerine gatnaşmaga haklydyr. Jemläp aýdanymyzda, kanunlar, döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň beýleki hukuk namalary Konstitusiýa esasynda we şoňa laýyklykda çykarylýar. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilýän düzgünler biri-birine gabat gelmese, Konstitusiýanyň düzgünleri ýöreýär (TK-nyň 115-nji maddasy).

**Soraglar:**

**1. Türkmenistanda kazyýet ulgamy nähili?**

**2. Türkmenistanda kazylar kim tarapyndan bellenilýär?**

**3. Türkmenistanda prokuratura edaralarynyň wezipeleri nämeden ybarat?**

# II bap. Türkmenistanyň dolandyryş kanunçylygynyň esaslary

## Dolandyryş hukugy özbaşdak hukuk pudagydyr

### §1. Döwlet dolandyryşy barada düşünje we onuň esasy häsiýetleri

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap türkmen döwletiniň içeri we daşary syýasatlary düýpgöter täzeden öňe sürüldi, oňa mysal edip açyk gapylar syýasatyny, dünýäniň ähli döwletleri bilen deňhukukly gatnaşyklaryny, oba syýasatyny, saglyk maksatnamasyny, bitaraplyk syýasatyny we onlarça beýleki mysallary getirmek bolar. Netijede, ähli mysallar bilen bir hatarda Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty hem öz çözgüdini tapdy. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýasy netijesinde 185 döwletiň ykrar etmegi bilen Türkmenistana Bitaraplyk statusy berildi.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň daşary syýasatynda esasy bir gazanan üstünligi ol hem bitaraplyk statusyny almagydyr. Häzirki wagtda we gelejekde Türkmenistan döwleti ähli daşary we içeri syýasatyny dolandyrmakda diňe bitaraplygyň ýörelgelerini eýerip amala aşyrýar we aşyrar.

Garaşsyz Türkmenistanyň esasy kanuny Konstitusiýasynda „Türkmenistan demokratik, dünýewi, hukuk we bitarap döwlet“ diýip nygtalýar. Şoňa görä-de ähli döwlet edaralarynyň ulgamlary bilen bir hatarda dolandyryş ulgamlary hem döwleti dolandyrmakda uly orna eýedirler.

2007-nji ýyl türkmen halky üçin aýratyn ýyl boldy. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň Prezidentligine ählihalk tarapyndan saýlanylmagy ýylyň esasy syýasy wakasy boldy. Bu waka Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň öz ösüşiniň täze basgançagyna – milletiň beýik Galkynyş eýýamyna gadam urmagy bilen şöhratlandy.

Gurbanguly Berdimuhamedow Prezidentlik wezipesine girişen gününden başlap, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny düýpli özgertmäge başlady. Onuň başda durmagy bilen ýurtda demokratiýany ýaýbaňlandyrmaga, ykdysadyýeti ösdürmäge, ilatyň ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen ägirt uly özgertmeler geçirilýär.

Ýurtda başlanan täze döwrüň mazmunyna halkymyz doly göz ýetirýär we ony tüýs ýürekden ykrar edýär. Muňa ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeler şaýatlyk edýär. Şeýle özgertmeleriň netijeleri ähli ugurlarda – hemme ýerde aýdyň görünýär. Olar, ilkinji nobatda, bilim, ylym, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi pudaklaryndaky özgertmelerdir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşlarynda nazaryýeti, syýasaty we tejribäni, öňde durýan wezipeleri hem-de olary çözmegiň ýollaryny bir ýere jemlemegi, syýasy, ykdysady, durmuşy hem-de ruhy meselelere aýrylmaz baglanyşyklylykda garamak bilen, ýurduň mundan beýläkki ösüşinde ileri tutulýan ugurlary kesgitlemegi bellenilmäge mynasypdyr. Ol täze ruhy tapgyrda öz syýasy ýörelgeleriniň esasy ugurlaryny ymykly belledi. Ol ugurlar bolsa şu aşakdakylardyr:

- türkmen halkynyň demokratik gymmatlyklaryny nazarda tutmak arkaly döwletiň hukuk binýatlaryny pugtalandyrmak;
- ýurduň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak;
- ilata mynasyp ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek;
- jemgyýetiň ruhy ýagdaýyny kämilleşdirmek, bilimiň, ylmyň we medeniýetiň pajarlap ösmegini gazanmak;
- ýurdy halkara bileleşikleri ulgamyna ymykly goşmak.[1]

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlar baradaky şu wezipelerini netijeli çözmek, özgertmeleri we jemgyýeti hil taýdan täzelemek meselelerini üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ýurduň garaşsyz ösüş ýyllarynda toplan tejribesini we mümkinçiliklerini başarjaňlyk, döredijilik bilen peýdalanmagyň, şeýle hem dünýä ylmynyň we tilsimatynyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýeti bardyr.

Öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde döwlet dolandyryş edaralarynyň agzybir, utgaşykly we örän guramaçylykly işlemegi üçin dürli derejeli ýolbaşçylaryň üstüne aýratyn jogapkärçilik düşýär.[2]

---

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Aşgabat, 2008 ý., s.8.
[2] Şol ýerde.

Döwletde dolandyryş meselesini öwrenmekde dolandyryş hukugynyň ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi dolandyryş hukugy döwlet dolandyryş meselesinde umumy meseleleri öwretmek bilen bir hatarda bütinleýin halk hojalygyny (ykdysadyýeti), sosial-medeni, dolandyryş - syýasy meseleleri dolandyrmakda ýüze çykýan gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrmaga we ol işleri guramaga niýetlenen hukuk pudagydyr.

Beýleki hukuk pudaklary bilen bir hatarda dolandyryş-hukuk pudagy hem belli topar jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryp durmuşa geçirýär. Olar haýsy gatnaşyklar diýlende, onda biz olara dolandyryş gatnaşyklary diýip bilýäris. Sebäbi latyn sözünden terjime edilende, köp milletleriň dilinde „administrasiýa“ sözi „dolandyryş, guramaçylyk“ diýlip aýdylýar. Şu nukdaýnazardan ugur alyp „Dolandyryş hukugy“ diýen dersi „dolandyryş hukugy“ diýip aýtmaga bize doly esas bar. Ýöne bu meselä doly geçmänkäk, „Dolandyryş näme we onuň esasy häsiýetleri nämeden ybarat? „ diýen soraga  jogap bermek zerur bolup durýar.

Adamzat durmuşynda, haýsy döwlet we jemgyýetçilik gurluşyna garamazdan, dolandyryş meselesiniň  iň  wajyp meseleleriň biri bolup durýandygy mälimdir. Sebäbi islendik ýurtda, döwletde dolandyryş meselesi doly we dogry ýola goýulmasa, onda hiç bir kada - kanunyň, beýleki ýagdaýlaryň doly amala aşmaga mümkinçiligi ýokdur, şoňa görä-de dürli ylymlarda dolandyryş diýen meselä köplenç halatlarda özlerine mahsus bolan häsiýetlerde garaýarlar (mysal üçin, filosofiýa, ykdysady, hukuk, kibernetika ylymlarynda). Ýöne, muňa garamazdan, „dolandyryş“ diýen düşünjäniň özüne bolan mahsus elementleriniň (kategoriýalarynyň) bardygy ähli  ylymlarda bellenilip geçilýär. Olar haýsylar diýeniňde, dolandyryşyň ulgamy (sistemasy), dolandyryşyň obýekti, dolandyryşyň subýekti, dolandyryşyň etmeli işi (funksiýasy) diýlip nygtalýar.

Dolandyryşyň ulgamy (sistemasy) diýen kategoriýasy näme diýlende, onda oňa grek sözünden terjime edilişine görä, „sistema“ birnäçe böleklerden emele gelýän bitewi bir zada aýdylýar. Sebäbi islendik ulgam (sistema) kesgitli meseläni çözmek üçin niýetlenip, bölekleriň arasyndaky gatnaşyklary bir maksada gönükdirmäge we olaryň arasyndaky ylalaşygy gazanmaga gönükdirilendir.

Şunuň bilen birlikde islendik ulgam (sistema) düzgünleşdirmäni, kadaly işlenmegine we ösmegine şert döredilmegini talap edýär. Şeýlelikde, ulgama maksatly gönükdirilen täsire „dolandyryş“ diýilýär.

Ýöne, näme dolandyryşa hökmany şert döredip bilýär diýlende, oňa esaslandyrylan jogaby kibernetika ylmy hödürläp bilýär, ol bolsa ulgamyň guramaçylyk düzüminden gözlemelidigini we şonuň içinde dolandyryş prosesiniň geçýändigini takyklaýar.

Dolandyryş prosesi (işi) nähili durmuşa geçirilýär diýlende, onda oňa dolandyryşyň iki sany biri-birinden aýrylmaz bagly bolan kategoriýalaryň gatnaşmagynda amala aşyrylýandygy mälimdir. Olaryň birine „dolandyrýan“, beýlekisine bolsa „dolandyrylýan“ diýlip aýdylýar.

Şunlukda dolandyrýan tarap dolandyryşyň subýekti, dolandyrylýana dolandyryşyň obýekti diýlip aýdylýar. Sosial dolandyryşyň obýekti diýip adamlaryň hereketine we özüni alyp barşyna aýdylýar. Edil şol dolandyryş prosesinde adamlaryň bilelikdäki hereketleri we olaryň öz arasyndaky gatnaşyklary üpjün edilýär.

Sosial dolandyryşyň subýekti barada aýdylanda, onda bu ýerde biz adamlar bilen iş salyşýarys, ýagny „adamlar adamlary dolandyrýar“ diýen netijä gelýäris. Bu ýerde dolandyryşyň takyk subýekti hökmünde adamlar köpçüligi, döwlet ýa-da jemgyýetçilik birleşmeleri, ýa-da aýry-aýry dolandyrýan adamlar hökmünde düşünilýär. Şeýlelikde, „Dolandyryş - dolandyryşyň obýektiniň we subýektiniň arasyndaky aragatnaşygy aňladýar“ diýip aýdylýar.

Dolandyryşy hakyky durmuşa geçirmegiň esasy bir şerti hem onuň häkimiýetidir. Bu bolsa öz gezeginde dolandyryşyň subýekti özüniň üstüne ýüklenen işi doly amala aşyrmaga mümkinçilik berýän häkimiýetden peýdalanýar diýildigidir. Şeýlelikde, häkimiýet sosial prosesi düzgünleşdirýän serişde hökmünde çykyş edýär.

Häkimiýetlilik dolandyryşyň häsiýeti bolup dürli görnüşde ýüze çykýandyr. Eger-de gürrüň jemgyýetçilik guramalary barada barýan bolsa, onda häkimiýet jemgyýetçilik-ahlak häsiýetli bolup çykyş edýär, haçan-da dolandyryş işi (funksiýasy) döwletiň adyndan amala aşyrylýan bolsa, onda häkimiýet ýuridiki

görnüşde (formada) ýüze çykýar. Şeýlelikde, dolandyryşa sosial iş hökmünde häsiýetnama bermek üçin şu aşakdakylary bellemek zerurdyr:

- Dolandyryş elmydama adamlaryň bilelikdäki işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenendir.
- Dolandyryş hemişe adamlaryň bilelikde bileleşip, maksadalaýyk işlemeklerini, ylalaşyp hereket etmeklerini üpjün edýär.

Dolandyryş dolandyryşyň obýektiniň onuň subýektine tabynlykda amala aşyrylýandygyny aňladýar. Ýokarda ähli aýdylanlardan ugur alsak, onda sosial dolandyryşyň iki görnüşde amala aşyrylýandygyny görýäris:

Döwlet dolandyryşy;

Jemgyýetçilik dolandyryşy.

Döwlet dolandyryşy sosial dolandyryşyň aýratyn bir görnüşidir. Şoňa görä-de döwlet dolandyryşy özüne mahsus bolan häsiýetleri jemleýär, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- döwlet dolandyryşy döwletiň bähbidini durmuşa geçirmäge niýetlenendir;
- döwlet dolandyryş işleri (funksiýalary) ýörite subýektleriň üstleri bilen amala aşyrylýar;
- subýektler (gatnaşyjylar) ýörite döwletiň adyndan hereket edýärler;
- subýektlere döwlet häkimiýet ygtyýarlyklary berlendir.

Şeýlelikde, dolandyryşyň döwlet häsiýetliligi aýdyňdyr. Şonuň bilen baglylykda döwlet dolandyrylyşynyň obýekti bütin jemgyýet bolup durýar, ýöne döwletiň işleri (funksiýalary) ähli döwlet edaralary (organlary) tarapyndan amala aşyrylýar (kanun çykaryjy, dolandyryş, kazyýet we prokuratura), şoňa görä-de bütin jemgyýeti, döwleti dolandyrmak üçin ähli döwlet edaralary çykyş edýärler, beýle netije döwleti dolandyrmagyň giň manysynda alynýar. Ýöne döwlet dolandyryşynyň asyl manysy boýunça alnanda, onda döwlet edaralarynyň bir görnüşi göz öňünde tutulýar, ol hem döwlet dolandyryş edaralarydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 46-njy maddasynda bellenilişi ýaly, iň ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Prezident, Mejlis, Ýokary kazyýet, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti amala aşyrýarlar.

Konstitusiýanyň 54-nji maddasynda bolsa: „Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr“ diýip nygtalýar.

Şeýlelikde, Türkmenistan döwletinde ýerine ýetiriji häkimiýet dolandyryşyny amala aşyrmaga niýetlenen edara bolup, özüne mahsus bolan (tabşyrylan) döwlet işiniň bir bölegini ýerine ýetirýär we ol işler beýleki döwlet edaralarynyň işlerinden düýpgöter tapawutlanýar.

Döwlet dolandyryş işlerini amala aşyrmak üçin, ýokarda belleýşimiz ýaly, ýörite döwlet dolandyryş ulgamy döredilýär, ol ulgama bolsa döwlet dolandyryş edaralary girýärler. Olaryň esasy maksady yzygiderli kanunlaryň we beýleki kadalaryň düzgünlerini we döwlet tarapyndan bellenilen ähli wezipeleri doly we dogry durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

Şoňa görä-de dolandyryş edaralary özleriniň işleriniň häsiýetine görä ýerine ýetiriji edara diýlip aýdylýar.

Näme sebäpden ýerine ýetiriji edara diýlip aýdylýar diýlende, onda dolandyryş edaralary Prezidentiň Permanlaryny we kararlaryny, Mejlisiň kanunlaryny we kararlaryny ýerine ýetirmäge gönüden-göni borçludyrlar we ýerine ýetirýärler. Şol nukdaýnazardan ugur alyp, olara ýerine ýetiriji häkimiýet diýilýär. Döwlet dolandyryşynyň ýene bir aýratynlygy, ol hem maddy bazasynyň barlygyndadyr. Beýle diýildigi näme we nämäni aňladýar diýenimizde, onda hiç bir döwlet edarasyna mahsus bolmadyk häsiýeti bar diýildigidir, ýagny diňe döwlet dolandyryş işinde maddy we ruhy baýlyklaryň döreýän ýeri bolup durýanlygyndadyr.

Döwlet dolandyryş edaralary diňe bir ýerine ýetiriji edara hökmünde çykyş etmän, serenjam beriji edara hökmünde hem çykyş edýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, eger ýerine ýetirmek işleri ýokary edaralar we Prezident tarapyndan bellenýän bolsa, onda serenjam beriş işleri dolandyryşyň öz içinde ýüze çykýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň görkezmeleri we beýleki namalary ähli aşakda durýan dolandyryş edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan ýerine ýetirmek hökmanydyr. Şol sebäpli serenjam beriş işleri diýip aýdylýar.

Döwlet dolandyryşy asyl manysynda guramaçylyk işleridir. Sebäbi dolandyryş sferasynda ähli pudaklaryň we düzümleriň işlerini guramak hem durmuşa geçirmek amala aşyrylýar.

Döwlet dolandyryşy kanunlara tabynlykdaky işdir, sebäbi ähli dolandyryş işleri we namalary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Prezidentiň Permanlaryna, Mejlisiň kanunlaryna laýyk gelip, olaryň talabyny ödemelidir.

Döwlet dolandyryşynyň ýuridik häkimiýetli häsiýeti bardyr. Beýle diýildigi döwlet dolandyryşynda dolandyryşyň obýekti dolandyryşyň subýektine tabyndyr diýmekdir. Şoňa görä-de dolandyryş gatnaşyklary göni (subbordinasion), buýruk beriji we häkimli guramaçylykly häsiýetlidirler.

Döwlet dolandyryşyna häsiýetnama bermek üçin, onuň beýleki guramaçylyk we ýuridik taraplaryny hem häsiýetlendirmek uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, gyzyklandyrýan mesele onuň düzümi, işleri we usullarydyr.

Döwlet dolandyryşynyň düzümleri barada aýdylanda, onda ol yzygiderli subýekt tarapyndan dolandyryşyň amala aşyrylyşynyň esasy basgançaklary barada aýtmalydyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- çözgütleri işläp düzmek we kabul etmek;
- dolandyryşyň esasy düzgünlerini we kadalaryny düzmek;
- dolandyryş diwanynyň esasy ugurlaryny kesgitlemek;
- dolandyryşyň subýektlerini we obýektlerini döretmek.

Başgaça aýdanymyzda dolandyryşyň başynda döwlet dolandyryş edaralarynyň işlemegine oňaýly şert döredip, dolandyryşyň subýektleriniň we obýektleriniň hukuk ýagdaýlaryny kesgitlemekden ybaratdyr. Olar dolandyryşda ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyryp kabul edilen çözgütleri durmuşa geçirmekden hem-de dolandyryş ulgamynda barlag, gözgeçilik işlerini geçirmekden ybaratdyr.

Dolandyryşda dolandyryş işleri uly ähmiýete eýedirler. Olar esasy işlerden we kömekçi işlerden ybaratdyr.

Umumy işler islendik dolandyryş işine mahsusdyr. Olaryň kömegi bilen umumy meseleler we wezipeler hemme obýektlere we subýektlere deň gatnaşykly häsiýetlidirler. Dolandyryşyň umumy işlerine degişli zatlar: meýilleşdiriş,

dolandyryş ulgamynyň düzümini döretmek; ýolbaşçylyk etmek we düzgüni, normatiwleri bellemek hem-de dolandyryş işini sazlamakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmek, barlag geçirmek we olaryň hereketini öwrenip baha bermekden ybaratdyr.

Dolandyryşyň ýörite işleri barada aýdylanda, onda olar dolandyryşyň subýektleriniň we obýektleriniň aýratynlyklaryny aňladýar. Olar umumy işleriň ýetmezçiliginiň üstüni doldurýar, nirede şonuň ýaly ýetmezçilik bar bolsa, mysal üçin, tehniki taýdan, usuly ýolbaşçylyk, tehniki barlag, ýörite gözegçilik we beýlekiler.

Olar haýsy usullara bölünýär diýlende, onda dolandyryş we ykdysady usullar göz öňünde tutulýar.

Dolandyryş usulynyň kömegi bilen hökmany düzgünler bellenýär.

Ykdysady usulyň kömegi bilen dolandyrylýan obýektleriň maddy ýagdaýyna täsir edilýär.

Şunuň bilen baglylykda dolandyryş gatnaşyklarynda mydama ýüze çykýan guramaçylyk-hukuk kategoriýalary hereket edýärler. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Dürli tipli adamlar kollektiwleri (hojalyk, medeni, sosial);
- Önümçilik-tehniki we gaýry bölekler (birleşmeler, firmalar, kombinatlar);
- Döwlet dolandyryş pudaklary (senagat, oba hojalyk we başgalar);
- Döwlet dolandyryşyň pudakda ýörite görnüşleri (planlaşdyryş, ylmy-tehniki ösüş, baha bellemek we ş.m.);
- Döwlet dolandyryşynda obýekti boýunça toplanylan pudaklar (halk hojalygyny dolandyrmak, sosial-medeni gurluşy dolandyrmak we beýlekiler).

Döwlet dolandyryş işleri (funksiýalary) döwlet, jemgyýetçilik birleşmeleri we raýatlar üçin durmuşa geçirilýar. Şoňa laýyklykda:

- dolandyryş edaralarynyň döwlet kärhanalaryna, edaralaryna we guramalaryna ýolbaşçylyk etmek işi;
- dolandyryş edaralarynyň jemgyýetçilik guramalarynyň işini kadalaşdyrmak we olar bilen arkalaşmaklygy amala aşyrmak;

- dolandyryş edaralarynyň işleri raýatlaryň sowallaryny we ýetmezçiliklerini kanagatlandyrmak we olaryň hukuklaryny goramak baradaky meselelere gönükdirilendir.

Döwlet dolandyryşy: merkezi ýolbaşçylyk hem-de ýakyndan dolandyrmak üsti bilen amala aşyrylýar. Mundan başga-da dolandyryş edaralary raýat-hukuk şertnamalaryny baglaşmaga hem-de olar dürli maddy-tehniki operasiýalary (işleri) amala aşyrmaga ukyplydyrlar.

Şeýlelikde, ähli halatlarda dolandyryş edaralarynyň işleri diňe ýerine ýetirmek we serenjam bermek däldir, gerek bolan ýagdaýynda ýokarda agzalan meseleleri çözmäge hem ukyplydyr.

Ýene-de bir zady gysgajyk bellemek zerurdyr, ýagny dolandyryş işleri (funksiýalary) ýeke bir döwlet dolandyryş edaralarynyň işinde ýüze çykman, beýleki döwlet edaralarynyň işinde hem ýüze çykýandygy bize mälimdir, ýagny Türkmenistanyň Mejlisi, prokuratura we kazyýet edaralary özleriniň esasy wezipelerini – işlerini ýerine ýetirmek üçin dolandyryş işlerini (funksiýalaryny) hem ulanýarlar. Ýöne ol dolandyryş işleri olar üçin esasy işler bolman, kömekçi iş hökmünde hyzmat edýärler. Şoňa görä-de olar dolandyryş seljerişine gatnaşman özlerine mahsus bolan işlerden, ýagny kanun çykarmakdan, adyl kazyýeti amala aşyrmakdan we kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, dolandyryş diýen mesele iki görnüşde ýüze çykýar:

1. Ýörite aýlyk tölenip işleýan dolandyryş edaralarynyň kömegi bilen;
2. Beýleki döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň işinde ýüze çykýan dolandyryş işleri.

Döwlet we jemgyýetçilik dolandyryşy barada gürrüň edilende, onda biz ilki bilen olaryň arabaglanyşygy barada aýtmalydyrys.

Döwlet dolandyryş ulgamy bilen bir hatarda jemgyýetçilik dolandyryşyň hem hereket edýändigini bellemelidiris. Jemgyýetçilik dolandyrylyşy adamlaryň öz erk-islegine görä döredilip, olar hojalyk, sosial-medeni we dolandyryş syýasy meseleleri dolandyrmakda örän erjel gatnaşýarlar.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik dolandyrylyşy diýen düşünje şu aşakdakylardan ybarat bolup durýarlar:

- Jemgyýetçilik birleşmeleri döwlet dolandyryş edaralarynyň işinde kömek etmeklige ýardam berýär (mysal üçin, jemgyýetçilik barlagy (kontroly);
- Jemgyýetçilik birleşmeleriň gös-göni özleriniň içki işlerini dolandyrmak meselesi.

Döwlet we jemgyýetçilik dolandyryşy özleriniň maksady we wezipesi boýunça döwlet, jemgyýetçilik meselelerini çözmegi bilelikde amala aşyrýarlar. Olaryň aýry maksady ýokdur we ikisi-de döwletiň çäginde bilelikde bir maksada gulluk edýärler.

Jemgyýetçilik dolandyryşy barada aýdylanda, biziň ýene-de bir bellemeli zadymyz, ol hem ýokarda bellenilişi ýaly, jemgyýetçilik birleşmeleri adamlaryň öz erk-islegi boýunça döredilýär we olaryň borçlary, hukuklary we etmeli işleri ýörite ustawlaryň we düzgünnamalaryň üsti bilen kadalaşdyrylýar. Ol ustawlar we düzgünnamalar hukuk nama bolman, jemgyýetçilik- ahlak häsiýetli namalardyr.

Haçan-da jemgyýetçilik birleşmeleriniň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän ustawlaryň we düzgünnamalaryň kadalary bozulan ýagdaýynda, onda hukuk jogapkärçiligi ýüze çykman, jemgyýetçilik - ahlak jogapkärçiligi ýüze çykýar.

Döwlet dolandyryşy barada aýdanymyzda, öňem belläp geçişimiz ýaly, dolandyryş edaralary döwlet tarapyndan döredilýär, olar döwletiň adyndan çykyş edýärler. Olaryň hukuk ýagdaýlary ýörite hukuk häsiýetli namalar bilen kadalaşdyrylýar. Şol namalaryň kadalary bozulan halatynda hukuk jogapkärçiligi ýüze çykýar. Ýöne, bellenilen aýratynlyklar jemgyýetçilik dolandyryşyna hiç hili päsgelçilik döretmän, gaýtam olaryň dolandyryş edaralary bilen has ýakyn aragatnaşykda hereket etmeklerine ýardam berýär.

## §2. Dolandyryş-hukuk kadalary

Dolandyryş-hukuk kadasy hukuk kadalarynyň takyk bir görnüşidir. Dolandyryş-hukuk kadasy hukuk taýdan berkidilen düzgün hökmünde döwletiň dolandyryş çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga niýetlenendir.

Şeýle kadalaşdyrylyşyň esasy maksady kanunda berkidilen ähli hereketleriň talaba laýyk gelmekligi bolup durýar.

Dolandyryş-hukuk kadalary döwlet dolandyryşynda ulanylýar. Sebäbi dolandyryş-hukuk çygrynyň tabşyrygyny, görkezmesini dolandyryş edaralary, döwlet gullukçylary, jemgyýetçilik birleşmeleri we raýatlar tarapyndan hökmany berjaý edilmegini talap edýär. Oňa laýyklykda dolandyryş hukugynyň kadasy haýsy hereketi edip bolýandygyny we haýsy hereketleri etmekden saklanmalydygyny görkezýär**.**

Dolandyryş-hukuk kadalarynda bellenen tabşyryklar, görkezmeler hökmany (imperatiw) häsiýetli bolýarlar. Şonuň üçin hem dolandyryş gatnaşyklaryna gatnaşyjylar şol kadalaryň tabşyrygy esasynda hereket etmelidirler, haçan-da şol talaba garşy hereket edilende, onda döwlet öňünde jogapkärçilik ýüze çykýar. Munuň özi, haçan-da dolandyryş-hukuk kadalarynyň talaby ýerine ýetirilmedik halatynda, hukuk taýdan mejbur ediş çäreleri bilen üpjün edilýändigini aňladýar.

Şonuň bilen birlikde dolandyryş-hukuk kadalarynyň hökmany (imperatiw) häsiýeti üç ýagdaý bilen aňladylýar:

1) dolandyryş gatnaşyklarynyň taraplaryna gös-göni diňe şeýle hereket etmegi tabşyrýar;
2) dolandyryş gatnaşyklarynyň taraplaryna şol kadanyň çäginde bellenen bir ýoly saýlap almagy tabşyrýar;
3) dolandyryş gatnaşyklarynyň talabyna görä kadada bellenen hereketleri etmek ýa-da etmezligi tabşyrýar.

Şunlukda, dolandyryş-hukuk kadalarynyň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hökmany kadalaşdyrylýandygyny häsiýetlendirýär.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň kadalaşdyryş täsiri birnäçe ýollar bilen çözülýär:

- Dolandyryş gatnaşyklarynyň taraplarynyň üstüne kesgitli ýurdik borçlaryň ýüklenmegi;
- Şol taraplara kanuny hukuk berilmegi;
- Şol taraplara dogry özüňi alyp barmaklygy talap etmek ygtyýarynyň berilmegi;
- Taraplara berlen hukugyň kepillendirilmegi.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň aýratynlygy döwlet dolandyryş häsiýeti bilen kesgitlenýär, olar şu aşakdakylar boýunça aňladylýar:

- Hökmany suratda hukuk tabşyryklary (görkezmeleri) köplenç halatlarda döwlet dolandyryş edaralaryna ugradylýar (iberilýär);
- Döwletiň adyndan çykyş edýän döwlet dolandyryş edaralaryna öz wezipelerini üstünlikli amala aşyrar ýaly hukuk häsiýetli ygtyýarlar berilýär;
- Döwlet dolandyryş edaralary bir taraplaýyn soraglary çözer ýaly dolandyryş-hukuk kadalarynda berkidilen hökmany şertler bilen üpjün edilýär.

Dolandyryş-hukuk kadasy dolandyryş gatnaşyklarynyň taraplarynyň hukugyny we borjuny düzgünleşdirýär. Ýöne bir zady bellemeli, hukuk ýeke bir dolandyryşyň subýektine berilmän, beýleki taraplara hem berilýär, raýatyň hukugy dolandyryşyň subýektiniň borjuna laýyk gelýär. Mysal üçin, raýatlaryň şikaýat etmek hakyndaky hukugy dolandyryş edarasynyň (wezipeli adamsynyň) borjuna laýyk gelýär – şikaýatlary kabul etmek, hasaba almak, ony garamak we çözmek.

Dolandyryş-hukuk kadalary hökmany tabşyryknama häsiýetlidir. Ýöne olaryň mazmuny şunuň bilen gutarmaýar. Dolandyryş-hukuk kadalary özleriniň mazmunynda kesgitli maslahat bermek ýagdaýyny hem göz öňünde tutmaýar. Mysal üçin, öňdebaryjy tejribäni ýaýratmak hakyndaky maslahatlar.

Käbir halatlarda dolandyryş-hukuk kadalary hökmanylygy bolmadyk ýagdaýlary hem göz öňünde tutýar, mysal üçin, jemgyýetçilik ulag serişdelerine öňdäki oturgyçlarda garrylaryň we pensionerleriň oturmaklaryna niýetlenendigini hem düzgünleşdirýär. Muňa garamazdan, dolandyryş-hukuk kadalarynyň hökmany ýerine ýetirilmelidigi aýdyňdyr, olarda ol häsiýet hemişe saklanyp galýar. Her bir hukuk kadada bolşy ýaly dolandyryş-hukuk kadalarynyň hem düzümi bardyr, ol düzüm birnäçe bölekden durup, hukuk kadalarynyň mazmunyna doly we dogry düşünmek hem-de ol kadany durmuşa geçirmek üçin uly ähmiýeti bolup, şu aşakdaky üç soraga doly jogap bermäge niýetlenendir:

- haçan, haýsy ýagdaýlarda dolandyryş- hukuk kadalaryny ulanyp bolýandygyny;
- haýsy taraplara ýokarda aýdylan halatlarda hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynda özüňi nähili alyp barmaklygy tabşyrýar;

- şol hukuk kadalarynyň gatnaşyjylary tarapyndan onuň düzgüni bozulan ýagdaýynda, nähili zyýanly netijäniň ýüze çykýandygyny kesgitleýär.

Oňa laýyklykda dolandyryş- hukuk kadalary düzgün boýunça üç sany elementden durýar: gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň gipotezasy diýlip, ýagny haçan, haýsy wagtda dolandyryş-hukuk kadalaryny ulanyp bolýandygyny, haýsy ýagdaýlarda dolandyryş-hukuk kadalarynyň gatnaşyjylarynyň hukuklary we borçlary ýüze çykýandygyny kesgitleýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 278-nji maddasynda hukuk tertibini bozan günäkäriň haçan we haýsy wagtyň içinde şol hukuk bozulma boýunça çykarylan karara şikaýat edip bilmek hukugynyň ýüze çykýandygyny takyklaýar. Şeýlelikde, dolandyryş-hukuk kadanyň gipotezasy onuň aýrylmaz bir elementidir, sebäbi ol taraplaryň hukugynyň we borjunyň haçan ýüze çykýandygyny takyklaýan elementidir.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň ýene bir elementine onuň dispozisiýasy diýilýär. Ol hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özara baglanyşykly hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Dolandyryş-hukuk kadalarynyň esasy böleklere bölünmegi, olaryň hukuk mazmunyna baglydyr. Şoňa laýyklykda dolandyryş-hukuk kadalary borçly edýän, gadagan edýän we rugsat berýän kadalara bölünýärler.

Borçly edýän dolandyryş-hukuk kadalary diýlip, haçan-da dolandyryş hukugynyň subýektlerini şol hukuk kadalary gös-göni borçly edýän bolsalar, mysal üçin, pasport hakyndaky kanunyň esasynda, raýatlar 16 ýaşyna ýetenden soň pasport almaga we ony esasy ýaşaýan ýerinde hasaba goýmaga borçludyrlar. Başga mysal, edaranyň, kärhananyň dolandyryjyşy raýatlary işe kabul edendikleri barada buýruk çykarmalydyrlar. Ýa-da 18 ýaşyna ýeten erkek adamlar harby gullugyny geçmäge borçludyrlar we ş.m. Şu mysallardan görnüşi ýaly, borçly edýän dolandyryş-hukuk kadalary hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidirler, ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, dolandyryş jogapkärçiligi ýüze çykýandyr.

Gadagan edýän dolandyryş-hukuk kadalary barada aýdylanda, onda olar belli-belli hereketleriň ýüze çykmagyny gadagan edýärler. Mysal üçin, jemgyýetçilik

ýerlerinde çilim çekmek, okuwdan gijä galmak, golaý garyndaşlygy bar bolan, ýagny, eger biri beýlekisine tabynlykda bolan ýagdaýynda, bir edarada işlemek gadagan edilýär.

Rugsat edýän kadalar barada aýdylanda, onda olar umumy hereket edýän kanunyň çäginde gatnaşyjylara meseläni öz garaýşyna görä çözmäge rugsat berýärler. Mysal üçin, polisiýa edaralary dolandyryş jerimäni bellemek boýunça ýa-da etrap kazysy ownuk huligançylyk etmişine seredip, oňa jerime, düzediş işleri ýa-da dolandyryş tussagyny bellemäge haky bardyr. Agzalan ähli ýagdaýlarda taraplar zerur bolan mümkinçilikleri özleriniň garaýşyna görä saýlaýarlar hemde döwletiň olara bolan gatnaşygyny berkidýän elementdir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 14-nji ýanwarynda gol çeken „Raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamaklygyň tertibi" diýen kanunyna laýyklykda, raýatlar wezipeli adamlaryň nädogry hereketi barada döwlet edaralaryna (ygtyýarly) şikaýat etmäge we ol edaralaryň bolsa öz wagtynda şikaýata seredip, bellenilen möhletiň içinde jogap bermekleriniň zerurdygyny berkidýär. Şu ýerde görkezilen hukuk kadalarynyň dispozisiýasy ilki bilen raýatlaryň şikaýat etmäge haklarynyň bardygyny we degişli döwlet edaralarynyň (wezipeli adamlaryň) özleriniň ygtyýarlarynyň çäginde şol raýatyň şikaýatyna garamaklyk olaryň borjudygyny kesgitleýär.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň ýene-de bir elementi onuň sanksiýasydyr (ol jogapkärçiligi aňladýan düşünje). Dolandyryş-hukuk kadalarynyň sanksiýasy hakynda aýdylanda, onda ol dolandyryş jogapkärçiligi bilen bagly bolup, dolandyryş işinde ýüze çykýan jogapkärçiligi suratlandyrýan element hökmünde çykyş edýär. Sebäbi islendik hukuk bozulma jemgyýet üçin zyýanly bolup, berkidilen hukuk düzgünini bozýar we döwletiň, jemgyýetiň bähbidine garşy gelýär. Hukuk bozulma üçin döwlet jogapkärçilik belläp bir wagtda hukuk düzgünini goraýar we raýatlar tarapyndan hukuk düzgüniniň berjaý edilmeginiň hökmanydgyny nygtaýar.

Ýene-de bir zady bellemek hökmanydyr, ol bolsa ähli dolandyryş-hukuk kadalarynda sanksiýa diýen element barmy ýa-da ýokmy diýilende, onda ol soraga ýok diýip aýtmaly. Sebäbi sanksiýa diýen element diňe dolandyryş jogapkärçiligini

göz öňünde tutýan hukuk kadalarynda bolýarlar, şoňa görä-de olara dolandyryş sanksiýaly kadalar diýlip aýdylýar.

Dolandyryş-hukuk kadalary takyk subýektlere (gatnaşyjylara) görä şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- döwlet dolandyryş edaralarynyň hukuk ýagdaýyny kadalaşdyrýan;
- kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň döwlet dolandyryşyndaky hukuk ýagdaýyny kadalaşdyrýan;
- döwlet dolandyryş diwanynyň hukuk ýagdaýyny kadalaşdyrýan;
- döwlet dolandyryşynda jemgyýetçilik birleşmeleriniň hukuk ýagdaýyny kadalaşdyrýan;
- döwlet dolandyryşynda raýatlaryň hukuk ýagdaýyny kadalaşdyrýan.

Bu kadalar maddy we prosessual görnüşlere bölünýärler. Olaryň arabaglanyşygy aýrylmazdyr, sebäbi maddy kada bolmasa, prosessual kada ýokdur, prosessual kada bolmasa, maddy kada hem ýokdur.

Maddy dolandyryş-hukuk kadalary döwlet dolandyryşyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň takyk taraplarynyň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýärler. Olar belli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryp goýýarlar, olary durmuşa geçirmek meselesi bolsa başga hukuk kadalaryna mätäç bolýarlar. Ol hukuk kadalary bolsa dolandyryş prosessual kadalarydyr. Olaryň wezipesi haýsydyr bir maddy kadanyň kadalaşdyran meselesini durmuşa geçirilmegi düzgünleşdirýär, mysal üçin, dolandyryş maddy kadasy wezipeli adamlaryň, raýatlaryň şikaýatlaryna wagtynda seretmekligi göz öňünde tutýan bolsa, dolandyryş prosessual kadalar öz gezeginde şol raýatlaryň şikaýatlarynyň durmuşa geçirilmeginiň (çözülmeginiň) tertibini kesgitleýär. Görşümiz ýaly, maddy hukuk kadalary bilen prosessual hukuk kadalary biri-biri bilen aýrylmaz bagly eken.

Dolandyryş-hukuk çeşmeleri hakynda aýdylanda, onda Türkmenistanda dolandyryş-hukuk pudagynyň döremeginde hem-de kämilleşmeginde we onuň syýasy çeşmesi hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri we daşary syýasatlary hakyndaky çykyşlary we beýleki tabşyryklary hem görkezmeleri dolandyryş hukugynyň ösmeginde uly ähmiýete eýedirler.

Hukuk manyda aýdanymyzda, dolandyryş hukugynyň çeşmesi diýlip, degişli hukuk pudagynyň formasynyň (görnüşiniň) aňladylyşyna aýdylýar. Şoňa laýyklykda ol forma (görnüş) dolandyryş-hukuk kadasynyň aňlatmasydyr.

Dolandyryş-hukuk kadalary özleriniň häsiýeti we mazmuny boýunça dürli-dürli bolup, özleriniň hakyky aňlatmasyny, degişli hukuk namalarda saklap, dolandyryş hukugynyň çeşmesini emele getirýärler.

Hukuk namalar haçan hukuk çeşmesi bolup bilýär diýen soraga jogap berenimizde, onda biz diňe kada häsiýetli hukuk namalaryň hukuk pudagynyň çeşmesi bolup bilýändigini aýdyp bilýäris. Sebäbi hukuk çeşmesi bolmak üçin namanyň kada häsiýetde bolup, belli-belli hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga niýetlenendigini bilýäris.

Dolandyryş-hukuk çeşmesiniň ulgamy bolup, onuň döwlet häkimiýet we döwlet dolandyryş namalaryndan düzülýändigi mälimdir.

Olar haýsylar diýlende, döwlet häkimiýet edaralarynyň kada namalary; Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň konstitusion kanunlary, Türkmenistanyň kanunlary; Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary we kararlary. Muňa mysal edip Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň ýanwar aýynyň 14-ne gol çeken raýatlaryň ýüz tutmalary we olara garamak hakyndaky kanunyny görkezmek bolar.[3]

Döwlet dolandyryş edaralarynyň kada namalary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kada namalary we buýruklary; welaýat, şäher, etrap häkimleriniň kadaly kararlary, kada häsiýetli geňeşleriň çözgütleri; ministrlikleriň we beýleki pudaklaýyn edaralaryň buýruklary we instruksiýalary, döwlet edaralarynyň we kärhanalarynyň müdirlikleriniň kadaly buýruklary.

Kada häsiýeti bolmadyk namalar hem döwlet dolandyryşynda giňden ýaýrandyr. Olar dolandyryş hukugynyň çeşmesi bolmadyk, emma hukuk güýji bolan namalardan ybaratdyrlar. Olar hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga niýetlenmän, belli-belli takyk meseleleri çözmäge niýetlenendir. Mysal üçin, işe kabul etmek

---

[3] Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň ýanwar aýynyň 14-ne gol çeken „Raýatlaryň ýüz tutmalary we olara garmak hakyndaky“ kanuny.

hakyndaky ýolbaşçynyň buýrugy, gullukçyny, işgäri sylaglamak we olary işden boşatmak ýa-da düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek hakyndaky buýruklary we başga-da birnäçe takyk meseleleri çözmäge niýetlenen kadasyz namalar çykarylýandyr.

Dolandyryş-hukuk çeşmelerini ulgama salmak meselesi hem iň wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Belli bolşy ýaly, köpsanly dolandyryş-hukuk kadalary umumy, ýerli we pudaklaýyn häsiýetli kada namalardyr. Olar dürli-dürli wagtlarda kabul edilip özleriniň ulgamlaşdyrylmagyny we ulanmaga çemli bolar ýaly şerti talap edýärler. Ol maksat bolsa iki ýol bilen amala aşyrylýar:

a) kada namalary (materiallary) kesgitli yzygiderlilik bilen ulgama salyp tertipleşdirmek, mysal üçin, kadaly namalaryň ýygyndysy;

b) kada namalarda ýüze çykan kemçilikleri we gapma-garşylyklary aradan aýryp, könelen namalary täze namalar bilen çalşyp, kada namalary düzgünleşdirmek. Şonuň netijesinde uly bir kanunlar ýygyndysynyň jemleri emele gelýär (mysal üçin, kodeks).

Beýleki hukuk pudaklarynda bolşy ýaly, dolandyryş hukugynyň kadalary doly jemlenen däldir. Ýöne beýle diýildigi dolandyryş-hukuk kadalary ýok diýildigi däldir. Olar barada edilen we edilýän işler örän kän. Mysal üçin, 1984-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Ýokary Soweti tarapyndan kabul edilen „Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi“ oňa mysal bolup biler. Bu kodeksde hemme dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky jogapkärçilik göz öňünde tutulýar. Türkmenistan döwleti özbaşdaklygyny gazanandan soň, bu mesele boýunça ýene-de bir uly mesele özüniň çözgüdini tapdy, ýagny 1993-nji ýylda Türkmenistanyň „Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodekse“ üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanuny şaýatlyk edýändir.

Mundan başga-da häzirki wagtda ýörite döwlet maksatnamasynda göz öňünde tutulan örän bir uly mesele, ol hem täze dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky Türkmenistanyň kodeksini işläp düzmek we kabul etmekdir.

Ýöne görşümiz ýaly dolandyryş-hukuk kada namalaryň bir bölegi kodekse salnypdyr. Beýleki dolandyryş-hukuk kadalary barada aýdanyňda, onda ol mesele örän çylşyrymly we olaryň hemmesini kanunlaryň bir toplumyna salmak mümkinçiligi ýok, sebäbi dolandyryş-hukuk kadalary belli bir ugry kadalaşdyrmak üçin niýetlenen dürli-dürli meseleleriň kadalaşdyrylmagyna ýardam berýär.

Şoňa görä-de ähli dolandyryş-hukuk kadalary (diňe jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kadalardan başgasy) belli ugurlar, meseleler boýunça hereket edýärler. Mysal üçin, pasport ulgamy barada kanun, dolandyryş gözegçiligi hakyndaky düzgünnamalar we ş.m.

### §3. Dolandyryş-hukuk gatnaşyklary

Ýuridik ylymlaryň ählisinde bellenilişi ýaly, hukuk gatnaşyklary meselesi ýaly ýiti jedelli mesele ýokdur. Bu hakykatdanam şeýle, sebäbi hukuk gatnaşyklary meselesi hukuk taglymaty üçin esasy kesgitleýji meseleleriň biri bolup durýar. Mundan başga-da, hukuk gatnaşyklarynyň esasy köki-damary degişli hukuk pudagynyň dersine (predmetine) barýandygy aýdyňdyr.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň taglymatyna analiz bermek meselesi boýunça ýuridik edebiýatlarda professor Ý.M.Kozlowyň 1976-njy ýylda çap edilen „Dolandyryş-hukuk gatnaşyklary“ diýen kitaby oňa doly häsiýetnama berip görkezýär.[4]

Şeýlelikde, dolandyryş-hukuk gatnaşyklary hem beýleki hukuk gatnaşyklary ýaly özüne hukuk gatnaşyklarynyň degişli häsiýetini jemleýändir.

Şunuň bilen birlikde dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň özlerine mahsus bolan aýratynlyklary hem bardyr. Şeýle häsiýetli aýratynlyklar iki ýagdaý bilen düşündirilýär, ýagny ilki bilen-ä onuň haýsy meselede ýüze çykýanlygyndadyr, ikinjidenem, olaryň ýuridik bazasy bolup dolandyryş-hukuk kadalarynyň durýanlygyndadyr.

---

[4] Ю.М.Козлов. Административные проавоотношения. Юридическая литература. М., 1976г., стр.14

Umuman aýdylanda, hukuk gatnaşyklary diýlip, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrylyşyna aýdylýar, ol kadalaşykda subýektleriň (gatnaşyjylaryň) hukugy we borjy göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, hukuk gatnaşygy hukuk kadalarynyň esasynda taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaga niýetlenendir. Oňa laýyklykda hukuk kadalary gatnaşygyň bir tarapyna mümkin bolan hukugy berip, beýleki tarapy bolsa borçly diýip belleýär. Ýa-da bolmasa, bir tarapyň talap etmäge, beýleki tarapyň bolsa edilen talaby ýerine ýetirmäge borçludygyny kesgitleýär.

Ýokarda agzap geçişimiz ýaly, dolandyryş-hukuk gatnaşyklary döwlet dolandyryş meselelerinde ýüze çykyp, özlerine mahsus bolan aýratynlyklary bardyr, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklary döwlet dolandyryş edaralarynyň ýerine ýetiriş we serenjam beriş wezipelerini ýerine ýetirmek maksady üçin niýetlenendir. Mysal üçin, döwlet dolandyryş edaralarynyň hukuklary we borçlary gönüden-göni ýerine ýetiriş we serenjam beriş işlerini amala aşyrmakda dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary (subýekti) hökmünde çykyş edýärler we ol ýagdaý dolandyryş-hukuk kadalary bilen berkidilýär. Deň derejede şu häsiýet subýektleriň hukuklaryna we borçlaryna degişli bolup durýar, mysal üçin, jemgyýetçilik birleşikleri, raýatlar we başgalar. Şeýlelikde, dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň birinji aýratynlygy, ol gatnaşyklaryň döwlet dolandyryş edaralarynyň ýerine ýetiriş we serenjam beriş işinde ýüze çykýanlygyndadyr. Bu aýratynlyk bolsa dolandyryş-hukuk gatnaşyklary üçin kesgitleýji esasy häsiýetdir.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna ýeke bir döwlet dolandyryş edaralary gatnaşman, hojalyk, medeni, syýasy gurluşda uly wezipäniň ýerine ýetirilmelidigi zerarly dürli-dürli gatnaşyklaryň ýüze çykýandygy we gatnaşyklara dolandyryş edaralaryndan başga-da edaralaryň, kärhanalaryň, döwlet gullukçylarynyň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň hem-de raýatlaryň gatnaşmaklygynyň zerur bolup durýandygy mälimdir. Şeýle gatnaşyk bolmasa, onda döwlet dolandyryş işini durmuşa geçirmek asla mümkin hem dälidr, şoňa görä-de ykdysady, medeni, dolandyryş syýasy meseleleri çözmek üçin döwlet tarapyndan ýolbaşçylyk edilmek

hem-de raýatlaryň soraglaryny we isleglerini kanagatlandyrmak üçin dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň zerurlygy aýdyňdyr. Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp, dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ikinji bir aýratynlygy, olaryň gatnaşyjylary (subýektleri) bolup dolandyryş edaralary, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar, jemgyýetçilik birleşmeleri we raýatlar bolup durýarlar, kimiň işi ýerine ýetiriş we serenjam beriş işleri bilen bagly bolsa.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna döwlet dolandyryş edaralaryň, jemgyýetçilik birleşmeleriň, raýatlaryň gatnaşyp bilýänligine garamazdan, şol gatnaşyklaryň bir tarapynda hökmany suratda döwlet dolandyryş edarasy bolmalydyr. Ol nämäni aňladýar diýeniňde, dolandyryş-hukuk gatnaşyklary döwlet dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň hem-de döwlet dolandyryş edaralary bilen raýatlaryň arasynda ýüze çykyp bilýar diýildigidir. Şeýlelikde, dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň hökmany subýekti bolup döwlet dolandyryş edarasy çykyş edýär. Ikinji bir tarapy mümkin bolan beýleki bir subýekt bolup biler. Şeýle aýratynlyk näme bilen düşündirilýär diýeniňde, onda ol raýat hukuk gatnaşyklary ýaly iki sany deň tarapyň arasynda ýüze çykyp bilýän däldir. Sebäbi döwlet işiniň kesgitli bir görnüşi bolup dolandyryş işleri döwletiň adyndan ýerine ýetirilýär we ol işi ýerine ýetirmek üçin döwlet tarapyndan ýuridik häkimiýet berilýär. Şonuň üçin hem döwlet dolandyryş edaralary döwletiň häkimiýetli ygtyýarlyklaryndan peýdalanyp, döwletiň adyndan çykyş edip, hukuk gatnaşygynyň aýratyn gatnaşyjysy bolup durýandyr. Beýleki taraplar dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyp bilýän hem bolsalar, olaryň döwlet häkimiýetli ygtyýarlyklary ýokdur. Şeýlelikde, dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň üçünji bir aýratynlygy, olaryň döwlet dolandyryş edaralarynyň gatnaşmaýan halatlarynda ýüze çykyp bilmeýänligindedir.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň esasy subýekti döwlet dolandyryş edaralary bolup durýar. Bu ýagdaý näme bilen kesgitlenýär diýeniňde, onda ol gatnaşyklar häkimiýetli usullar bilen kadalaşdyrylýar, bir tarapy hemişe häkimli hereket edýär, şoňa laýyklykda dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna „häkimli“ ýa-da tabyn gatnaşyklar diýilýär. Şunlukda, häkimli namany diňe

gatnaşygyň bir tarapy, ýagny döwlet dolandyryş edaralary çykarmaga ygtyýarlydyr. Şoňa görä-de dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň dördünji bir aýratynlygy, ýagny hukuk gatnaşyklarynyň hökmany bir tarapy bolup, ol hem häkimli hereket edýän döwlet dolandyryş edaralarydyr.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ýene bir aýratynlygy, ol hem taraplaryň ikisiniň hem başlangyjy boýunça ýa-da islendik tarapyň we üçünji tarapyň islegi boýunça ýüze çykýanlygydyr. Ýöne islendik halatda şol gatnaşyklaryň ýüze çykmagynda ikinji tarapyň razyçylygy hökman däldir. Mysal üçin, işe kabul etmek baradaky ýolbaşçysynyň buýrugy, dolandyryş temmi bellemek hakyndaky ygtyýarly edaranyň (wezipeli adamyň) karary aýdylanlara doly mysal bolup bilýärler.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň altynjy bir aýratynlygy, ol hem şol gatnaşyklaryň netijesinde ýüze çykýan jedelli meseleleri köplenç halatlarda döwlet dolandyryş edaralary (olaryň wezipeli adamlary) çözýärler, kanunda göz öňünde tutulan halatlarynda bolsa kazyýet edaralary (kazylar) we jemgyýetçilik birleşmeleri tarapyndan hem çözülip bilinýändir.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ýedinji bir aýratynlygy hem dolandyryş-hukuk kadalary bozulan mahalynda, hemişe jogapkärçilik döwletiň öňünde ýüze çykýandyr.

Ýokarda agzalan dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň aýratynlyklary dolandyryş hukugynyň beýleki hukuk pudaklaryndan tapawudyny doly subut edýärler.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri hakynda aýdylanda, onda olaryň iki görnüşde ýüze çykýandyklary bize aýdyňdyr. Olar wertikal (göni) we gorizontal (kese) görnüşlerde ýüze çykýarlar.

Wertikal gatnaşyklary iki sany guramaçylyk taýdan biri beýlekisine tabyn bolan taraplaryň arasynda ýüze çykýar, ol gatnaşyklara „subordinasiýa“ gatnaşyklary hem diýip aýdylýar. Mysal üçin, bir ministrlik bilen onuň edaralarynyň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar.

Ýöne göni (wertikal) gatnaşyklar iki sany guramaçylyk taýdan biri beýlekisine tabyn däl taraplaryň arasynda hem ýüze çykýandyr. Mysal üçin, döwlet ýol

gözegçiligi gullugynyň we sürüjileriň arasynda, sanitariýa edaralarynyň we ähli taraplaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar. Bu gatnaşyklarda taraplar biri beýlekisine tabyn (guramaçylyk taýdan) bolmasalar hem bir tarapynyň döwlet häkimiýeti bolanlygy sebäpli, olaryň talaby beýleki tarapa hökmandyr we ýerine ýetirilmelidir. Beýle gatnaşyklara kähalatlarda gyýtak (diagonal) gatnaşyklar hem diýýärler.

Gorizontal (kese) gatnaşyklar hem durmuşda ýygy-ýygydan gabat gelýärler. Muňa etrap häkimligi bilen onuň bölümleriniň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary mysal bolup biler.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy, üýtgemegi we togtadylmagy. Bu sowala jogap bermek üçin, ilki bilen dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň obýekti barada aýdylmalydyr. Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň obýketi näme diýlende onda biz ony adamlaryň özüni alyp barşy, olaryň hereketlerini göz öňünde tutmalydyrys. Ol nämäniň esasynda hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar diýlende, onda biz ýuridik fakty (esasy) göz öňünde tutýarys, ol bolsa öz gezeginde hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna doly esas bolup bilýändir.

Ýuridik faktyň iki sany aňlatmasy bolup, onuň birine hereket, ikinji birine bolsa hadysa (waka) diýilýär.

Hereket barada aýdylanda, onda ol hukuga laýyk gelýän we hukuga ters gelýän hereketlerden ybaratdyr. Mysal üçin, kanuny edilen hereket talabalaýyk gelýän hereket, dolandyryş etmişi bolsa hukuga ters gelýän hereket bolup, hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna esas bolup bilýärler.

Beýleki bir ýagdaýda dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna waka hem esas bolup bilýändir. Mysal üçin, tebigy betbagtçylyk zerarly adamlaryň emläklerine (jaýyna, beýleki zatlaryna), eger olar döwlet ätiýaçlygy edaralary tarapyndan resmileşdirilen we bellenen tölegi tölän bolsalar, onda ätiýaçlyk edaralary çekilen zyýany tölemäge borçludyrlar. Ýöne, ýene bir zady bellemek zerurdyr, ýagny haçan-da dolandyryş-hukuk gatnaşyklary hereketiň üsti bilen ýüze çykan mahalynda, onda olar adamyň aň-düşünjesine bagly bolýarlar, sebäbi adam kanuna ters ýa-da kanunalaýyk gelýän hereketi etse-de, olar aňlap, düşünip edýär.

Haçan-da dolandyryş-hukuk gatnaşyklary wakanyň üsti bilen ýüze çykan bolsa, onda ol ýagdaý adamlaryň aňyna-düşünjesine bagly bolman, tebigatyň kanuny bilen baglylykda ýüze çykýar.

Haýsy ýuridik fakt (esas) dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna esas bolan bolsa, onda ol esaslar olaryň üýtgemeklerine, togtadylmagyna hem esas bolup bilýärler. Mysal üçin, döwlet gullugynda bir edarada bir işden başga bir işe geçirilende, onda hukuk gatnaşyklary hem üýtgeýär, haçan-da şol gullukçy işden çykarylsa, onda onuň edara bilen gatnaşyklary togtadylýar, ýok bolýar.

## Dolandyryş hukugynyň subýektleri (gatnaşyjylary)

### §1. Döwlet dolandyryş edaralary

Döwlet dolandyryş edaralary döwlet edaralarynyň bir görnüşidir. Dolandyryş edaralaryna beýleki döwlet edaralarynda bolan häsiýetler hem mahsusdyr.

Ähli döwlet edaralary gurama bolup, özleriniň hataryna kesgitli adamlar toparyny (kollektiw) jemleýär. Şeýle köpçülik döwlet tarapyndan ýörite guralyp, kesgitli döwlet işiniň bir görnüşini ýerine ýetirmegi maksat edinýär. Döwlet gönüden-göni öz edaralaryny döredip, olary döretmegiň düzgünini, işiniň esasy düzgünlerini kadalaşdyrýar, olaryň zerur bolan ygtyýarlyklaryny kesgitläp, döwletiň adyndan onuň bähbidini goramak üçin çagyrýar.

Şunuň bilen birlikde ähli döwlet edaralaryna syýasy häsiýetlilik mahsusdyr, sebäbi olaryň hemmesine döwlet häkimli ygtyýarlyklar berlendir.

Döwlet häkimli ygtyýarlyk häsiýeti nämäni aňladýar diýeniňde, olar döwletiň adyndan hökman bolan namalary çykarmaga, olary durmuşa geçirmegi üpjün etmegi, şeýle-de ol namalaryň bozulan halatlarynda, döwletiň mejbur ediş çärelerini ulanmaklygy üpjün edýär.

Beýleki döwlet edaralary ýaly, her bir döwlet dolandyryş edarasynda özüniň guramaçylyk düzümi bardyr, ýagny ol içki işçi apparatyny (diwanyny) döretmekligi guramakdan ybarat bolup, olaryň kömegi bilen bolsa onuň ygtyýarlyklaryny

kesgitleýär. Hukuk nukdaýnazardan döwlet dolandyryş edaralarynyň esasy häsiýetleri bolup, olar döwlet häkimiýetli ygtyýarlyklarydyr.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary näme we olara näme girýär diýeniňde, onda oňa edaranyň wekilleriniň öňünde goýlan edilmeli işler, olaryň hukugy, borjy we haýsy formada we usulda işleýändikleri girýärler. Olaryň ygtyýarlyklary ýörite döwlet tarapyndan ykrar edilen we tassyklanan düzgünnamalarda, ustawlarda (tertipnamalarda) kesgitlenýär.

Döwlet dolandyryş edaralary ýerine ýetiriş we serenjam bermek işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenip, durmuşda kanunlaryň we beýleki kada namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edip, hojalyk, sosial-medeni we dolandyryş - syýasy gurluşlara gös-göni ýolbaşçylyk etmegi ýola goýýar. Olar şol namalary durmuşa geçirýärler we özleriniň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň dürli-dürli meseleleri bilen bagly bolan her günki ýüze çykýan işlerini durmuşa geçirýärler. Şol manyda hem döwlet dolandyryş edaralary ýerine ýetiriş edaralary bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň gözegçiligi astynda durup, oňa hasabat bermäge borçludyrlar.

Döwlet dolandyryş edaralary özleriniň işleriniň aýratynlygy boýunça hem beýleki döwlet edaralaryndan tapawutlydyrlar. Sebäbi kazyýet, prokuratura edaralarynyň garamagynda hiç hili kärhanalar ýokdur, olaryň diňe öz ulgamlaryna degişli edaralary bardyr.

Döwlet dolandyryş edaralary bolsa özleriniň garamagynda hojalyk, sosial-medeni meseleleri amala aşyrýan edaralary, kärhanalary saklaýarlar. Olar şol kärhanalaryň, edaralaryň işlerine gündelik ýolbaşçylyk edýärler, şeýlelikde, dolandyryş edaralary özleriniň ýolbaşçylyk edýän kärhanalaryna, edaralaryna serenjam (buýruk) beriji hökmünde çykyş edýärler.

Döwlet dolandyryş edaralary ýokarda bellenilişi ýaly, döwlet guramalarynyň bir görnüşi bolup, olaryň hataryna döwlet edaralary we kärhanalary hem girýärler.

Dolandyryş edarasy diýip kärhana, gurama, edara bitewüliligine aýdylman, eýsem olaryň iş dolandyryjysyna (administrasiýasyna) aýdylýar.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň hukuk ýagdaýlary, olaryň ygtyýarlyklary bilen kesgitlenýändir. Munda ýokarda belleýşimiz ýaly, wezipesi, etmeli işi, hukugy, borjy, işleýiş formasy we usuly kesgitlenip (berkidilip), olaryň dolandyryş-hukuk ukyplylygyny we işe (kämillige) bolan ukyplylygyny düzgünleşdirýär.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň takyk hukuk ýagdaýlary şu aşakdaky esasy häsiýetler bilen kesgitlenýär:

- Olar özleriniň işlerini kanunyň esasynda we kanuny ýerine ýetirmek bilen amala aşyrýarlar.
- Olar özleriniň işlerini ýerine ýetiren mahalynda, häkimiýete eýe bolup, hukuk serişdelerini ulanýarlar (hukuk kadalaryny kabul etmek, jedelli meseleleri çözmek).
- Döwlet dolandyryş edaralarynyň belli-belli ulgamlary gös-göni halk tarapyndan döredilýär.
- Olaryň hemmesi gös-göni Türkmenistanyň Prezidentiniň gözegçiliginde bolup, oňa hasabat berýärler.
- Olar özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edip, özbaşdak hereket etmek hukugyndan hem peýdalanýarlar.
- Her bir aşakda durýan dolandyryş edarasy ýokarda duran edara göni (wertikal) taýdan tabyndyr.

Şeýlelikde, döwlet dolandyryş edaralary döwletiň işiniň bir bölegini amala aşyrmaga niýetlenen bolup, olar döwletiň esasy işini, ýagny halk hojalygynyň, sosial-medeni we dolandyryş syýasy gurluşyň dolandyrylyşyny amala aşyrýarlar.

Ýerine ýetiriş we serenjam beriş işi dürli döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Olar özleriniň esasy meňzeşlikleri we tapawutlary boýunça bölünýärler.

Döwlet dolandyryş edaralary özleriniň çägi boýunça merkezi we ýerli edaralara bölünýärler.

Merkezi döwlet dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklary bilen bütin döwletiň çäginde täsirleri bardyr, ýagny Türkmenistanyň hökümetiniň üstüne Türkmenistanyň ähli ýerinde dolandyryş meselesi ýüklenendir. Ministrlikler,

pudaklaýyn edaralar we beýleki merkezi edaralaryň ygtyýarlyklary hem özleriniň dolandyrýan meseleleri boýunça bütin Türkmenistanyň çäginde täsir edýärler.

Ýerli dolandyryş edaralary bolsa kesgitli dolandyryş (administratiw) çäginde hereket edýärler. Aýdylanlara welaýatlar, etraplar, şäherler, şäherçeler, obalar mysal bolup biler.

Merkezi we ýerli döwlet dolandyryş edaralarynyň özara gatnaşyklary şu aşakdaky başlangyçlar esasynda guralandyr: merkezi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklarynyň çäkleri ýerli edaralaryň çäginden giňdir; merkezi edaralaryň çykarýan namalary ýerli edaralar üçin hökmanydyr. Merkezi dolandyryş edaralary ýerli edaralara umumy ugurlary we olara ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar, öz gezeginde ýerli edaralar bolsa özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäginde öz üstlerine ýüklenen wezipeleri özbaşdak amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň döwlet dolandyryş edaralaryny döretmegiň düzgüni birnäçe toparlara bölünýär:

- Gös-göni Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ministrlikler we beýlekiler;
- Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky döwlet komitetleri, müdirlikleri;
- Ministrlikler we pudaklaýyn edaralar tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, edaralaryň, kärhanalaryň dolandyryjylary (administrasiýalary);
- Etrap, şäher häkimlikleri tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, dolandyryş komissiýalar (toparlar).

Agzalan dolandyryş edaralarynyň bölünişikleri olaryň döredilmeginiň hukuk esaslarynyň we ygtyýarlyklarynyň çeşmelerini kesgitleýär.

Dörediş usuly boýunça döwlet dolandyryş edaralary saýlawly, göni döretmek bilen amala aşyrylýar.

Dörediş usulyna garamazdan, dolandyryş edaralary hökmany suratda döredilýärler, mysal üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, häkimlikler, geňeşler (arçynlar) we gerek (zerur) bolan halatynda döredilýän edaralar, mysal üçin, ministrlikler, pudaklaýyn edaralar we başgalar.

Ähli ýagdaýlarda döwlet dolandyryş edaralary ygtyýarly döwlet edaralarynyň namalary esasynda döredilýär.

Döwlet dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň göwrümine we häsiýetine görä şeýle bölünýärler:

- umumy ygtyýarly edaralar: mysal üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bütin ýurduň çäginde döwlet dolandyryşyny amala aşyrýar. Umumy ygtyýarly dolandyryş edaralarynyň hataryna ähli häkimlikler we öz-özüni dolandyryş edaralary, geňeşler (arçynlar) hem girýärler. Olar hem özleriniň çäginde ähli dolandyryş meselelerine jogap berýärler.
- pudaklaýyn ygtyýarly edaralar: bular pudak boýunça dolandyryşy amala aşyrýarlar, mysal üçin, ministrlikler, wedomostwolar we başgalar.
- ýörite ygtyýarly edaralar: belli bir mesele boýunça dolandyryşy durmuşa geçirýärler.

Olaryň ýene-de pudagyň daşyndaky we pudagyň içindäki dolandyrylyşy boýunça – ministrlikleriň, häkimlikleriň bölümleri, kärhanalaryň we edaralaryň dolandyryjylary (administrasiýalary).

Özleriniň ygtyýarynda durýan meseleleri çözmek boýunça dolandyryş edaralary:

- köpçülikleýin (kollegial) tertipde dolandyrylýar;
- ýeke-täk başlangyç esasynda dolandyrýarlar.

Maliýeleşdirmekligiň çeşmesi boýunça dolandyryş edaralary şeýle bölünýärler:

- döwlet býujeti esasynda;
- hojalyk hasaplaşygy esasynda.

Bularyň ikisi hem giňden ulanylýan maliýe çeşmesi bolup hyzmat edýär.

## §2. Döwlet gullukçylary

Özüniň mazmuny boýunça döwlet gullugy we döwlet diwany özara baglanyşykly düşünjedir. Döwlet edaralarynyň işiniň amatlylygy ýeke bir edaralaryň içki gurluşy bilen ýa-da beýleki edaralar bilen aragatnaşygy bolman, onuň şahsy

düzümine hem baglydyr, başgaça aýdanyňda, olarda işleýän adamlara – döwlet gullukçylaryna hem baglydyr.

Beýle aragatnaşyk tejribe taýdan edaralaryň ygtyýarlary, olaryň ýolbaşçylary, olaryň orunbasarlary we beýleki işgärleriň arasynda ygtyýarlyklarynyň bölünmegi netijesinde durmuşa geçirilýär.

Şeýlelikde, döwlet edaralarynyň diwanynda işleýän işgärler dolandyryş hukugynyň subýekti hökmünde döwlet gullukçylarydyr, olaryň ýerine ýetirýän işleri bolsa döwletiň gullugydyr. Başga söz bilen aýdanymyzda, döwlet edaralarynda işleýän işgärler döwlet gullukçylarydyrlar. Olaryň bu edaralarda kesgitli gulluk wezipesinde durýany, ýerine ýetirýän işleri gulluk häsiýetlidir.

Döwlet gullugyna köplenç halatlarda giň manyda düşünilýär, ol döwlet edaralarynda ýerine ýetirilýän islendik işlerden hem-de döwlet kärhanalarynda, edaralarynda ýerine ýetirilýän işlerden ybaratdyr. Döwlet gullugyna şeýle düşünilmegi adamlaryň zähmet işiniň iki sany formasyna (görnüşine) esaslanýanlygyndadyr:

a) gös-göni zähmeti bilen maddy baýlyklary döredýän adamlar (işçiler);

b) ruhy baýlyklary döredýänler ýa-da döwlet edarasynyň işini durmuşa geçirýän adamlar.

Şonuň bilen birlikde döwlet gullugyna asyl manyda hem düşünilýär. Bu işler diňe döwlet edaralarynyň gulluk diwanynyň işidir. Döwlet gullugyna şeýle düşünmek diňe dolandyryş işini amala aşyrýar diýmekdir.

Gulluk diwany özüne mahsus görnüşlerde we usullarda döwlet häkimiýetiniň dürli jemgyýetçilik işlerinde durmuşa geçirilip bilýändir.

Gulluk diwanynyň işi dürli-dürli ýol bilen durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, ýuridik hökimli görkezmäniň üsti bilen jedelli meseleleri çözmek. Esasy zat, olar döwlet ýolbaşçylygynyň esasy görnüşleriniň elementleri bolup durýarlar, olar döwlet häkimiýetini amala aşyrmak bilen aýrylmaz baglydyrlar.

Şeýlelikde, gulluk diwanynyň işini önümçilik we durmuş-medeni işler bilen gatyşdyrmaly däldir. Sebäbi zähmetkeşleriň işleri, maddy we ruhy baýlyklary döredýän adamlaryň işleri döwlet häkimiýetini durmuşa geçirmek bilen bagly

bolmaýar, elbetde, şonuň üçin hem olar gulluk diwanyna goşulmaýarlar. Bulara öz gezeginde maddy bazany döretmeýän gullukçylar diýip düşünmeli däldir. Mysal üçin, artistler, mugallymlar, lukmanlar, inžener-tehniki işgärler we başgalaryň işleri döwlet häkimiýetini durmuşa geçirmek bilen bagly bolmaýarlar.

Şulardan ugur alyp, asyl manysynda döwlet gullugy kanuna esaslanan döwlet edaralarynyň gullukçylarynyň jemgyýetçilik durmuşynda döwlet häkimiýetini durmuşa geçirmäge we öz üstlerine ýüklenen wezipelerini ýerine ýetirmäge gönükdirilendir.

Döwlet gullugynyň umumy basgançaklary hem giň manyda, hem asyl manyda gullukçylaryň kesgitli gullukda bolmagydyr. Olaryň tapawudy diňe edilýän işleriň häsiýetine baglydyr.

Döwlet gullugynyň jemgyýetçilik - syýasy ähmiýeti näme bilen kesgitlenýär diýlende, onda onuň kömegi bilen döwlet mehanizminiň kadaly we peýdaly işlemegi üpjün edilýär.

Häzirki wagtda zähmetiň obýektiw zerur bölünişigi bolup, ol döwlet häkimiýetli ygtyýary durmuşa geçirmekde professional (hünär) taýdan taýýarlygy bolan gullukçylar tarapyndan amala aşyrylýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

Döwlet gullugy diýen meseläniň aýratynlygy, ony kadalaşdyrýan namalar dolandyryş-hukuk namalaryny düzýärler.

Ýene-de bir zady bellemek zerur bolup durýar, ýagny döwlet gullugynyň aýry-aýry gatnaşyklary beýleki hukuk pudaklary bilen hem kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, zähmet hukugy hemme gullukçylar üçin bellenilen düzgün-nyzam jogapkärçiligi, iş wagtynyň dowamy; maliýe hukugy–gulluk haklaryny kesgitleýän we salgytlary almak baradaky namalar.

Şeýlelikde, dolandyryş hukugynyň namalary hemme gulluk gatnaşyklaryna degişli bolup durýar. Mysal üçin, edaralaryň, kärhanalaryň işgärlerine hem-de ähli döwlet diwanynyň gullukçylaryna – kanun çykaryjy, dolandyryş, kazyýet we prokuratura edaralarynyň gullukçylaryna.

Şeýle jemgyýetçilik gatnaşyklaryna döwlet gulluk gatnaşyklary diýilýär. Elbetde, bu gatnaşyklarda gulluk diwany döwletiň adyndan çykyş edip, ähli jemgyýetçilik durmuşynda döwletiň wezipeleri we işleri durmuşa geçirilýär.

Döwlet gullugynyň esasy ýörelgeleri şol gullugyň nämäniň esasynda guralýanlygyny aňladýan düşünjä aýdylýar.

Döwlet gullugy hem demokratik başlangyçlaryň esasynda guralyp, bir wagtda özüne mahsus bolan ýörelgeleri hem öz içine alýar.

Döwlet gullukçysy döwlet edaralarynda wezipe eýeleýän adam bolup, maddy gymmatlyklary döretmeýän kesgitli işi belli aýlyk hakyna amala aşyrýar.

Her bir döwlet gullukçysy işleýän işinde döwlet edarasynyň ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar. Ol gatnaşygyň ululygy, görnüşi we usuly onuň wezipesi bilen kesgitlenýär, kärhananyň we guramanyň iş tertibinde göz öňünde tutulan iş bolup, ol gullukçynyň hukuklaryny we borçlaryny göz öňünde tutýan wezipe ygtyýarlyklaryndan ybaratdyr.

Şeýlelikde, wezipeli adamyň umumy we ýörite hukuklary hem borçlary bellenýär.

Döwlet gullukçylarynyň umumy borçlary we hukuklary ähli döwlet gullukçlary üçin meňzeşdir. Mysal üçin, gullukçynyň üstüne ýüklenen işleri dogry we doly ýerine ýetirmek, berk kanunyň talabyny berjaý etmek, döwlet we gulluk syrlaryny saklamak, döwlet gulluk düzgünini berjaý etmek, aýlyk hakyny tölemek we ş.m.

Gullukçynyň ýörite hukuklary we borçlary özüniň ýöredýän wezipesiniň aýratynlygyna bagly bolýar. Muňa raýatlaryň arzalaryna we şikaýatlaryna garamaklygyň hökmanylygy mysal bolup biler.

Döwlet gullukçysynyň hukuklary we borçlary olaryň ýeke bir gulluk gatnaşyklaryna degişli bolmaýar. Hukuk namalarynda gullukçylara ýokary ahlak talaplar hem bildirilýär. Şonuň üçin hem birnäçe döwlet gullukçylary öz gulluklarynda gullugy bilen bagly bolmadyk etmişleri edenligi üçin hem jogapkärdirler. Döwlet gullukçylary raýatlara degişli soraglary we islegleri çözmäge hem borçludyrlar.

Döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň döwlet häkimiýetli işlerini amala aşyrmakda döwlet gullukçylary uly orun tutýarlar. Bu ýagdaý döwlet gullukçylarynyň häsiýetlerine garap, dürli görnüşlere bölmäge esas berýär. Mysal üçin, dürli döwlet diwanynyň işgärleri, döwlet hojalyk, durmuş-medeni we dolandyryş-syýasy edaralarynyň işgärleri, ýagny önümçilik işlerini ýerine ýetirmeýänler.

Döwlet edaralarynyň işgärleri öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýärler. Mysal üçin, döwlet häkimiýet edaralarynyň işgärleri: Mejlisiň işgärleri, kazyýet edaralarynyň gullukçylary, prokuratura edaralarynyň gullukçylary, döwlet dolandyryş edaralarynyň gullukçylary.

Pudagyň häsiýetine görä, döwlet gullukçylary şu aşakdakylara bölünýärler: hojalyk, durmuş-medeni we dolandyryş-syýasy diwanynyň gullukçylary.

Gullukçylaryň ýagdaýyny has ownuk böleklere bölsek, onda senagatyň, bilimiň, saglygy goraýşyň, içeri işleriniň gullukçylary we beýlekiler.

Döwlet gullukçylaryny görnüşlere bölmegiň esasy aýratynlygy olaryň işleriniň häsiýeti bilen baglydyr. Şol häsiýete görä, döwlet gullukçylary şu aşakdakylara bölünýärler:

- gös-göni döwlet häkimiýetinden peýdalanýan döwlet gullkçylary;
- döwlet häkimiýet ygtyýarlyklaryny durmuşe geçirmek üçin başga işleri ýerine ýetirýän döwlet gullukçylary.

Ýene-de döwlet gullukçylaryny bölmekligiň esaslary bolup, olaryň zähmetiniň häsiýeti göz öňünde tutulýar. Şoňa baglylykda döwlet gullukçylary iki sany görnüşlere bölünýärler:

1. Ýolbaşçylar, kadrlary seçip almak we olary ýerli ýerinde goýmak, ýerine ýetirijileriň işlerini sazlaşdyrýan, barlaýan, kadalaşdyrýan, çözgütleri kabul edýän döwlet gullukçylary.
2. Hünärli gullukçylar: ýönekeý inženerler, tehnikler, ykdysadyýetçiler, mugallymlar we başgalar.

Ýöne döwlet gullukçylarynyň şeýle bölünişigi hem her topara hukuk häsiýetnama bermäge doly mümkinçilik bermeýär. Mundan başga-da ol ýeke bir

döwlet edaralarynyň işgärlerini alman, ähli gullukçylary öz içine alýar. Şonuň üçin hem ýuridik edebiýatlarda gullukçylary görnüşlere bölmekligi hukuk häsiýetini göz öňünde tutup we olaryň aýry toparlaryny göz öňünde tutup teklipler aýdylýar.

Şoňa laýyklykda döwlet edaralarynyň gulluk diwanlarynyň esasy häsiýeti şol ýa-da başga gullukçylar toparlary häkimli ygtyýarlary durmuşa geçirmekde nähili hukuk gatnaşygynyň bardygyny aňladýar.

Döwlet häkimiýeti bar bolan döwlet gullukçylaryna wezipeli adamlar diýlip aýdylýar. „Wezipeli adam“ diýen düşünje ýöne wezipäni eýelemek bilen baglanyşdyrylman, ýagny hemme gullukçylara aýdylman, döwlet häkimiýet ygtyýary bar bolan gullukçylara aýdylýar. Bu bolsa öz gezeginde hemme wezipeli adamlar döwlet gullukçylarydyr, ýöne hemme döwlet gullukçylary wezipeli adamlar däldir diýmekdir.

Gös-göni döwlet häkimiýetli ygtyýarlary bolmadyk gullukçylar iş ýüzünde ýörite wezipe eýelemeýärler.

Şulardan ugur alyp döwlet edaralarynyň gullukçylary iki görnüşe bölünýärler:

- wezipeli adamlar (gullukçylar);
- wezipe eýelemeýän adamlar (gullukçylar).

Ähli halatlarda wezipeli adamlar özleriniň dürli häsiýetli işleri amala aşyrýandyklaryna garamazdan, hemişe döwlet häkimli ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar. Olar takyk hukuk gatnaşyklaryň ýüze çykmagy, üýtgemegi we togtadylmagy üçin hukuk namalaryny kabul edýärler, olaryň durmuşa geçmegini üpjün edýärler, ýörite guramaçylyk, terbiýeçilik çärelerini, zerur bolan halatynda bolsa mejbury çäreleri görmäge, barlag, gözegçilik işlerini amala aşyrmaga hem-de ýüze çykan jedelli meseleleri çözmäge hukuklary bardyr.

Ähli wezipeli adamlar edaranyň ygtyýarynyň çäginde hereket edýärler. Şonuň bilen bilelikde olaryň ygtyýarlyklarynyň çägi we olaryň ýüze çykyşynyň görnüşleri hem deň däldir.

Hut şu ýagdaýlar wezipeli adamlary birnäçe görnüşlere bölmäge mümkinçilik berýär:

- ýolbaşçy düzüm;

- operatiw (gündeki) düzüm;
- dolandyryş häkimiýetiň wekilleri.

Şeýlelikde, operatiw düzümiň işine häkimiýet ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek olaryň gulluk borjuna girmeýär. Ýöne olaryň ýerine ýetirýän işleri ykdysady we sosial meseleleri çözmekde ýolbaşçylyk etmek üçin peýdaly şert döredýärler.

Islendik syýasy we ykdysady wezipäni üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ilkinji nobatda hünärli we işeňňir, ýörite taýýarlykly, guramaçylyk taýdan ukyply, hemişe öz bilimini artdyrýan we işiniň ýokary hilliligi bilen tapawutlanýan gullukçylaryň gerekdigi hemmä mälimdir.

Şunuň bilen baglylykda döwlet gullugyny geçmekde, döwlet gullugyna kabul etmek, döwlet edaralarynyň gullukçylarynyň düzümini toplamak, döwlet-gulluk gatnaşyklarynyň esaslarynyň ýüze çykmagy ýaly meseleleri çözmekde ilkinji nobatda guramaçylyk-hukuk meselelerini çözmek zerur bolup durýar.

Döwlet gullugyna kabul etmekligiň şertlerine gullukçylara umumy we ýörite talaplary bildirmegi göz öňünde tutýar. Olar haýsylar diýeniňde, gullukçynyň bellenen wezipäniň talabyna laýyk gelmegi, päk ýürekliligi; syýasy taýdan taýýarlygy, işi oňat bilmegi, dolandyryş ukyplylygy we beýlekiler.

Döwlet gullugyna girmeklige obýektiw we subýektiw şertler zerurdyr.

Döwlet gullugyna girmekligiň obýektiw şertleri jemgyýetiň öňünde durýan wezipeler bilen kesgitlenýär. Ol şertler ilki bilen döwlet işinde kesgitli wezipäniň we oňa bellenilen aýlyk hakynyň göz öňünde tutulmagydyr, ol bolsa döwlet tarapyndan ykdysadyýetiň kanuny esasynda kesgitlenýär.

Gulluga girmegiň subýektiw şertleri umumy we ýörite şertlere görä bölünýärler.

Umumy şertlere döwlet gullugyna girmäge isleg bildirýän gullukçylaryň hemmesi degişli bolup durýar. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

1. Raýatlygy bolmaly;
2. Döwlet gullugyna girmek üçin tussaglykda bolmanlygy ýa-da şol işde işlemeklik kazyýet tarapyndan mahrum edilmedik bolmaly;

3. Belli ýaşa ýeten bolmaly;
4. Isleg bildirmeli, belli bir kesgitli wezipäni eýelemäge razyçylygy bolmaly.

Ýörite şertler:

ýörite bilim talaby;

guramaçylykly ýolbaşçylyga tejribe;

zerur bolan halatynda, synag möhletini bellemek talaby.

Döwlet edaralarynyň düzümini toplamagyň usullary:

Saýlaw üsti bilen

Bellemek usuly bilen

Konkurs (bäsleşik) üsti bilen

Döwlet gulluk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň we togtadylmagynyň esaslary. Ýüze çykmagynyň esaslary:

Dolandyryş namanyň üsti bilen bellemek (buýruk)

Saýlaw üsti bilen

Bäsleşik üsti bilen

Togtadylmagyň esaslary:

Edaranyň dolandyryjysynyň tagallasy boýunça

Gullukçynyň öz islegi boýunça

Taraplaryň islegine bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça

Döwlet gullukçylary barada Türkmenistanyň hereket edýän kada namalarynda maddy we ruhy taýdan sylaglamaklygyň birnäçe görnüşleri göz öňünde tutulýar. Ol çäreler döwlet gullukçylarynyň öz üstlerine ýüklenen borçlaryny üstünlikli ýerine ýetirenligi üçin döwlet tarapyndan ulanylýan çärelerdir.

Maddy we ruhy taýdan döwlet gullukçylaryny sylaglamagyň dürli görnüşleri bardyr. Olardan gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak, buýrugyň üsti bilen sag bolsun aýtmak, hormat tagtasyna çykarmak, hormat haty bilen sylaglamak, hormatly atlaryň dakylmagy, ylymda, bilimde, medeniýetde, sungatda we beýleki ugurlarda at gazanan adyny dakmak, wezipesini ýokarlandyrmak, Türkmenistanyň ordenleri we medallary bilen sylaglamak.[1]

Döwlet gullukçylaryny maddy we ruhy taýdan sylaglamaklygyň ähli çäreleri üç topara bölünýärler:

1. Köpçülikleýin sylaglamak çäreleri, mysal üçin, pul sylagy;
2. Şahsy we köpçülikleýin sylaglamak, pul sylaglary bilen sylaglamakda edaranyň, kärhananyň aýratyn gullukçylarynyň özüne ýetýän paýyny bermek;
3. Şahsy sylaglamak – ähli maddy we ruhy sylaglaryň takyk bir döwlet gullukçysyna berilmegi.

Türkmenistanda sylagyň ähli görnüşleri kanunlarda we beýleki namalarda takyk kesgitlenendir, olary bermekligiň tertibi bolsa wezipeli adamlaryň ygtyýarlary baradaky kadalarda düzgünleşdirilendir.

Döwlet gullukçylarynyň köpüsi özlerine tabşyrylan işleri üstünlikli ýerine ýetirýärler, kanunlara we jemgyýetiň düzgünlerine hormat goýýarlar. Eger-de döwlet gullukçylary kanuny we tertip-düzgüni bozan ýagdaýlarynda, onda döwlet edaralary, olaryň wezipeli adamlary olar üçin jemgyýetçilik we döwlet mejbur ediş çärelerini ulanýar.

Şonuň bilen birlikde eger gulluk gatnaşyklarynda kanuny we tertip-düzgüni bozan adamlaryň (gullukçylaryň) jogapkärçiligi dogry we doly kesgitlenmelidir. Olar ýeke bir özleri kanunyň bozulmagyna ýol bermän, beýleki adamlaryň hem düzgüni bozmaklaryna ýol bermeli däldirler.

Jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunçylyk döwlet gullukçylaryna ulanylýan mejbury çäreleri ahlak hem hukuk çärelere bölýär. Bu çäreleriň ikisi hem döwlet gullukçylaryny terbiýelemek üçin esasy serişde bolup durýar.

[1] Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakyndaky kanuny, 07.12. 2005 ý., Türkmenistan gazeti, 20.12. 2005 ý.

Döwlet gullukçylarynyň hukuk jogapkärçiligini kesgitlemegiň esasy görkezijisi olaryň eden etmişleriniň häsiýetidir. Şoňa baglylykda hereket edýän kada-kanunlar döwlet gullukçylarynyň dürli hukuk jogapkärçiligini göz öňünde tutýar. Olar düzgün-nyzam, dolandyryş, raýat we jenaýat jogapkärçiliklerinden ybaratdyrlar.

Şeýlelikde, döwlet gullukçylarynyň tertip-düzgüni bozanlygy üçin umumy esaslarda jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler, mysal üçin, hemmesiniň kanun öňünde deňligi, hukuk bozulmanyň ýeke-täk seljeriş görnüşde garalmagy we şikaýat etmäge deň hukuklarynyň bolmagy. Şonuň bilen birlikde döwlet gullukçylarynyň jogapkärçiliginiň birnäçe aýratynlygy hem bardyr, mysal üçin, ýokary jogapkärçiligiň olara bellenmegi.

Düzgün-nyzam (dissiplinar) jogapkärçiligine döwlet gullukçylary zähmet we gulluk borjuna degişli bolmadyk etmişleri üçin hem çekilip bilinýändir, mysal üçin, olaryň mertebesini we at-abraýyny masgaralaýan etmişleri üçin kazylar we beýleki gullukçylar.

Döwlet gullukçylarynyň düzgün-nyzam jogapkärçiligi gulluk borjuny bozanlygy halatynda, ol ýagdaý dolandyryş-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýär, haçan-da zähmetiň düzgünini bozsa, onda ol zähmet-hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýar.

Düzgün-nyzam jogapkärçiligi üç görnüşde çözülýär:

1. Içki zähmet düzgüni esasynda;
2. Tabynlyk esasynda;
3. Ýörite ustawlaryň we düzgünnamalaryň esasynda.

Düzgün-nyzam temmileri şu aşakdakylardan ybaratdyr:
duýduryş
käýinç
berk käýinç
işden çykarmak.

Dolandyryş jogapkärçiligi gullukçylar tarapyndan dolandyryş etmişleriniň edilenligi üçin ýüze çykýar. Haçan-da döwlet gullukçylarynyň dolandyryş etmişleri gulluklary bilen bagly bolmasa, onda olar beýleki adamlar bilen deň jogap berýärler.

Şoňa görä-de olaryň eden etmişi gulluk borjuna girýän wezipäni ýerine ýetirýänligi üçin ýüze çykýar, mysal üçin, edaranyň ýolbaşçysynyň, sanitariýa, ýangyna garşy howpsuzlyk we başga düzgünleri bozanlygy üçin.

Döwlet gullukçylarynyň raýat (maddy) jogapkärçiligi olaryň gulluk borjuny ýerine ýetirýän mahaly bikanun hereketleri bilen beýleki bir tarapa maddy zyýan ýetirilenligi üçin ýüze çykýar.

Döwlet gullukçylarynyň jenaýat jogapkärçiligi bolsa wezipesini hyýanatly peýdalanyp, eden jenaýatlary üçin ýüze çykýar.

### §3. Raýatlar we jemgyýetçilik birleşmeleri

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji bölüminde adamynyň we raýatlaryň esasy hukuklary, borçlary hem azatlyklary kesgitlenip görkezilen. Konstitusiýanyň 18-nji maddasynda bolsa şeýle diýilýär: „Adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegirilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz“. Beýle diýildigi adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur diýlip nygtaldygydyr. Hukukdan mahrum etmek ýa-da ony çäklendirmek meselesi diňe Konstitusiýada we beýleki kanunlarda göz öňünde tutulan halatynda ýol berilýär. Adamyň Konstitusiýada we kanunlarda agzalyp geçilýän belli bir hukuklary we azatlyklary onuň beýleki hukukdyr azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemsitmek üçin ulanmaly däldir.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň Esasy kanunynda raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary takyk kesgitlenendir. Konstitusiýada bellenen hukuklary, azatlyklary hem borçlary amala aşyrmakda beýleki hukuk pudaklarynyň ähmiýeti örän uludyr. Olardan raýat hukuk kadalary, zähmet hukuk kadalary, maşgala hukuk kadalary we beýleki hukuk pudaklary özlerine degişli kadalary jemläp, belli-belli raýatlaryň takyk hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler.

Esasanam, Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuk ýagdaýlaryny kesgitleýän „Türkmenistanyň raýatlary hakyndaky“ 1992-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda kabul edilen kanunyny hem-de 2003-nji ýylyň 14-nji iýunynda ol kanuna girizilen üýtgeşmeler we goşmaçalar göz öňünde tutulmalydyr.

Dolandyryş hukugy hem öz gezeginde raýatlaryň döwletiň dolandyryş sferasynda ähli hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny kesgitleýär.

Dolandyryş hukugy raýatlaryň döwlet dolandyryşynda hukuk ukyplylygyny we işe bolan kämillik ukybyny ulgamda borçlaryny, wezipelerini, adamlaryň raýatlara degişli bolan borçlaryny, dolandyryş edaralary bilen raýatlaryň arasyndaky ýüze çykýan gatnaşyklaryny, raýatlaryň we wezipeli adamlaryň döwlet dolandyryş çygrynda jogapkärçiliklerini we başga-da birnäçe meseleleri düzgünleşdirýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet dolandyryşynda hukuklary we borçlary umumy we ýörite häsiýetlidirler.

Döwlet dolandyryşynyň ähli ulgamynda şahslaryň hukuk ýagdaýlary raýatyň hukugy bilen kesgitlenip umumy häsiýetli bolýar, ol takyk pudakda bolsa ýörite häsiýetlidir. Mysal üçin, wezipeli adamyň bikanun hereketine garşy edilen raýatlaryň şikaýatlary umumy hukuga degişli bolýar, şol bir wagtda kanun esasynda tüpeňi saklamak we götermek hukugy raýatlaryň ýörite hukuklaryna degişli bolýar.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alsak, onda raýatlaryň hukuk ýagdaýlary ilkinji nobatda Türkmenistanyň Konstitusiýasy, soňra dolandyryş kanunçylygy bilen kesgitlenýär.

Şoňa görä-de raýatyň dolandyryş-hukuk ýagdaýy dolandyryş hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär.

Dolandyryş-hukuk kadalarynyň kömegi bilen raýatlaryň hukuk ukyplylygy we işe bolan (kämillik) ukyplary düzgünleşdirilýär.

Döwlet dolandyryşynda raýatlaryň subýektiw hukuklary we borçlary üç topara bölünýär.

- sosial-ykdysady hukuklary, ýagny zähmete, dynç almaga, maddy üpjünçilige, bilime, saglygy goraýşa bolan hukuklary;

- raýatlaryň syýasy we demokratik azatlyklary baradaky hukuklary: söz azatlygy, demonstrasiýalara, mitinglere, ýygnaklara, saýlawa, jemgyýetçilik birleşmeleriniň hataryna girmek ýaly hukuklary;
- raýatlaryň şahsy hukuklary we borçlary. Raýatlaryň şahsy hukuklary olaryň haýsydyr bir talabyny kanagatlandyrmak üçin niýetlenendir.

Döwlet dolandyryşynda raýatlara berlen hukuklary we azatlyklary olaryň şol sferanyň işine işjeň gatnaşmaklaryna gönükdirilendir.

Döwlet dolandyryş çygrynda raýatlaryň hukuklary we borçlary şu aşakdakylar esasynda durmuşa geçirilýär.

- Konstitusiýada bellenilişi ýaly, raýatlaryň zähmete bolan hukugy her bir Türkmenistanyň raýatynyň döwlet kärhanalarynda, edaralarynda we guramalarynda jynsyna, milletine we beýleki ýagdaýlaryna garamazdan işlemäge haky bardyr.
- Türkmenistanyň her bir raýaty döwlet dolandyryş işiniň amala aşyrylmagyna gatnaşmaga haky bardyr.
- Her bir raýatyň dolandyryş edaralaryna we wezipeli adamlara ýüz tutmaga haky bardyr.
- Her bir raýat Türkmenistanyň çäginde azat (erkin) hereket etmäge haklydyr.
- Her bir raýatyň ýaşaýyş jaýy, onuň şahsyýeti eldegrilmesizdir.
- 18 ýaşy dolan her bir Türkmenistanyň raýaty özüniň adyny, familiýasyny üýtgetmäge haky bardyr.
- Her bir raýat polisiýa edaralaryna kömek sorap ýüz tutmaga haky bardyr.

**Raýatlaryň borçlary barada şu aşakdakylary nygtamak bolar:**

- Raýatlaryň kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň talabyny berjaý etmek borjy.
- Ýaşaýşyň düzgünlerini berjaý etmek borjy.
- Ähli umumy harby borçlulyk.
- Zähmetiň düzgünlerini berjaý etmek borjy.

Döwlet edaralarynyň kada namalarynda başga-da birnäçe döwlet dolandyryşynda raýatlara degişli hukuklar we borçlar bellenendir.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň dolandyryş-hukuk taýdan kepillendirilişiniň mazmuny we görnüşleri barada aýdylanda, onda biz raýatlaryň umumy hukuklarynyň we borçlarynyň hakyky durmuşa geçirilişini we olaryň goralyşyny görýäris.

Şahslaryň hukuklarynyň hukuk taýdan kepillendirilişi üç topara bölünýär:

1.Ykdysady kepillendiriş – bu raýata özüniň hukugyny durmuşa geçirmek üçin maddy şerti döredýär.

2. Syýasy kepillendiriş – döwlet apparatynyň demokratik başlangyçlaryň kömegi esasynda döredilýändigini aňladýar.

3. Guramaçylyk – hukuk kepillendiriş - bu dürli hyýanatçylyklardan raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goraýan hukuk kadalary bolman, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça dalaş edýän döwlet edaralarynyň işlerini düzgünleşdirýär, mysal üçin, prokuratura, kazyýet edaralary we beýlekiler.

Ykdysady, syýasy kepillendirmek umumy häsiýete, guramaçylyk-hukuk kepillendirilişi bolsa ýörite häsiýete eýedir.

Raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillendirilişinde aýratyn orny dolandyryş - hukuk kepillendirişi eýeleýändir.

Daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýlary „Türkmenistanyň daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýlary hakyndaky kanunynyň“ esasynda kesgitlenendir. Ol kanun 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilip, 1998-nji ýylyň 23-nji iýulynda güýje girizildi.

Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýlary Türkmenistanyň kanuny namalary we halkara ylalaşyklarynyň esasynda kadalaşdyrylar. Belli raýatlygy ýok adamlaryň hukuk ýagdaýlary, eger olar Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan bolsalar, onda ol mesele diňe Türkmenistanyň kanunlary arkaly düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň daşary ýurt raýatlary hakyndaky kanunyna laýyklykda olar iki topara bölünýärler. Birinji topara Türkmenistanda ýerleşýän diplomatik wekilhanalaryň gullukçylary, olaryň maşgala agzalary we Türkmenistan bilen beýleki daşary ýurt döwletleriniň arasynda baglanyşylan ylalaşyklar esasynda

kesgitlenen daşary ýurt raýatlary eldegrilmesizlik (immunitet) hukugyndan peýdalanýarlar. Beýle diýildigi, ýaňky eldegrilmesizlik hukugyndan peýdalanýan daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanyň kada-kanunlary degişli bolmaýar, olara diňe öz ýurtlarynyň kanunlary degişli bolýar. Ýöne, muňa garamazdan, daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň kanunlarynyň talabyny berjaý etmäge gönüden-göni borçludyrlar.

Şeýlelikde, daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy ýok adamlar, eger kanun esasynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň çäginde belli-belli hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar,

Umumy düzgün boýunça daşary ýurt raýatlary, kanunda başgaça ýagdaý bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň raýatlaryna berlen hukuklardan peýdalanýarlar we borçlary öz üstlerine alýarlar. Ýöne berlen hukuklar, ýüklenen borçlar, Türkmenistan döwletine, jemgyýetine hem-de raýatlaryna we beýlekilere şikes ýetirmeli däldir.

Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hormat goýmalydyrlar we beýleki kanuny namalaryň talabyny doly berjaý edip türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryna hormat goýmalydyrlar.

Daşary ýurt raýatlaryna zähmete, dynç almaga, saglygyny goramaga, sosial üpjünçilige, ýaşaýşa, bilime, medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmaga, dine bolan azatlygy we başga-da birnäçe hukuklar berlendir. Belli-belli meseleler boýunça olaryň hukuklary we borçlary çäklendirilendir. Mysal üçin, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar agzalan kanun esasynda saýlawlara gatnaşmakdan, harby gulluk borjundan hem boşadylandyr we beýlekiler.

Daşary ýurt raýatlary kanun esasynda Türkmenistana gelip, ondan çykyp we üstaşyr geçmäge haklary bardyr.

Daşary ýurt raýatlary hakyndaky kanunyň ähli ýagdaýy belli raýatlygy ýok adamlara hem deň derejede täsir edýär.

Döwlet dolandyryşyny amala aşyrmaga ýeke bir dolandyryş edaralary gatnaşman, eýsem jemgyýetçilik birleşmeleriniň hem giň ulgamlary gatnaşýarlar.

Jemgyýetçilik birleşmeleriniň hataryna ähli uly ýaşly adamlar girýärler. Olar golaýdan-golaý döwlet dolandyryş edaralary bilen aragatnaşykda bolup, dolandyryşyň öňünde goýlan dürli wezipeleri amala aşyrmaga uly ýardam berýärler. Şoňa görä-de jemgyýetçilik birleşmeleri hem dolandyryş hukugynyň subýekti hökmünde çykyş edýärler.

Däp bolşy ýaly, jemgyýetçilik birleşmeleri beýleki dolandyryş hukugynyň subýektleri ýaly, özleriniň adyndan çykyş edip, döwlet häkimli ygtyýarlyklaryndan peýdalanmaýarlar. Olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň çägi biziň jemgyýetimiziň syýasy ulgamynda tutýan ornuna bagly bolýar.

Jemgyýetçilik birleşmeleri birnäçe görnüşlere bölünýärler:

Jemgyýetçilik birleşmeleri guramaçylyk başlangyçlara görä, köpçülikleýin işleýän jemgyýetçilik guramalarydyr.

Köpçülikleýin jemgyýetçilik birleşmeleri, mysal üçin, Türkmenistanyň demokratik partiýasy, kärdeşler arkalaşyklary, ýaşlar guramasy, raýatlaryň öz islegleri esasynda döredilýär, olaryň maddy bazasyny döretmek üçin agzalarynyň ählisi gatnaşýarlar. Şonuň bilen birlikde her bir guramany – birleşmäni dolandyrmaklyga olaryň ähli agzalary ýa-da özleriniň wekilçilikli guramalarynyň üsti bilen amala aşyrýarlar.

Olar guramaçylyk taýdan döwletiň çäginde özleriniň merkezleşdirilen ulgamlaryny döredip, ustawlaryň we düzgünnamalaryň esasynda hereket edýärler.

Jemgyýetçilik birleşmeleriniň dolandyryş-hukuk ukyplylygy olaryň wezipeleriniň mazmuny we göwrümi bilen baglylykda döwlet tarapyndan kesgitlenýär.

Döwlet özüniň hukuk namalary bilen jemgyýetçilik birleşmeleriniň döwlet dolandyryşynda hukuk ýagdaýyny kesgitläp, şonuň bilen birlikde olaryň dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde çykyş edýändigini kesgitleýär.

Jemgyýetçilik birleşmeleri özleriniň esasy wezipelerini durmuşa geçirmek üçin birnäçe içki guramaçylyk we daşky gatnaşyklara gatnaşýarlar.

Däp bolşy ýaly, olaryň içki guramaçylyk gatnaşyklary dolandyryş-hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilmeýär.

Jemgyýetçilik birleşmeleriniň daşky gatnaşyklary köplenç ýagdaýda hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilmeýär, şonuň bilen bir wagtda olaryň daşky gatnaşyklary dolandyryş-hukuk kadalary bilen hem düzgünleşdirilip bilinýändir.

Haçan-da jemgyýetçilik birleşmeleri öz agzalarynyň hereketine täsir edenlerinde, hukuk namalaryň kömegine mätäç bolmaýarlar, sebäbi olaryň ygtyýarlarynda ýolbaşçylyk ahlak häsiýetli ýeterlik serişdeleri özleriniň ustawlarynda we düzgünnamalarynda göz öňünde tutýar.

Käbir halatlarda başga ýagdaýlaryň şaýady bolmaly bolýarys, ýagny haçan-da hukuk gatnaşyklarynyň obýketi dolandyryş edaralaryna ýa-da raýatlara gönükdirilen bolsa, ol gatnaşyklar hukuk häsiýetine eýe bolýarlar, olar kähalatlarda dolandyryş-hukuk gatnaşyklary hökmünde çykyş edýärler. Bu ýagdaýda jemgyýetçilik birleşmeleri hukuk häsiýetinde öz ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirýärler, mysal üçin, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň administratiw etmişleri etraplardaky, şäherlerdäki kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky toparlar tarapyndan çözülýär we olar dolandyryş temmilerini belleýärler. Administratiw temmisi bolsa hukuk çäre bolup, döwlet tarapyndan bellenilen temmilerdir. Şu ýerde biz olaryň hukuk häsiýetli ygtyýarlaryny hem görýäris.

## Dolandyryş jogapkärçiligi

### §1. Dolandyryş jogapkärçiligine düşünje

Bize mälim bolşy ýaly, dolandyryş jogapkärçiligi hem beýleki hukuk jogapkärçilikleri, ýagny jenaýat, raýat, düzgün-nyzam jogapkärçilikleri bilen bir hatarda hukuk jogapkärçiliginiň iň giň ýaýran görnüşiniň biridir. Şoňa görä-de etmiş eden adamyny jogapkärçiligiň haýsy görnüşine çekmelidigini kesgitlemek üçin, ilkinji nobatda, onuň haýsy kada-kanuny bozanlygyny kesgitlemelidir. Sebäbi günäkäriň jogapkärçiligiň haýsy görnüşine çekilmelidigi döwlet üçin perwaýsyz däldir we müňlerče adamynyň ykbaly bilen bagly bolup, ol jenaýatyň ýüzüni görkezýän hadysadyr.

Ilkinji nobatda hukuk jogapkärçiliginiň haýsy görnüşiniň haçan we näme üçin ýüze çykýandygy bilen gysgaça tanşalyň.

Biziň döwletimizde köpsanly dolandyryş düzgünnamalary hereket edýärler we olaryň talabyny berjaý etmek her bir wezipeli adamyň we raýatyň mukaddes borjy bolup durýar. Ol düzgünnamalaryň jemgyýetçilik tertibini goramakda, bellenen dolandyryşyň düzgünini berjaý etmekde, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň işlerini doly we dogry guramakda, adamlaryň zähmeti we işi üčin amatly şertleri döretmekde uly ähmiýeti bardyr. Şeýle düzgünnamalara şu aşakdakylar mysal bolup bilerler: jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmak düzgüni, ýol hereketiniň düzgüni we ulag serişdelerini ulanmak düzgüni, sanitariýa, weterinariýa we ýangyn howpsuzlyk düzgünleri, gümrük düzgünleri we başga-da birnäçe düzgünnamalar. Şu bellenen düzgünnamalaryň talaby berjaý edilmedik ýagdaýynda, ýagny bozulan halatynda we şol hukuk bozulmalar jemgyýet üçin howply bolsalar, onda ol bikanunçylyklar jenaýat diýip hasaplanýar we kazyýet tarapyndan çykarylan höküm bilen jeza bellenilýär. Ýöne köp hukuk bozulmalary (etmişleri) gaty bir agyr bolmaýarlar. Şonuň üçin hem jenaýat jogapkärçiligine çekmek hökman bolmaýar. Ýöne ol etmişleri temmisiz goýbermek hem bolmaýar, sebäbi etmişler köpsanly bolup, olaryň döwlete we jemgyýete ýetirýän zyýany örän köpdir. Şoňa görä-de ol etmişler jemgyýet üçin gaty bir howply bolman zyýanly diýip hasaplanýar. Şol sebäpli-de olara dolandyryş etmişleri diýilip kanun esasynda dolandyryş jogapkärçiligi bellenýär.

Dolandyryş jogapkärçiliginiň ýene bir aýratynlygy ol hem etmişi eden adam bilen şol etmişe garamak hukugy bar bolan tarapa guramaçylyk taýdan tabyn däldir. Mysal üçin, ýol hereketiniň düzgünlerini bozan adam (sürüji) ýol gözegçiligi gullugyna guramaçylyk ýagdaýda tabyn bolman, diňe şol eden etmişi üçin tabyndyr.

Dolandyryş jogapkärçiliginiň ýene bir aýratynlygy, ol meseläni kadalaşdyrýan hukuk namalarynyň köplügidir. Mysal üçin, eger jenaýat jogapkärçiligi diňe kanunlar arkaly kadalaşdyrylýan bolsa, dolandyryş jogapkärçiligi dürli-dürli kadalar, ýagny kanunlar, permanlar, kararlar bilen kadalaşdyrylýar.

Dolandyryş jogapkärçiliginiň ýene bir aýratynlygy, onuň köpsanly döwlet edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan garalýanlygydyr, mysal üçin, jenaýat işleri boýunça iň soňky netijäni kazyýet çykarýan bolsa, onda dolandyryş etmişleri boýunça dolandyryş toparlary, kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky toparlar, polisiýa edaralary, döwlet inspeksiýalary, gümrük edaralary, kazyýet edaralary we başga-da onlarça edaralar degişli işlere garamaga ygtyýarlydyrlar. Bu hem dolandyryş jogapkärçiliginiň bir aýratynlygydyr.

Beýleki hukuk jogapkärçilikleriniň hem özlerine mahsus bolan aýratynlygy bardyr.

Raýat-hukuk jogapkärçiligi baglanyşylan şertnamalaryň, goňşyçylyk gatnaşyklarynyň we şahsy emläk bilen bagly bolmadyk düzgünleri bozanlygy üçin ýüze çykýar; jenaýat jogapkärçiligi adamlaryň jenaýatly etmişleri edenligi üçin ýüze çykýar; düzgün nyzam jogapkärçiligi bolsa işçileriň we gullukçylaryň işde we gullukda göýberen hyýanatly hereketli we hereketsiz eden etmişleri üčin ýüze çykýarlar.

## §2. Dolandyryş jogapkärçiliginiň esaslary. Dolandyryş etmişiniň düzümi

Dolandyryş jogapkärçiliginde ilkinji nobatda dolandyryş etmişleri göz öňünde tutulýar. Olar barada, ýokarda belleýşimiz ýaly, biziň döwletimzde birnäçe dolandyryş düzgünnamalary hereket edýärler we olaryň talabyny berjaý etmek her bir raýatyň we wezipeli adamyň mukaddes borjudyr. Şoňa görä-de ol düzgünnamalaryň kadalary bozulan halatynda, dolandyryş etmişleri ýüze çykýar, oňa bolsa kanun esasynda dolandyryş jogapkärçiligi göz öňünde tutulýar.

1984-nji ýylyň dekabr aýynyň 17-sine kabul edilen „Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky” kodeksiniň 9-njy maddasynda şeýle bellenýär: „Döwlet ya-da jemgyýetçilik tertibine, eýeçilige, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, bellenen dolandyryş tertibine hukuk taýdan ters gelýän hyýanatly, ýazykly, bilgeşleýin ýa-da seresapzylyk bilen edilen hereket ýa-da hereketsizlik, ýagny özi üçin kanun arkaly dolandyryş jogapkärçilik göz öňünde

tutualn, şeýle-de hereket ýa-da hereketsizlik dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagy (etmişi) diýlip hasap edilýär”.

Şu kesgitlemeden görnüşi ýaly, dolandyryş-hukuk bozulmanyň (etmişiň) esasy onuň hyýanatlyk häsiýetidir we umumy berkidilen düzgüni bozmagydyr. Şoňa görä-de döwletiň esasy wezipesi düzgün-tertibi berkitmek bolup, özi üçin howply we zyýanly bolan hereket ýa-da hereketsizligi gadagan edýär.

Dolandyryş etmişiniň – hukuk bozulmasynyň düzüminde birnäçe elementiň bardygyna göz ýetirýäris. Olar: etmişiň obýekti, etmişiň obýektiw tarapy, etmişiň subýekti we etmişiň subýektiw tarapy.

Her bir hukuk bozulmada dört elementiň biri bolmadyk ýagdaýynda, dolandyryş jogapkärçiligi barada gürrüň hem etmek bolmaz, has takygy, şeýle ýagdaýda jogapkärçilik ýüze çykyp bilmeýär.

Dolandyryş etmişiniň obýekti diýip, ähli dolandyryş temmileri bilen goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aýdylýar. Ýene bir bellemeli zat, ol hem bikanun hyýanatly hereketiň ýa-da hereketsizligiň nämä gönükdirilenligi we haýsy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalarynyň bozulanlygy bilen baglydyr.

Şeýle netijä mysal edip „Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky” kodeksiniň 1-nji maddasynyň mazmunyny görkezmek bolar, ýagny Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunlarynyň wezipeleri jemgyýetçilik gurluşyny, eýeçiligi, raýatlaryň durmuş-ykdysady, syýasy we şahsy hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, şeýle hem kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, bellenilen dolandyryş tertibini, döwlet we jemgyýetčilik tertibini goramakdan, kanunçylygy pugtalandyrmakdan, hukuk tertibiniň bozulmasynyň öňüni almakdan, raýatlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we kanunlaryny takyk hem-de gyşarnyksyz berjaý etmek, beýleki raýatlaryň hukuklaryna, namysyna we mertebesine, umumy ýaşaýyş kadalaryna hormat goýmak, öz borčlaryny päk ýürekli ýerine ýetirmek, jemgyýetiň öňünde jogapkärčilik čekmek ruhunda terbiýelemekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, dolandyryş etmişiniň obýekti diýip, hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylan we dolandyryş temmileri bilen goralýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aýdylýar.

Ýene-de etmişiň obýekti hakynda gürrüň edilende, biz oňa dolandyryş-hukuk bozulmasynyň düzüminiň bir elementi hökmünde garamalydyrys. Ol obýektler kodeksiň birnäče maddalarynda agzalandyr. Kä halatlarda kodeksiň ýörite bölüminde goralýan obýektiň alamatlary gös-göni görkezilen bolýar, ýöne köp ýagdaýlarda goralýan obýekt kodeksiň ýörite bölüminiň baplarynda hem görkezilýär. Mysal üçin, kodeksiň 5-nji babynda zähmeti we ilatyň saglygyny goramak baradaky dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary, 6-njy bapda bolsa dolandyryş-hukuk tertibiniň eýeçilige hyýanat edilmegine getirýän hukuk bozulmalary barada nygtap, ýokarda aýdylanlary ýene bir gezek tassyklaýar.

Dolandyryş etmişiniň obýektiw tarapy diýip nämä aýdylýar? Dolandyryş-hukuk bozulmasynyň obýektiw tarapy diýlip, etmişiň kanun esasynda daşky görnüşini häsiýetlendirýän zada aýdylýar. Daşky aňlatmalara görä, dolandyryş etmişleri kanuna garşy edilen hereket we kanuna garşy edilen hereketsizlik bilen amala aşyrylýar. Beýle diýildigi, dolandyryş etmişleri hereketli ýa-da hereketsiz edilip bilinýär diýildigidir. Mysal üçin, kämillik ýaşyna ýetmedikleri serhoş ýagdaýa getirmek, polisiýa işgärleriniň kanuny talabyny raýatlar tarapyndan ýerine ýetirmezlik we başga-da onlarça dolandyryş etmişleri diňe hereketiň üsti bilen edilip bilner. Bu ýerde kanun bikanun hereketiň edilmegini gadagan etse-de, günäkär şol hereketi amala aşyrýar. Başga bir ýagdaýda kanun belli-belli subýektlerden kanuny hereket etmekligi talap edýär, ýöne gynansagam, şol talap, edilýän hereketi amala aşyrmakdan subýekt ýüz dönderýär. Netijede, dolandyryş etmişi ýüze çykýar. Mysal üçin, harby wekiliň çagyrmagy boýunça oňa sebäpsiz barmazlyk, uzak wagtlap pasportlary hasaba goýmazlyk ýaly kanuny talap edilýän hereketi etmekden boýun gaçyrýarlar, netijede,dolandyryş etmişi ýüze çykýar.

Dolandyryş etmişiniň subýekti „Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky” kodeksiň 12-nji maddasyna laýyklykda dolandyryş etmişiniň subýekti bolup hukuk tertibini bozan pursadynda 16 ýaşyny dolduran

Türkmenistanyň raýatlary, belli raýatlygy bolmadyk adamlar we eldegirmezlik hukugyndan peýdalanmaýan daşary ýurt raýatlary jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler. Ýöne kada-kanuna ters gelýän hereketi ýa-da hereketsizligi eden mahalynda, akyly ýerinde bolmadyk, ýagny häli-şindi gozgap durýan dälilik keseli, wagtlaýyn ýeldirgeme, akyly kemlik ýa-da başga hili kesellilik ýagdaýy sebäpli öz eden hereketlerine akyl ýetirip bilmedik ýa-da öz hereketine erk edip bilmedik adam dolandyryş jogapkärçiligine çekilmeýär (19-njy madda).

Biziň pikirimizçe, ýene-de bir zady bellemek wajyp bolup durýar, ol hem adamlar 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli dolandyryş etmişlerini eden ýagdaýynda, köplenç halatlarda kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky toparyň düzgünnamasynda bellenen çäreler ulanylyp bilner. Mysal üčin, jebir çekeniň öňünde ötünç soramak, käýinç, berk käýinç bermek, jerime salmak we başga-da birnäçe temmiler bellenilýär.

Birnäçe edilen dolandyryş-hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilige wezipeli adamlaryň hem çekilip bilinýändigini unutmaly däldiris.

„Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky" kodeksiniň 14-nji maddasyna laýyklykda wezipeli adamlar dolandyryş tertibini, döwlet we jemgyýetçilik tertibini, tebigaty, ilatyň saglygygyny goramak barasynda bellenilen kadalary we özleriniň gulluk borçlary boýunča ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli bolan beýleki kadalary berjaý etmezlikleri bilen baglanyşykly hukuk tertibiniň bozulmalary üçin dolandyryş jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir. Mysal üçin, elektrik we ýylylyk energiýasynyň bisarpa harçlanmagy üçin şu aşakdaky wezipeli adamlar dolandyryş jogapkärçiligine çekilip bilner: edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýolbaşčylary, baş inženerler, baş energetikler, baş mehanikler, sehiň naçalnikleri, dolandyryş hojalyk gulluklarynyň ýolbaşçylary.

Şeýle edilmegi wezipeli adamlaryň öz gullugynda şahsy jogapkärçiligini ýokarlandyrmak üçin gönükdirilendir.

Bulardan başga-da dolandyryş jogapkärçiliginiň subýekti hökmünde daşary ýurt raýatlary, belli raýatlygy ýok adamlar, harby gullukčylar we olara deňelýän gullukčylar, belli-belli halatlarda guramalar hem çykyş edýärler.

Dolandyryş jogapkärçiliginiň subýektiw tarapy diýilip etmiş bilgeşleýin ýa-da seresapsyzlyk bilen edilipmi diýen soraga jogap bolup bilýär.

"Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky" kodeksiniň 10-njy maddasyna laýyklykda eger dolandyryş-hukuk tertibini bilgeşleýin bozan adam öz eden hereketiniň ýa-da hereketsiliginiň kada-kanuna tertsdigine düşünýän bolsa, onuň zyýanly netijelere getirjegini öňünden aňan bolsa we şol netijeleriň bolmagyny islän bolsa ýa-da şol netijeleriň gelip ýetmegine bilkastlaýyn ýol beren bolsa, şonda dolandyryş-hukuk tertibi bilgeşleýin bozulan diýilip hasap edilýär.

Şoňa görä-de döwlet dolandyryşynda edilýän etmişleriň köp bölegi bilgeşleýin edilýär, mysal üçin, ownuk huligançylyk, ownuk ogurlyk, adamyň mertebesini peseltmek, pýançylyk, awuň düzgünini bozmak we ýene-de ýüzlerçe etmişler, diňe bilgeşleýin edilýär.

Käbir halatlarda dolandyryşda edilýän etmişler seresapsyzlyk bilen edilen diýip hasaplanýar.

"Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky" kodeksiniň 11-nji maddasyna laýyklykda eger etmiş eden adam öz eden hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň zyýanly netijelere getirmek mümkinçiligi öňunden aňan bolsa, emma welin şol netijeleriň öňüniň alynjakdygyna ýeňilkellelik bilen baran bolsa ýa-da şonuň ýaly netijeleriň gelip ýetmek mümkinçiligini öňünden aňmaly we aňyp biljek bolsa-da muny aňlamadyk bolsa, şonda dolandyryş-hukuk tertibi seresapsyzlykdan bozulan diýlip hasap edilýär, mysal üçin, awtoulaglara pul tölemän münmek, tiz kömek ulagynynyň çagyrylan ýere sebäpsiz barmazlygy, harby wekiliň çakylygy boýunça sebäpsiz barylmazlyk we başgalar.

### §3. Dolandyryş temmileri

"Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky" kodeksiniň 22-nji maddasynda bellenilişi ýaly, temmi jogapkärçilik çäresi bolup durýar we ol etmişi eden adama kanunlary berjaý etmek, umumy ýaşayyş kadalaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, şonuň ýaly-da hukuk tertibini bozan adamlaryň

özleriniň hem beyleki adamlaryň hukuk tertibini täzeden bozmaklarynyň öňüni almak maksady bilen ulanylýar. Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary üçin şu aşakdaky temmiler ulanylyp bilner:

1) duýduryş bermek;

2) dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady (predmeti) öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almak;

3) dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady (predmeti) döwletiň haýryna geçirmek (konfiskasiýalamak);

4) şol raýata berlen ýörite hukukdan mahrum etmek;

5) düzediş işlerinde işletmek;

6) dolandyryş taýdan tussag etmek;

7) ýurtdan çykarmak.

Olara aýratynlykda gysgaça seredip geçeliň.

## Duýduryş bermek

Duýduryş bermek temmisi islendik görnüşde bellenilip bilinýän däldir. Dolandyryş temmisi hökmünde duýduryş bermek diňe ýazuw üsti bilen bellenilip bilinýär (kodeksiň 25-nji maddasy). Dil bilen duýdurylýan ýagdaýynda, duýduryş profilaktika ýa-da oňüni alyş çärelerine girýär. Şoňa görä-de duýduryş bermek hökmany suratda karar ýa-da çözgüt çykarmagyň üsti bilen bellenilýär.

Duýduryş ygtyýarly döwlet edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan ýeňil etmişler üçin ulanylýar, kä halatlarda bolsa etmişiň häsiýetine we etmişi eden adamynyň kanuny hakykatdanam bilmänligi sebäpli bellenip bilinýär. Belli-belli ýagdaýlarda duýduryş jerimäniň ýerine hem bellenip bilinýär.

## Jerime salmak

Jerime salmak pul görnüşinde bellenýär. Jerime ähli dolandyryş etmişleriniň temmilerinde göz öňünde tutulýar.

“Türkmenistanyň dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky” kodeksiniň 26-njy maddasynda dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalary üçin

raýatlara salynýan jerime, kada hökmünde zähmet hakynyň ortaça aýlyk möçberiniň on essesine we wezipeli adamlara bolsa zähmet hakynyň ortaça aýlyk möčberiniň ýigrimi essesine çenli bellenilip bilinýär. Şol maddanyň ikinji bölüminde bolsa dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmalarynyň aýry-aýry görnüşleri üçin jogapkärçiligi ýokarlandyrmak zerur bolan mahalynda, Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly jerimäni kanunda bellenen möçberden köp hem belläp bolýandyr diýip nygtalýar.

Ýene bir bellemeli zat, ol hem kanunçylykda jerime otnositel kesgitlenen we absolýut kesgitlenen temmiler arkaly bellenendir. Otnositel kesgitlenen jerime temmisi jerimäniň iň pes hem ýokary möçberini ýa-da iň ýokary möçberini belleýär. Absolýut kesgitlenen jerime temmilerinde bolsa diňe jerimäniň kesgitli möçberi bellenendir.

### Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady (predmeti) öwezini tölemek bilen, düzgüni bozujynyň elinden almak

Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady öwezini tölemek bilen düzgün bozujynyň elinden almak işi ony mejbury suratda elinden almakdan we soňra bolsa alnan zady satmak üçin edilen çykdajylary düşen puluň ujundan çykaryp, galanyny zadyň ozalky eýesine gaýtaryp bermekden ybaratdyr.

Haýsy zady öwezini tölemek bilen hukuk bozujynyň elinden mejbury ýagdaýda alyp bolýar? Şuny düşündirmek üçin iki ýagdaýa ýüzlenmeli bolýarys. Birinjiden, öwezini tölemek bilen mejbur edip elinden alynmaly zat ýa-ha etmişiň gös-göni obýekti bolmaly, ýa-da etmiş edilende ulanylan gural bolmaly. Günäkäriň başga şahsy (hususy) eýeçiligine degişli zatlaryny almak bolmaýar. Ikinjiden, öwezini tölemek bilen günäkäriň elinden mejbur edilip alynýan zat hökmany suratda hukuk bozujynyň şahsy (hususy) eýeçiliginde duran zat bolmaly. Islendik ýagdaýda agzalan temmini ulanmak üçin, ýokarda agzalan iki ýagdaýy nazarda tutmak hökmandyr (27-nji madda).

## Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ya-da gös-göni obýekti bolan zady döwletiň haýryna geçirmek

Dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmagynyň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zady döwletiň haýryna geçirmek, bu zadyň döwlet eýeçiligine mejbury suratda mugt geçirilmeginden ybaratdyr. Eger-de Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda diňe hukuk tertibini bozujynyň şahsy eýeçiligindäki zat döwletiň haýryna geçirilip bilner.

Ýöne käbir halatlarda konfiskasiýa degişli zat hukuk bozujynyň şahsy eýeçiligine degişli bolman, başga bir adamyňky hem bolsa konfiskasiýalanýandyr. Mysal üçin, gümrük barlagynyň esasynda Türkmenistanyň çägine getirmek we ondan çykarmak üçin gadagan edilen zat bolsa, onda ol kimiň emlägi bolsa-da, döwletiň haýryna geçirilmäge degişlidir, kä halatlarda bolsa kanun tarapyndan gadagan edilen usulda onuň edinen şol zady döwletiň haýryna geçirilip bilner (28-nji madda).

## Raýaty özüne berlen ýörite hukukdan mahrum etmek

Raýaty özüne berlen ýörite hukukdan mahrum etmek temmi çäresi raýatlaryň konstitusion ýa-da beýleki hukuk kadalarynyň berkiden hukuklaryna degişli bolman, döwlet edaralary tarapyndan berlen ýörite hukuklaryna degişli bolup durýandyr. Mysal üçin, işlemäge bolan hukugyny, okamaga bolan hukugyny, ýaşaýşa bolan hukugyny we başga-da birnäçe ýaşamaga degişli bolan hukuklardan mahrum etmek kanun esasynda gadagan edilýändir. Beýle diýildigi, raýatlary özüne berlen ýörite hukukdan mahrum etmek çäresi olaryň umumy hukuklaryna degişli bolman, ýörite döwlet edaralary tarapyndan berlen hukuklaryna degişli bolup durýar. Haçan we haýsy ýagdaýlarda raýatlary ýörite berlen hukuklardan mahrum edip bolýar diýen soraga jogap bermek üçin “Türkmenistanyň dolandyryş- hukuk bozulmalary hakyndaky” kodeksiniň 29-njy maddasyna ýüzlenmelidiris. Şol maddada şeýle diýilýär: “Raýatlar özüne berlen ýörite hukukdan peýdalanmak düzgünini gödek ýa-da birsyhly bozup gelenligi üçin, olara berlen şol ýörite hukukdan belli bir möhlete çenli mahrum etmek çäresi ulanylýar”.

Mysal üçin, sürüji ýol hereketiniň düzgünini gödek bozan ýagdaýynda, ulag serişdelerini öz peýdasy üçin (döwlet tarapyndan ýörite rugsat berilmedik bolsa) ulanan bolsa ýa-da ulag serişdelerini içgili ýagdaýda süren halatynda sürüji sürüjilik hukugyndan belli bir möhlet bilen mahrum edilýär. Awçy aw awlamagyň kada-kanunyny bozan ýagdaýynda ýa-da bolmasa senetçilik-hünärmentçilik bilen meşgullanmak tertibini bozan bolsa, onda ol adamlar hem görkezilen hukuklaryndan mahrum edilýär.

Şu ýerde ýene bir zady bellemek hökmandyr, ýagny raýaty özüne berlen ýörite hukukdan mahrum etmek çäresi maýyplygy sebäpli ulag seişdelerinden peýdalanýan adamlar serhoş ýagdaýda süren halatlaryndan başga halatlarda, ulag serişdelerini sürmek hukugyndan mahrum edilip bilinýän däldir.

## Düzediş işleri

Bu çäräniň mazmuny, ýagny hukuk bozujynyň gazanan zähmet hakynyň 20 göterimine çenli döwletiň haýryna gečirmek arkaly iki aýa çenli möhlet bilen bellenilýär. Ýöne möhleti on bäş günden az bolmaly däldir.

Şu çäre 30-njy maddanyň belleýşi ýaly, hukuk bozujynyň esasy işleýän ýerinde geçrilmelidir. Eger-de hukuk bozyjy etmişi eden wagtynda, hiç ýerde işlemeýän bolsa, onda bu çäräniň geçilmeli ýeri düzediş işlerini ýerine ýetirýän edara tarapyndan kesgitlenýär. Ýöne bu ýagdaýlar seýrek duş gelýär.

Düzediş işleri belli-belli dolandyryş etmişlerine bellenilýär. Mysal üçin, ownuk huligançylyk, polisiýa işgärleriniň kanuny görkezmesine ýa-da talabyna bilkastlaýyn boýun bolmazlyk ýaly etmişlerine garşy ullanylyp bilinýän çäredir.

Düzediş işleri şu aşakdaky etmiş eden adamlara garşy ulanylmaýar, ýagny maýyplara, kämillik ýaşyna ýetmediklere, göwreli aýallara we ýaş çagaly aýallara.

Düzediş işleri diňe kazylar tarapyndan bellenip bilinýär.

## Dolandyryş taýdan tussag etmek

Bu çäre hukuk bozujyny gysga wagtlaýyn azatlykdan mahrum etmekden ybaratdyr. Dolandyryş tussagy belli-belli dolandyryş etmişine bellenilýän temmidir.

Mysal üçin, ownuk huligançylyk, polisiýa işgärleriniň kanuny görkezmesine ýa-da talabyna bilkastlaýyn boýun bolmazlyk ýaly etmişlere we başga-da kanunda bellenilen dolandyryş etmişlerine garşy ulanylýan temmidir.

Dolandyryş taýdan tussag edilen adam umumy düzgün boýunça zähmete çekilmelidir we tussag döwründe dürli işlerde işledip bolýandyr. Olaryň zähmetini guramak we iş bilen üpjün etmek ýerli häkimlikler tarapyndan çözülýär.

Dolandyryş tussag etmekligiň umumy möhleti on bäş gije-gündize çenli bellenilýär. Kä bir halatlarda ol möhlet uzaldylyp hem bilinýär. Mysal üçin, adatdan daşary ýagdaý yglan edilen ýerde jemgyýetçilik tertibini bozan adam 30 gije-gündize çenli tussag edilýär.

Dolandyryş taýdan tussag etmek temmisini, dolandyryş-hukuk tertibiniň bozulmasy hakyndaky kodeksiň 31-nji maddasynyň esasynda şäher, etrap kazylary tarapyndan bellenilip bilinýär, haçan-da dolandyryş etmişleri adatdan dasary ýagdaýda edilen bolsa, onda dolandyryş taýdan tussag etmek temmisi etrap, şäher içeri işler edarasynyň başlyklary ýa-da olaryň orunbasarlary hem-de ýerlerdäki komendantlar tarapyndan bellenip bilinýär.

Dolandyryş taýdan tussag etmek temmisi göwreli aýallar, on iki ýaşa ýetmedik çagalary bar bolan aýallar barasynda, on sekiz ýaşyny doldurmadyk adamlar, birinji we ikinji topar maýyplar barasynda ulanylyp bilinmeýär.

## Türkmenistanyň çäginden çykarmak

Türkmenistanyň 1998-nji ýylyň iýul aýynyň 23-ne kabul edilen "Daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýlary baradaky kanunyna" laýyklykda daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň çäginden şu aşakdaky halatlarda çykarylyp bilner:

1. Eger daşary ýurt raýatlarynyň hereketleri milli howpsuzlygyň bähbidine ýa-da jemgyýetçilik tertibini goramak meselelerine garşy gelen ýagdaýynda;
2. Ilatyň saglygyny, Türkmenistanyň rayatlarynyň we beýleki adamlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin gerek bolan halatynda;

3. Daşary ýurt raýatlary özleri baradaky kanunlaryň talabyny ýa-da gümrük, walýuta kanunlarynyň talabyny gödek bozan halatlarynda, ýurtdan çykarylmaga degişlidirler.

Ýurtdan çykarmak baradaky çözgüdi 2009-njy ýylyň 27-nji noýabrynda kabul edilen “Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy hakyndaky” kanuna laýyklykda döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan amala aşyrylýar we daşary ýurt raýatlary bellenen möhletde ýurtdan çykmaga borçludyrlar.

## Soraglar:

1. Döwlet dolandyryşy barada düşünje.
2. Dolandyryş-hukuk kadalary.
3. Dolandyryş-hukuk gatnaşyklarynyň aýratynlyklary.
4. Dolandyryş-hukugynyň subýektleri (gatnaşyjylary).
5. Dolandyryş jogapkärçiligine düşünje.
6. Dolandyryş jogapkärçiliginiň esaslary.
7. Dolandyryş etmişleriniň düzümi.
8. Dolandyryş temmileri we olaryň mazmuny.

## *III bap. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esaslary*

### §1. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň ösüşi

Önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tehnologiýalaryň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, tebigy baýlyklarymyzyň rejeli peýdalanylmagy, iň esasy zat hem halkymyzyň agzybirligi, jebisligi ýurdumyzyň ýeten belent sepgitleriniň, gazanan üstünlikleriniň özeni bolup durýar. Diýarymyzy mundan beýläk-de belent derejelere ýetirmekde zähmet kanunçylygynyň hem uly ähmiýeti bar.

Hormatly Prezidentimiziň kanunçylygy kämilleşdirmek baradaky tagallalary durmuşyň ähli ugurlaryny öz içine alýar. Diňe bir täze kanunlary kabul etmek däl, eýsem öňki kanunlary döwrebaplaşdyrmak, şol sanda zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek işi-de netijeli alnyp barylýar.

Adam öz zähmeti bilen maddy we ruhy gymmatlyklary döredip, jemgyýetiň ösüşine täsir edýär. Zähmet adamy bezeýär. Zähmet çekmek bilen adam öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirýär, durmuşda öz ornuny tapýar, beýleki adamlaryň özüni ykrar etmegini gazanýar. Şu uly jemgyýetçilik ähmiýetli gatnaşyklar kanunçylyk bilen kadalaşdyrylýar we zähmet hukugy pudagyny emele getirýär.

2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň 33-nji maddasynda "Raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerine hukugy bardyr. Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden az bolmaly däldir" diýip kesgitlenen. Bu konstitusion kadalar „Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda" anyklaşdyrylýar, ösdürilýär.

Zähmet kanunçylygynda berkidilýän hukuk kadalary döwletimiziň zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esas goýujy ýörelgelerini özünde jemleýär we raýatlaryň bu çygyrdaky hukuklaryny hem azatlyklaryny pugtalandyrýar, bu hukuklary durmuşa geçirmek babatda döwlet tarapyndan berilýän kepillikleriň üpjün edilmegine ýardam edýär. Bu kanunçylykdaky hukuk kadalary "Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara paktynyň" 6.1-nji maddasynda, "Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamanyň" 23-nji maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyndaky beýany bolup durýar.

Konstitusion kadalardaky *raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy* raýatlaryň esasy hukuklarynyň biri bolup, ol her bir raýatyň kanun boýunça gadagan edilmedik işiň haýsy görnüşini saýlap alýandygyna garamazdan, ony erkin saýlap almaga, şeýle hem olaryň öndürijilik we döredijilik zähmeti barasynda öz ukyplaryna hem zehinine erkin erk etmäge bolan hukugydyr. *Zähmet çekmäge bolan hukuk* – bu her bir raýatyň öz islegine görä islendik iş bilen meşgullanmaklyga bolan hukugydyr. *Iş bilen meşgullanmak* diýlende, raýatlaryň öz şahsy we jemgyýetçilik isleg-hajatlaryny kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän we kanunlara ters gelmeýän hem-de düzgün bolşy ýaly, olara pul ýa-da başga hili görnüşde iş haky, gazanç, hemaýat puly we önüm görnüşinde girdeji getirýän işine düşünilýär. *Kär ýa-da hünär* – bu belli bir ugur boýunça ýörite bilimleri we taýýarlygy talap edýän işiň bir görnüşidir. *Iş ýeri* – bu işgär ýa-da işgärler topary tarapyndan belli bir işi ýa-da işleri ýerine ýetirmek üçin iş şertleriniň döredilen ýa-da şol işleri ýerine ýetirmekde ulanyljak iş gurallarynyň ýerleşen ýerine, şeýle hem işgäriň öz alýan zähmet hakyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny berjaý edýän ýerine düşünilýär.

Esasy kanunymyzda görkezilýän *sagdyn hem howpsuz zähmet şertleri* bolanda, munuň özi hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigieniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, ol adamyň zähmet çekmeginiň yzygiderliliginiň dowamynda onuň howpsuzlygyny, saglygyny we işe ukyplylygyny goramagyň üpjün edilmegine düşünilýär. *Zähmeti goramak* –

bu raýatlaryň kärhananyň önümçilik işine garanyňda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň ileri tutulmagy, zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek üçin kärhanalaryň jogapkärçiligi, işgärleriň sosial taýdan goragy, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykda maýyp bolmagy, kesp-kär bilen baglanyşykly kesellemegi zerarly ýa-da saglygyna başga hili ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegi, ähli kärhanalar üçin zähmeti goramak babatynda ýeke-täk namalaryň bellenilmegi, zähmeti goramagy dolandyrmagyň ykdysady usullarynyň peýdalanylmagy, ýeňillikli salgyt salmagyň syýasatynyň, geçirilmegi, zähmeti goramak baradaky çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagy, kesp-kär taýýarlygy boýunça ilatyň okadylmagynyň amala aşyrylmagy we hünärmen taýýarlygynyň we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak, güýçli howply önümçilikleriň lisenzirlenmegi (rugsatnama berilmegi), önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýalaşdyrylmagy, zähmet şertleri, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý we kär bilen baglanyşykly kesellemegiň ýagdaýy hakynda döwlet statistikasynyň, bellenilmegi, saglygy saklamagyň, zähmet gigienasynyň we howpsuzlygynyň, dürli meseleleri çözýän döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we raýatlaryň birleşikleriniň işini utgaşdyrmagyň üpjün edilmegi, zähmeti goramak ugrunda jemgyýetçilik guramalarynyň işiniň goldanylmagy, zähmeti goramagyň meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlygy, zähmet şertlerini gowulandyrmak we zähmet howpsuzlygyny ýokarlandyrmak işini guramagyň dünýä tejribesiniň peýdalanylmagy ýaly zähmeti goramagyň kadalaryny özünde jemleýär.

Konstitusiýanyň 33-nji maddasynyň 2-nji bölegindäki kadada *hakyna durup işleýän adamlar* diýlende, belli bir edaranyň, kärhananyň, guramanyň işgärler düzümine girýän we girmeýän, şol edaranyň hem kärhananyň ýolbaşçylary ýa-da şahsy adamlar bilen belli bir işi ýerine ýetirmek barada resmi ýa-da dil üsti bilen baglaşylan şertnamanyň esasynda hakyna durup işleýän adamlara düşünilýär. Bu maddada berkidilýän hukuk kadasy, bu adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem-de hiline laýyklykda hak almaga bolan hukugy kepillendirilýär. *Öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyklykda hak almak* bolanda, bu adamyň hut

özüniň goşan zähmet goşandyna hem-de zähmetiniň hiline baglylykda töleg almaga degişli diýildigidir. Şonda zähmet hakynyň möçberiniň iň ýokary çägi diýen çäk goýulmaga degişli däldir. Işgäriň aýal-erkekligine, ýaşyna, jynsyna, milletine, dine garaýşyna, jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigine garap, zähmet hakynyň möçberiniň nähilidir birhili peseldilmegi kanun tarapyndan gadagan edilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden aşakda bolmaly däldir. *Iň pes oňalga derejesi* diýlende, adamyň ýaşamagy üçin gerek bolan ýaşaýyş serişdeleriniň iň pes (minimal) derejesine düşünilýär. “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 110-njy maddasynynyň 5-nji bendine laýyklykda, degişli döwür üçin bellenen iş wagtyny doly işläp hem-de özüniň zähmet borçlaryny ýerine ýetiren işgäriň aýda alýan zähmet haky bellenen iň pes zähmet hakyndan az bolup bilmez. Tölenilýän goşmaça haklar we goşmaçalar, şeýle hem baýraklar hem-de beýleki höweslendiriş pul sylaglary iň pes zähmet hakynyň möçberine girizilmeýär.

Raýatlaryň zähmet çekmäge, şol sanda öz islegine görä hünär, kär we iş ýerlerini saýlap almaga, şeýle hem özleri üçin sagdyn hem howpsuz zähmet şertleriniň üpjün edilmegine bolan konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen Halkara ylalaşyklarynda, şonuň ýaly-da 2009-njy ýylyň 1-nji iýunyndan güýje girizilen “Türkmenistanyň zähmet kodeksinde” we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda düzgünleşdirilýär.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanamyzda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda täze kanunlaryň kabul edilmegi bilen, demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň hukuk binýady gün-günden kämilleşýär. Kabul edilen kanunlaryň arasynda möhüm ähmiýetli resminamalaryň biri-de eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda zähmet şertnamasynyň şertlerinde işleýän adamlaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän „Türkmenistanyň zähmet kodeksidir“. Täze kodeksi Konstitusiýa esasynda raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerine, öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline

laýyk gelýän hak almaga hem-de dynç almaga, iş hepdesiniň çäklendirilen dowamlylygynyň bellenilmegine, her ýylky tölegli zähmet rugsatlaryna, her hepdede dynç günleriniň berilmegine bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmegi göz öňünde tutýar. Zähmet kodeksi toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, zähmet gatnaşyklary baradaky öňki „Kanunlar kodeksiniň“, „Zähmeti goramak hakyndaky kanunyň“ we „Rugsatlar hakyndaky kanunyň“ güýjüniň ýitirilmegi bilen baglanyşyklylykda, jemgyýetçilik-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kämilleşdirilen kadalarynyň bir hukuk resminamasynda jemlenenligi üçin onuň ähmiýeti has uludyr.

### §2. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny, gurluşy

Zähmet hukugy diýip adamyň (işgäriň) iş berijä (kärhana) hakyna tutma işgär hökmünde, zähmet tertibine tabyn bolup, meýletin esasda maddy we ruhy gymmatlyklary döretmeginde ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuknamalaryň jemine düşünilýär.

Zähmet hukugy işgär (raýat) bilen kärhananyň (edaranyň, guramanyň, telekeçiniň) arasynda zähmet çekmek we iş şertlerini kesgitlemek barada döreýän hukuk gatanaşygyny öwrenýär.

Zähmet-hukuk gatnaşygy diýlende, taraplaryň, ýagny işgär bilen iş berijiniň arasynda zähmet şertnamasyny (kontrakt) baglaşmagyň, iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň, işe hak tölemegiň, işdäki düzgün-nyzam kadalarynyň, zähmeti hukuk taýdan goramagyň, zähmet jedellerine seretmegiň tertibi baradaky gatnaşyklara düşünilýär.

Raýatlaryň zähmet çekmäge bolan hukugy, şol sanda öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy, şeýle hem işsizlikden goranmaga bolan hukugy Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlar tarapyndan kepillendirilýär. Kanunda bellenen halatlardan başga halatlarda mejbury zähmet gadagan edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy zähmet kanunçylygynyň esasy çeşmesidir. Şeýle-de “Türkmenistanyň zähmet kodeksi” hereket edýär. Raýatlaryň

zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemek, zähmetiň amatly şertlerini döretmek, işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we bähbitlerini goramak „Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň“ maksatlary bolup durýar. Bu kodeks 21 bölümden, 410 maddadan ybarat bolup, onuň öňki hereket eden kodeksden has giňdigini bellemek gerek. „Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň“ I bölümi “Umumy düzgünler“ diýlip atlandyrylýar we zähmet kanunçylygynyň maksatlary we esasy wezipeleri, onuň hereket edýän wagty we çäkleri, haýsy zähmet gatnaşyklaryna degişlidigi, zähmet hukuklarynyň döwlet kepillikleri we beýlekiler baradaky hukuk kadalaryny özünde jemleýär. II bölümiň maddalarynda zähmet gatnaşyklary we zähmet gatnaşyklarynyň taraplarynyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kadalar öz beýanyny tapypdyr. Şol gatnaşyklaryň taraplary bolan işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň we borçlarynyň has aýdyňlaşdyrylmagy we olara degişli hukuk kadalarynyň aýratyn bir bölümde ýerleşdirilmegi hem-de olaryň aýry-aýry maddalarda yzygiderlilikde beýan edilmegi täze kodeksde sazlaşygyň üpjün edilendigini aňladýar. “Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgedilmegi we bes edilmegi” diýlip atlandyrylan III bölüm kodeksiň esasy bölümleriniň biri bolup, onda iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynda taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän zähmet şertnamasyny baglaşmagyň tertibi, möhleti, zähmet şertleriniň üýtgedilmegi we zähmet şertnamasyny ýatyrmagyň esaslary öz beýanyny tapypdyr. Işgärleriň iş wagtynyň düzgüni baradaky kadalar ýerleşdirilen IV bölümde iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň hepdede 40 sagatdan ýokary bolmaly däldigi, işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen, kärhanada bäş günlük iş hepdesi ýa-da alty günlük iş hepdesi ýa-da dynç günleri üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesiniň bellenip bilýänligi, işgärleriň işiniň dowamlylygynyň işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde bir sagat gysgaldylýanlygy hem-de iş gününiň dowamlylygy we ony böleklere bölmek baradaky kadalar berkidilipdir. V bölümde işgärleriň dynç alyş wagty beýan edilip, onuň maddalarynda dynç almak we naharlanmak üçin işgärlere dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesmäniň iş başlanandan her dört sagatdan berilmegini düzgünleşdirýän kadalar hem-de bäş

günlük iş hepdesi mahalynda, işgärlere hepdede iki günlük dynç alyş güni, alty günlük iş hepdesi mahalynda bolsa hepdede bir günlük dynç alyş güni bermekligiň düzgünleri resmileşdirilipdir. Ýekşenbe güni umumy dynç alyş güni diýlip ykrar edilýär. 81-nji maddanyň 3-nji böleginde sanawy görkezilen baýramçylyk we hatyra günleri dyhç alyş güni bilen gabat gelende, dynç güni baýramçylyk ýa-da hatyra gününden soň gelýän iş güni diýlip ykrar edilýänligi baradaky täze hukuk kadasy Konstitusiýamyzda bellenilen raýatlaryň dynç almaga bolan hukugynyň durmuşa geçirilýänliginiň aýdyň tassyklamasy bolup durýar. "Rugsatlar" diýlip atlandyrylan VI bölümiň maddalarynda her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygy hem-de rugsatlaryň beýleki görnüşleri baradaky kadalar beýan edilýär. „Zähmete hak tölemek" baradaky VII bölümde işgäriň zähmet haky bilen bagly düşünjeleriň we kesgitlemeleriň berilmegi, zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlarynyň, zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň, tertibiniň we möçberleriniň berkidilmegi hem-de ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň, ylmy işgärleriň we işçileriň zähmetine hak tölemegiň düzgünleriniň kämilleşdirilmegi kodeksiň bu ugurdaky gatnaşyklary kadalaşdyrjakdygyna ynam döredýär. Kodeksiň VIII bölüminde iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy bilen ylalaşmak esasynda zähmet kadalaryny girizmekligiň, çalşyrmaklygyň we täzeden seretmekligiň hem-de işiň bellenilen razrýadlaryndan, hak tölemegiň tarif stawkalaryndan we iş öndürijiligiň kadalaryndan ugur almak bilen zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalary kesgitlemegiň hukuk düzgünleri berkidilýär. IX bölümiň maddalarynda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilýän wagtynda işgärler üçin kepillendirmeler, gulluk iş saparlarynda we başga ýere işe geçirilende berilýän kepillikler we öwezini dolmalar, zähmete ukyplylygy wagtlaýyn ýitirilende we beýleki ýagdaýlarda işgäre berilýän kepillikler we öwezini dolmalar baradaky hukuk kadalary görkezilipdir.X bölümde kärhananyň zähmet düzgün-nyzamy we içerki tertibiň düzgün-kadalary baradaky düzgünler bilen bir hatarda, işgärleriň işdäki netijeleri üçin höweslendirmeleriň göz öňünde tutulmagy we işgäre minnetdarlyk bildirmek, birwagtlaýyn baýrak bermek, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak, hormat haty bilen sylaglamak ýaly höweslendirme çäreleriniň girizilmegi kodekse aýratyn öwüşgin berýär. Hukuk

resminamasynyň XI bölüminde kärhanada zähmeti goramaklyga düýpli orun berlipdir. XII bölüminde iş beriji tarapyndan işgäriň zähmet çekmekden bikanun mahrum edilmegi netijesinde emlägine zyýan ýetirilende, ömrüne we saglygyna zeper ýetirilende işgäriň öňünde jogapkärçilik çekýänliginiň, işgäriň bolsa iş berijiniň emlägini ýitirmegi ýa-da ony zaýalamagy bilen ýetirilen zyýan üçin iş berijiniň öňünde maddy jogapkärçilik çekýänliginiň düzgünleri öz beýanyny tapýar. XIII bölümde aýry-aýry işgärleriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklarynyň, hususan-da aýal-gyzlaryň, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň, maýyplaryň, esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça hem-de möwsümleýin işleýän adamlaryň, kärhananyň ýolbaşçysynyň, wahta iş usulyna çekilýän adamlaryň, wagtlaýyn işlerde işleýän adamlaryň, hakyna tutma zähmeti ulanýan iş berijilerde we öýünde işleýän işçileriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary kadalaşdyrylypdyr. XIV bölümde işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmaklygy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary hem-de şägirtlik görnüşinde hünär taýýarlygy guramaklyk şöhlelendirilipdir. XV bölümde işgärleriň we iş berijileriň arasyndaky zähmet we olar bilen baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň meseleleri boýunça olaryň bähbitleriniň ylalaşygyny görkezýän hukuk namasy bolan köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň tertibi, möhleti, mazmuny we hereket ediş çygry baradaky hukuk kadalary ýerleşdirilipdir. XVI bölümde ýüze çykýan zähmet jedellerine seretmegiň tertibi kadalaşdyrylýar. XVI bölüm işgärleriň zähmet hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri tarapyndan wekilçilik edilmeginiň we goralmagynyň hukuk esaslaryny özünde jemleýär. Raýatlaryň garrylyk döwründe, kesellän wagtynda, maýyp bolan we işe ýarawsyzlyk ukybyny ýitiren, ekleýjisini ýitiren, işsizlige uçran mahalynda durmuş taýdan üpjün edilmek hukugy XVIII bölümde düzgünleşdirilýär. XIX bölümde zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň, kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň, kanunçylykda bellenilen tertipde ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ministrlikler we

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň degişlidigi baradaky we olaryň ygtyýarlyklary hakynda kadalar, XX bölümde iş berijiniň işgäre düşýän aýlyk hakyny tölemedik ýa-da gijikdirip berlen halatynda, onuň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi görkezilýär. XXI bölümde bolsa zähmet gatnaşyklary boýunça jemleýji düzgünler beýan edilýär.

Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny diýlende, işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň, borçlarynyň, ygtyýarlyklarynyň jemine düşünilýär. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň gurluşy bolsa oňa gatnaşýan taraplaryň kimlerdigini, ýagny kanunçylygyň işgäre nähili talaplary bildirýändigini, iş berijä (edara, kärhana, gurama, hususy telekeçä) nähili talaplary bildirýändigini, nähili iş şertlerini kesgitleýändigini aňladýar. Zähmet-hukuk gatnaşyklary hukuk kadalaryny amala aşyrmak netijesinde döreýär we ösýär. Zähmet we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekde Türkmenistan döwletiniň ynsanperwerlik syýasaty durmuşa geçirilýär, halkyň maddy hal-ýagdaýy gowulaşýar we ruhy islegleri kanagatlandyrylýar.

Ilatyň ýaşaýyş şertleriniň gowy bolmagy, ilatyň iş üpjünçiligi barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow yzygiderli alada edýär. Türkmenistanda ilatyň esasy bölegini işe ukyply, ýaş adamlar tutýar. Ilatyň ýaş boýunça düzüminde zähmete ukyply ýaşdaky adamlar köp bölegini tutýar. Türkmenistanyň ilatynyň umumy bilim we hünärmentçilik derejesi ýokary bolmagynda galýar. Bu bolsa hünärli işgärleri dürli ugurlarda ulanmaga mümkinçilik berýär.

Umuman, Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny hukuk we ykdysady nukdaýnazarlardan baýlaşandygyny, zähmeti goramagyň kepillikleriniň artandygyny bellemek mümkin. “Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy” bilen kadalaşdyrylýan zähmet we onuň bilen utgaşykly gatnaşyklar köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Türkmenistanda eýeçiligiň görnüşlerine laýyklykda zähmeti guramak dürli usullarda amala aşyrylýar. Zähmet gatnaşyklary, esasan, jemgyýetçilik önümçiliginde ýüze çykýar.

## §3. Zähmet-hukuk gatnaşygynyň subýektleri

Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri diýlende, giň manyda, bu hukuk gatnaşygyna gatnaşýan taraplara, esasan, iş berijä we işgäre, şeýle-de işgärleriň bähbitlerini gorap çykyş edýän jemgyýetçilik gurama bolan kärdeşler arkalaşyklaryna, işgär bilen iş berijiniň biri-birini tapmagyna hemaýat edýän zähmet biržalaryna  düşünilýär. Elbetde, zähmet gatnaşyklary bilen utgaşýan gatnaşyklarda başga-da gatnaşyjylar bolup biler, mysal üçin, işgäriň durmuş, medisina, pensiýa ätiýaçlandyrmasy, ýaşaýyş jaý üpjünçiligi bilen baglanyşykly gatnaşyklara dürli ýöriteleşdirilen edaralar gatnaşýarlar.

Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, alyp barýan işiniň häsiýetine laýyklykda hukuklara we borçlara eýe bolup, işgäri işe kabul edip bilýän edara, kärhana, gurama, hususy telekeçä iş beriji diýilýär. Zähmet-hukuk gatnaşygynyň ikinji tarapyna ýaşy boýunça umumy bildirilýän talap, ýagny işgär 16 ýaşan raýat bolup biler. Zähmet şertnamasy 15 ýaşyny dolduran adam bilen diňe ata-enelerden haýsy hem bolsa biriniň (howandarynyň) razylygy bilen baglaşylyp bilner (zähmet kodeksiniň 23-nji maddasynyň 2-nji bendi). Elbetde, işe kabul etmek üçin ýerine ýetirilmeli işiň häsiýetine görä hünär, kär boýunça başga-da şertler bar. Mysal üçin, sürüjilik şahadatnamasy ýok adamy sürüjilik işine kabul edip bolmaýar.

Islendik hukuk gatnaşygynda bolşy ýaly, zähmet-hukuk gatnaşygynyň hem taraplarynyň kanunçylykda bellenen, zähmet şertnamasynda anyklaşdyrylan hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary bar. Bellenilip geçilişi ýaly, zähmet-hukuk gatnaşyklaryna köpdürli gatnaşyklary degişli etmek mümkin, ýöne esasy gatnaşyk işgär bilen iş berijiniň arasyndaky gatnaşykdyr. Degişlilikde, işgäre  we iş berijä esasy subýektler diýmek mümkin.

Işgär zähmet gatnaşygynyň bir tarapy we zähmet-hukuk gatnaşygynyň subýektidir. Ol özüniň zämeti bilen belli bir maddy we ruhy gymmatlyklary döredýär, hyzmatlary ýerine ýetirýär. Işgäriň zähmet çekmegi üçin döredilmeli

şertler, iş wagtynyň, dynç alyş wagtynyň dowamlylygy, iş wagtyny guramagyň, siňdirilen zähmeti ölçemegiň, netijelerini bahalandyrmagyň, hak tölemegiň umumy kadalary kanunçylykda bellenendir. Zähmet kanunçylygynda bellenen kadalar bilen işgäriň kanuny hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary ýüze çykýar.

Her bir adam zähmet-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmak üçin zähmet-hukuk ukyplylygyna eýe bolmaly, ýagny öz hereketleri bilen zähmet hukuklaryna eýe bolup, olary amala aşyryp, borçlaryny ýerine ýetirip bilýän bolmaly. Ýaş nukdaýnazaryndan umumy kada boýunça 16 ýaşdan başlap pensiýa ýaşyna, ýagny erkek adamlar üçin 62 ýaşa çenli, aýal maşgalalar üçin 57 ýaşa çenli zähmet-hukuk ukyplylyk döwri hasaplanýar. "Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi hakyndaky kodeksiniň" 23-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda üç çaga dogran we olary 8 ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren aýallaryňky, umumy esaslarda bellenen ýaşy bir ýyl, dört çagaly aýallaryňky iki ýyl, bäş we ondan köp çagaly ýa-da çagalygyndan maýyp çagaly aýallaryňky üç ýyl azaldylýar. Bu kada olaryň 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolan ýagdaýynda ulanylýar. Durmuş üpjünçiligi bitewi kanunynda pensiýa ýaşyny azaltmagyň başga-da birnäçe esaslary göz öňüne tutulan. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda pensiýa ýaşyna ýeten ýaşulularymyz zähmet çekmegini dowam etdirip, ýaş nesle öz tejribelerini öwredýärler, ýagny adamyň pensiýa ýaşyna ýetendigine garamazdan, zähmet gatnaşyklarynyň dowam etdirilmegi mümkin.

Öň bellenilip geçilişi ýaly, iş beriji we işgär zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň esasy taraplarydyr. Iş beriji işgäriň zähmetini guraýar we oňa ýolbaşçylyk edýär. Zähmet-
-hukuk gatnaşygynyň subýekti hökmünde iş berijiniň kanunçylykda bellenen hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary bar. "Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň" 12-nji maddasynynyň 3-nji bendine laýyklykda guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, edara görnüşindaki tarapdyr ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy (telekeçi) tarapdyr.

Kärdeşler arkalaşyklary zähmetkeşleriň jemgyýetçilik birleşmesi bolup, olaryň wekilçiligini amala aşyrýar, hukuklaryny, bähbitlerini goraýar. Şu wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerli komitetleri bar bolan uly kärhanalarda, guramalarda zähmetkeşleriň adyndan kärdeşler arkalaşyklary çykyş edip, edaranyň, kärhananyň müdirligi bilen köpçülikleýin şetnamalary baglaşýarlar.

## § 4. Işe kabul etmegiň we işden boşatmagyň resmileşdirilişi

Işe kabul etmek raýatyň ýazmaça arzasyna esaslanýar. Arzada haýsy işe ýa-da wezipä kabul edilmegini haýyş edýändigi görkezilýär we degişli hünäriniň bardygy habar berilýär. Arza esasynda iş beriji işe (wezipä) kabul etmek barada buýruk berýär. Buýrukda işe kabul edilýän raýatyň familiýasy, ady, atasynyň ady; haýsy işe (wezipä); haýsy günden; iş hakynyň möçberi ýa-da kanuny şertleri görkezilýär. Raýatyň işe kabul edilendigi barada çykarylan buýruk işgäre gol çekdirmek arkaly yglan edilýär. Ýöne buýrugyň işgäriň we iş berijiniň hukuklaryny we borçlaryny doly beýan etmeýändigi üçin, häzirki döwürde zähmet şertnamalaryny (kontraktlaryny) baglaşmak tejribesi giň gerime eýe boldy. Işe kabul edilýän mahalynda işgärleriň jynsyna, milletine, durmuş gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, dine garaýşyna, ynam-ygtykatyna, haýsy jemgyýetçilik birleşigine degişlidigine, şeýle hem işgärleriň işewürlik sypatlary bilen baglanyşygy bolmadyk beýleki ýagdaýlara baglylykda çäklendirilmegine ýa-da artyk hukuk berilmegine ýol berilmeýändigini "Türkmenistanyň zähmet kodeksi" kepillendirýär. Sarp edilen deň zähmete hiline, möçberine garap deň iş haky tölenýär.

Işden boşatmaklygyň esaslary hem zähmet hakyndaky kanunçylykda anyk kesgitlenendir. Raýatlary işden boşatmaga esas bolýan kadalar olaryň Konstitusion hukuklaryny goramaga işçileriň, gullukçylaryň geldi-geçerliginiň öňüni almaga, işgärler toparynyň durnukly bolmagyna, käbir wezipeli adamlaryň eden-etdiligine garşy gönükdirilýär. Zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrmagyň) esaslary

“Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 4-nji babynyň maddalarynda, umumy esaslary bolsa 39-njy maddasynda beýan edilendir. Şu aşakdakylar zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) üçin esaslardyr:

1. Kodeksiň 32-nji maddasyna laýyklykda zähmet şertnamasynyň şertleriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden ýüz öwürmegi;

2. Kodeksiň 33-nji maddasynyň altynjy bölegine laýyklykda işgäriň öz haýyşy boýunça ýa-da öz razylygy bilen başga iş berijä hemişelik başga işe geçirilmegi;

3. Işgäriň lukmançylyk netijenamasynyň esasynda saglyk ýagdaýy boýunça başga işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi ýa-da kodeksiň 33-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan iş berijide degişli işiň ýoklugy;

4. Kodeksiň 33-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda iş berijiniň başga ýere geçmegi bilen baglanyşykly işgäriň şol ýere işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi;

5. Kodeksiň 37-nji maddasyna laýyklykda kärhana eýesiniň çalyşmagy, kärhananyň edara tabynlygynyň (garaşlylygynyň) üýtgemegi, onuň üýtgedilip guralmagy, kärhananyň kärendä berilmegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden boýun gaçyrmagy;

6. Kodeksiň 40-njy maddasyna laýyklykda taraplaryň ylalaşmagy;

7. Kodeksiň 41-nji maddasyna laýyklykda işgäriň başlangyjy (öz islegi);

8. Kodeksiň 42-nji maddasyna laýyklykda iş berijiniň başlangyjy;

9. Kodeksiň 46-njy maddasyna laýyklykda kärdeşler arkalaşygy guramasynyň talap etmegi;

10. Kodeksiň 47-nji maddasyna laýyklykda taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýda;

11. Möhleti zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy, şeýle hem kodeksiň 48-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen esaslar, haçan-da zähmet gatnaşyklarynyň hakyky dowam edýän we olaryň bes edilmeginiň taraplaryň hiç biri tarapyndan talap edilmedik halatlary muňa degişli däldir;

12. “Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň” bozulmagy, eger bu bozulma kodeksiň 49-njy maddasyna laýyklykda işi dowam etdirmek mümkinçiligini aradan

aýyrýan bolsa, kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça zähmet şertnamasy ýatyrylyp bilner.

Zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär. Buýrukda we zähmet depderçesinde zähmet şertnamasyny ýatyrmagyň esasy zähmet hakyndaky kanunyň degişli maddasyna salgylanmak bilen görkezilmelidir.

Netijeli işgäri kemala getirmek wezipesi ylmy esasda işgärleri hünär taýdan ugrukdyrmak we hünär taýdan seçip almak, olary okatmak, hünärini yzygiderli ýokarlandyrmak arkaly amala aşyrylýar. Öndürilýän harytlaryň hiline barha artýan talaplar, içerki bazardaky we ylaýta-da daşarky bazardaky ýokary bäsleşik kärhanalardan zähmet işinde meşgul ähli işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek boýunça mydamalyk we maksada gönükdirilen işi talap edýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Türkmenistanda zähmet gatnaşyklaryny haýsy hukuknamalar kadalaşdyrýar?
2. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny diýmek näme?
3. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň tarapy bolmak üçin bildirilýän talaplar?
4. Işe kabul edilende haýsy resminalar talap edilýär?
5. Şu aşakdaky alamatlaryň haýsysyna zähmet-hukuk gatnaşyklary mahsus däldir?

   a) Meýletinlik

   b) Tertip-düzgüne tabynlyk

   ç) Töleglilik

   d) Edaranyň häkimiýet ygtyýarlylygy.

## Zähmet şertnamasy we onuň görnüşleri

### §1. Zähmet şertnamasynyň mazmuny, gurluşy

Zähmet şertnamasy işgär bilen iş berijiniň (kärhana, edara, gurama) arasyndaky ylalaşyk bolup, bu ylalaşyga görä, işgär belli bir hünär, kär ýa-da wezipe boýunça işi ýerine ýetirmegi, munda içerki zähmet tertip-düzgünine boýun egmegi borç edinýär, iş beriji bolsa işgäre iş hakyny tölemegi hem-de zähmet hakyndaky kanunlarda we taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmegi borç edinýär.

Zähmet şertnamasy–munuň özi ýazmaça görnüşde belli bir möhlete baglaşylýan, iş beriji bilen işgäriň arasynda taraplaryň özara esasy hukuklaryny we borçlaryny belleýän ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iş beriji şertlenen zähmet borçlary boýunça işgäre iş (iş ýerini) bermäge, kanunçylykda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmäge, zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge borçlanýar, işgär bolsa şu şertnamada kesgitlenen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan gaýry kanuny borçlaryny berjaý etmäge borçlanýar. Zähmet şertnamasynda zähmet kanunçylygynyň umumy kadalaryna garanda ençeme aýratynlyklar görkezilýär, işgäriň we iş berijiniň hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary anyklaşdyrylýar.

Zähmet şertnamasynyň şertleri iki topara bölünýär. Olaryň biri kanunda görkezilen şertler, ýagny işiň ady, zähmet hakynyň möçberi, iş wagtynyň we zähmet rugsadynyň dowamlylygy ýaly şertlerdir. Şertleriň ikinji toparyna kanunda göz öňünde tutulan şertlerden başga, taraplaryň özleriniň bellän şertleri girýär. Mysal üçin, zähmet rugsadynyň berilmeli wagty, iş ýeri, işiň başlamaly wagty, işe gatnamak üçin ulaglar bilen üpjün etmek ýaly goşmaça şertlerdir.

Zähmet şertnamasynyň mazmuny diýip işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň, borçlarynyň, ygtyýarlyklarynyň kontraktda beýan edilen jemine düşünilýär. Zähmet şertnamasynyň gurluşy adatça kontraktyň hasap belgisinden soň baglaşylan wagty

we ýeri görkezilýär, soňra taraplar, ýagny iş beriji we işgär baradaky doly maglumatlar beýan edilýär. Şol maglumatlaryň yzyndan ýaý içinde şertnamada taraplaryň gysgaça atlandyrylyşy, adatça “Iş beriji” we “Işgär” diýen bellik edilýär, şol maglumatlaryň yzyndan işgäriň haýsy wezipä, käre kabul edilýändigi görkezilýär. Oňa kontraktyň giriş bölegi diýilýär. Şertnamanyň 2-nji böleginde iş hakyndaky zähmet ylalaşygy beýan edilýär, şertnamanyň möhleti görkezilýär, iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň kanun esasynda düzülen kärhananyň içerki düzgün-nyzam kadalary bilen düzgünleşdirilýänligi beýan edilýär.

Şertnamanyň 3-nji böleginde işgäriň borçlary, ýagny onuň Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, zähmet hakyndaky kanunçylygynyň talaplaryny, döwlet we zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmelidigi, iş berijiniň emlägine aýawly garamalydygy we  zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak üçin çäreleri görmelidigi, wezipe borçlaryny ynsaply we döredijilikli ýerine ýetirmelidigi, hünärini birsyrhly ýokarlandyrmalydygy, iş tabşyryklaryny öz wagtynda ýerine ýetirmelidigi, gulluk syrlaryny saklamalydygy görkezilýär. Şeýle tertipde bu bölekde iş berijiniň hem degişli borçlary beýan edilýär, hususan-da, onuň kanunçylygy berjaý etmelidigi, işgäriň zähmetini göwnejaý, howpsuz we netijeli işlemegi üçin şertler döretmek bilen guramalydygy, iş orunlaryny döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrmalydygy, işgäri wezipe borçlary bilen we işe degişli kada-namalar we gollanmalar bilen tanyşdyrmalydygy, zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmelidigi, iş hakyny öz wagtynda tölemelidigi, işgäriň hökmany döwlet-durmuş ätiýaçlandyrmasyny geçirmelidigi görkezilýär. Şeýle-de işgäriň arzasy esasynda işgäriň iş hakyndan meýletin saglygy goraýyş we pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça serişdeleri öz wagtynda geçirmäge iş beriji borçludyr. Soňra şertnamada işgäriň we iş berijiniň hukuklary beýan edilýär. Bu bölekde hukuklaryň zähmet hakyndaky kanunçylyga esaslanýandygy we onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklydygy görkezilýär hem-de iş berijiniň, işgäriň kontrakt boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirişine gözegçilik etmäge hukugynyň bardygy bellenýär.

Şertnamanyň 4-nji böleginde işgäre tölenmeli iş hakynyň möçberi we her ýylky hak tölenilýän zähmet rugsadynyň berilýändigi, şertnamanyň şertleriniň işgär

we iş beriji üçin hökmanydygy, şertnamanyň bes edilmeginiň tertibi we esaslary görkezilýär. Şeýle-de bu bölekde şertnamanyň şertleriniň bozulanlygy üçin taraplaryň jogapkärçilik çekýändigi, eger-de şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy boýunça zähmet gatnaşyklary hakykatda dowam edýän bolsa we işgär hem, iş beriji hem şol gatnaşyklary bes etmegi talap etmeýän bolsa, onda kontraktyň hereketiniň täze möhlete dowam etdirilen hasap edilýändigi berkidilýär. Şertnamanyň 5-nji böleginde işgäriň doly ady, atasynyň ady, familiýasy, öý salgysy, goly, şertnama gol çeken wagty, şeýle-de iş berijiniň doly ady, hukuk salgysy, şertnama gol çeken ýolbaşçynyň ady, familiýasy, atasynyň ady, goly, şertnama gol çeken wagty ýazylýar, kärhananyň möhri bilen tassyklanylýar.

### §2. Zähmet şertnamasynyň görnüşleri

"Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň" 18-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda, zähmet şertnamalary şu görnüşlerde:

1) kesgitsiz möhlete (möhletsiz);

2) eger diňe hemişelik däl häsiýetli işleri ýerine ýetirmek üçin kodekse ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başga möhlet bellenilmedik bolsa, kesgitli möhlet (möhletli) üçin, ýöne bäş ýyldan köp däl möhlet bilen baglaşylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleri işe ýerleşdirmek barada döwletimiz uly alada edýär we olaryň zähmetini goramak üçin kanunçylykda birnäçe kepillikler göz öňüne tutulandyr. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetini zähmetiň aýratyn şertleri bolan işlerde, şeýle hem ýerine ýetirmegi olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirip biljek işlerde ulanmak gadagandyr. Şeýle-de olar işe kabul edilende deslapky lukmançylyk barlagyndan geçirilmeli we her ýyl hökmany lukmançylyk barlagyndan iş wagty geçirilýär. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere hem-de dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem olary gulluk iş saparlaryna ibermek gadagan edilýär.

Zähmet şertnamasy umumy kada boýunça on alty ýaşly her bir raýat bilen baglaşylyp bilner. “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 25-nji maddasyna laýyklykda raýat işe kabul edilende, şu aşakdaky resminamalar bolmalydyr:

1. Türkmenistanyň raýatynyň şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasport ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminama, on alty ýaşa çenli ýaşdaky adamlar üçin dogluş hakyndaky şahadatnama);

2. Harby borçlular we harby gulluga çagyrylmaga degişli adamlar üçin harby hasabyň resminamasy;

3. Zähmet şertnamasyny ilkinji gezek baglaşýan ýa-da esasy işi bilen utgaşykly işe girýän işgärlerden başgasy zähmet depderçesi;

4. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýörite bilimi ýa-da ýörite taýýarlygy talap edýän iş üçin bilim hakyndaky, hünär ýa-da ýörite bilimleriň bardygy hakyndaky diplomy ýa-da başga resminama;

5. Saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasy we eger olaryň görkezilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa, işe gatnaşygy bolan gaýry ýagdaýlary tassyklamak hakynda beýleki resminamalar.

Işgäri işe kabul etmek barada kärhananyň ýolbaşçysy ýazmaça buýruk çykarýar. Iş beriji bilen zähmet şertnamasyny baglaşyp, işe kabul edilendigi hakyndaky buýruk bilen tanşyp, gol çeken adam işgär hasaplanýar. Ol şertnamada we beýleki hukuknamalarda görkezilen düzgünleri berjaý etmeli.

Zähmet şertnamasyny bes etmek kanunda göz öňünde tutulan esaslarda mümkin. Kanunda işgäriň islegi boýunça ýa-da iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak tertibi göz öňünde tutulýar.

Kodeksiň 41-nji maddasyna laýyklykda, işgär möhletsiz baglaşylan zähmet şertnamasyny, şeýle hem möhletli zähmet şertnamasyny onuň möhleti tamamlanmanka öz başlangyjy boýunça ýatyrmaga haklydyr. Ýöne ol bu hakda iş berijini iki hepde öňünden ýazmaça habarly etmelidir. Işden boşatmak hakynda duýduryşyň möhleti gutaranyndan soň işgär işini bes etmäge haklydyr, iş beriji bolsa işgäre zähmet depderçesini bermäge we onuň bilen hasaplaşyk geçirmäge borçludyr. Taraplaryň ylalaşygy boýunça zähmet şertnamasy işden boşatmak hakyndaky

duýduryşyň möhletiniň gutarmagyndan öň ýa-da arza berlen gününden bes edilip bilner.

Şeýle hem kodeksiň 42-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamasy iş berijiniň başlangyjy boýunça şu halatlarda ýatyrylyp bilner: 1. Kärhana ýatyrylanda ýa-da iş beriji – şahsy tarap tarapyndan iş bes edilende; 2. Kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda, şol sanda önümçilik tehnologiýasynyň, zähmeti guramagyň üýtgedilmegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly;
3. Ýeterlik hünäriniň bolmazlygy, şol sanda hünär synagynyň tassyklanylan netijeleri bilen baglanyşykly işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelmezligi; 4. Kodeksiň 37-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, kärhananyň eýesi çalşanda (kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasary we baş hasapçysy babatynda); 5. Eger belli bir kesel sebäpli iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilmedik bolsa, onda göwrelilik we çaga dogurmak baradaky rugsadyň döwrüni hasaplamanyňda işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelinmedik mahalynda. Zähmetde şikes ýetenligi ýa-da hünär keseli sebäpli işe ýarawlylygyny ýitiren işgärleriň işe ýarawlylygy dikeldilýänçä ýa-da maýyplyk bellenilýänçä olaryň iş ýeri (wezipesi) saklanylýar; 6. Eger işgäre öň düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylan bolsa zähmet şertnamasy ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmedik mahalynda;
7. Işden sebäpsiz galanda, şol sanda iş gününiň dowamynda esasly sebäpler bolmazdan üç sagatdan köp iş ýerinde bolmadyk mahalynda; 8. Işgär tarapyndan zähmet borçlary bir gezek gödek bozulanda; 9. Işde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda peýda bolnanda; 10. Işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly özüne mälim bolan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan goralýan syry (döwlet, täjirçilik, gulluk we başga) jar edilende; 11. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen ýa-da dolandyryş temmisini bermek ygtyýarlygyna girýän edaranyň karary bilen iş ýerinde emlägi ogurlan, sowran, ony

bilgeşleýin dargadan ýa-da zaýalan mahalynda; 12. Zähmeti goramak baradaky talaplaryň işgär tarapyndan bozulan mahalynda, eger bu düzgün bozma agyr netijelere getirse (önümçilikde betbagtçylykly hadysa, awariýa, heläkçilik) ýa-da şeýle netijeleriň gelip ýetmegine görnetin hakyky howp döretse; 13. Zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär tarapyndan iş berijä galp resminamalaryň ýa-da görnetin ýalan maglumatlaryň berlendigi ýüze çykarylanda; 14. Kärhananyň ýolbaşçysy, dolandyryjysy bilen baglaşylan zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

Işgäriň zähmete wagtlaýyn ukypsyz bolan döwründe we rugsatda bolan döwründe iş berijiniň başlangyjy boýunça onuň işden boşadylmagyna ýol berilmeýär.

## §3. Iş wagty. Iş wagtyny kadalaşdyrmagyň tertibi

Iş wagty diýip, işgäriň zähmet kanunçylygyna laýyklykda özüniň iş borjuny ýerine ýetirmeli wagtyna düşünilýär. Dynç alyş wagtlary diýlip, dynç alyş günlerine, baýramçylyk we hatyra günlerine düşünilýär. Iş wagty baradaky kadalar zähmet kodeksiniň IV bölüminde 58-72-nji maddalary bilen düzgünleşdirilýär. Iş wagtynyň kadalaryny takyk kesgitlemek işleýänleriň zähmetini goramak üçin hem, jemgyýete zerur bolan möçberini bellemek üçin hem gerek. Iş wagtynyň ýitirilmegi öndürilýän önümiň möçberini azaldýar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen, täze tehnologiýalaryň ornaşmagy bilen iş wagtynyň gymmaty ýyl-ýyldan ösýär.

Işgärleriň iş wagtynyň düzgüni baradaky kadalarda iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň hepdede 40 sagatdan ýokary bolmaly däldigi, işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen kärhanada bäş günlük iş hepdesi ýa-da alty günlük iş hepdesi ýa-da dynç günleri üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesiniň bellenip bilýänligi, işgärleriň işiniň dowamlylygynyň işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde bir sagat gysgaldylýanlygy hem-de iş gününiň dowamlylygy we ony böleklere bölmek baradaky kadalar berkidilipdir. Ondan başga-da, doly däl iş wagty, kadalaşdyrylmadyk iş güni, iş wagtyndan daşary

iş, çalşykly iş we gijeki wagtdaky işiň dowamlylygy baradaky kadalar zähmet kodeksinde bar .

6 günlük ýa-da 5 günlük iş hepdesiniň kesgitlenmegi önümçiligiň häsiýeti we işiň şertleri bilen baglydyr. Mysal üçin, mekdeplerde, hassahanalarda, dükanlarda , ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalarda 6 günlük iş hepdesi bellenen. Ylmy-barlag institutlarynda, döwlet dolandyryş edaralarynda 5 günlük iş hepdesi bellenen.

Iş gününiň şu görnüşleri bolup biler. 1) kadaly dowamly iş güni; 2) gysgaldylan iş güni; 3) doly däl iş wagty. “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 60-njy maddasyna laýyklykda şu ýagdaýlarda iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilýär: 1) ýaşy 16-dan 18-e çenli işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däl, ýaşy 16 ýaşa çenli bolan adamlar hepdede 24 sagatdan köp bolmaly däl; 2) zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däldir. Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygyna hukuk berýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan önümçilikleriň, sehleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Gijeki işiň (agşam sagat 22-den ir sagat 6 çenli bolan işiň) dowamlylygy bir sagat gysgaldylýar.

Önümçilik zerurlygyndan ugur alnyp käbir işgärler üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bellenilýär. Mysal üçin, oba hojalygynda önümçiligi guramagyň ýene-de bir görnüşi çalşykly (smenaly) işdir. Ol dyngysyz işleýän kärhanalarda ulanylýar. Çalşyk baradaky tertip bilen işgärler öňünden tanyşdyrylýar. Işgäri bassyr iki çalşygyň dowamynda işe bellemäge ýol berilmeýär. Çalşyklaryň arasyndaky arakesme azyndan 12 sagatdan az bolmaly däldir.

### §4. Dynç alyş wagty we onuň görnüşleri

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 32-nji maddasyna laýyklykda, zähmetkeşleriň dynç almaga hukugy bardyr. Hakyna durup işleýän adamlar üçin bu hukuk iş hepdesiniň 40 sagatdan köp bolmadyk iş hepdesiniň bellenmegi bilen, birnäçe kärler we önümçilikler üçin gysgaldylan iş güni, gijeki işiň dowamlylygynyň

gysgaldylmagy bilen, her ýylky tölegli zähmet rugsatlarynyň, her hepdede dynç alyş günleriniň berilmegi bilen, şonuň ýaly-da medeni-aň bilim we sagaldyş edaralarynyň ulgamynyň giňeldilmegi, köpçülikleýin sportuň, beden-terbiýäniň we syýahatçylygyň ösdürilmegi bilen ýaşaýan ýerinde dynç almagy üçin amatly mümkinçilikleriň we şertleriň döredilmegi bilen üpjün edilýär. Oňat, ýerlikli dynç almak ýokary öndürijilikli zähmet çekmegiň zerur şertidir.

Iş gününiň dowamynda, ýöne iş wagtynyň hasabyna däl, dynç almak we nahar edinmek üçin işgärlere arakesme berilýär. Ähli işçiler we gullukçylar üçin her hepdede dynç alyş günleri bellenendir. Şeýle-de iki iş günüň arasynda berilýän arakesme, baýramçylyk we hatyra günleri, her ýylda berilýän tölegli zähmet rugsady dynç alyş wagtynyň görnüşleridir.

Umuman, dynç alyş wagty diýip, işgäriň zähmet hakyndaky bitewi kanuna we içerki düzgün-nyzam tertibine laýyklykda, kärhananyň, edaranyň, guramanyň işinden boş wagtyna aýdylýar.

Türkmenistanda milli senenama we hepdenama girizildi. Türkmen halkynyň gadymy däp-dessurlaryndan ugur alnyp milli baýramçylyklar, hatyra güni bellenilýär. Kärhanalarda şu aşakdaky baýramçylyk we hatyra gününde işlenilmeýär: Täze ýyl - 1-nji ýanwar; Hatyra güni – 12-nji ýanwar; Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni –19-njy fewral; Halkara zenanlar güni – 8-nji mart; Milli bahar baýramy – 21-22-nji mart; 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni – 9-njy maý; Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni – 18-nji maý; Milli matam güni – 6-njy oktýabr; Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni – 27-28-nji oktýabr; Türkmenistanyň milli baýramy Bitaraplyk güni – 12-nji dekabr; Gurban baýramy – Gurban baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär; Oraza baýramy – Oraza baýramynyň anyk senesi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.

Dyngysyz işleýän kärhanalarda we iş wagtynyň jemlenen hasaby ýöredilýän ýerlerde baýramçylyk günleri umumy aýlyk iş wagtynyň möçberine hasaplanýar we işlenilýär.

„Türkmenistanyň zähmet kodeksinde“ “Rugsatlar” diýlip atlandyrylan VI bölümiň maddalarynda her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygynyň 30 senenama güni möçberinde bellenmegi , ahli görnüşdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine we ýolbaşçylaryna, şeýle hem maýyplara 45 senanama güni möçberinde, ylmy guramalarda, edaralarda we kärhanalarda wezipeleri eýeleýän ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesi bolan ylmy işgärlere 45 senenama güni möçberinde, ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesi bolanlara 36 senenama güni möçberinde esasy rugsatlaryň hem-de toý dabaralaryny geçirmek üçin maşgalanyň iki baştutany bilen birlikde, nikalaşýanlara hem dowamlylygy 10 senenama güni möçberinde goşmaça rugsatlary bermek hakynda täzelikleriň girizilmegi, esasly sebäpler ýüze çykanda, işgäriň islegine görä ýylyň dowamynda zähmet haky tölenmeýän rugsadyň dowamlylygynyň 10 senenama gününe çenli uzaldylmagy baradaky hukuk kadalary raýatlarda guwanç hem buýsanç duýgusyny artdyrdy. Kodeksiň 98–102 nji maddalaryna laýyklykda, döwletimizde gündizki gaýybana (agşamky we gaýybna görnüşler boýunça ýokary okuw we hünärment mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly rugsatlar, diplom taslamasyny taýýarlamak üçin rugsat, şeýle hem önümçilik ýä-da mugallymçylyk işini ylmy iş bilen üstünlikli utgaşdyran adama degişli ylmy geňeşiň hödürnamasy boýunça iş ýerini we ortaça aýlyk hakyny saklap galmak bilen döredijilik rugsatlaryny bermegiň kadalary bar. Munuň özi döwletimizde ylym, bilim bilen meşgullanýan raýatlary durmuş taýdan goramakda uly goldawdyr.

Dynç almak üçin diňe bir wagtyň bolmagy däl, eýsem şol dynç alyş wagtyny ýerlikli peýdalanmak möhümdir. Dynç almagy başarnykly guramak gerek. Biziň döwletimiz raýatlaryň dynç almagy we hemmetaraplaýyn ösmegi üçin ähli şertleri döredýär. Okuwdan we işden boş wagtyň özi biderek geçirilmeli wagt bolman, eýsem jemgyýetçilik baýlygydyr. Ýitirilen wagty gaýtaryp getirip bolmaýar. Özüňi kadaly durmuş düzgünine, peýdaly işe endik etdirmäge, mekdepden başlap girişmek gerek. Öz wagtyny ýerlikli peýdalanmagy öwrenen adama öz saglygyny saklamak we pugtalandyrmak, öz ukyplaryny ösdürmek, özüniň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak üçin mümkinçilikler çäksizdir.

## §5. Zähmet rugsatlaryny we beýleki rugsatlary bermegiň tertibi

“Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 84-nji maddasyna laýykylykda, rugsatlaryň şu görnüşleri bellenilýär:

1) her ýylky esasy rugsat;

2) goşmaça tölegli rugsat (mundan beýläk goşmaça rugsat);

3) durmuş rugsady;

4) zähmet haky tölenilmeýän rugsat.

*Her ýylky tölegli zähmet rugsatlary* diỳlende, işgärlere belli bir wagt möhletiniň dowamynda berilỳän tölegli dynç alyş günlerine düşünilỳär. Her ýylky esasy rugsat işgäre her ýyl berilmelidir. Her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda iş beriji rugsadyň başlanmagyna azyndan on bäş gün galanda işgäri habarly etmelidir. Işgär ilkinji işläp başlan ýyly üçin esasy rugsady almak hukugyna zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden başlap üznüksiz on bir aý işländen soň eýe bolýar.

Üznüksiz işiň on bir aýy geçmänkä islegine görä rugsat göwreli aýala– göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsadyň öň ýanynda ýa-da onuň yzyndan, maýyplara, önümçiligiň, zähmeti we dolandyryşyň guralyşyny kämilleşdirmek baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmegi sebäpli; işgär sanyny kemeltmek, kärhanany üýtgedip guramak ýa-da ýatyrmak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmegi sebäpli, öňki işleýän ýerinden boşadylan işgärlere, esasy işleýän ýerinde berilýän rugsat bilen bir wagtda, esasy işiniň daşyndan başga işde-de işleýän işgäre berilỳär.

*Goşmaça rugsat* – bu aýratyn häsiýetli iş, işiň aỳratyn hasiỳeti, toý dabaralaryny geçirmek üçin we merhumy jaýlamak üçin, şonuň ỳaly-da 62 ýaşy dolan raýatlara berilýän goşmaça rugsatdyr. Mysal üçin, goşmaça rugsat toý dabaralaryny geçirmek üçin maşgalanyň iki baştutanyna (ogluny öýermek, gyzyny durmuşa çykarmak), şeýle hem nikalaşýan adamlara dowamlylygy on senenama güni, olardan bäş güni toýa çenli berilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary (mundan beýläk RÝNÝ) edarasy tarapyndan berilýän kepilnama toý dabaralaryny geçirmek üçin

goşmaça rugsat bermäge esasdyr. RÝNÝ-nyň edarasy tarapyndan berilýän kepilnamanyň esasynda jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin dowamlylygy on senenama günündäki goşmaça rugsat aradan çykanyň ýakyn hossarlarynyň ikisine berilýär. Ýakyn hossarlar diýlip ata-eneler (olar bolmadyk mahalynda hossarlar we howandarlar), är-aýallar, çagalar, ata we ene tarapyndan baba we mama, agtyklar, süýtdeş doganlar we uýalar, oglunyň gelinleri we giýewler hasap edilýär.

Dowamlylygy üç gün bolan goşmaça rugsat 62 ýaşa ýeten we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, kärhanalarda işleýän Türkmenistanyň raýatlaryna berilýär ýa-da işgäriň 62 ýaşa ýeten iş ýyly üçin her ýylky esasy rugsadyna goşulýar.

*Durmuş rugsatlary* – bu göwreliligi we çaga dogranlygy, şeýle hem çaga seredýänligi üçin, okuw bilen baglanyşykly we döredijilik rugsatlardyr. Mysal üçin, <u>göwreliligi we çaga dogranlygy üçin</u> berilýän rugsat, 112 kalendar gününden az bolmadyk dowamlylykda bolup, iki döwri öz içine alýar: çaga dogmazyndan ozalky we çaga dogandan soňky döwür. Işleýän aýala çaga dogurmazyndan ozal 32 hepdelik göwrelilik döwründe 56 kalendar güni dowamlylykda göwreliligi üçin rugsat berilýär. Çaga dogmaly wagtyndan ir dogulan halatynda, çaga dogmazyndan ozal bellenilen rugsadyň dowamlylygy üýtgedilmeýär. Aýala çaga dogr判andan soň berilýän rugsat hem 56 kalendar güni möçberinde berilýär. Çaganyň dogluşy çylşyrymlaşan ýagdaýda geçen halatynda, aýala çaga dograndan soň berilýän rugsat 16 kalendar gün, iki we şondan-da köp çaga doganda bolsa 40 kalendar gün uzaldylýar. Göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsat işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk resminamasy bilen resmileşdirilýär. Çaga dogmazyndan ozalky döwürde bejeriji lukman göwreliligiň geçişine baglylykda, işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk resminamasyny göwrelilik üçin berilýän rugsadyň doly möhletine ýa-da böleklere bölüp, resmileşdirip berip bilýär. Rugsat üçin berilmeli hak döwlet-durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň hasabyna tölenilýär. Kanuna laýyklykda işleýän aýal maşgala, umumy zähmet çeken döwrüniň (stažynyň) nähilidigine garamazdan, çaga dogranlygy üçin berilýän rugsatdan soň, çagasy üç ýaşyna ýetýänçä, oňa seretmek üçin hak tölenilmeýän rugsat almaga haky bardyr. <u>*Çaga*</u>

seredýänligi üçin berilýän rugsatdan dolulygyna ýa-da bölekleýin peýdalanylyp bilinỳär.

Kanunda anyk görkezilen halatlarda işgär *iş haky tölenilmeỳän rugsatdan* peỳdalanyp bilỳär. Hereket edỳän kanunçylykda, işgäriň öz iş ornuny ỳitirmezden iş haky tölenilmeỳän rugsady almaga hukugynyň ỳüze çykỳan ỳagdaỳlary babatda şu aşakdakylar bellenilỳär. „Esasly sebäpler dörän mahalynda, işgäriň islegine görä on senenama gününe çenli dowamlylykda iş haky tölenilmeýän rugsat berlip bilinỳär. Haçan-da işgäre on senenama gününden artyk rugsat zerur gerek bolan halatynda, oňa şeýle goşmaça günleri her ýylky berilýän esasy rugsadyň ýa-da goşmaça rugsatlaryň hasabyna berlip bilinỳär.

Döwletiň adamlaryň ýaşaýan ýerinde dynç almagy hem-de işden boş wagtyny netijeli peýdalanmagy üçin amatly şertleri döredýändigi hukuk kadalarynda berkidilỳär. Döwlet tarapyndan adamlaryň dynç alyş wagtyny netijeli we paỳhasly ulanmaklary üçin teatrlar, kitaphanalar, muzeỳler, dynç alyş we bejeriş merkezleri, dynç alyş zolaklary döredilỳär. Seỳilgähler açylỳar. Sport bilen meşgullanmak üçin merkezler hem-de stadionlar gurulỳar. Ỳurduň çäginde sporty we syỳahatçylygy ösdürmek babatda ençeme çäreler amala aşyrylỳar. Bu amala aşyrylỳan çäreleriň ählisi hem adamlaryň işden boş wagtlaryny peỳdaly ulanmaklaryny üpjün etmeklige gönükdirilỳär.

## § 6. Aýal-gyzlaryň we ýaşlaryň zähmetini guramagyň aýratynlyklary

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 20-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda erkekler bilen aỳallar deň raỳatlyk hukuklaryna eỳedirler. Zähmet çygrynda bu kadanyň ýerine ýetirilmegi kanunçylykda aýal-gyzlaryň hukuklarynyň kemsidilmegini gadagan edýän kadalaryň toplumy bilen üpjün edilỳär. Hususan-da, işe kabul edilýän mahalynda işgärleriň aýal-erkekligine – jynsyna, milletine, diline, sosial gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, dine garaýşyna, ynamygtykatyna, haýsy jemgyýetçilik birleşigine degişlidigine garap, şeýle hem işgärleriň işewürlik sypatlary bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki ýagdaýlara baglylykda

hukuklarynyň haýsydyr bir göni ýa gytaklaýyn çäklendirilmegine ýa-da olara göni ýa gytaklaýyn artyk hukuk berilmegine ýol berilmeýär. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynda zenanlaryň olaryň fiziki we biologik aýratynlyklary göz öňüne tutulyp, goşmaça ýeňillikler berilýär. Bu hukuk kadasy erkekleriň hem aỳallaryň öz hukuklaryny durmuşa geçirmekde deň şertlerden peỳdalanỳandyklaryny-da göz öňünde tutỳar. Ỳöne bu deňlige dar manyda düşünilmeli däldir. Ynsan nesliniň dowam etmeginde zenanyň orny we adamzat üçin eneligiň ähmiỳeti hemmeler tarapyndan ykrar edilỳär, şonuň üçinem erkeklere garanyňda zenanlar goşmaça hukuk kepilliklerine-de mätäçdirler. Şu nukdaỳnazardan hem döwlet aỳallara goşmaça hukuklaryň we azatlyklaryň uly toplumyny kepillendirỳär we şol hukuklaryň amala aşyrylmagy üçin ähli zerur şertleri üpjün edỳär. Mysal üçin, göwreliligi sebäpli tölegli zähmet rugsadyny bermek, durmuş-üpjünçilik çygryndaky ỳeňillikler we ş.m. Möhüm halkara hukuk namalaryň ençemesiniň gatnaşyjysy bolan Türkmenistanda aỳallaryň deňhukuklylygynyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegine aỳratyn üns berilỳär. 2007-nji ỳylyň 14-nji dekabrynda „Aỳallaryň deňhukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi döwletde aỳallaryň hukuk ỳagdaỳynyň kepilliklerini artdyrýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda ýaşlaryň zähmetini guramagyň aýratynlyklaryny beýan edýän kadalar bar. “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 8-nji bölüminiň 2-nji babynda 250–258-nji maddalarda zähmet baradaky hukuk gatnaşyklarynda 18 ýaşa ýetmedik işgärleriň hukuklary kemala gelenleriň hukuklaryna deňleşdirilýär, zähmeti goramak, iş wagty, rugsatlar barada we beýleki zähmet şertleri barada olar hukuk namalarynda bellenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Mysal üçin, 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň zähmetini agyr işlerde we zähmet şertleri zyýanly we howply bolan işlerde, şonuň ýaly-da ýerasty işlerinde ulanmak gadagan edilýär. Bu adamlaryň özleri üçin bellenilen aňryçäk normalardan artyk agyrlyklary göterip äkitmegi we süýşürip äkitmegi gadagan edilýär. 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň hemmesi deslapky lukmançylyk barlagyndan geçirilenden soň işe kabul edilýär we şondan beýläk tä 18 ýaş dolýança hökmany lukmançylyk

barlagyndan geçip durmalydyr. Kemala gelmedik işgärler her ýylky hökmany lukmançylyk barlagyndan iş wagty geçirilýär we olara ortaça gazanjy tölenilýär. 18 ýaşa ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere hem-de dynç alyş günlerindäki, baýramçylyk günlerindäki we hatyra günlerindäki işlere çekmek gadagan edilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Zähmet şertnamasynyň mazmuny boýunça işgäriň we iş berijiniň hukuklaryny we borçlaryny sanap beriň.
2. Raýat näçe ýaşdan zähmet şertnamasyny baglaşyp bilýär?
3. Işden boşatmaklygyň esaslaryny düşündiriň.
4. Iş wagty barada öz düşünjäňizi beýan ediň.
5. Dynç alyş wagtynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
6. Ýurdumyzdaky baýramçylyk we hatyra günlerini sanap beriň.

## Zähmet-düzgün nyzamy. Zähmeti goramak

### §1. Zähmet düzgün–nyzamyny üpjün etmegiň hukuk serişdeleri

Zähmet düzgün-nyzamy her bir işiň netijeli bolmagy üçin zerurlykdyr. Şonuň üçin “Türkmenistanyň zähmet kodeksinde” zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmaga gönükdirilen kadalara uly orun berilýär. Kodeksiň onunjy bölümi, 160–170-nji maddalar zähmet düzgün-nyzamyna bagyşlanandyr.

Zähmet düzgün-nyzamy diýip, işgäriň we iş berijiniň zähmet hakyndaky umumy kadalary, içerki zähmet-düzgün tertibini, köpçülikleýin baglaşylan şertnamany, zähmet şertnamasyny, wezipe borçlary baradaky düzgünnamany, gündelik iş tabşyryklaryny berjaý etmeklerine aýdylýar. Zähmet gatnaşyklarynyň iki tarapy hem, ýagny iş beriji we işgär kärhananyň görnüşine garamazdan, iş wagtyny ýitgisiz, maksadalaýyk, netijeli guramaly we ulanmaly. Olar zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy üçin ähli çäreleri görmeli. Işgär iş ýerindäki emläklere, enjamlara eýeçilik gözi bilen garamaly, olary aýawly saklamaly. Zähmet düzgün-nyzamynyň berkligi iş berijiniň we işgäriň zähmet gatnaşygyndaky borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmegi bilen baglydyr. Bu borçlary umumylaşdyryp şeýle beýan etmek mümkin.

Işgäriň zähmet borçlaryna zähmeti goramak baradaky bellenen kadalary berjaý etmek; iş berijiniň emlägine zyýan ýetmeginiň öňüni almak; baglaşylan zähmet şertnamasyna laýyklykda, iş berijiniň görkezmelerini we buýruklaryny birkemsiz ýerine ýetirmek; zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga ýardam etmek; öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň, edilýän hyzmatlaryň hili barada bellenen talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmek; iş berijiniň täjirçilik syrlaryny paş etmezlik; öz hünärini ýokarlandyrmak; içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna, zähmet düzgün-nyzamyny kesgitleýän beýleki resminamalara boýun egmek; kanunçylykdan, zähmet şertnamasyndan gelip çykýan beýleki borçlary ýerine ýetirmek girýär.

Iş berijiniň zähmet gatnaşygyndaky borçlaryna işgäriň zähmetini oňat guramak; öndürijilikli zähmet üçin zerur şertleri döretmek; zähmet we önümçilik

düzgün-nyzamyny üpjün etmek; zähmet hakyndaky we zähmeti goramak hakyndaky kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmek; işgäriň zähmetine görä hak tölemek; işgäriň isleg-haýyşlaryna eserdeň garamak; işgäriň zähmet we durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin çäreleri geçirmek degişlidir.

Kärhanalarda içerki tertip-düzgün kadalary her kärhananyň iş, önümçilik aýratynlyklaryndan ugur alnyp işlenip düzülýär.

Demokratik we hukuk döwleti bolan Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanda zerur düzgün-nyzam meýletinlik we düşündiriş usullary arkaly üpjün edilýär. Zähmeti göwnejaý guramakda, öndürijiligi ýokarlandyrmakda, önümiň we hyzmatyň özüne düşýän gymmatyny azaltmakda zähmet düzgün-nyzamynyň ahmiýeti örän uludyr.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde geçirilýän özgertmeleriň çalt depginde amala aşyrylmagy, ilkinji nobatda, hünärmenleriň sowatlylygyna, gözýetiminiň giňligine, işjeňligine, guramaçylyk ukybyna, düzgün-nyzamy berjaý edişine baglydyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda talabalaýyk düzgün-nyzamy üpjün etmek üçin degişli hukuk çäreleri, ýagny höweslendiriş we jogapkärçilik çäreleri bellenendir. Işde gazanylan üstünlikler üçin höweslendirmeler müdirlik tarapyndan kärhananyň, edaranyň, guramanyň kärdeşler arkalaşygy bilen ylalaşyp ulanylýar. Höweslendirmeler kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen yglan edilýär.

Umuman, zähmet düzgün-nyzamy diýlip, köpçülikleýin zähmet çekmäge gatnaşýanlaryň özlerini alyp barmaklary baradaky tertibe aýdylýar. Iş önümçiligine gatnaşýanlaryň hemmesiniň bellenen düzgüni berjaý etmegi, umuman, ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegini üpjün edýär. Zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmakda kärdeşler arkalaşyklarynyň alyp barýan işleriniň uly ähmiýeti bar.

## §2. Zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi

Ýurdumyzda zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmegiň esasy usuly işçileriň, daýhanlaryň, gullukçylaryň aň-düşünjeliligini ýokarlandyrmakdan, watançy, zähmetsöýer, ruhubelent, giň gözýetimli hünärmenleriň zähmet hakyndaky

kanunlary meýletin berjaý etmegini gazanmakdan ybaratdyr. Zähmet düzgün-nyzamy meýletin berjaý edilmedik wagtynda düzgün-nyzam jogapkärçiligi döreýär. Düzgün-nyzam jogapkärçiligi hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleriniň biri bolmak bilen, zähmet hakyndaky kanunlaryň, zähmet şertnamasynyň talaplaryny bozýan işgärlere ulanylyp bilner. Bu usul haçan-da ynandyrmak usuly garaşylýan netijäni bermedik ýagdaýynda ulanylýar. Haçan-da ynandyrmak usuly jogapkärçilige çekmek çäreleri bilen utgaşykly ulanylsa, bu ulanylýan usullar zähmetkeşleriň dykgatyna aç-açanlykda öz wagtynda ýerine ýetirilse, şonda özüniň iň oňat terbiýeçilik netijesini berýär.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda işgärleriň yhlasly işlemegini, zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmegini, iş berijiniň tabşyryklaryny öz wagtynda hem-de takyk ýerine ýetirmegini üpjün etmäge gönükdirilen kadalar bar. Türkmenistanda soňky ýyllarda zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmak barada birnäçe möhüm resminamalar kabul edildi. Şol hukuk namalarda kärhanalarda, edaralarda, guramalarda düşünjeli zähmet düzgün-nyzamynyň üpjün edilmegine gönükdirilen ykdysady, sosial, hukuk çäreleriniň tutuş ulgamy beýan edilýär.

Häzirki wagtda düzgün-nyzamlylyk kärhanalaryň, olaryň ýolbaşçylarynyň işine baha bermegiň esasy görkezijileriniň birine öwrüldi. Düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek üçin hem jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerindäki ýaly şertler, ýagny işgär tarapyndan düzgüni bozujy hereketiň ýa-da hereketsizligiň netijesinde kadaly zähmet gatnaşyklarynyň bozulmagy, zähmet düzgün-nyzamyny bozujy günäli hereket ýa-da hereketsizlik bilen dörän oňaýsyz netijäniň arasynda sebäpli baglanyşyk bolmaly.

Işgär içerki zähmet düzgün-nyzamyny bozan diýlip hasap edilse, onda oňa zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan hukuk çäreleriniň haýsy-da bolsa biri ulanylýar. Diýmek, zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi zähmet kanunçylygynyň, kärhananyň içki düzgün-nyzam kadalarynyň, zähmet şertnamasynyň şertleriniň işgär tarapyndan bozulan ýagdaýynda oňa garşy ulanylýan temmi çäresidir (temmi çäreleriniň görnüşleri we olary ulanmagyň tertibi degişli bölümde beýan ediler).

Zähmet gatnaşyklarynda işçileriň we gullukçylaryň maddy jogapkärçiligi hem bar. Kärhananyň emlägine aýawly garamak we oňa zyýan ýetirmezlik üçin maddy jogapkärçiligiň uly ähmiýeti bar. Zähmet borçlary ýerine ýetirilýän mahaly kärhana ýetirilen zyýany üçin maddy jogapkärçilik işçä, gullukça şol zyýan onuň günäsi boýunça ýetirilen mahalynda ýüklenilýär.

Özüniň möçberi boýunça maddy jogapkärçilik çäklendirilen we doly jogapkärçilige bölünýär. Çäklendirilen maddy jogapkärçilik diýip, işgäriň iş hakynyň belli bir bölegi bilen kesgitlenilýän jogapkärçilige aýdylýar. Doly maddy jogapkärçilik kassir, hojalyk müdiri ýaly işgärlere ulanylýar, sebäbi olar işe kabul edilende, doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylýar.

Zähmet gatnaşyklarynda iki tarapyň hem jogapkärçiligi kanunçylykda bellenendir. Iş beriji işgäriň zähmetini goramak hakynda adamyň saglygyny we işe ukyplylygyny üpjün edýän durmuş-ykdysady, guramaçylyk, tehniki çäreleri geçirmeli. Zähmeti goramak diýmek işçiler we gullukçylar üçin sagdyn, howpsuz iş şertlerini döretmekligi aňladýar. Zähmeti goramak iş berijiniň esasy borçlarynyň biridir.

Hünärmenleriň düzgün-nyzamlylygyny we jogapkärçiligini ýokarlandyrmak jemgyýetçilik ösüşiniň iňňän ýokary wezipeleriniň biridir. Elbetde, beýle diýlende gorky esasynda, adamlary ynama ýugrulmakdan, işjeňlikden mahrum edýän çakdanaşa ätiýaçlylyk we müňkürlik döredýän gazaply dolandyryş usullary esasynda gurlan düzgün-nyzamlylyk göz öňünde tutulmaýar.

### §3. Zähmet düzgün-nyzam temmileriniň görnüşleri we olary ulanmagyň tertibi

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy işde gazanylan üstünlikler üçin höweslendirmeleri ulanmagy göz öňünde tutýar (zähmet kodeksiiň 163-nji maddasy). Sylaglar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesine girizilýär.

Zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmek üçin diňe höweslendirmeler däl, eýsem kanunçylykda jogapkärçilik çäreleri hem bellenendir. Zähmet düzgün-

nyzamynyň bozulmagy üçin “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” 164-nji maddasyna laýyklykda, şu düzgün-nyzam temmileri ulanylýar:

1) duýduryş
2) käýinç
3) berk käýinç
4) işden çykarmak.

Bu sanaw gutarnykly däl, sebäbi Türkmenistanyň ýörite hukuk-namalarynda ýa-da aýry-aýry işgärler üçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda, edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr. Düzgün-nyzam temmisini şol işgäri işe kabul etmek hukugy bar bolan wezipeli adam tarapyndan ulanylyp bilner. Diňe zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan temmi çäresi berlip bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanylmazyndan öň işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilip alynmalydyr. Eger düzgün bozujy düşündiriş bermekden boýun gaçyrsa, kärdeşler arkalaşygynyň wekiliniň gatnaşmagynda üç adamdan ybarat topar düzülip, topar tarapyndan düşündiriş bermekden boýun gaçyrylandygy hakynda beýanat düzülýär. Ol beýanat düşündirişiň deregini tutýar.

Özi-de etmiş ýüze çykarylan dessine, ýöne etmişiň ýüze çykarylan gününden beýläk bir aýdan gijä goýman jogapkärçilik çäresi ulanylmaly. Bir aýyň dowamynda jogapkärçilik çäresi ulanylmasa, soňra şol etmişi üçin jogapkärçilige çekip bolmaýar. Her bir etmiş üçin diňe ýekeje düzgün-nyzam temmisi ulanylyp bilner. Zähmet kodeksiniň 167-nji maddasyna laýyklykda, eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanylýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýar. Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa,bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini

aýyrmaga haklydyr.

Düzgün-nyzam temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda şol işgär barasynda höweslendiriş çäresi ulanylmaýar. Temmi berlende aç-açanlyk ýörelgesinden ugur alynmalydyr, ýagny berlen temmi zähmetkeşlerň arasynda yglan edilip, bu baradaky buýrugyň göçürmesi bildirişler asylýan tagtada asylmalydyr. Temmi çäresi hökmany suratda ýazmaça berlen buýruk bilen resmileşdirilmeli. Söz üsti bilen berlen temmi hasaba alynmaýar we onuň hiç hili hukuk güýji bolmaýar. Temmi berlendigi baradaky buýruk çykarylandan soň, üç günüň içinde ol temmi çäresi barada işgäre gol çekdirilip habarly edilmelidir.

## §4. Türkmenistanyň zähmeti goramak hakyndaky kanunçylygy

Zähmeti goramak munuň özi hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigiýeniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, ol adamyň zähmetiniň prosesinde onuň howpsuzlygy, saglygyny goramagy we işe ukyplylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin zähmeti goramagyň kadalary zähmet hakyndaky kanunçylygyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Iş berijini işgärler üçin sagdyn we howpsuz zähmet şertlerini döretmäge, zähmeti goramak baradaky talaplary berjaý edilmegini üpjün edýän iňňän täze serişdeleri we tehnologiýalary ornaşdyrmaga borçlandyrýan kadalar “Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň” on birinji bölüminde, 171–205-nji maddalarda beýan edilendir.

Kodeksiň 172-nji maddasynda zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary görkezilen: 1) işgärleriň ömrüni we saglygyny goramagyň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekden; 2) zähmeti goramak boýunça Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmegiň maksadalaýyk maksatnamalaryny kabul etmekden we durmuşa geçirmekden; 3) zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyndan; 4) zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegiň döwlet gözegçilik barlagyndan we gözegçiliginden;5) howply bolan işlere ygtyýarlylandyrmakdan, önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň)

güwälendirilmeginden; 6) zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi üçin jemgyýetçilik gözegçiligi boýunça kärdeşler arkalaşyklary edaralaryna ýardam etmekden; 7) önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaýlaryň we hünär keselleriniň derňewinden we hasabatyndan; 8) önümçilikde bolan heläkçilikli ýagdaýlardan we hünär keselleri sebäpli zyýan çeken işgärleriň, şeýle hem olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan; 9) zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan iş üçin öwezini dolmalary bellemekden; 10) zähmeti goramak babatda işi, daşky gurşawy gorap saklamak işini we ykdysady hem-de durmuş işiniň beýleki görnüşlerini utgaşdyrmakdan; 11) zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmek boýunça öňdebaryjy milli we daşary ýurt iş tejribesini ýaýratmakdan; 12) zähmeti goramagyň çygrynda ony ylmy taýdan guramakdan, täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmakdan, rasionalizatorlyk we oýlap tapyjylyk işini höweslendirmekden; 13) zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagyndan; 14) zähmeti goramak boýunça hünärmenleri taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan; 15) zähmet şertleri hakynda, şeýle hem önümçilik şikesi, hünär keseli hakynda we olaryň maddy netijeleri barada döwlet statistik hasabaty guramakdan; 16) zähmeti goramagyň bitewi habar beriş ulgamyny ösdürmekden we onuň işlemegini üpjün etmekden; 17) zähmeti goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygyndan; 18) zähmetiň howpsuz şertlerini höweslendirýän, tehniki howpsuzlygy we tehnologiýany işläp düzmegi we ornaşdyrmagy, işgärleriň hususy we köpçülikleýin goranyş serişdeleriniň önümçiligini ýola goýmagy höweslendirýän netijeli döwlet salgyt syýasatynyň geçirilmeginden; 19) işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şeýle hem sanitariýa-durmuş jaýlary we enjamlary, bejeriş-öňüni alyş serişdeleri bilen iş berijileriň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmegiň tertibini bellemekden.

Döwlet syýasatynyň şu esasy ugurlaryny durmuşa geçirmek, zähmetiň goraglylygyny üpjün etmek üçin her kärhananyň ýolbaşçysyndan, tehniki howpsuzlyk inženerinden başlap, kärdeşler arkalaşyklarynyň, sanitariýa we tehniki gözegçilik gulluklarynyň işi ýola goýlan. Zähmeti goramagyň talaplary kärhananyň

çäkleriniň we önümçilik jaýlarynyň maksadalaýyk peýdalanylmagyny, enjamlaryň dogry ulanylmagyny we tehnologik talaplaryň berjaý edilmegini, işleýän adamlaryň, umuman, ilatyň janyna, saglygyna zyýanly täsirlerden goralmagyny öz içine alýar. Mysal üçin, azyk senagat kärhanalarynyň, jemgyýetçilik iýmiti we söwda kärhanalarynyň, suw desgalarynyň, kesel bejeriş-öňüni alyş we çagalar edaralarynyň işgärleri ilatyň saglygyny goramak maksady bilen işe alynmazdan öň we işleýän döwründe hem yzygiderli lukmançylyk barlagyndan geçirilýär.

Zähmeti goramakda hukuk taýdan hökmany çäreleri durmuşa geçirmek oňyn netije berýär. Bu babatda işçileriň öz işleýän maşynlarynyň enjamlaryny öwrenmäge uly üns berilmelidir. Şu maksat bilen kärhanalarda ýörite hünär we hünäri kämilleşdiriş okuwlary guralýar. Olary tamamlan işgärlere degişli şahadatnamalar berilýär. Şunuň bilen birlikde zähmet hakyndaky kanunçylyga laýyklykda, howpsuzlyk tehnikasy, önümçilik sanitariýasy, ýangyndan goralyş çäreleri bilen we zähmeti goramaga degişli kadalar bilen işçileri, gullukçylary tanyşdyrmak kärhananyň müdiriýetiniň borjudyr. Tanyşdyryş-gözükdiriş işleri birnäçe görnüşde geçirilýär. Giriş gözükdirmesi işe kabul edilýän ähli işgärler bilen müdirligiň we kärdeşler arkalaşygynyň ylalaşyp tassyklan maksatnamasy boýunça geçirilýär. Iş ýerinde ilkinji gözükdiriş işe kabul edilen her bir işgär bilen iş ornunda aýratynlykda geçirilýär. Iş üstünde maşynlarda, enjamlarda işlemegiň usullary görkezilýär. Gaýtalanyp geçirilýän gözükdirme ähli işgärler bilen azyndan 6 aýdan bir gezek geçirilýär. Gözükdirmäniň bu görnüşini geçirmek bilen işgärleriň zähmeti goramak baradaky bilimleri barlanýar, gerek bolsa täzeden öwredilýär. Umuman, her bir işgär öz zähmetini howpsuz guramagyň usullaryny doly özleşdirmeli. Käbir işleriň howplulygyndan, aýratynlygyndan ugur alnyp, zerurlyk bolsa, gündelik işiň öň ýanyndaky gözükdirmäni hem geçirmek mümkin. Goranyş serişdelerinden peýdalanmagy başarmak işçileriň, gullukçylaryň wezipe borjudyr. Şonuň bilen birlikde kärhananyň müdirligi işgärleriň goranyş serişdelerinden peýdalanyşyna gözegçilik etmäge borçludyr. Eger-de işiň häsiýeti talap edýän bolsa, ýörite iş geýimsiz işgär işe goýberilmeli däldir.

## §5. Türkmenistanda zähmet jedellerini seljermegiň tertibi

Zähmet hakyndaky kanunlar amala aşyrylanda ýa-da işçileriň, gullukçylaryň iş şertleri bellenende iş beriji bilen işgäriň arasynda döreýän, taraplaryň arasyndaky gepleşiklerde çözülip bilinmedik ylalaşyksyzlyga zähmet jedelleri diýilýär. Adatça, zähmet gatnaşyklarynda döreýän soraglar işgär bilen iş berijiniň arasynda gepleşikler geçirmek, özara pikir alyşmak, maslahatlaşmak, birek-birege düşünişmek arkaly çözülmelidir. Eger-de ylalaşyksyzlyk şu agzalan çäreler arkaly çözülip bilinmese, onda gyzyklanýan tarap zähmet jedellerine seredýän gurama ýüz tutýar.

„Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň“ 168-nji maddasyna laýyklykda, zähmet jedellerine:

1) zähmet jedelleri baradaky toparlar;

2) kärhanalaryň we olaryň bölümleriniň kärdeşler arkalaşygy edaralary;

3) kazyýetler tarapyndan garalýandygy bellenen.

Şol maddanyň 2-nji bendine laýyklykda, işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmet jedellerine ýokarda durýan edaralar tarapyndan garalýar.

Işgäre täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedelleri iş beriji tarapyndan hem-de degişli kärdeşler arkalaşygy edarasy tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çözülýär.

Zähmet jedellerine garamagyň tertibi, zähmet kodeksiniň hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär, zähmet jedelleri baradaky işlere kazyýetleriň garamagynyň tertibi bolsa “Türkmenistanyň raýat iş ýörediş bitewi kanuny” arkaly kesgitlenilýär.

Tejribeden görnüşi ýaly, hukuk maslahatçysynyň, hukuk gullugynyň işi oňat guralan kärhanalarda, edaralarda, guramalarda zähmet jedelleri az döreýär.

Zähmet jedellerine garaýan guramalar barada şulary bellemek mümkin. Zähmet jedelleri baradaky topar, kärhananyň müdirligi bilen işçileriň, gullukçylaryň özara ylalaşyp, bilelikde döreden bitarap toparydyr. Şunlukda zähmet jedellerine garamakda topar birinji gurama bolup hyzmat edýän bolsa, kärdeşler arkalaşygynyň edaralary bu barada ikinji guramadyr, çünki ol diňe zähmet jedelleri baradaky

toparda garalan jedellere seredýär. Kada boýunça işgär öz hukugynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap, üç aý möhletde zähmet jedelleri baradaky topara ýüz tutup bilýär. Zähmet jedelleri baradaky topar emele gelýän jedelleriň aglaba köpüsine kärhananyň, edaranyň, guramanyň özünde garamak üçin döredilýär.

Müdirlik zähmet jedelleri boýunça toparyň işiniň oňat guralmagyny üpjün etmäge borçludyr. Zähmet jedelleri boýunça topara gelýän arzalary kärdeşler arkalaşygynyň guramasy, eger ol ýok bolsa, kärdeşler arkalaşygynyň guramaçysy kabul edýär. Topar zähmet jedellerine arzanyň berlen gününden beýläk 10 gün möhlet içinde garamalydyr. Zähmet jedeline garamak baradaky iş ýa-ha işden soň, ýa-da bolmasa iki çalyşmanyň aralygynda guralmalydyr. Zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň azyndan ikisi gatnaşýan bolsa, ol ygtyýarly hasap edilýär.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary zähmet jedelleri baradaky topardan soň zähmet jedellerine garaýan ikinji guramadyr. Ol öz düzüminiň ýarsyndan az bolmadyk agzalaryň gatnaşmagynda zähmet jedelleri baradaky arzalara we şikaýatlara garamaga hukuklydyr. Kanun boýunça zähmet jedeline garamak üçin kärdeşler arkalaşygyna 10 gün möhlet berilýär. Şu möhletde arza ýa-da şikaýat bilen ýüz tutan işgär kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň maslahatyna çagyrylýar we jedeliň garaljak ýeri, güni we wagty barada bildiriş asylýar. Kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň kararynyň göçürmesi 3 gün möhlet içinde işgäre we kärhananyň müdirligine gowşurylýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Zähmet düzgün-nyzamy nähili çäreler bilen üpjün edilýär?
2. Işe höweslendiriş çäreleri barada näme bilýärsiňiz?
3. Düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň ähmiýetini düşündiriň!
4. Zähmet düzgün-nyzamynyň bozulandygy üçin nähili temmi çäreleri berlip bilner?
5. Düzgün-nyzam temmileriniň ulanylyşynyň tertibini düşündiriň!
6. Zähmeti goramak diýmek näme?

7. Zähmeti goramaga degişli haýsy hukuknamalary bilýärsiňiz?
8. Azyk senagaty kärhanasynyň mysalynda zähmeti goraýyş çäreleriniň mazmunyny düşündiriň!
9. Zähmet jedelleri nähili tertipde we haýsy edaralar tarapyndan çözülýär?

# IV bap. Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň esaslary

## Türkmenistanyň raýat kanunçylygy

### § 1. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň raýat hukugy we ykdysady kanunçylygyň kämilleşdirilişi

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ykdysady kanunçylygy kämilleşdirmäge uly üns berilýär, sebäbi geçirilýän ykdysady özgertmeleriň netijeli bolmagy üçin berk hukuk binýady gerek. Bu işler möçberi, çuňlugy we sosial ähmiýeti boýunça jemgyýetimiziň ösmegine bahasyna ýetip bolmajak goşant goşýar. Kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, kanunyň jemgyýetçilik durmuşynda ileri tutulmagy Türkmenistanyň Prezidentiniň "Döwlet adam üçindir" diýen şygarynyň amala aşyrylmagyny aňladýar. Bu ugruň aýratynlygy kanunylygy we hukuk tertibini pugtalandyrmak meselesiniň, döwletiň bütin hukuk syýasatynda bolşy ýaly, berk ylmy esasda amala aşyrylýanlygyndadyr. Konstitusiýamyzyň oňa jemgyýetçilik ösüşiniň hakykatlaryny we strategik maksatlaryny hasaba almak zerurlygy bilen şertlendirilen üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek arkaly kämilleşdirilmegi döwlet häkimiýet we dolandyryş, ykdysady özgertmeleri amala aşyryş ulgamyny mundan beýlägem pugtalandyrmak boýunça möhüm çäre boldy.

Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň Esasy Kanunynyň täze redaksiýasyny taýýarlamak boýunça edilen köp taraplaýyn işiň jemlerine, onuň döwrüň talaplaryna we geljek üçin bellenen ileri tutulýan wezipelerine laýyk getirilişine seljerme berdi. Täzelenen Konstitusiýanyň kanunçlyk düzgünleri döwletimize ykdysadyýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda dünýä möçberinde öňdäki orunlara tarap ösmäge, bäş müňýyllyk taryhy, özboluşly medeniýeti, gazanan gowy üstünlikleri bar bolup, umumadamzat

siwilizasiýasyna altyn harplar bilen ýazylan türkmen halkyna bolsa dünýä jemgyýetçiliginde mynasyp orun eýelemäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen täze redaksiýasy bilen tanyş bolanymyzda Esasy Kanunymyzyň ykdysadyýeti kadalaşdyrmaga gönükdirilen täze maddalar bilen baýlaşandygyny görmek bolýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasynda "Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär" diýip bellenen. Bu maddada berkidilýän, *ykdysadyýet* diýlende, ilkinji nobatda, ynsanlaryň öz zähmetlerini hem-de akyl-paýhaslaryny ulanyp, özleri üçin zerur bolan eşretleri, şertleri we ýaşaýyş serişdelerini döretmeklerine, şonuň netijesinde-de özleriniň kadaly, rahat ýaşaýşyny üpjün etmek we ähli maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýan serişdeleriniň, desgalarynyň, yzygiderli amallarynyň (*prosesleriniň*) jemine düşünilýär. Ykdysadyýetiň kadaly ösmegi bu döwletiň kuwwatly bolmagynyň iň esasy hem iň zerur şertidir. Sebäbi ykdysadyýetiň kömegi bilen döwlet özüniň ähli maddy baýlyklaryny edinýär, toplaýar, artdyrýar. Şonuň netijesinde-de döwlet jemgyýet tarapyndan özüniň döredilmeginiň iň esasy we iň möhüm maksadyny durmuşa geçirip, jemgyýetiň maddy hem ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine eýe bolýar. Ykdysadyýetiň diňe maddy zerurlyklary kanagatlandyrmakda däl-de, eýsem ruhy zerurlyklary kanagatlandyrmakda hem kesgitleýji ähmiýetiniň barlygy bolsa köp halatda ruhy isleglериniň kanagatlandyrylmagy üçin zerur bolan serişdeleriň hem maddy mümkinçilikleriň kömegi bilen amala aşyrylýanlygyndadyr. Mysal üçin, jemgyýetiň medeni ösüşini tizleşdirmegiň baş şerti bolan döwlet saglygy saklaýyş ulgamyny, bilim ulgamyny, medeni ulgamy kämilleşdirmek ilkinji nobatda ol ulgamlaryň maddy-tehniki üpjünçiligini artdyrmakdan we döwlet tarapyndan şol ulgamlary kämilleşdirmeklige goşmaça serişdeleriň goýberilmeginden başlanýandygy öz-özünden düşnüklidir. Şu nukdaýnazardan ugur alnanda ruhy-medeni ösüşiň hem köp derejede maddy

üpjünçilige baglydygy hakynda netijä gelmek bolỳar. Maddy üpjünçilik bolsa diňe ykdysadyỳetiň kadaly hem kämil hereket etmeginiň netijesinde döreỳär.

*Bazar ykdysadyỳetini* bazar gatnaşyklarynyň ulgamy emele getirỳär. Bazar gatnaşyklarynyň ulgamy diýlende bolsa, ilkinji nobatda, hususy eýeçilik hukugynyň hakyky hukuk manysynda ulanylmagyna, hususy hojalyk inisiatiwasyna (ýagny önümleri öndürmekde, belli bir hyzmatlary etmekde hojalyk dolandyryşy we guramaçylyk serenjam beriş işi amala aşyrylanda telekeçiniň diňe öz erkine we kanuna esaslanmagy) hem-de serişdeleriň paýlanyşygynyň bazar gatnaşyklary nukdaýnazaryndan guralmagyna düşünilýär. Şeýle erkin telekeçiligiň, eỳeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmagy, bahalaryň erkin hereket etmegi, şertnamanyň erkinligi we hojalyk işini alyp baryjylaryň arasyndaky ähli gatnaşyklaryň diňe şertnamalaỳyn esasda guralmagy, bazar gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň işine döwletiň gatyşmagynyň çäklendirilmegi, taraplaryň deňligi ỳaly ỳörelgeler hem bazar gatnaşyklarynyň esasy ỳörelgeleri hökmünde çykyş edỳärler. Bazar ykdysadyýetinde jemgyýet üçin derwaýys bolan maddy eşretler, maýa goýum bazary, zähmet bazary, adamlar tarapyndan hemişe ulanylýan hyzmatlar we harytlar bazary ýaly bazarlaryň ulgamynda döredilýärler, şol bazarlaryň her birinde hem belli bir görnüşli maddy eşretler we baýlyklar öndürilýär, satylýar we satyn alynýar.

Bazar ol ýa-da beýleki bir hojalyk başlangyjynyň (inisiatiwasynyň) netijeliligini, emläk gymmatlyklarynyň eýelerine getirýän girdejileriniň möçberini kesgitleýär, şeýle hem möçberi az bolan baýlyklary has netijeli ugurlarda ulanmak üçin paýlamagyň çäklerini hem belleýär. Bazar gatnaşyklary ulgamynda her bir adamyň emläk ýagdaýy, onuň özüniň eýelik edýän harydyny, işçi güýjüni, hünär ukyplaryny, öndüren önümini, täjirçilik geleşiklerini baglaşmakdaky zehinini we ş.m. neneňsi derejede şowly satyp biljekdigine bagly bolup durýar. Bazar ykdysadyýetinde kim alyja has bähbitli şertler bilen has oňat harydy hödürlese, şol hem özüniň maddy hal-ýagdaýynyň has ýokarlanmagyna ýol açýar.

Bazar mehanizminiň esasy artykmaçlygy her bir satyjyny alyjynyň bähbitleri barada pikirlenmäge mejbur edýär, sebäbi alyjylaryň bähbitlerinden ugur almak bilen, satyjy özi üçin bähbitli maksatlarynyň amala aşmagyny gazanýar. Ýöne bazar

gatnaşyklarynda alyjy hem satyjynyň bähbitlerinden ugur almalydyr, ýagny alyjy özüniň isleýän harydyny diňe şol wagt bazarda harydyň onuň satyn almak isleýän görnüşi üçin emele gelen bahasyny tölemek arkaly edinip bilýär. Ine, şeýle hadysa hem “bähbitleriň utgaşmagy” diýen adalga bilen aňladylýar.

Bazar ykdysadyýetindäki bäsdeşlik prosesiniň netijesinde emele gelýän bahalar hem ähli satyjylar we alyjylar üçin harytlaryň hem-de olara bolan islegiň özara gatnaşygy baradaky maglumatyň baş çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bäsdeşlik esasynda gurnalan bazarlar, çäkli önümçilik baýlyklarynyň we şolaryň kömegi bilen döredilen eşretleriň paýlanyşygyny amala aşyrmagyň adamzada mälim bolan iň netijeli usuly bolup durýandyr. Bäsdeşligiň esasy artykmaçlygy hem diňe hili boýunça has oňat we olary öndürmeklige çykarylýan çykdajysy az bolan harytlary öndürmek arkaly bäsdeşlikde üstün çykyp bolýanlygyndadyr.

Türkmenistanda telekeçilik gatnaşyklary 1993-nji ỳylyň 1-nji oktỳabrynda rejelenen görnüşde kabul edilen “Telekeçilik işi hakynda” Türkmenistanyň kanuny, 1998-nji ỳylyň 17-nji iỳulynda kabul edilen „Türkmenistanyň raỳat kodeksi“ we beỳleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilỳär. *Telekeçilik işi* (biznes) diýip, fiziki şahslaryň ýuridik şahs döretmezden ýa-da ýuridik şahs döretmek arkaly, peýda ýa-da şahsy girdeji almak maksatlaryndan ugur alyp, öz adyndan öz töwekgelçiligi we emläk jogapkärçiligi ýa-da başga biriniň adyndan başga biriniň emläk jogapkärçiligi astynda amala aşyrýan we kanunda bellenen tertipde telekeçi hökmünde hasaba alnan pursadyndan başlap, hojalyk işiniň kanun tarapyndan gadagan edilmedik islendik görnüşleri bilen meşgullanmak mümkinçiligi bolan, inisiatiwaly (ýagny öz erk-islegi bilen başlanýan we dowam edýän) özbaşdak işine aýdylýar.

Dünýäniň ähli ýurtlarynda telekeçilik ulgamynyň ykdysadyýetiň möhüm bölegi we döwleti durnukly we yzygiderli ösdürmegiň özboluşly tebigy şerti bolup durýar. Şonuň ỳaly-da ösen telekeçiligiň bolmagy ilatyň iş bilen üpjün edilişine, onuň girdejisiniň ösüşine, netijede bolsa, islendik ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň görkezijisi hasaplanylýan orta gatlak diýilýäniň ösmegine we giňelmegine giň mümkinçilik açýar. Şu görkezilen oňyn netijelere ỳetmek maksady bilen

Türkmenistanda döwlet telekeçiligi höweslendirỳär we goldaỳar, şeỳle hem döwlet telekeçiligiň iň möhüm hem-de giň ỳaỳran görnüşleri bolan kiçi we orta işewürligiň ösmegine ỳardam berỳär. Hut şu ỳörelgeler hem kanunçylykda hukuk taýdan berkidilýär. Şunda kukuklaryň we borçlaryň, jemgyýetiň we şahsyýetiň özara jogapkärçiliginiň bu organiki bitewüligi Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň iňňän möhüm ýörelgeleriniň biridir.

### § 2. Türkmenistanyň raýat hukugynyň esasy düşünjeleri

Raýat hukugy taraplary deňhukukly, aýrybaşga emläkli, biri-birine tabynlykda durmaýan haryt-pul, emläkleýin gatnaşyklary we emläkleýin däl şahsy gatnaşyklary öwrenýän hukuk pudagydyr.

Bazar gatnaşyklary usulyndaky önümçilik jemgyýetde dürli görnüşli eýeçiligi, ýagny hususyýetçileri we telekeçileri döretdi.

„Bazar ykdysadyýetine geçilende, jemgyýetiň ykdysadyýetdäki eýeçilige laýyklykda gatlaklara bölünmegi gutulgysyz bolup geçýär. Şeýle ýagdaýda jemgyýetiň bitewüligini üpjün etmek maksady bilen, erkin bazary ösdürmek esasy maksat däl-de, eýsem ol zähmete ukyply ilatyň başlangyçlarynyň we döredijilik hyjuwlarynyň ýüze çykarylmagyna we ösdürilmegine gönükdirilmelidir“ diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň konstitusion toparynyň mejlisinde eden çykyşynda adalatly belläp geçdi. Şu nukdaýnazardan synlanyňda, raýat hukugy bazar gatnaşyklaryny degişli hukuk serişdeleri bilen üpjün edýär.

Raýat hukugy haryt-pul gatnaşyklaryny, oňa gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny, eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslaryny we şol hukuklary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär, şertnamalaýyn we gaýry borçnamalary, şonuň ýaly-da beýleki emläk gatnaşyklaryny, şolar bilen baglanyşykly emläkleýin däl şahsy gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlary hem-de beýleki hukuk namalary öwrenýär. Şol kanunlara, hukuk namalara raýat hukugynyň çeşmeleri diýilýär. Raýat hukugynyň çeşmeleri köpsanlydyr we köpdürlüdir, şonuň üçin olaryň käbirlerini

mysal getirmek bilen çäklense bolar. Mysal üçin, “Türkmenistanyň raýat bitewi kanuny”, Türkmenistanyň söwda hakyndaky, kärhanalar hakyndaky, eýeçilik hakyndaky, paýdarlar jemgyýeti hakyndaky we beýleki kanunlary.

Bu kanunlarda zatlar, pul, gymmatly kagyzlar, başga emläk, şol sanda emläk hukuklary, oýlap tapmalar, senagat nusgalary, ylmyň, edebiýatyň we sungatyň eserleri, döredijilik işiniň beýleki netijeleri (Mysal üçin, EHM üçin maksatnamalar we ş.m.), şeýle hem beýleki maddy we maddy däl abadançylyklara eýelik etmek we olar bilen baglanşykly beýleki gatnaşyklar baradaky kadalar bar.

Raýatlar we hukuk şahslar özlerine degişli hukuklara, şol sanda olary goramak hukugyna öz islegi boýunça eýeçilik edýärler. Raýat hukuklarynyň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we olaryň kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozmaly däldir.

Diýmek, raýat hukugy, esasan, ykdysady emläk gatnaşyklaryny we onuň bilen baglanyşykly emläkleýin däl şahsy gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuknamalaryň toplumydyr. Şonuň üçin Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda raýat hukugynyň ähmiýeti has-da artýar. Raýat hukugynyň esasy düşünjelerini bilmek bazar ykdysadyýeti şertlerinde telekeçiler üçin hem, döwlet gullukçylary üçin hem, umuman, ähli raýatlar üçin möhümdir. Türkmenistanda hususy eýeçilik we telekeçilik işi ykrar edilýär. Degişlilikde, fiziki we ýuridik şahslaryň emläkleýin we emläkleýin däl hukuklarynyň goraglylygy ýokarlanýar.

Häzirki bazar gatnaşyklary döwründe haryt-pul gatnaşyklarynyň, şertnama baglaşmagyň erkinligi, sagdyn bäsdeşlik esasynda täjirçilik işlerini alyp barmaga mümkinçilik berýär. Raýat hukugynyň ykdysadyýet üçin ähmiýeti Türkmenistanyň kanunçylygynyň köp böleginiň ykdysadyýeti kadalaşdyryjy hukuk namalardygy bilen hem tassyklaýar. Elbetde, emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kadalar hukugyň beýleki pudaklarynda-da bar. Mysal üçin, zähmet, dolandyryş hukuklarynda, ýöne olardaky emläk gatnaşyklary tabynlyk häsiýetlidir. Raýat hukugynyň emläk gatnaşyklary bolsa deňhukukly taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar bolup, esasan, tölegli häsiýetlidir. Bu aýratynlyk bazar ykdysadyýetiniň talaplaryndan gelip çykýar.

Şeýlelikde, raýat hukugy hukugyň pudagydyr, haryt-pul we beýleki emläk gatnaşyklary, şeýle hem käbir emläk däl gatnaşyklary onuň kadalary bilen düzgünleşdirilýär, olara raýatlar, edil şonuň ýaly-da kärhanalar, guramalar (hukuk şahslar) şu gatnaşyklara gatnaşyjylaryň hukuk taýdan deňligi, ykdysady taýdan erkinligi ýörelgeleri esasynda gatnaşýarlar.

## § 3. Raýat hukugy we raýat kanunçylygy

Kanunlarymyzda döwletimiziň durmuşyň esasy meseleleri baradaky syýasaty beýan edilýär we Türkmenistanyň hukuk we demokratik häsiýeti ýüze çykýar. Hukuk –munuň özi özüňi alyp barmagyň döwlet tarapyndan bellenen we goralýan hem-de raýatlaryň erk-islegini aňladýan, umumy hökmany kadalaryň ulgamydyr. Hukuk kadalary hukuk namalarda beýan edilýär. Hukuk nama diýmek – ygtyýarly döwlet guramasy tarapyndan kabul edilen hemmelere hökman bolan häsiýetli görkezmeleri özünde saklaýan, hukuklary we borçlary döredýän üýtgedýän ýa-da bes edýän resminamadyr. Hukuk namalaryň hemmesi, ýagny kanunlar we beýleki hukuk namalar Türkmenistanyň Esasy Kanunyna esaslanýar. Raýat kanunçylygy hem Konstitusiýa esasynda birnäçe kanunlaryň we beýleki hukuk namalaryň kabul edilmegi bilen kämilleşýär. Ykdysady, emläkleýin gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk namalara raýat hukugynyň çeşmeleri diýilýär. Olar köpsanly we köpdürlüdir, ýöne esasy çeşme "Türkmenistanyň raýat kodeksidir". Ol 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edildi we 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan güýje girizildi.

Raýat kodeksiniň kabul edimegi we güýje girizilmegi kanunçylygy mundan beýläk-de ösdürmegiň esasyny düzýär. Bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmeginde we ösmeginde raýat kodeksiniň kadalarynyň möhüm ähmiýeti bar. Onuň esasy ugurlaryny 1-nji maddada beýan edilen ýörelgelerinde hem görmek bolýar.

Raýat kodeksiniň ýörelgeleri (başlangyçlary) şulardan ybarat: raýat kanunlary özüne düzgünleşdirmäge degişli bolan gatnaşyklara gatnaşyjylaryň deňligini, eýeçiligiň eldegrilmesizligini, şertnamanyň erkinligini, kim-de bolsa biriniň hususy işlere esassyz gatyşmagyna ýol berilmesizdigini, raýat hukuklaryny päsgelçiliksiz

amala aşyrmagyň, bozulan hukuklaryň dikeldilmegini üpjün etmegiň, şol hukuklary kazyýetiň üsti bilen goramagyň zerurdygyny ykrar etmäge esaslanýar.

"Türkmenistanyň raýat kodeksine", umuman, nähili häsiýetnama berse bolar? Bu sowala şeýle jogap bermek bolar. Bu kanun ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdrimekde dünýäde gazanylan öňdebaryjy tejribeleri göz öňünde tutýar, türkmen halkynyň däp-dessurlaryndan ugur alýar. Soňky ýyllarda bu kodeksiň esasynda birnäçe täze kanunlar kabul edildi. Mysal üçin, "Türkmenistanyň Söwda hakyndaky kanuny", "Täjirçilik syry hakyndaky kanuny", "Kärhanalar hakyndaky kanuny", "Daýhan hojalygy hakyndaky kanuny", "Daýhan birleşigi hakyndaky kanuny" we başgalar.

Kanunçylygyň esasy wezipesi ýurtda düzgün-tertibi üpjün etmek, adam azatlyklaryny we hukuklaryny goramakdyr. Raýat kodeksiniň mazmuny bilen tanşanyňda, bu ýörelgeleri görmek bolýar. Kodeks 1318 maddany birikdirýän 5 bölekden ybaratdyr. Birinji bölek umumy düzgünleri (1-165-nji maddalar) özünde jemleýär. Onda bitewi kanunyň haýsy gatnaşyklary düzgünleşdirýändigi, raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň esaslary raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan şahslaryň hukuk ýagdaýy görkezilýär. Şeýle hem bu bölekde geleşikler hakyndaky, olary baglaşmagyň görnüşi we tertibi, wekilçilik we ynanç haty, olary hasaplamagyň tertibi we möhleti, hak isleýiş wagtynyň möhletleri hakyndaky maddalar ýerleşdirilendir.

Ikinji bölek (166–329-njy maddalar) zat (emläk) hukugynyň emläge eýelik etmäge, eýeçilik, eýeçilik hukugynyň mazmunyna, girew, jemagat reýestri meselelerine bagyşlanandyr. Bu bölekde şeýle täze ýörelgeler üns berilmäge mynasypdyr: şahsy eýeçiligiň giňden açylyp görkezilmegi, eýäniň ygtyýarlyklarynyň mazmuny babatda-da, sanawy babatda-da çäkleriň giňeldilmegi. Hukuk nama döretmek tejribesinde goňşy hukugy bilen baglanşykly bölüm täzelikdir. Üçünji bölek (330–1051-nji maddalar, ol hem umumy we aýratyn düzgünlere bölünýär) borçnamalaýyn hukugy kadalaşdyrýar we özünde şertnama baglaşmagyň tertibi, borçnamalaryň ýerine ýetirilişi, borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün ediş serişdeleri, borçnamalaryň bes edilmeginiň tertibi ýaly

borçnamalaýyn gatnaşyklary jemleýär. Mundan başga-da “Türkmenistanyň raýat kodeksi” satyn almak-satmak, alyş-çalyş, sowgat etmek, kärendesine bermegiň dürli görnüşleri, karz alyş-beriş, potratçylyk, turistik hyzmat, daşaýyş, dellalçylyk tabşyryk, emlägi saklamak, ätiýaçlandyrma şertnamalary, zyýan çekmek netijesinde, şeýle hem birgiden beýleki gatnaşyklarda ýüze çykýan borçnamalaryň aýry-aýry görnüşleri has anyk, jikme-jik düzgünleşdirýär. “Türkmenistanyň raýat kodeksinde” bank hyzmaty bilen baglanyşykly gatnaşyklar hem öz beýanyny tapdy. Öňler bu gatnaşyklar raýat kodeksiniň çäginden daşary beýleki hukuk namalar bilen düzgünleşdirilýärdi. Öňki kanunlarda bularyň ählisi diňe ýatlanyp geçmek, dürli kanunalaýyk namalara salgylanmak bilen çäklenýärdi. Munuň özi gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky ýüze çykýan gatnaşyklary gös-göni çözmäge mümkinçilikler bermeýärdi.

“Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” dördünji böleginde (1052–1127-nji maddalar) awtorlyk we onuň bilen utgaşyk hukuklar, hususan-da, awtorlyk hukuklarynyň obýektleriniň hukuk ýagdaýy, awtoryň we utgaşyk hukuklaryna eýelik edýän şahslaryň hukuk ýagdaýy awtorlyk, utgaşyk hukugynyň hereket möhletine we ony goramagyň tärlerine, emläk hukuklaryny toparlaýyn dolandyrmaga degişli kadalar öz beýanyny tapýar.

“Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” bäşinji bölegi (1128–1318-nji maddalar) tutuşlygyna miraslyk hukugyna bagyşlanandyr. Kanun we wesýet boýunça miras edinmek, mirasy kabul etmek, mirasy bölmek, mirasy goramak, ine, bular bu bölegiň özünde jemleýän maddalarynyň doly bolmadyk sanawydyr. Raýat kodeksi tutuşlygyna türkmen halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlaryny ýakyn we uzak geljekdäki ösüşlerini, şeýle hem dünýäde gazanylan oňat tejribeleri nazara alyp, ykdysady gatnaşyklarda emele gelen ýagdaýlara esaslanýar.

Türkmenistanyň raýat kanunçylygy bazarda kimiň hereket edýändigini kesgitleýär. Oňa gatnaşýanlaryň nähili derejelidigini aýyl-saýyl edýär, şunuň bilen birlikde bazaryň guramaçylyk-hukuk gurluşyny öňünden kesgitleýär. Bazar gatnaşyklarynyň hereketiniň gidişini kadalaşdyrýan bu düzgünler, dört sany baş maksady yzarlaýar: haryt-pul dolanyşygyna gatnaşyjylary hukuk taýdan biri-birege

deň ýagdaýda goýmak; olara gatnaşyklarynyň mazmunyny öz baglaşan ylalaşyklary bilen kesgitlemäge erkinlik bermek; öz borçnamalaryny ak ýürekden ýerne ýetirmeklerini üpjün etmek; olaryň ygtyýarlygyna öz gatanşyklarynyň manysyny kesgitlemek üçin köpsanly hukuk serişdelerini (gurallaryny) we kadalary hödürlemek. Raýat kanunçylygynyň kadalary emläk gatanşyklaryny kemala getirmäge we ösdürmäge örän inçe we ýiti täsir etmäge mümkinçilik berýär.

### §4. Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň umumy düşünjeleri

Raýat-hukuk gatnaşyklary jemgyýet gatnaşyklardan durýar. Döwlet hukuk-namalaryň kömegi bilen adamlaryň bähbitlerini gozgaýan has möhüm gatnaşyklary kadalaşdyryp, ol jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk gatnaşyklaryna öwürýär. Diýmek, haýsy jemgyýetçilik gatnaşyklary kanunlara ýa-da beýleki hukuk namalar tarapyndan kadalaşdyrylýan bolsa, olara hukuk gatnaşyklary diýmek bolar.

Hukuk gatnaşyklary dürli-dürlüdir. Mysal üçin, olar zähmet bilen bagly bolsa, zähmet hukuk gatnaşyklary; dolandyryş bilen bagly bolsa, dolandyryş hukuk gatnaşyklary; emläk bilen bagly bolsa, raýat-hukuk gatnaşyklary diýilýär. Özleriniň häsiýeti boýunça meňzeş bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk namalar hukugyň pudagyny emele getirýär.

Raýat hukuk gatnaşyklary hukuk gatnaşygynyň bir görnüşidir. Ol gatnaşyklar kanunçylyk tarapyndan emläkleýin we emläkleýin däl şahsy gatnaşyklaryň kadalaşdyrmagy netijesinde ýüze çykýar we şu aýratynlyklary bilen tapawutlanýar:

1. Taraplaryň biri-birinden emläk we guramaçylyk taýdan aýrybaşgalygy;
2. Hukuk ýagdaýy boýunça taraplaryň deňligi;
3. Hukuk we borç bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmändigi üçin diňe emläkleýin çäreler ulanylýar.

Raýat-hukuk gatnaşyklary diýlip, taraplary emläkleýin we guramaçylyk taýdan aýrybaşga, hak-hukuklary we borçlary deň, hukuklaryň we borçlaryň amala aşyrylmagy emläkleýin häsiýetli döwlet mejbur ediş çäreleri bilen üpjün edilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aýdylýar.

Raýat-hukuk gatnaşyklary, ýagny emläkleýin we emläkleýin däl şahsy gatnaşyklar taraplaryň arasynda nämeler barada döräp biler? Birinjiden, zat, emläk barada. Ikinjiden, hyzmatlar barada. Üçünjiden, çeper döredijilik işiniň netijeleri barada. Dördünjiden, emläkleýin däl şahsy eşretler: at-abraý, mertebe, hatyra, kärhananyň işjeň abraýy barada döräp biler.Raýatlar bilen söwda dükanlarynyň, jemgyýetçilik iýmiti we durmuş hyzmaty kärhanalarynyň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar raýat-hukuk gatnaşyklarynyň iň köp ýaýran görnüşidir. Her gün adamlar endik bolan durmuş hereketini edýärler: önümleri we başga harytlary satyn alýarlar, jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalanýarlar we şeýle etmek bilen, raýat-hukuk kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýän gatnaşyklara gatnaşýarlar.

Emläk gatnaşyklary, ýagny pul gymmaty bolan maddy nygmatlar baradaky gatnaşyklar raýat-hukuk gatnaşyklarynyň esasy we has köp ýaýran görnüşleriniň biridir.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Raýat hukugyna degişli haýsy kanunlary bilýärsiňiz?
2. Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň esaslaryny düşündiriň!
3. Türkmenistanyň raýat kodeksiniň gurluşy.
4. Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň tapawutlandyryjy alamatlaryny düşündiriň!
5. Emläk gatnaşyklary diýmek nämäni aňladýar?

## Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplary we olaryň hukuk ýagdaýy

### §1. Raýatlar we olaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kanunçylyk

Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplary diýlip, raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylara aýdylýar. Ähli beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklary ýaly, raýat-hukuk gatnaşyklary hem şahslaryň arasynda döreýär, şonuň üçin raýat- hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri fiziki we ýuridik şahslar bolup biler diýlip "Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 2-nji maddasynyň üçünji bendinde bellenen. Bu kada Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurtlaryň raýatlary we belli bir raýatlygy bolman telekeçilik bilen meşgullanýan ýa-da meşgullanmaýan şahslar barada hem ulanylýar. Şonuň üçin hemmesi umumylaşdyrylyp, raýat kanunçylygynda "fiziki şahslar" diýen adalga ulanylýar.

Fiziki şahslar bilen bir hatarda hukuk şahslar, ýagny edaralar, kärhanalar, guramalar hem raýat hukugynyň subýekti bolup durýar. Raýatlardan tapawutlylykda hukuk şahslar raýat-hukuk gatnaşygynyň köpçülikleýin subýekti bolup durýar. Raýat hukugynyň subýektleriniň içinde esasy orun fiziki şahslara degişlidir. Şonuň üçin "Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 2-nji bölüminiň 1-nji baby, 19–47-nji maddalar fiziki şahslara bagyşlanandyr. Şeýle-de raýatlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän ýörite kanunlaryň hem birnäçesi hereket edýär.

1. Türkmenistanda raýatlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kanunlaryň biri-de "Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky" kanunydyr. Bu kanun 1992-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda kabul edildi. Bu kanun raýatlygy edinmek, saklamak, üýtgetmek we ýatyrmak, şonuň bilen baglanyşykly birnäçe düzgünleri öz içine alýar. Türkmenistanyň raýatlygy Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygynyň möhüm alamaty bolup, ol adamyň döwlete degişlidigini hem-de döwlet bilen adamyň arasyndaky durnukly häsiýetdäki hukuk gatnaşygyny, olaryň özara hukuklary bilen borçlarynyň bütin jemini kesgitleýär.

2. 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda "Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk yagdaýy hakynda" ýörite kanun kabul edildi. Bu kanunyň kabul

edilmegi daşary ýurtlar bilen Türkmenistanyň gatnaşyklarynyň hemmetaraplaýyn has ýygjamlaşmagyny we ösmegini üpjün etdi, şonuň netijesinde biziň ýurdumyza daşary ýurtlularyň ýygy-ýygydan gelip gitmekleri bilen, olaryň hukuk ýagdaýlaryny kesgitleýän raýat, maşgala, zähmet, dolandyryş, jenaýat we beýleki meseleler bilen baglanyşykly ýagdaýlar kadalaşdyryldy. Halkara gatnaşyklarynda dünýa özüni tanadan Türkmenistan döwletiniň daşary ýurtlar bilen baglanyşykly gatnaşyklary halkara hukuk kadalaryna laýyklykda çözýär.

Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan hem-de özüniň daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişliliginiň subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary diýlip ykrar edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlaryna kanunda göz öňünde tutulan hukuklar we azatlyklar kepillendirilýär. Eger Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, şu kanundan we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryndan başga zat gelip çykmaýan bolsa, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň raýatlary bilen birmeňzeş hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem-de birmeňzeş borçlary çekýärler. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary gelip çykyşyna, sosial we emläk ýagdaýyna, haýsy jynsa we millete degişliligine, aýal-erkekligine, bilimine, diline, dine bolan garaýşyna, meşgullanýan işiniň kysymyna we häsiýetine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, kanunyň öňünde deňdirler. Eger Türkmenistanyň kanunlaryndan başga zat gelip çykmaýan bolsa, şu kanunyň düzgünleri Türkmenistanda raýatlygy ýok adamlara hem degişlidir.

3. 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda “Bosgunlar hakynda” Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun adamy, ýagny ony bosgun diýip ykrar etmegiň tertibini we şertlerini, olaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär, bosgunlaryň hukuklaryny goramagyň hukuk, ykdysady we durmuş kepilliklerini belleýär.

Bu kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda, bosgun, munuň özi jyns, dine ynanmak, raýatlyk alamaty, belli bir sosial topara degişliligi boýunça yzarlamalaryň pidasy bolmakdan esaslandyrylan howatyrlanmalary doly bolan ýa-da syýasy ynançlary bilen Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp

bilmeýän, ýa-da şeýle howatyrlanmalar netijesinde öz öňki adaty ýaşaýan ýurdunyň daşynda bolmak bilen şeýle howatyrlanmalar netijesinde oňa dolanyp bilmeýän, ýa-da dolanmak islemeýän adamdyr. „Bosgunlar hakyndaky“ kanunçylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna esaslanýar hem bosgunlar baradaky kanundan we Türkmenistanyň gaýry kanunçylyk hukuk namalaryndan ybaratdyr. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasy arkaly şu kanundaka garanyňda gaýry düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

4. 2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda "Migrasiýa hakynda" Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy ýok adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň, onuň çäginde bolmagynyň we Türkmenistandan gitmeginiň tertibini belleýär, Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlarynyň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryny, Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek boýunça Türkmenistanyň döwlet edaralarynyň ygtyýarlygyny kesgitleýär.

Umuman, raýatlar, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurtlular, ýagny fiziki şahslar raýat-hukuk gatnaşyklaryna yzygiderli gatnaşýarlar. Mysal üçin, her gün diýen ýaly dükandan azyk önümlerini we beýleki harytlary satyn alýarlar, durmuş hyzmatyndan, ulaglaryň hyzmatyndan peýdalanýarlar we beýleki dürli şertnamalary baglaşýarlar. Diýmek, haryt-pul, ýagny raýat-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary bolýarlar.

## § 2 Raýatlaryň hukuk we kämillik ukyby

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatanaşyklaryna geçilmegi bilen raýatlaryň haryt-pul gatnaşyklaryna gatnaşygy köpeldi. Şonuň üçin raýatlaryň hukuk ýagdaýyny anyklamak möhüm ähmiýete eýe. Raýatlaryň hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagy üçin esasy şertleriň biri olaryň hukuk we kämillik ukybynyň bolmagydyr.

Raýat kodeksiniň 20-nji maddasyna laýyklykda, raýatlaryň hukuklaryna we borçlaryna eýe bolmak ukyby (hukuk ukyby), fiziki şahslaryň hemmesi üçin deň derejede ykrar edilýär. Raýatyň hukuk ukyby onuň doglan pursadynda ýüze çykýar we onuň aradan çykmagy bilen gutarýar. Mirasdar bolmak hukugy onuň enesiniň göwresinde galan pursadyndan ýüze çykýar. Raýatlaryň hukuk gatnaşygyna gatnaşmagy üçin onuň adynyň, ýaşaýan ýeriniň hem ähmiýeti bar. Şonuň üçinem şertnama baglaşylanda raýat baradaky şol maglumatlar görkezilýär. Raýatyň raýat-hukuk gatnaşygyna gatnaşmagy üçin diňe bir hukuk ukybynyň bolmagy ýeterlik däl. Raýat kodeksiniň 23-nji maddasynda kämillik ukyby diýen düşünje bar. Kämillik ukyby diýmek, raýatyň öz erk-islegi we öz hereketleri bilen raýat hukuklaryny edinmek we amala aşyrmak, özi üçin raýat borçlaryny döretmek hem-de olary ýerine ýetirmek ukybydyr. Kämillik ukyby onuň kemala gelmegi bilen, ýagny on sekiz ýaşyna ýetmegi bilen doly möçberde ýüze çykýar.

On sekiz ýaşyna ýetmänkä nikalaşmaga kanun boýunça ýol berilýän halatynda, raýatyň nikalaşan wagtyndan başlap ol doly möçberde kämillik ukybyna eýe bolýar.

Nika baglaşylmagy netijesinde eýe bolnan kämillik ukyby on sekiz ýaşyna ýetmänkä nika bozulan halatynda hem doly möçberinde saklanyp galýar.

Ýedi ýaşdan bärdäki kemala gelmedikleriň (kiçi ýaşly çagalaryň) kämillik ukyby ýokdur. Ýedi ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kemala gelmedikleriň çäklendirilen kämillik ukyby bardyr.

Çäklendirilen kämillik ukyby bolan şahs tarapyndan baglaşylan geleşigiň hakyky bolmagy üçin, onuň kanuny wekiliniň razyçylygy zerurdyr, ýöne çäklendirilen kämillik ukyby bolan şahsyň geleşik esasynda peýda alýan halatlary muňa girmeýär.

Häzirki döwürde raýatlaryň telekeçilik işi bilen meşgullanmagyna mümkinçilik döredi, ýagny raýat kärhana döretmezden, degişli tertipde salgyt gullugynda hasaba durup, telekeçilik işi bilen meşgullanmaga haklydyr.

Raýatyň kämillik ukyby hem hukuk ukyby ýaly eldegrilmesizdir. Kämillik ukybyny çäklendirmäge we ondan mahrum etmäge diňe kanunda görkezilen tertipde ýol berilýär.

"Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 26-njy maddasyna laýyklykda, psihiki ýarawsyzlygy (dälilik keseli ýa-da akyly kemlik ) sebäpli öz hereketleriniň manysyna düşünip bilmeýän ýa-da şol hereketlere erk edip bilmeýän fiziki şahs kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilip bilner. Şol fiziki şahsa hossar bellenýär. Kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen fiziki şahsyň adyndan geleşikleri onuň hossary baglaşýar.

Haçan-da fiziki şahsyň kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmäge getiren esaslar aradan aýrylan mahalynda, kazyýet hossaryň, raýatyň maşgala agzalary tarapyndan, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan, prokuroryň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň arzalary boýunça, eger-de onuň sagalandygy barada goşmaça kazyýet psihiatriýa ekspertizasynyň netijesi bar bolsa, kazyýet raýaty kämillik ukyply diýip bilmek barada çözgüt çykarýar. Şeýlelikde, oňa bellenen hossarlyk kazyýetiň çözgüdi esasynda ýatyrylýar.

Kanunda bellenen halatlardan we tertipden başga ýagdaýlarda hiç kimiň kämillik ukybyny çäklendirmäge haky ýokdur. Raýatyň kämillik ukybyndan doly ýa-da kem-käsleýin ýüz döndermegi hem-de kämillik ukybyny çäklendirmäge gönükdirilen beýleki geleşikleriň kanuny güýji ýokdur.

"Türkmenistanyň raýat kodeksinde" raýatyň kämillik ukybynyň çäklendirilmeginiň diñe iki ýagdaýy göz öňünde tutulandyr:

1. Eger ýeterlik esaslaryň bar halatynda, 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmediginiň öz iş hakyna, talyp hakyna ýa-da başga gazanjyna özbaşdak ygtyýar etmek hukugyny onuň ata-enesiniň, hossar-howandarlarynyň ýa-da ogullyga alanlaryň haýyşy boýunça kazyýet tarapyndan çäklendirilip bilner.

2. Spirtli içgileri ýa-da neşe maddalaryny köp içmegi-çekmegi zerarly öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýan raýatyň kämillik ukybyny kazyýet çäklendirip biler.

Şu ýagdaý boýunça kämillik ukybyny çäklendirmek üçin hökman aşakdaky iki esas gerekdir:

1. Spirtli içgileri ýa-da neşe maddalaryny köp içmegi, çekmegi bilen;
2. Maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salmagy.

Şu iki esasyň biri bolmasa, kämillik ukybynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär. Mysal üçin, her dürli humarly oýunlaryň oýnalmagy, puluň kadasyz sowulmagy zerarly, raýatyñ kämillik ukybynyñ çäklendirilmegine ýol berilmeýär.

Çäklendirilen kämillik ukyply raýata howandar bellenilýär. Şonuň ýaly şahs durmuş häsiýetindäki ownuk geleşiklerden başga, emläge ygtyýar etmek hakyndaky geleşikleri baglaşmaga, iş hakyny, pensiýany ýa-da girdeýjiniň beýleki görnüşlerini almaga hem-de olara ygtyýar etmäge diňe howandaryň razylygy bilen haklydyr.

Raýatyň kämillik ukybynyň çäklendirilmegine getiren esaslar aradan aýrylan mahalynda, kazyýet onuň kämillik ukybynyň çäklendirilmegini ýatyrýar. Raýata bellenen howandarlyk kazyýetiň çözgüdi esasynda ýatyrylýar.

## §3. Ýuridik şahslar (edaralar, kärhanalar, guramalar) we olaryň hukuk ýagdaýy

Döwlet, şäherler, etraplar, raýatlar (raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurtlular), ýuridik taraplar raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplary bolup bilerler.

Döwlet, ilkinji nobatda, syýasy häkimiýetiň guramasy hökmünde çykyş edýär, emma şonuň bilen bir hatarda ol raýat-hukuk gatnaşyklarynyň tarapy hem bolup biler. Döwlet raýat kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklara şu gatnaşyklara beýleki gatnaşyjylar bilen deň başlangyçlarda gatnaşýar. Döwletiň adyndan raýat-hukuk gatnaşyklaryna döwlet emlägini dolandyrýan guramalar, maliýe we degişlilikde döwlet tarapyndan ýörite ygtyýar berlen guramalar gatnaşýarlar.

Şonuň ýaly-da edaralar, kärhanalar, guramalar haryt-pul gatnaşyklaryna gatnaşyp, dürli şertnamalary baglaşyp, raýat-hukuk gatnaşyklarynyň tarapy

hökmünde çykyş edýärler. “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” 48-nji maddasyna laýyklykda edaralara, kärhanalara, guramalara hukuk şahslar diýilýär.

Hukuk şahslar bolup durýan kärhanalar, guramalar hem raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylara degişlidir, ýagny islendik kärhana emläk gatnaşyklaryna özbaşdak girip bilmez, özüniň hukuk şahsy diýlip ykrar edilmegi üçin kärhananyň şu alamatlary bolmalydyr.

Birinjiden, kärhananyň tertipnamasy ýa-da döredijilik şertnamasy we tertipnamasy görnüşinde guramaçylyk taýdan resmileşdirilmegi gerek.

Hukuk şahsyň döredijilik şertnamasy ony döredijiler bilen baglaşylýar, tertipnamasy bolsa tassyklanylýar. Şeýlelikde, kärhananyň tertipnamasynda onuň guramaçylyk-hukuk keşbi, ady, ýerleşýän ýeri, dolandyryş we gözegçilik guramalary, peýdany paýlaşmagyň tertibi, kärhanany üýtgedip gurmagyň we ýatyrmagyň şertleri kesgitlenilýär. Kärhananyň döwlet tarapyndan hasaba alynmagy döwlet hasaba alyş gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Ikinjiden, emläk aýratynlygy, ýagny onuň bankda öz adynda açylan hasaby bolmaly hem-de hasabynda durýan emläkleri bolmaly.

Üçünjiden, şu aýrybaşgalaşdyrylan emläge öz borçnamalary boýunça jogap bermäge ukybyň bolmaly, ýagny muňa özbaşdak emläk jogapkärçiligi diýilýär.

Dördünjiden, dürli raýat-hukuk gatnaşyklarynda, kazyýetde, araçynlar kazyýetinde öz adyndan çykyş etmäge ukyby bolmaly.

Edaralary, kärhanalary, guramalary hukuk şahsy diýip atlandyrmak üçin bildirilýän talaplar raýat kodeksiniň 48-nji maddasynda berlen. Şeýle-de kärhanalaryň dürli görnüşleriniň hukuk ýagdaýy ýörite kanunlar, ýagny 2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda “Kärhanalar hakynda” kanun, 1999-njy ýylyň 23-nji noýabrynda kabul edilen “Paýdarlar jemgyýetleri hakynda” kanun, 2007-nji ýylyň 30-njy martynda kabul edilen “Daýhan hojalygy hakynda” hem-de “Daýhan birleşikleri hakynda” kanunlar bilen kesgitlenýär.

Kärhana döredilende, taýýarlanylmaly resminamalaryň sanawy “Türkmenistanyň kärhanalar hakyndaky” kanunynda beýan edilen, ýagny olara arza, kärhananyň tertipnamasy, döredijiler baradaky maglumatlar, esaslandyryş

şertnamasy, iş meýilnamasy, kärhananyň ady, ýerleşýän ýeri, döwlet pajynyň tölenendigi hakyndaky resminamalar degişlidir. Kärhanalaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän esasy resminamalaryň biri onuň tertipnamasydyr (ustawy). Tertipnamada kärhananyň ady, ýerleşýän salgysy, esaslandyryjylaryň sanawy, kärhananyň işiniň maksatlary we görnüşleri, kärhananyň emläginde esaslandyryjylaryň paýy hakyndaky maglumatlar, kärhananyň dolandyrylyşynyň tertibi, girdejileri paýlamagyň we çykdajylary tölemegiň tertibi, iş üýtgedip gurmagyň we bes etmegiň şertleri görkezilýär.

Häzir Türkmenistanda kärhanalaryň birnäçe guramaçylyk-hukuk görnüşleri bar. Mysal üçin, döwlet kärhanasy, ýekebara maşgala kärhanasy, hyzmatdaşlyk kärhanasy, jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy, hojalyk şereketi, paýdarlar jemgyýeti, golçur kärhanasy bar.

## §4. Eýeçilik hukugy barada düşünje. Türkmenistanda eýeçiligiň görnüşleri

Eýeçilik diýmek, maddy we ruhy gymmatlyklaryň kimdir birine degişlidigini aňladýar. Zada eýelik etmegiň, ondan peýdalanmagyň, oňa ygtyýar etmegiň kadalary hukuk namalarda beýan edilýär. Eýeçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk namalaryň toplumyna eýeçilik hukugy ýa-da eýeçilik hukugynyň çeşmeleri diýilýär. Raýatyň nukdaý nazaryndan eýeçilik hukugy diýmek – munuň özi şahsyň emläk eýesiniň öz zatlaryna, öz isleýşine görä eýelik edip, olary peýdalanyp, olara ygtyýar edip bilýänligidir, ýagny emläk eýesine şol hereketleri etmäge kanun arkaly ykrar edilýän hem goralýan mümkinçilikleriň berilmegidir. Emläk eýesi öz emlägi barada Türkmenistanyň kanunlaryna ters gelmeýän islendik hereketleri etmäge haky bardyr, ýöne eýeçilik hukugy amala aşyrylanda tebigata we beýleki eýelere zyýan ýetirilmeli däldir.

Konstitusiýanyň 9-njy maddasyna, eýeçilik hakyndaky kanuna we raýat kodeksiniň eýeçilige degişli 166–244-nji maddalaryna laýyklykda, eýeçilik eldegrilmesizdir. Türkmenistan önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugyny berkarar edýär. Olar

raýatlaryň birleşiklerine we döwlete hem degişli bolup biler. Diňe döwletiň eýeçiligi bolup durýan zatlar kanun esasynda bellenýär. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösdürmek üçin olary deň derejede goraýar, olar üçin deň şertler döredýär.

Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça kimiň emlägiň eýesi diýip ykrar edilýändigine baglylykda eýeçiligiň birnäçe görnüşleri bellenen: hususy eýeçilik, döwlet eýeçiligi, jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi.

Häzirki döwürde eýeçiligiň täze görnüşi bolan hususy eýeçilik döredi. Hususy eýeçilik - bazar gatnaşyklarynyň esasy hereketlendiriji güýjüdir. Raýatlaryň eýeçiliginde bolup bilýän zatlar barada çäklendirmeler aýryldy, muňa durmuşda mysal gaty köp.

*Eỳeçilik hukugy* – 1) obỳektiw manyda düşünilende, bu maddy we intellektual serişdeleriň jemgyỳetiň agzalaryna degişlidigi babatda ỳüze çykỳan jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrỳan hukuk kadalarynyň jemidir;  2) subỳektiw manyda düşünilende, bu anyk şahslaryň eỳeçilik hukugydyr, ỳagny subỳektiw (şahsy) manyda eỳeçilik hukugy üç sany düzüm böleginden ybaratdyr : emläge eỳelik etmek; emläkden peỳdalanmak; eỳeçiligindäki emläge ygtyỳar etmek – eýeçilik hukugynyň mazmunyny düzýär.

Emläge eỳelik etmek – bu şahsyň belli bir zady (emlägi) edinmäge we özünde saklamaga bolan hakyny aňladỳar. Emlägi kanuny ỳol bilen edinmek diňe bir zady (emlägi) satyn almak arkaly amala aşyrylỳan däldir. Emläk sowgat berlip, miras goỳlup, çalşylyp, tapyndy bolup hem, baỳrak berlip hem bilinỳär. Emläkden peỳdalanmak – bu şahsyň öz edinen emläginden peỳdalanmaga, ỳagny özüniň maddy we ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin eỳelik edỳän emlägini ulanmaga bolan hakyny aňladỳar. Mysal üçin, satyn alan kitap tekjesinde öz kitaplaryny goỳmak we ony özüniň gaỳry şahsy bähbitleri üçin ulanmak. Eỳeçiligindäki emläge ygtyỳar etmek – bu şahsyň öz eỳeçiligindäki emlägi satmaga, sowgat bermäge, kärendesine bermäge we ş.m. hereketleri amala aşyrmaga bolan ygtyỳarlygyny aňladỳar. Mysal üçin, eỳeçiligindäki kitap tekjesini satỳar ỳa-da kimdir birine sowgat berỳär. Emläk eỳesiniň ygtyỳarlygynda eỳeçilik hukugynyň şu düzüm bölekleriniň üçüsi hem jemlenende, ol doly eỳeçilik hukugyna eỳe bolỳar we

islegine görä öz eỳeçiligindäki emläk babatda kanuna we beỳleki kadalaşdyryjy hukuk namalara ters gelmeỳän hem-de beỳleki şahslaryň kanun tarapyndan goralỳan hukuklaryna we bähbitlerine zyỳan ỳetirmeỳän islendik hereketi etmäge haklydyr. Mundan başga-da emläk eỳesi doly eỳeçilik hukugyny özünde saklap galmak bilen, öz emlägini başga şahslaryň eỳelik etmegine we peỳdalanmagyna, çäklendirilen derejede ygtyỳar etmegine hem berip bilỳär. Mysal üçin, ulag serişdesiniň eỳesi (emläk eỳesi) tarapyndan başga bir şahsa ulag serişdesine eỳelik etmäge, ony dolandyrmaga, ondan peỳdalanmaga we ony girewine goỳmaga, çalyşmaga, satmaga we ş.m. ygtyỳar berỳän ynanç hatynyň berilmegi.

Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasynyň intellektual gymmatlyklaryna özüniň zehini bilen mynasyp goşandyny goşandygyny onuň ahalteke bedewleri, halysy, milli keşde nagyşlary we şekilleri, zergärçilik we küýzegärçilik işleri subut edýär. Geçmişde-de, häzirki döwürde-de türkmen halky özüniň täzelikçiligi, täze tehnologiýalary özleşdirmäge bolan zehini bilen tapawutlanýar. Ylmy-tehniki progresiň çaltlaşmagy netijesinde adamzat ylymda, tehnikada täze-täze basgançaklara galýar. Şonuň bilen baglanyşyklylykda bolsa intellektual eýeçiligi goramagyň ähmiýeti artýar. Bu ugurda Türkmenistan 2008-nji ýylda “Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda”, “Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda” täze kanunlary kabul etdi. Adamzat jemgyýetiniň ösüşi taryhda-da, häzirki döwürde-de täze bilimleri özleşdirmek, intellektual eýeçiligiň obýektleri bolan oýlap tapyşlary, senagat nusgalaryny, “nou hau”, ýagny önüm öndürmegiň syrlaryny we çeper döredijilikli işiň beýleki netijelerini önümçilige ornaşdyrmagyň, peýdalanmagyň, goramagyň derejesine bagly bolup durýar. Intellektual eýeçilik bilen baglanyşykly kanunçylyk patent hukugy we awtorlyk hukugy diýip atlandyrylýan iki ugra bölünýär. Kabul edilen täze kanunlar patent hukugyna degişli bolup, bu kanunlary amala aşyrmak işlerini, esasan, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş minitsrliginiň patent müdirligi alyp barýar. Täze kanunlaryň kabul edilmegi intellektual eýeçilik ulgamyndaky işleri kämilleşdirmäge esas bolar. Oýlap tapyşlaryna we senagat nusgalaryna bolan hukugyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýandygy hem-de patent

bilen tassyklanýandygy, haryt nyşanlarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyş esasynda ýa-da Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň güýji bilen goralýandygy we şahadatnama bilen tassyklanýandygy kanunlarda anyk beýan edilendir.

## § 5. Raýat-hukuk borçnamalary. Borçnamalaryň ýüze çykmagynyň esaslary

Borçnama esasynda bir şahs (bergidar) başga bir şahsyň (kreditoryň, algydaryň) peýdasyna belli bir hereketi etmäge, ýagny emlägi bermäge, işi ýerine ýetirmäge, pul tölemäge ýa-da belli bir hereketi etmekden saklanmaga borçludyr, algydaryň bolsa bergidaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge haky bardyr ("Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 330-njy maddasy).

Borçnama durmuşda has köp ýaýran şol bir wagtyň özünde köpdürli raýat-hukuk gatnaşygydyr. Mysal üçin, awtoulag kärhanasy ýük daşanda, kärhana öndüren harytlaryny satanda ýa-da çig mal satyn alanda, gurluşyk kärhanasy jaý guranda, raýat dükandan haryt satyn alanda borçnamalaýyn hukuk gatanşyklaryna girýär. Borçnama haryt-pul gatnaşyklarynyň mydamalyk hemrasydyr.

Borçnamalaýyn gatnaşyklary kadalaşdyrýan maddalar raýat bitewi kanunyň köp bölegini tutýar. Borçnamalara degişli kadalar beýleki hukuk-namalarda hem öz beýanyny tapýar. Mysal üçin, "Türkmenistanyň döwlet notariaty hakyndaky" kanuny, "Söwda hakyndaky" kanuny we beýlekiler.

Borçnamalaýyn hukuk raýat hukugynyň bir bölegidir.

Borçnamalaýyn hukuk emläk gymmatlyklarynyň bir şahsdan beýleki şahsa geçmegini, işleriň belli bir görnüşleriniň, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini düzgünleşdirýän raýat-hukuk kadalaryny öz içine alýar.

Borçnamalaýyn hukuk raýat kanunçylygynyň esasy bölegini tutýar. Borçnamalaýyn hukugyň öz içine alýan hukuk kadalary, esasan, "Türkmenistanyň raýat bitewi kanunynda" beýan edilendir.

Raýat kodeksiniň üçünji bölegi 330-1051-nji maddalar, ýagny 721 sany madda borçnamalaýyn hukuga bagyşlanan, şolardan 330-501-nji maddalar, ýagny 171 sany madda borçnamalar hakyndaky umumy kadalara degişlidir,. 501-nji maddadan başlap 1051-nji madda çenli şertnamalaýyn borçnamalaryň aýry-aýry görnüşleri, ýagny 29 görnüşi kadalaşdyrylan. Munuň özi Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçmegi bilen borçnamalary kadalaşdyrmaga uly üns berilýandigini aňladýar.

Borçnamanyň kesgitlemesinden görnüşi ýaly, onuň mazmunyny algydaryň we bergidaryň hukuklarynyň we borçlarynyň jemi düzýär. Mysal üçin, saytjy satýan harydyny alyja bermäge borçlanýar, alyjy bolsa alan harydynyň puluny tölemäge borçlanýar. Käbir halatlarda bergidaryň borçlary emläkleýin däl häsiýetde hem bolup biler. Mysal üçin, kitaby çap etdirmek hakynda şertnama baglaşan awtor, çaphanada ýygnalan kitabynyň nusgasyny okap, onuň köpçülikleýin çap edilmegine rugsat bermäge borçly.

Borçnama köplenç halatlarda bergidar tarapyndan haýsydyr bir hetreketleriň edilmegini göz öňunde tutýar: harytlary bermek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek, pul tölemek we ş.m. Seýrek halatlarda bergidar hereketden saklanmaga borçly. Mysal üçin, emlägi saklaýjynyň saklaýan emläginden peýdalanmaga haky ýok.

Borçnamalar köp dürli esaslardan, köplenç halatda şertnamalardan ýa-da geleşiklerden emele gelýär. Raýat bitewi kanunynyň 75-nji maddasyna laýyklykda "Raýat hukuklaryny we borçlaryny bellemäge, üýtgetmäge ýa-da bes etmäge gönükdirip, fiziki we hukuk şahslaryň öz erk-islegini bildirmegi geleşik hasaplanýar".

Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň esaslary raýat bitewi kanunynyň 8-nji maddasyda beýan edilýär. Raýat hukuklary we borçlary kanunlarda göz öňünde tutulan esaslardan ýüze çykýar, şonuň ýaly-da kanunlarda göz öňünde tutulmadyk, ýöne welin raýat kanunlarynyň umumy başlangyçlaryna we manysyna görä raýat hukuklaryny we borçlaryny döredýän fiziki we ýuridik şahslaryň hereketlerinden ýüze çykýar.

Şuňa laýyklykda, raýat hukuklary we borçlary:

- kanunda göz öňünde tutulan şertnamalardan we beýleki geleşiklerden, şonuň ýaly-da kanunda göz öňünde tutulmadyk, ýöne welin, oňa garşy gelmeýän şertnamalardan we beýleki geleşiklerden (bu esasa islendik şertnamany mysal getirmek bolar);
- raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň esaslary hökmünde kanunda göz öňünde tutulan döwlet edarasynyň we öz-özüňi dolandyryşyň ýerli edarasynyň namasyndan (häkimligiň raýata ýer ýa-da jaý bermek baradaky çözgüdi);
- raýat hukuklaryny we borçlaryny bellän kazyýet çözgüdinden (raýatyň ýaşyny kesgitlemek ýa-da spirtli içgileri, neşe jisimlerini yzygiderli ulanyp, maşgalasyny kyn maddy ýagdaýa goýýan raýatlaryň kämillik ukybyny çäklendirmek);
- kanunda gadagan edilmedik esaslar boýunça emlägi döretmek we edinmek netijesinden (jaý gurmak, ekin ekip hasyl almak);
- ylym, edebiýat, sungat eserlerini döretmegiň, oýlap tapyşlaryň we intellektual işiniň beýleki netijesinden;
- başga şahsa zyýan ýetirilmegi sebäpli (Türkmenistanyň raýat bitewi kanunynyň 1027-1051-nji maddalary);
- esassyz baýamak sebäpli (Türkmenistanyň raýat bitewi kanunynyň 1016–1026-
-njy maddalary);
- fiziki we ýuridiki şahslaryň gaýry hereketleri sebäpli (tapyndy, hum – Türkmenistanyň raýat bitewi kanunynyň 214, 215-nji maddalary);
- kanunlar boýunça raýat-hukuk netijeleriniň başlanmagy bilen baglanyşdyrylýan wakalar sebäpli ýüze çykýar (tebigy hadysalardan heläkçilik çekenlere döwlet tarapyndan kömek etmek baradaky çözgüt muňa mysal bolup biler).

Eger-de kanun haýsydyr bir ýagdaý bilen hukuklaryň döremegini, üýtgemegini we bes edilmegini baglanyşdyryp goýan bolsa, biz olara hukuk ýagdaýlar (ýuridik faktlar) diýýäris. Hukuk ýagdaýlar iki görnüşde bolup biler. 1) hereketler borçnama gatnaşyjy taraplaryň erk-isleginden emele gelýär. Mysal üçin,

şertnama baglaşmak. 2) wakalar, hadysalar erk-islege bagly däl. Mysal üçin, adamyň ölümi onuň mirasdarlaryndan miras almaga bolan hukugy döredýär.

Umuman, raýat kanunçylygy borçnamalaýyn gatnaşyklaryň diňe bir döreýiş esaslaryny kadalaşdyrman, eýsem borçnamalaryň ýerine ýetirilişini, ýerine ýetirmegiň üpjün ediş serişdelerini hem düzgünleşdirýär. Şeýle-de “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” 437–464-nji maddalarynda borçnamalaryň bes edilmeginiň görnüşleri kadalaşdyrylýar. Borçnamalaýyn gatnaşyk köplenç halatlarda borçnamany ýerine ýetirmek bilen bes edilýär.

### § 6. Raýat-hukuk borçnamalarynyň görnüşleri

Borçnamalar ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrýar hem-de emläk gymmatlyklarynyň bir tarapdan beýleki tarapa geçmegini, işleriň, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini düzgünleşdirýär. Borçnamanyň mazmunyny, esasan, taraplar kesgitleýär, şonuň üçin hem durmuşda şertnamalaýyn borçnamalar köp duş gelýär, degişlilikde Türkmenistanyň raýat bitewi kanunynyň hem köp maddalary şertnamalaýyn borçnamalary kadalaşdyrmaga bagyşlanandyr.

Raýat hukugynda borçnamalary dürli usullar bilen toparlara bölýärler, ýöne esasan: 1. Şertnamalaýyn borçnamalar; 2. Zyýan ýetirilmegi zerarly ýüze çykýan borçnamalar (delikt-etmiş) diýen görnüşlere bölmek köp ulanylýar.

Borçnama iki tarap: algydar we bergidar ýa-da algydarlaryň birnäçesi we bergidarlaryň birnäçesi gatnaşýar.

“Türkmenistanyň raýat kodeksi” borçnamalaryň dürli görnüşlerini kadalaşdyrýar. Kodeks bilen tanşanymyzda şertnamalaryň 29 görnüşi barada kadalaryň bardygyny görmek bolýar. Mysal üçin, almak-satmak, alyş-çalyş, kärende, syýahatçylyk hyzmaty, ätiýaçlandyrma we beýlekiler. Raýat kodeksiniň 501–992-nji maddalary bilen düzgünleşdirilen borçnamalaryň aýry-aýry görnüşlerine üns beriň! Ol ýerde ilki bilen zatlaryň (harytlaryň) bir şahsdan başga şahsa geçmegi bilen baglanyşykly borçnamalar kadalaşdyrylan, soňra hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly şertnamalar kadalaşdyrylan. Ýene-de bir

üns bermeli zat, 993–1051-nji maddalarda kanun boýunça borçnamaly gatnaşyklar düzgünleşdirilen. Umumy hukuklar, kesekiniň işlerini tabşyryksyz ýöretmek, esassyz baýamak we etmiş netijesinde döreýän borçnamalar özlerine mahsus aýratynlyklary hasaba almak bilen kadalaşdyrylypdyr.

Şertnamalaýyn borçnamalar barada ýörite temada beýan edilýändigi üçin biz, esasan, zelel ýetirilmegi zerarly ýüze çykýan borçnamalara üns bermekçi. Umumy ykrar edilen kada boýunça kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren şahs zyýanyň öwezini doldurmaga borçludyr. “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” 1027–1051-nji maddalarynda zyýan ýetirmegiň dürli görnüşlerinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň kadalary bellenen. Eger zelel ýetiren şahs zeleliň öz günäsi boýunça ýetirilmändigini subut etse, onda ol şahs zeleli tölemekden boşadylýar. “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” degişli maddalarynda zyýan ýetirýän maglumatlaryň ýaýradylmagynyň netijeleri, kemala gelmedigiň ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik, ruhy taýdan keselli şahs tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmagyň, gulluk borçlaryny berjaý edýän döwründe ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmagyň, raýdaş jogapkärçiligiň, ulag serişdeleriniň ulanylmagy netijesinde ýeten zyýanyň öwezini doldurmagyň, ýangyn söndürilen wagtynda ýeten zyýanyň öwezini doldurmagyň, mallaryň ýetiren zyýanynyň öwezini doldurmagyň we beýleki birnäçe ýagdaýlarda ýetirilen zyýanlar üçin jogapkärçiligiň kadalary berkidilen.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda öndürilýän önümleriň hiliniň dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk bolmagy barada wezipe goýulýar. Şonuň üçin “Türkmenistanyň raýat kodeksinde” pes hilli önümden ýeten zyýan üçin borçnamalaýyn jogapkärçiligiň ýüze çykýandygy baradaky 1044–1051-nji maddalar aýratyn üns berilmäge mynasypdyr.

## §7. Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň goralyş usullary

Raýat hukuklaryny goramagyň usullary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen we kepillendirilen. Hukuklary goramagy kazyýet we beýleki hukuk goraýjy

edaralar amala aşyrýar. Raýat kodeksiniň 11-nji maddasynda goramagyň usullarynyň sanawy beýan edilen, ýagny:

- hukugy ykrar etmek arkaly;

- hukugyň bozulmazyndan öň dowam edip gelen ýagdaýy dikeltmek arkaly we hukugy bozýan ýa-da hukugyň bozulmak howpuny döredýän hereketleriň öňüni almak arkaly;

- geleşikleri (şertnamalary) hakyky däl diýip ykrar etmek we şol geleşigiň hakyky däldiginiň netijelerini ulanmak arkaly;

- döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň aktyny (namasyny) hakyky däl diýip ykrar etmek arkaly;

- borjy bolşy ýaly ýerine ýetirmäge mejbur etmek arkaly;

- raýat hukuklaryňy öz-özüň goramak arkaly

- ýetirilen zyýany töletmek arkaly;

- puşmana puluny töletmek arkaly;

- ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak arkaly;

- hukuk gatnaşyklaryny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek arkaly;

- döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň kanuna garşy gelýän namasyny kazyýetiň ulanmazlygy arkaly;

- kanunda göz öňünde tutulan beýleki usullar arkaly raýat hukuklary goralýar.

Türkmenistanyň raýat kanunçylygy raýatlaryň, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hukuklaryny ykrar etmek bilen birlikde, ol hukuklaryň goraglylygyny üpjün edýär. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň kanunçylygyň goragynda durmakda, halallykda hem-de borja wepaly gulluk etmekde nusga bolmalydygyny nygtaýan hormatly Prezidentimiz kanunçylygyň jemgyýetçilik durmuşynda netijeli berjaý edilmegini aňladýan hukuk tertibiniň göwnejaýlygyny “Döwlet adam üçindir” diýen ýörelgäniň “Adam döwlet üçindir” diýen şygar bilen utgaşdyrmagynda görýär we bu ugurda onuň özi hemmämize görelde bolýar. Hukuk tertibiniň, wezipe borçlarynyň netijeli berjaý edilmegi milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösmeginiň hem girewidir.

Raýat hukuklaryny goramagy, esasan, kazyýetler amala aşyrýar.

## Soraglar we ýumuşlar:

1. Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplary kimler bolup biler?
2. Raýatlaryň hukuk ukyby diýmek näme?
3. Raýatlaryň kämillik ukyby diýmek näme we ol doly derejede haçan döreýär?
4. Kärhanalaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
5. Raýatyň nukdaý nazaryndan eýeçilik hukugy oňa nähili mümkinçilikleri berýär?
6. Türkmenistanda eýeçiligiň nähili görnüşleri bar?
7. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda eýeçilik gatnaşyklaryndaky ösüşleri we özgertmeleri öz durmuşyňyzdan bir mysal bilen düşündiriň!
8. Raýat-hukuk borçnamalarynyň nähili görnüşlerini bilýarsiňiz?
9. Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň goralyş usullaryny düşündiriň!

## Raýat-hukuk şertnamalary. Raýat-hukuk jogapkärçiligi

### § 1. Raýat-hukuk şertnamalaryny baglaşmagyň tertibi

Şahslar kanunyň çäklerinde şertnamalary erkin baglaşyp we bu şertnamalaryň mazmunyny kesgitläp bilerler. Eger jemgyýetiň ýa-da şahsyýetiň düýpli bähbitlerini goramak maksady bilen, şertnamanyň hakykylygy döwletiň rugsadyna bagly bolsa, onda munuň özi aýratyn kanun arkaly düzgünleşdirilmelidir diýip raýat kodeksiniň 333-nji maddasynda bellenen.

Şertnamalaýyn borçnamalar şertnama baglaşylmagy netijesinde ýüze çykýar. Munuň özi borçnamalaryň has ýaýran görnüşidir. Raýatlar köplenç halatda özleriniň maddy we medeni isleglerini kanagatalandyrmaga gönükdirilen şertnamalary baglaşýarlar. Mysal üçin, satyn almak – satmak, şertnamasy, kärende şertnamasy, alyş-çalyş şertnamasy, sowgat etmek şertnamasy we beýlekiler.

Islendik şertnamany baglaşmak bir tarapyň beýleki tarapa şertnama baglaşmak hakyndaky teklip (oferta) bilen ýüzlenmeginden başlanýar. Raýat kodeksiniň 343-

nji maddasynda “teklip eden şahsyň öz teklibini ýerine ýetirmäge taýynlygy beýan edilen bolsa, ol baglaşylan hasaplanylýar” diýip görkezilen. Beýleki tarap teklibi kabul edýär (muňa raýat kodeksiniň 344-nji maddasy boýunça aksept diýilýär).

Şertnama gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary kanun arkaly we şertnama gatnaşyjylaryň özleriniň arasyndaky ylalaşyk arkaly kesgtilenilýär. Şertnama baglaşmagyň umumy kadalary raýat kodeksiniň 341–355-nji maddalarynda beýan edilen. Eger taraplar şertnama baglaşmak üçin bellenilen formasy berjaý edip, şertnamanyň düýp şertleriniň hemmesi boýunça ylalaşyk gazanan bolsalar, onda şertnama baglaşylan hasaplanylýar.

Raýatlar köplenç halatlarda şertnamalary dilden baglaşýarlar. Eger şertnamanyň hakyky bolmagy üçin kanunda belli bir forma bellenilen bolsa ýa-da taraplar şertnama üçin şonuň ýaly forma göz öňünde tutan bolsalar, onda şertnama şonuň ýaly keşp hakyndaky talap ýerine ýetirilenden soň güýje girýär. Eger taraplar ýazmaça keşp hakynda ylalaşan bolsalar, onda şertnama taraplaryň gol çeken bir resminamasyny düzmek arkaly baglaşylyp bilner. Kanun aýry-aýry şertnamalar üçin hökmany ýazmaça keşbiň bolmagyny belleýär, şol şertnamalaryň käbirleriniň keşbi barada başga, goşmaça talaplar hem bildirilýär. Mysal üçin, raýat kodeksiniň 337-nji maddasynda gozgalmaýan zatlar baradaky şertnamalar ýazmaça we notarial tertipde tassyklanan bolmaly diýip bellenen.

Raýat-hukuk şertnamasy diýip, raýatlaryň ýa-da ýuridik şahslaryň hukuklarynyň döremegine, üýtgemegine we bes edilmegine gönükdirilen, olaryň erk-islegini beýan edýän hereketleri hakyndaky ylalaşygyna düşünilýär.

Şertnamanyň mazmuny diýmek munuň özi taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän şertleriň jemidir. Şertnama ýazmaça baglaşylanda, şu maglumatlar hökman görkezilmeli: şertnamanyň ady we hasap belgisi, şertnamanyň baglaşylan ýeri we wagty, şertnama baglaşýan taraplaryň ady we olara kimleriň wekilçilik edýändigi, şertnama name üçin baglaşylandygy, ýagny belli bir zady bermelimi ýa-da hyzmat, iş ýerine ýetirmelimi, şertnamanyň nyrhy we töleg geçirmegiň şertleri, taraplaryň hukuklary, borçlary, taraplaryň jogapkärçiligi we jogapkärçilikden boşadýan ýagdaýlar, ýüze çykan jedelleriň çözüliş düzgüni, aýratyn

şertler, taraplaryň hukuk salgysy we bank maglumatlary, taraplaryň wekilleriniň goly, eger şertnama hukuk şahsalaryň arasynda baglaşylýan bolsa, kärhananyň möhri bilen tassyklanmaly.

Şertnama gatnaşyklary haryt alyş-çalyşy hadysasynyň esasy bolup durýar, şonuň şertnamanyň köp görnüşleriniň gadymy taryhy bar hem-de olaryň köpdürlüligi bazar ykdysadyýetiniň netijeli işlemegi üçin zerurdyr.

Bazar gatnaşyklary çeýe kadalaşdyrmagy talap edýär, ol hem raýat kodeksiniň 1-nji maddasynda görkezilen şertnamanyň erkinlik ýörelgesi arkaly üpjün edilýär. Bazar gatnaşyklary ösdügiçe Türkmenistanda şertnamalaryň täze dürli görnüşleri ýüze çykýar. Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasynda baglaşylýan we bellige alynýan şertnamalara birža kontraktlary diýilýär. Şertnama we kontrakt adalgalarynyň manysy birmeňzeşdir. Kontrakt "contractus" diýen latyn sözünden gelip çykyp, hukuk manysynda taraplaryň ikisi üçinem hukuklary we borçlary möhletleri bilen belläp berýän şertnamany, ylalaşygy aňladýar ( seret: çet ýurt sözleriniň sözleşigi). Şertnamany baglaşmagyň we ýerine ýetirmegiň hemme ýagdaýlara niýetlenen düzgüni bolmaýar, her bir şertnamada taraplaryň ýekebara erk islegi beýan edilýär, ýöne olaryň kanunçylyk esaslary bitewüdir.

Islendik telekeçiniň täjirçilik meýilnamalarynyň durmuşa geçirilmegi ylalaşyklary düzmezden we şertnamalary baglaşmazdan mümkin däl, çünki şertnama – munuň özi telekeçilik bilen meşgullanýan adamlaryň çen bilen edýän pikirleriniň we hasaplamalarynyň, olaryň peýda gazanmaga bolan ymtylyşynyň beýan edilýän görnüşdir. Telekeçilik bilen meşgullanyp, şertnama baglaşmazlyk asla mümkin däl. Şertnama diňe bir siziň hasaplaşyk hasabyňyza pul serişdeleriniň geçirilmegi üçin zerur bolan resminama däldir. *Şertnama* – bu, ilkinji nobatda, gyzyklanýan taraplaryň ylalaşygydyr, özara nep gazanmak bähbidi bilen bilelikde hereket etmek üçin olaryň öz aralaryndaky ylalaşygy aňladylan namadyr.

Şertnama nähili bolmaly? Şertnama, birinjiden, siziň bähbidiňize düzülen bolmaly; ikinjiden, ol hereket edýän kanunçylygy bozmaly däl; üçünjiden, siziň bähbitleriňiz hukuk taýdan ygtybarly goralmaly, siziň garşydaş wekiliňiziň (fiziki we hukuk taraplaryň) şertnama boýunça borçnamalary onuň jogapkärçiligi bilen

pugta üpjün edilmeli hem-de, dördünjiden, onda ýekeje-de “çözülmedik mesele” ýa-da “hukuk taýdan nätakyklyk” bolmaly däl. Şertnamada şeýle nätakyklyklaryň bolmagy ähli ylalaşyga çynlakaý howp döredýär hem-de islendik ajaýyp we ykdysady taýdan gowy işlenen täjirçilik taslamasyny puja çykaryp biler. Elbetde, şertnama baglaşmazdan öň iş salşyljak laýyk tarapy gözlemek, meýilleşdirilýän amallaryň esasy pursatdan deslapdan ylalaşmak we şuňa meňzeş boýunça çynlakaý iş geçirilýär.

Bazaryň subýektleriniň ähli işewir özara gatnaşyklary kanunçylyk we olaryň öz şertnamasynda göz öňünde tutýan şertleri arkaly berkidilýär hem-de ähli täjirçilik çäresiniň üstünligi, köplenç, şeýle şertnamanyň nähili düzülendigine we resmileşdirilendigine bagly bolýar. Şertnamada raýat kanunçylygynyň umumy başlangyçlarynyň we ýörelgeleriniň ençemesi beýanyny tapýar. Oňa gatnaşyjylaryň gatnaşyklary özara deňlige esaslanýar. Şertnama taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny, öz borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmedik halatyndaky jogapkärçiligini, hasaplaşyklarynyň tertibini, borçnamalryň ýerine ýetiriliş möhletlerini we emläk gatnaşyklarynyň beýleki möhüm şertlerini kesgitleýär.

## § 2. Raýat-hukuk şertnamalarynyň görnüşleri

Şertnamalar senagatda, oba hojalygynda, söwdada, gurluşykda, daşary ykdysady gatnaşyklarda we raýatlaryň gündelik durmuşynda ulanylýar. Şonuň üçin “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” II bölümi satyn almak-satmak şertnamasyndan başlap, şertnamalaryň dürli görnüşlerini kadalaşdyrýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde haryt-pul gatnaşyklaryny beýan etmegiň esasy formasy hökmünde şertnamanyň dürli görnüşleri ulanylýar. Durmuşda has köp baglaşylýan şertnamalar boýunça ýörite nusgalyk şertnamalar taýýarlanylýar. Mysal üçin, kärende şertnamasy. “Türkmenistanyň raýat kodeksinde” şertnamalaryň şu görnüşleri beýan edilen: almak-satmak, alyş-çalyş, sowgat etmek, emlägi kireýine bermek, lizing, kärende, oba hojalygy üçin niýetlenilen ýerleri kärendesine bermek, françaýzing, ssuda, karz alyş-beriş, potratçylyk, syýahatçylyk hyzmat, daşaýyş,

tabşyryk, eýeçiligi ynançly dolandyrmak, ulag ekspedisiýasy, dellalçylyk, söwda wekili, komissioner, sylag bermegi jemagat öňünde wada bermek, konkurs, emlägi saklamak, haryt ammaryna saklamaga tabşyrmak, ätiýaçlandyrma, bank hyzmaty, zamunlyk, kontokorrent, bergi borçnamalary, bilelikdäki iş (şereket), ömürlik ekläp-saklamak, oýunlar, jedel we beýleki şertnamalara degişli kadalar berkidilen.

Mysal üçin, almak-satmak şertnamasy şertnamanyň iň giň ýaýran görnüşidir. Bu şertnama boýunça satyjy emlägi alyjynyň eýeçiligine bermäge, alyjy bolsa emlägi kabul etmäge we onuň üçin ylalaşylan puly tölemäge borçlanýar. Eýeçilige bermek diýlende, diňe bir zady däl, eýsem oňa bolan hukugy hem alyja bermek göz öňünde tutulýar. Durmuşda almak-satmak şertnamasy dürli görnüşlerde duş gelýär. Edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň arasynda baglaşylýan almak-satmak şertnamasy Türkmenistanyň Döwlet haryt, çig mal biržasynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Jaýlary, desgalary almak-satmak hem gozgalmaýan emläkler baradaky biržanyň üsti bilen resmileşdirilip, Türkmenistanyň Döwlet kepillendiriş edarasynda tassyklanýar. Awtoulaglary almak-satmak komission dükanyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Häzirki döwürde şertnamanyň ýene-de bir köp duş gelýän görnüşi karz alyş-beriş şertnamasydyr. Esasan, bank karzyny göz öňünde tutulýar. Bank karzy munuň özi wagtlaýyn boş duran pul serişdelerini karz alyja töleglilik, möhletlilik we gaýtaryp bermek şerti bilen ýerlemek barada baglaşylýan şertnamadyr.

Raýat kodeksiniň 23-nji babynda ýerleşdirilen bank hyzmaty baradaky kadalar bank işiniň ykdysady esasyny goýdy. Onuň şeýledigini häzirki döwürde Türkmenistanda alnyp barylýan bank işlerinde görmek bolýar.

Şertnamanyň islendik görnüşiniň düzülişi we onuň esasy şertleri umumy kadalara esaslanýar.

Şertnamanyň giriş bölegi (preambulasy) şu esasy düzgünleri öz içine alýar:

Şertnamanyň ady (almak-satmagyň, hyzmat etmekligiň, kärendäniň, bilelikde işlemegiň we ş.m. şertnamasy). Şertnamanyň takyk ady ony okaýanlara nähili hukuk gatnaşyklary barada gürrüň gidýändigini şol wagtyň özünde görkezýär. Eger at ýok

bolsa, onda şertnamanyň näme hakyndadygyna düşünmezden ozal, ony okap çykmaly we diňe şonda ony mazmun taýdan seljerip bolýar.

Şertnamanyň gol çekilen senesi. Şertnama baglaşan tarapyň oňa gol çeken we möhür basan gün, aýyny we ýyly görkezilmeli. Gürrüň şertnamanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy bilen baglanyşykly hukuk netijeleriniň kesgitlenmegindedir.

Eger taraplar şertnama dürli wagtda gol çekýän bolsalar, onda ol soňky tarapyň gol çeken pursadyndan baglaşylan hasap edilýär.

Şertnamanyň gol çekilýän ýeri. Şertnamanyň gol çekilýän ýeri – bu ýöne bir resmilik däldir, bu şert kämahal örän uly hukuk ähmiýetine eýe bolýar, bu ylaýta-da daşary ýurt firmalary bilen daşary söwda şertnamalary baglaşylan mahaly möhümdir.

Şertnama baglaşýan taraplaryň doly ady. Tarapyň şertnama boýunça ady (mysal üçin, “potratçy”, “önüm iberiji”, “kärendeçi” we ş.m.). Munuň özi şertnamanyň ýazgysynda tarapyň doly adyny her gezek gaýtalamazlyk üçin zerur. Şertnama gol çekýän adamyň wezipesiniň doly ady, familiýasy, ady we atasynyň ady, şonuň ýaly-da onuň şertnama gol çekmäge ygtyýarlydygyny aňladýan resminamanyň ady.

Soňra şertnamada taraplaryň hukuklary, borçlary beýan edilýär. Şertnamanyň bu böleginde onuň düýpli şertleri beýan edilýär: şertnama boýunça birinji tarapyň borçnamalary; şertnama boýunça ikinji tarapyň borçnamalary; taraplaryň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekliginiň möhletleri (Türkmenistanyň RK-nyň 378-nji maddasy); taraplaryň borçnamalaryny ýerine ýetirmeli ýeri (Türkmenistanyň RK-nyň 376-njy maddasy); taraplaryň her biriniň borçnamalaryny ýerine ýtiriş usuly (hereketleriň tertibi, yzygiderliligi we möhletleri). Bu şertleriň anyk mazmuny şertnamanyň görnüşine we ony düzmegiň anyk ýagdaýyna bagly.

Şertnamanyň goşmaça şertleri – islendik şertnamanyň bu bölümi şertnamada göz öňünde tutulmagy hökman bolmadyk, emma olaryň bolmagy taraplaryň hukuklaryna we borçlaryna, şonuň ýaly-da olary ýerine ýetirmegiň tertibine düýpli täsir edýän şertleri özünde jemleýär.

Şertnamanyň hereket ediş möhletini taraplaryň borçnamalaryny ýerine ýetiriş möhletleri bellenen halatynda görkezmek gerek. Munuň özi şunuň bilen şertlendirilendir, ýagny siz şertnamanyň haçan bes edilýändigini we ony ýerine ýetirmekde garşylyklaýyn wekiliň ýüz döndermegine degişli talaplarynyň we nägilelikleriň mümkin boljakdygyny bilmelisiňiz.

Taraplaryň jogapkärçiligi. Islendik şertnamanyň bu şerti taraplaryň biri şertnamanyň şertlerini bozan halatynda, olaryň borçnamalaryny ýerine ýetirmeklerini üpjün edýär. Adatça, ol temmi beriş tertibindäki (penýa, jerime) dürli görnüşli çäreleriň kesgitlenmegini özünde jemleýär, olary hem yalalşylan şertleriň biri babatynda öz borçnamalaryny ýerine ýetirmedik tarap töleýär.

Düzgün bolşy ýaly, taraplaryň arasyndaky ähli jedeller Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bu şertiň şertnamada göz öňünde tutulandygyna ýa-da tutulmandygyna garamazdan araçylyk tertibinde çözülýär.

Şertnamanyň ahyrynda taraplaryň salgylary, bank maglumatlary beýan edilýär we taraplaryň gollary çekilip, möhür basylýar.

Umuman, Türkmenistanda raýatlar we hukuk şahslar şertnamanyň islendik görnüşini baglaşyp bilerler, ýöne ol kanuna ters gelmeli däldir.

## § 3. Raýat-hukuk şertnamalarynyň ýerine ýetirilişi

Şertnama kanuna we ylalaşylan şertlere laýyklykda, şonuň ýaly görkezmeler bolmadyk mahalynda bolsa, adatda bildirilýän talaplara laýyklykda degişli derejede we bellenen möhletde ýerine ýetirilmelidir. Kanuny esas bolmasa, şertnamany ýerine ýetirmekden birtaraplaýyn ýüz döndermeklige we şertnamanyň şertlerini birtaraplaýyn üýtgetmeklige ýol berilmeýär. Şertnamany ýerine ýetirmekligiň umumy kadalary “Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” 375–417-nji maddalarynda beýan edilen. Şertnamalaryň aýry-aýry görnüşleriniň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary şol şertnamalara degişli kadalarda bellenip ýa-da baglaşylan şertnamanyň özünde beýan edilip bilner.

Baglaşylýan şertnamalaryň ýerine ýetirilmegi taraplaryň düzgün-nyzam duýgusyna, ynsabyna esaslanýar. Şonuň üçin durmuşda şertnamalar köplenç halatda bolmalysy ýaly ýerine ýetirilýär.

Şertnamanyň baglaşylanlygyna oňa gol çekilmegi şaýatlyk edýär. Düzgün bolşy ýaly, bu iş kärhananyň ygtyýarly wekiliniň öz eli bilen çeken goluny we şol guramanyň möhüriniň basylmagyny öz içine alýar. Kärhananyň şertnamadaky mohüri şertnama gol çeken adamyň ygtyýarlygyny tassyklaýan hem bolsa, şrtnamada kärhananyň möhüriniň bolmazlygy şertnamany öz-özünden hakyky däl etmeýär. Umuman, kärhananyň şertnamadaky möhüriniň ähmiýetine aşa baha bermeli däl. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda şertnamada möhüriň barlygynyň ýa-da ýoklugynyň onuň hakykylygy ýa-da hakyky däldigi bilen hiç hili baglanyşygy ýok. Kanun şertnama gol çeken adamyň ygtyýarlyklaryna aýgytlaýjy ähmiýet berýär. Şonuň üçinem ygtyýarlyksyz adamyň gol çeken şertnamasynda möhüriň bolmagy ol şertnamany hakyky etmeýär, şol bir wagtyň özünde ygtyýarly adamyň goly bar bolup, oňa möhür basylmadyk mahalynda-da şertnamanyň baglaşylandygy ykrar edilýär.

Şertnama gol çekilmegi taraplaryň ony baglaşmaga erk-isleg bildirýändigine şaýatlyk edýär, şoňa laýyklykda ol taraplarda degişli hukuklar, borçnamalar we jogapkärçilik ýüze çykýär.

Jedel ýüze çykan halatynda, şertnama resminama hökmünde araçy kazyýetde iň möhüm subutnama bolup durýar.

Şertnama boýuça borçnamalaryň taraplaryň her biri tarapyndan ýerine ýetirilmeginiň tertibi belli bir kadalara tabyndyr.

Iş tejribesiniň görkezişi ýaly, şertnamanyň ýerine ýetirilmegi, mysal üçin, dükandan haryt satyn alnanda edilişi ýaly, bir (bir gezeklik) hereketiň amala aşyrylmagyna syrykmaýar. Köplenç halatlarda şertnamany ýerine ýetirmek boýunça hereketler yzygyderli amala aşyrylýan ulgamy döredýär. Şol hereketleriň toplumyny iki tapgyra bölmek mümkin:

I. Şertnamany ýerine ýetirmegiň maddy tapgyry. Bu tapgyr iki sany özara baglanyşykly hereketi öz içine alýar: bir tarapyň ýerine ýetiren işiniň berilmegi we

ýerine ýetirilen zady beýleki tarapyň kabul etmegi. Şonda şertnamany ýerine ýetirmegiň möhletini, ýerini, nyrhyny, usulyny berjaý etmegiň möhüm ähmiýeti bar.

II. Şertnamanyň ýerine ýetirilişiniň tehniki-hukuk tapgyry. Bu tapgyryň mazmuny ýerine ýetiriliş mukdar we hil taýdan barlagyndan, şonuň ýaly-da ýerine ýetiriliş ýagdaýynyň resminama arkaly tassyklanmagyndan ybarat. Başgaça aýdylanda, islendik ýerine ýetirilen iş resminama arkaly tassyklanmalydyr. Borçnamanyň ýerine ýetirilmeginiň resminama arkaly tassyklanmagyna şular degişlidir: harytlary (işleri, hyzmatlary) tabşyrmagyň we kabul etmegiň delilnamasy; harytlar (işler, hyzmatlar) üçin töleg geçirilendigi barada bank edarasy tarapyndan tassyklanan töleg tabşyrygy; harydyň ýüki alyja ugradylandygy barada ulag guramasyndan alnan resminama; harydyň satyjynyň ammarynda kabul edilmegi we tabşyrylmagy baradaky resminama; alyjynyň dil haty; başga resminamalar we şahadatnamalar.

Umuman, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kabul edilmegi we tabşyrylmagy baradaky resminamalaryň düzülmeginiň we resmileşdirilmeginiň uly hukuk ähmiýeti bar.

Umumy düzgünlere laýyklykda, eýýäm baglaşylan şertnamanyň bir taraplaýyn üýtgedilmegi we üstüniň ýetirilmegi, ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly, ýol berilmesizdir. Ozal baglaşylan şertnama ähli düzedişler diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça girizilip bilner. Eger taraplaryň birisi şertnamanyň üýtgedilmegini ýa-da bozulmagyny zerur hasap edýän bolsa, ol beýleki tarapa degişli teklibi ibermäge borçludyr. Beýleki tarap teklibe seretmelidir we başlangyç goýujynyň teklip edýän möhletinde jogap berilmelidir. Baglaşylan şertnamanyň şertleriniň üýtgedilmegi we üstüniň ýetirilmegi şertnamanyň özüniň resmileşdirilişi ýaly tertipde, ýagny ýazmaça resmileşdirlýär. Köplenç halatlarda şertnamanyň üýtgedilmegi ýa-da üstüniň ýetirilmegi taraplaryň aýratyn ylalaşygy ýa-da beýanat bilen resmileşdirilýär, emma hat, telegramma, faks alyşmak we ş.m. arkaly-da resmileşdirilip bilner.

Taraplar diňe şertnamanyň haýsydyr bir şertleriniň üýtgedilmegi hakynda däl, eýsem öňki baglaşylan şertnamanyň tutuş başgasy bilen çalşyrmak hakynda-da

ylalaşyk gazanyp bilerler. Tutuşlygyna alnanda şertnama iň gadymy hukuk guraly hökmünde bazar gatnaşyklary şertlerinde bu gatnaşyklara gatnaşyjylaryň özüni alyp barşynyň düzgünleşdirilmegini üpjün edýän esasy hukuk nama bolup durýar.

### § 4. Şertnamalaryň ýerine ýetirilişini üpjün edýän serişdeler

Kanun şertnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň birnäçe goşmaça serişdelerini göz öňünde tutýar. Mysal üçin, puşmana puly (raýat kodeksiniň 427–430-njy maddalary), öňünden pul bermek (raýat kodeksiniň 431-433-nji maddalary), girew (raýat kodeksiniň 261–299-njy maddalary), kepillendirme (raýat kodeksiniň 434–436-nji maddalary).

Borçnamalary üpjün etmegiň usullary. Täjirçilik amallaryny üstünlikli geçirmek üçin amatly hyzmatdaşy tapmak heniz az, bu şertnama bolmalysy ýaly ýerine ýetirmek üçin onuň bilen amatly şertnama baglaşmak örän möhüm. Bu ýagdaýda borçnamalary üpjün etmegiň günäkär tarapa emläk taýdan täsir etmegiň goşmaça usullary netijeli bolup durýar.

Bellenilip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň kanunçylygynda borçnamalary üpjün etmegiň dört sany esasy usuly bar, ýagny: puşmana puly, girew, kepillendirme, öňünden pul bermek (haýyrlaşma puly). Bularyň her biri Türkmenistanyň RK-nde berkidilendir. Türkmenistanyň RK-niň 330-njy maddasyna laýyklykda borçnamalaýyn özara gatnaşyklarda taraplar “algydar” we “bergidar” diýlip atlandyrylýar.

Algydar – şertnama boýunça beýleki tarapyň (bergidaryň) borçnamalaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge hukukly şahs.

Bergidar – şertnama boýunça beýleki tarap ( algydar) babatynda borçnamalaryny ýerine ýetirmeli şahs.

Şertnama boýunça borçnmalaryň ýerine ýetirilmeginiň üpjünçiligi bergidara emläk taýdan täsir etmegiň goşmaça çäresi bolup, ol öz borçnamasyny ýerine ýetirmäge ony mejbur edýär hem-de bergidar şertnama boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmedik ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirmedik

halatynda, algydaryň bähbitlerini kanagatlandyrýar. Şertnama baglaşmak tejribesinde üpjün ediş serişdeleriniň has köp ulanylýany puşmana puly ýa-da jerimedir. Şonuň üçin puşmana puly baradaky kadalary mysal getirmegi makul bildik.

Raýat kodeksiniň 427-nji maddasyna laýyklykda puşmana puly – borçnamalaryň ýetirilmezligi ýa–da bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmezligi üçin bergidaryň algydara tölemeli taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenen pul tölegi. Puşmana puly şertnamany üpjün etmegiň iň köp ýaýran usullarynyň biridir. Puşmana pulunyň esasy maksatlary – çekilen zyýanlaryň öweziniň doldurylmagy, algydara zyýan çekilendigini we olaryň möçberini subut etmek borçlaryndan boşatmak. Puşmana puly bir wagtyň özünde borçnamalary üpjün etmegiň serişdesi we raýat-hukuk jogapkärçiliginiň formalarynyň biri hökmünde ykrar edilýär. Puşmana puluny almak üçin şertnamanyň bozulandygynyň özi ýeterlikdir. Dünýä ýurtlarynyň birnäçesinde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem çekilen zyýanlar bilen deňeşdirilende puşmana puly bimöçber uly bolsa, onuň möçberini azaltmaga kazyýetiň haky bardyr (Russiýa federasiýasynyň raýat kodeksiniň 333-nji maddasy, German Raýat Düzgünleriniň 343-nji paragrafy).

“Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” 429-njy maddasyna laýyklykda , eger puşmana puly bergidar öz borçlaryny wagtynda ýerine ýetirmedik halatlary üçin göz öňünde tutulmadyk bolsa, algydar bir wagtyň özünde puşmana pulunyň tölenmegini we borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini talap edip bilmeýär. Algydar bolsa zeleliň öweziniň doldurylmagyny talap etmäge mydama haklydyr.

Türkmenistanyň raýat hukugynda şertnamalaýyn puşmana pulunyň möçberleriniň kanunçylyk taýdan haýsydyr bir çäklendirmesi ýok. Şertnamanyň puşmana puly baradaky şertlerini beýan etmekde taraplaryň dürli usullary ulanýandygyna tejribe şaýatlyk edýär. Şertnamalaryň ýazgylarynda şertnamanyň gymmatynyň ýa-da özleri babatynda ýerine ýetiriş möhleti gijigen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmatynyň 5-10 göterimi möçberindäki puşmana puly hakyndaky şertlere ýygy-ýygydan duş gelmek bolýar.

Puşmana pulunyň görnüşleri hökmünde jerimeler we penýalar çykyş edýärler. Jerime diýip, bergidaryň algydara öňünden kesgitlenen möçberde ýa-da berginiň möçberine ýa-da şertnamanyň gymmatyna görä göterim gatnaşygyndaky möçberde tölemäge borçlanýan şertnama boýunça bellenen puluna aýdylýar. Penýa diýip, bergidaryň algydara möhleti geçen tölegiň möçberine görä göterim gatnaşygyndaky möçberde tölegiň gijikdirilmeginiň her güni ýa-da başga bir döwri üçin tölemäge borçlanýan we wagtyň geçmegi bilen ösýän şertnama boýunça bellenen puluna aýdylýar.

Jedele seredilen mahaly Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda (Türkmenistanyň RK-niň 430-njy maddasy) alynýan puşman pulunyň möçberini, eger ol algydaryň zyýanlaryndan aşa köp bolsa, azaltmaga kazyýetiň hukuklydygyny bellemek gerek.

Puşmana puly baradaky taraplaryň ylalaşygy ýazmaça görnüşde bolmalydyr (raýat kodeksiniň 428-nji maddasy). Puşmana pulunyň ýazmaça görnüşiniň bolmazlygy puşmana puly baradaky ylalaşygyň hakyky bolmazlygyna getirýär. Adatça, şeýle ylalaşyk şertnamanyň bir bendi hökmünde beýan edilýär we şertnamanyň “Taraplaryň jogapkärçiligi” diýen bölümine girýär.

## §5. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň şertleri

Hukuk jogapkärçiliginiň esasy wezipesi hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, bozulan hukuklary öňki derejesine dikeltmek bolup durỳar. Şeỳlelikde, hukuk gatnaşyklarynyň talabalaỳyk kadaly bolmagy üpjün edilýär.

Hukuk jogapkärçiligi özünde birnäçe alamatlary jemleýär:

1. Döwletiň mejbur ediş çäresi.
2. Hukuk bozulmasy üçin kanunda bellenen.
3. Bu döwlet mejbur ediş çäresini diňe ygtyýarly döwlet edaralary ulanyp bilýär.
4. Haýsydyr bir ýagdaý üçin kanunyň bellän hukuk netijesi.

Türkmenistanyň kanunçylygy jogapkärçiligiň dört görnüşini belleýär: raýat, jenaýat, dolandyryş, düzgün-nyzam. Olaryň içinde has köp ulanylýany raýat-hukuk jogapkärçiligidir, sebäbi ol bazar ykdysadyýetiniň usullaryna **laýyk gelýär.**

Jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda, raýat-hukuk jogapkärçiligini islendik jogapkärçilik bilen bilelikde ulanyp bolýar. Raýat-hukuk jogapkärçiligi diýip, kanun ýa-da şertnama boýunça bellenilen borjuny bozan şahsyň garşysyna ulanylýan oňaýsyz maddy, mejbur ediş çäresine aýdylýar. Beýleki jogapkärçilikler diňe kanun esasynda döreýär, emma raýat-hukuk jogapkärçiligi şertnama esasynda hem döräp bilýär. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň esasy wezipesi hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, bozulan hukuklary öňki derejesine dikeltmek bolup durýar. Şeýlelikde, ykdysadyýetdäki haryt-pul gatnaşyklarynyň talabalaýyk, kadaly bolmagy üpjün edilýär.

Raýat-hukuk jogapkärçiligine çekmegiň dört sany şerti bar:

1. Kanunyň ýa-da şertnamanyň bozulmagy.
2. Zyýanyň, zeleliň bolmagy.
3. Ýetirilen zyýan bilen dörän netijäniň arasyndaky sebäpli baglanyşyk.
4. Günä.

Şu şertleri synlanyňda, raỳat-hukuk jogapkärçiliginiň ählumumylygy we aỳratynlyklary ỳüze çykỳar. Jenaýat, dolandyryş jogapkärçilikleri diňe kanun bozulanda ýüze çykýan bolsa, raỳat-hukuk (maddy) jogapkärçilik şertnama esasynda hem döräp bilỳär. Şeỳle aỳratynlyk zyỳanyň, zeleliň bolmagy diỳen şert barada-da ỳüze çykỳar. Zyỳan, zelel bolmasa, raỳat-hukuk (maddy) jogapkärçilige çekip bolmaỳar, emma jenaỳat jogapkärçiligine (Türkmenistanyň jenaỳat kodeksiniň 13–14-nji maddalary), jenaỳata taỳỳarlyk görmek ỳa-da jenaỳatyň kastyna düşmek üçin jogapkärçilige çekip bolỳar. Raỳat kanunçylygy boỳunça, eger bir adam başga biriniň emlägine zelel ỳetiriji hereketi ỳa-da hereketsizligi eden hem bolsa, zyỳan döremedik bolsa, onda maddy jogapkärçilige çekip bolmaỳar.

Türkmenistanda kämil ykdysadyỳetiň kemala gelmegi we bazar gatnaşyklaryny ösdürmek üçin hukuk esaslary döredildi, raỳatlaryň demokratik

hukuklary we azatlyklary dolulygyna üpjün edilýär, olary durmuşa geçirmek we goramak üçin hukuk serişdeleri ýeterlik bar.

Baglaşylan şertnama boýunça öz borçlaryny bolmalysy ýaly ýerine ýetirmekleri boýunça taraplaryň borçnamalary emläk jogapkärçiliginiň serişdeleri arkaly kepillendirilendir, olar beýleki tarapyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmeýän ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirmeýän tarapa ýüklenilýär. Kanunçylyk şertnamany bozujylar babatynda esasy düzgünleri öz içine alýar. Umumy düzgünler raýat kodeksiniň 418–425-nji maddalarynda bar, aýry-aýry düzgünler bolsa raýat kodeksiniň şertnamalaýyn borçlaryň dürli görnüşlerine bagyşlanan baplarynda göz öňünde tutulandyr. Şol kadalar aşakdaky umumy netijelere gelmäge mümkinçilik berýärler:

1. Şertnama boýunça bir tarap öz borçlaryny ýerine ýetirmedik, bolmalysy ýaly ýerine ýetirmedik ýa-da bu borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwren halatynda, bir tarap beýleki tarapa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalydyr.

2. Borçnamanyň ýerine ýetirilmedik halatynda, aýratyn kesgitlenen zady beýleki tarapyň eýeçiligine ýa-da peýdalanmagyna geçirmeli, ol tarap hem bu zadyň bergidardan öz haýryna alynmagyny ýa-da ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagyny talap etmäge haklydyr.

3. Belli bir işi ýerine ýetirmek borjunyň ýerine ýetirilmedik halatynda, algydar onuň ýerine ýetirilmegini üçünji tarapa tabşyryp hem-de bergidardan zyýanlaryň öweziniň doldurylmagyny talap edip bilýär.

Şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi üçin telekeçiniň islendik halatda, eger munuň sebäbini ýeňip geçip bolmajak güýjüň (tebigy betbagtçylyk, harby hereketler we ş.m.) täsiridigini subut etmese, jogapkärçilik çekýändigi hereket edýän kanunçylykda bellenendir.

Şeýlelik bilen, jogapkärçiligi şertnama boýunça taraplaryň birine ýüklemegiň zerur şerti beýleki tarapyň çeken zyýanlary bolup durýar.

Kanunçylyga laýyklykda zyýan diýip, şertnama boýunça bir tarapyň çeken harajatlaryna, onuň emläginiň ýitirilmegine ýa-da zaýalanmagyna, şonuň ýaly-da beýleki tarap borçnamasyny ýerine ýetiren bolsa, onuň almagy mümkin bolan

alynmadyk girdejilere düşünilýär. Şeýlelikde, zyýanlar düşünjesi şu böleklerden durýar:

- Emlägiň ýitirilmegi, emlägiň fiziki taýdan ýok edilmegi ýa-da onuň hojalyk dolanyşygyndan çykmagy. Mysal üçin, saklaýjy emlägi öz ammarynda saklamak boýunça borçnamalaryny ýerien ýetirmändir we onuň biperwaýlygy zerarly ýitirilipdir.
- Emlägiň zaýalanmagy, oňa sarp ediş sypatlarynyň, daşky görnüşiniň ýaramazlaşmagy, gymmatynyň kemelmegi bilen baglanyşykly zeper ýetmegi.

Düzgün bolşy ýaly, zyýanlar jogap berijiden kazyýetiň karary boýunça pul görnüşinde alynýar, emma jogap berijide pul serişdeleri ýok bolan halatynda, talap edijiniň kazyýetiň kararyny ýerine ýetirmekligiň usulyny alynmaly puly jogap berijiniň emläginden almaklyga gönükdirmek arkaly üýtgetmek barada kazyýete arza bilen ýüz tutmak mümkinçiligi bar.

Bazar gatnaşyklary ösdügiçe, şertnamanyň ähmiýeti hem artýar. Ol diňe bir jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda borçnamalaryň ýüze çykmagynyň esasy hem-de taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny bellige alýan resminama bolman, eýsem şertnamanyň taraplarynyň özüni alyp barşyny kadalaşdyrmagyň resminamasydyr. Şertnamalaýyn borçlaryň bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmegi Türkmenistanda bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösmeginiň möhüm serişdesi bolup durýar.

## § 6. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň alamatlary we görnüşleri

Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň alamatlary diýlende, onuň mejbur ediş çäresidigini, hukuk bozulmasy üçin bellenilendigini, bu mejbur ediş çäresini taraplaryň özleri biri-birine meýletin ýa-da ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan ulanyp bolýandygyny bellemek gerek. Şeýle-de jogapkärçilige çekilende, kanunyň ýa-da şertnamanyň haýsydyr bir ýagdaý üçin bellän çäreleri (sanksiýalary) ulanylýar. Raýat- hukuk maddy jogapkärçiligine zyýan, zelel bolmasa çekip bolmaýar.

Umuman, jogapkärçiligiň görnüşleri baradaky kadalar raýat kodeksiniň 138, 407, 413, 681, 713, 818 we beýleki birnäçe maddalarynda beýan edilýär. Jogapkärçiligiň görnüşleri diýlende, biz şol maddy täsir ediş serişdelerini dürli usullar bilen kanunda ýa-da şertnamada beýan edilişine düşünýäris. Şonuň üçin olary dürli hili atlandyrýarys: paýly, raýdaş, garyşyk (raýat kodeksiniň 1027–1051-nji maddalary). Haýsy hukuk çeşmelerinde bellenendiginden ugur alnyp, raýat-hukuk jogapkärçiligi iki görnüşe bölünýär:

Şertnamalaýyn jogapkärçilik. Adyndan görnüşi ýaly, bu jogapkärçilik şertnamanyň şertleriniň bozulmagyna esaslanýar. Şertnama – bu iki ýa-da ondan köp tarapyň arasynda baglaşylan ylalaşykdyr. Şertnamalaýyn jogapkärçiligiň esasy çäresi puşmana puludyr. Puşmana puly öňünden şertleşilen pul möçberi bolup, ony şertnamany ýerine ýetirmedik tarap beýleki tarapa töleýär. Taraplar şertnama baglaşanlarynda, puşmana puluny erkin kesgitläp bilýärler. Puşmana puly hakyndaky ylalaşyk ýazmaça görnüşde bolmalydyr. Puşmana puly şertnamalarda dürli hili atlandyrylyp bilner. Eger-de anyk pul möçberinden ýa-da üýtgemeýän göterim möçberinde beýan edilen bolsa, oňa jerime diýilýär.

Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky jogapkärçilik (delikt). Kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren şahs şol zyýanyň öwezini doldurmaga borçludyr. Eger zelel ýetiren adam zeleliň öz günäsi boýunça ýetirilmändigini subut etse, onda ol şol zeleli tölemekden boşadylýar. Raýat kodeksiniň 1029-njy maddasyna laýyklykda, on ýaşyna ýetmedik şahs başga şahslara ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär. On ýaşyny dolduran kemala gelmedik şahs eger zyýan ýetiren wagtynda öz hereketiniň (eden işiniň) ähmiýetine akyl ýetirip bilmeýän bolsa, ol özüniň başga şahsa ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär. Onuň deregine kemala gelmedigiň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik edýän jogapkär şahslar kemala gelmedigiň bikanun hereketleri bilen başga şahsa ýetiren zyýanyň öwezini doldurmaga borçludyr. Gözegçilik etmäge jogapkär şahslar zyýanyň öňüni alyp bilmedik halatlarynda, jogapkärçilik aradan aýrylýar. Şeýle kadalar ruhy taýdan keselli (dälilik keseli) şahs tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmakda hem ulanylýar (raýat kodeksiniň 1030–1031-nji

maddalary). Eger mal adamyň bedenine (synasyna) degip, onuň ömrüne ýa-da saglygyna zeper ýetirse ýa-da zatlaryny zaýalasa, malyň eýesi zyýan çekene ýetirilen zeleliň öwezini dolduryp bermäge borçludyr diýlip, 1038-nji maddada bellenen. Raýat kodeksinde pes hilli önümden ýeten zyýan üçin jogapkärçilige aýratyn üns berilýär we ýörite bapda, 1044–1051-nji maddalarda kadalaşdyrylýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Borçnama we şertnama diýmek näme?
2. Raýatlar durmuşda haýsy raýat-hukuk şertnamalaryny yzygiderli baglaşýarlar?
3. Haýsy şertnamalar hökman ýazmaça baglaşylmaly. Ony durmuşdan mysal getirip düşündiriň.
4. Şertnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin haýsy serişdeleriň ulanylýandygyny düşündiriň.
5. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň nähili aýratynlyklary bar?
6. Jogapkärçilige çekmek üçin nähili şertler gerek?

## Awtorlyk we oýlap tapyş hukugy. Türkmenistanyň miras kanunçylygy

### §1. Awtorlyk hukugy bilen goralýan çeper döredijilikli işiň netijeleriniň düşünjesi we görnüşleri

Hukuk ulgamynyň esasy pudaklarynyň biri bolan raýat hukugy öz gezeginde raýat-hukuk institutlaryndan emele gelýär. Emläkleýin we emläkleýin däl gatnaşyklary öz içine alýan raýat-hukuk institutlarynyň biri-de awtorlyk hukugydyr. Awtorlyk hukugy diýlende, ylym, edebiýat we sungat eserleri döredilende we peýdalanylanda ýüze çykýan gatnaşyklara (awtorlyk hukugyna), şeýle hem ses ýazgylarynyň we görnüşli ýazgylaryň ýerine ýetirilmegi, öndürilmegi, gepleşik

guramasy bilen baglanyşykly hukuklary (utgaşyk hukuklary) düzgünleşdirýän kadalaryň toplumyna düşünilýär. Awtorlyk hukugyna degişli kadalar "Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 4-nji böleginde, 1052–1151-nji maddalarynda beýan edilen.

Awtorlyk hukuk kadalarynyň netijeli işlemegini gazanmak, ylym, edebiýat we sungat eserleriniň awtorlarynyň, ýerine ýetirijileriň fonogrammalaryny we wideogrammalaryny taýýarlaýjylaryň awtorlyk haklaryny ýygnap alyp bermek hem-de paýlamak üçin we olaryň hukuklaryny dolandyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýörite edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Edebi eserler (kitaplar, kitapçalar, makalalar, kompýuter maksatnamalary, maglumat bazalary we ş.m.), drama ýa-da sazly drama eserleri, tanslar, tekstli ýa-da tekstsiz saz eserleri, kino, tele we wideofilmler, şekillendiriş sungatynyň eserleri, bezeg, amaly we ýadygärlik sungat eserleri, arhitektura şäher gurluşyk we bagçylyk, seýilbag sungaty, surat eserleri ýa-da surata meňzeş usullar bilen döredilen eserler, geografiýa, topografiýa ýa-da beýleki ylymlara degişli eserler awtorlyk hukugynyň obýektleri hasaplanýar. Şeýle hem awtorlyk hukugynyň obýektlerine terjimeler, edebi taýdan işläp taýýarlamalar, synlar, sahnalaşdyrmalar we ylym, edebiýat, sungat eserleriniň beýleki gaýtadan işlenilmeleri, ýygyndylar, maglumat bazalary we özünde intellektual-döredijilik işiniň netijeleri bolan maglumatlar toplanylan ýa-da ýerleşdirilip düzülen beýleki eserler hasaplanylýar, ýöne başganyň eseri ulanylanda, ondan peýdalanmagyň kadalary bar. Şol kadalardan çykylmagy jogapkärçiligiň döremegine eltýär. Mysal üçin, ylmy işler ýerine ýetirilende, başganyň eserinden peýdalanylsa, hökman oňa salgylanma bolmaly. Salgylanma bolaýan ýagdaýynda-da, yzygiderli iki sahypadan köp ulanmak bolmaýar.

Esere awtorlyk hukugy maddy gymmatlyga bolan eýeçilik hukugyna garaşly däldir, ýagny kitabyň satyn alynmagy bu esere awtorlyk hukugynyň berilýändigini aňlatmaýar. Kanunda (TRK-niň 1061-nji maddasy) resminalara: kanunlara, kazyýetiň çözgütlerine we beýleki kadanamalara; döwletiň resmi nyşanlaryna: baýdagyna, tugrasyna, senasyna, sylaglaryna, pul birliklerine we beýleki resmi

nyşanlaryna; maglumat häsiýeti bolan wakalar we hadysalar hakyndaky habarlara; halk döredijiligine awtorlyk hukugynyň degişli edilmeýändigi kesgitlenen.

Döredijilikli zähmetiň netijesinde eseri döreden adama eseriň awtory diýilýär. Eser özüne akyl ýetirmäge, ýaňadan beýan etmäge mümkinçilik berýän görnüşde aňladylanda (şöhlelendirlende) döredilen hasap edilýär. Mysal üçin, saz bolsa, ol notalara geçirilen bolmaly. Awtorlyk hukugynyň ýüze çykmagy we amala aşyrylmagy üçin eseriň bellige alynmagy, ýörite resmileşdirilmegi hökman däldir. Awtorlyk hukugynyň eýesi öz hukuklaryny mälim etmek üçin awtorlyk hukugyny goramagyň nyşanyndan peýdalanyp biler.

## §2. Awtorlyk hukugynyň mazmuny we çäkleri

Eseriň awtorynyň hukuklary iki görnüşe bölünýär: şahsy hukuklar we emläkleýin hukuklar. Raýat kodeksiniň 1076-njy maddasyna laýyklykda, eseriň awtorynyň şahsy hukuklaryna şu hukuklar degişlidir, ýagny eser ulanylanda, awtoryň adyny görkezmek bilen, eseriň awtory hökmünde ony ykrar etmek hukugy we şeýle diýlip ykrar edilmegini talap etmek hukugy. Şeýle-de awtoryň adyna derek onuň toslanan adyny (tahallusy) görkezmek hukugy ýa-da adyny görkezmekden ýüz öwürmek (anonim) hukugy; eseriň ýoýulmagyna ýa-da başga hili üýtgedilmegine garşylyk görkezmek hukugy, şeýle hem awtoryň mertebesine ýa-da abraýyna (awtoryň abraýyny goramaga bolan hukuk) zeper ýetirip biljek islendik beýleki hyýanatçylyga garşylyk görkezmek hukugy.

Awtoryň şahsy hukuklary ondan aýrylmasyzdyr, ýagny emläk hukuklarynyň başga birine berläýen ýagdaýynda hem şahsy hukuklar awtorda galýar. Munuň özi awtoryň şahsy hukuklarynyň diňe awtora degişlidigini we mizemezligini aňladýar. Şahsy hukuklar miras boýunça hem geçmeýär, ýöne awtor ölenden soňra, onuň mirasdarlary şahsy hukuklarynyň goralmagyny amala aşyrmaga haklydyr.

Eseriň awtorynyň emläk hukuklary barada aýdylanda, awtora ýa-da awtorlyk hukuklaryna eýelik edijä eseri islendik formada we islendik usulda ulanmak babatda aýratyn hukugyň degişlidigini bellemek gerek. Eseri ulanmaga bolan aýratyn hukuk

diýmek TRK-niň 1077-nji maddasyna laýyklykda hukuklary amala aşyrmagy, rugsat bermegi ýa-da gadagan etmegi, ýagny:

a) eseriň ýaňadan beýan edilmegi (ýaňadan beýan etmäge hukuk);

b) eseriň originalyny ýa-da nusgalyklaryny islendik usulda ýaýratmak: satmak, köpçülikleýin prokat we beýlekiler (ýaýratmaga bolan hukuk);

ç) ýaýratmak maksady bilen eseriň nusgalyklarynyň, awtoryň ýa-da awtorlyk hukuklarynyň başga eýesiniň rugsat bermeginde taýýarlanan nusgalyklaryny goşmak bilen importirlenmegi (importa bolan hukuk);

d) eseriň jemagat öňünde ýerine ýetirilmegi (jemagat öňünde ýerine ýetirilmegine hukuk);

e) eseriň jemagat öňünde habar berilmegi (ählumumy maglumat üçin eseriň habar berilmegi);

ä) eseriň efirde ýerine ýetirilmegi bilen, onuň efirde ilkinji we (ýa-da) soňraky ýerine ýetirilmegi bilen ählumumy maglumat üçin habar berilmegi (efirde eşitdirmäge hukuk);

f) eseriň terjimesi (terjimä bolan hukuk);

h) eseri üýtgetmek, onuň aranžirowkasy ýa-da başga usulda täzeden işlenilmegi (täzeden işlenilmäge hukuk) aňladýar.

Bu emläk hukuklarynyň çäklendirmeleri raýat kodeksiniň 1082-1093-nji maddalarynda bellenendir.

Awtorlyk hukugy eseriň döredilmegi bilen ýüze çykýar we awtoryň bütin ömrüniň dowamynda, şeýle-de awtor aradan çykandan soň elli ýylyň dowamynda onuň emläk hukuklary hereket edýär. Diýmek, mirasdarlar awtor aradan çykandan soň elli ýylyň dowamynda awtorlyk haklaryny almak hukuklaryndan peýdalanýarlar, emma awtoryň emläkleýin däl şahsy hukuklary möhletsizdir. Beýle diýildigi awtoryň ada bolan hukugynyň mydamalykdygyny aňladýar. Raýat kodeksiniň 1096-njy maddasyna laýyklykda, awtorlyk hukugynyň hereket möhletiniň dolmagy onuň jemgyýetiň mirasyna geçýändigini aňladýar. Jemgyýetiň mirasyna öwrülen eserler awtorlyk haky tölenmezden islendik şahs tarapyndan erkin peýdalanylyp bilner.

## §3. Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda kanunçylyk

Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen intellektual eýeçiligi goramaga gönükdirilen “Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda”, “Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda” täze kanunlara hormatly Prezidentimiziň gol çekmegi bilen, ýurdumyzda milli däp-dessurlarymyza esaslanýan, halkara hukuk kadalaryna utgaşdyrylan kanunçylyk hereket edip başlady. “Intellektual eýeçilik” ( “Intellectual property” iňlis dilinden) diýen adalga (termin) häzirki döwürde halkara ylalaşyklarynda we kanunçylykda jemleýji düşünje hökmünde ulanylýar. Bu düşünjäniň mazmuny adamyň akyl zähmeti, çerep döredijilikli işi bilen döredilýän oýlap tapyşlary, senagat nusgalaryny, haryt, hyzmat ediş nyşanlaryny, şeýle-de ylym, edebiýat, sungat eserlerini öz içine alýar.

Nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň 9-njy maddasynda “maddy hem intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy berkarar edilýär” diýip kesgitlenen bolsa, 11-nji maddasynda “döwlet ylmy hem çeper döredijiligi, onuň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýär” diýip bellenen. Täze kanunlaryň kabul edilmegi şol konstitusion kadalary anyklaşdyrýar we ösdürýär.

Bilşimiz ýaly, adam aňynyň netijelerini, ruhy gymmatlyklaryny goramak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (IEBG) hereket edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda döredildi, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Türkmenistan şol guramanyň doly hukukly agzasy hökmünde intellektual eýeçiligi gorap saklamaga ýardam berýär we öz goşandyny goşýar, bu ugurda 8 sany halkara ylalaşyklaryny we konwensiýalaryny ykrar etdi. Türkmenistanyň goşulyşan halkara resminamalary täze kabul edilen kanunlaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Türkmenistan GDA döwletlerini öz içine alýan Ýewraziýa patent guramasynyň hem agzasydyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň çäklerinde Ýewraziýa patent konwensiýasynyň esasynda hereket edýän üç müňden gowrak ýewraziýa patentleri hasaba alyndy. Garaşsyzlyk

ýyllarynda Türkmenistanyň intellektual eýeçiligi boýunça gullugy tarapyndan oýlap tapyşlar üçin müňden gowrak, senagat nusgalary üçin bolsa ýetmişden gowrak patentler berlipdir. Resmileşdirilen täze tehnologiýalaryň 30%-niň medisina, oba hojalygyna degişlidigini, oýlaptapyşlaryň 25%-niň himiýa tehnologiýalary bilen baglanyşyklydygyny, 11%-niň tebigy serişdeleri gazyp almak işlerini, 10%-niň bolsa ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky tehnologiýalary öz içine alýandygyny hünärmenler tassyklaýarlar. Kabul edilen täze kanunlara Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň bilermenleri oňyn netijenama berdiler. Bilermenleriň tassyklamagyna görä, bu kanunlar dünýäniň kanunçylykda öňdebaryjy gazananlary bilen türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçirip şu günlerimize getiren asylly däp-dessurlaryny sazlaşykly utgaşdyrýar.

Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasynyň intellektual gymmatlyklaryna özüniň zehini bilen mynasyp goşandyny goşandygyny onuň ahalteke bedewleri, halysy, milli keşde nagyşlary we şekilleri, zergärçilik we küýzegärçilik işleri subut edýär. Geçmişde-de, häzirki döwürde-de türkmen halky özüniň täzelikçiligi, täze tehnologiýalary özleşdirmäge bolan zehini bilen tapawutlanýar. Ylmy-tehniki progresiň çaltlaşmagy netijesinde adamzat ylymda, tehnikada täze-täze basgançaklara galýar. Şonuň bilen baglanyşyklylykda bolsa intellektual eýeçiligi goramagyň ähmiýeti artýar. Bu ugurda täze kanunlaryň kabul edilmegi Türkmenistan döwletiniň ylmyň we tehnologiýanyň gazananlaryny ýokary derejede goramaga ymtylýandygyny aňladýar. Adamzat jemgyýetiniň ösüşi taryhda-da, häzirki döwürde-de täze bilimleri özleşdirmek, intellektual eýeçiligiň obýektleri bolan oýlap tapyşlary, senagat nusgalaryny, “nou hau”, ýagny önüm öndürmegiň syrlaryny we çeper döredijilikli işiň beýleki netijelerini önümçilige ornaşdyrmagyň, peýdalanmagyň, goramagyň derejesine bagly bolup durýar.

Intellektual eýeçilik bilen baglanyşykly kanunçylyk patent hukugy we awtorlyk hukugy diýip atlandyrylýan iki ugra bölünýär. Kabul edilen täze kanunlar patent hukugyna degişli bolup, bu kanunlary amala aşyrmak işlerini, esasan, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş minitsrliginiň patent müdirligi alyp barýar. Täze kanunlaryň kabul edilmegi intellektual eýeçilik ulgamyndaky işleri

kämilleşdirmäge esas bolar. Oýlap tapyşlaryň, senagat nusgalarynyň, haryt we hyzmat ediş nyşanlarynyň hukuk taýdan goralmagy hem-de olaryň peýdalanylmagy netijesinde ýüze çykýan gatnaşyklary öň 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen “Türkmenistanyň patent kanuny” kadalaşdyrýardy, onda jemi 41 sany madda bardy, täze kanunlaryň bolsa hersinde 53 madda bar. Munuň özi kadalaryň nä derejede giňeldilendigine, ösdürilendigine, kämilleşdirilendigine şaýatlyk edýär. Täze özbaşdak kanunlaryň kabul edilmegi täzelikçiligi, täze tehnologiýalary goldamagy, birmeňzeş harytlary we hyzmatlary tapawutlandyrmagyň belgilerini hasaba almagy we harytlaryň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goraglylygyny kepillendirýär. Täze kanunlaryň mazmuny barada aýdylan-da bolsa, olaryň maddalarynyň logiki baglanyşygynyň, sazlaşygynyň güýçlendirilendigini, her bir raýatyň düşünmegi üçin ýönekeý, düşnükli dilde beýan edilendigini, her kanunyň başynda kanunda ulanylýan adalgalara, düşünjelere düşündiriş berlendigini bellemek mümkin. Bu kanunlarda döwrebap täzelikler gaty köp, olara harydyň gelip çykan ýeriniň adyny hukuk taýdan goramak we ulanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegini ýa-da patent seljermelerini alyp barmagyň tertibiniň anyklaşdyrylmagyny, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň hukuk goragynyň möçberiniň giňeldilmegini mysal getirse bolar. Oýlap tapyşlara we senagat nusgalaryna bolan hukugyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýandygy hem-de patent bilen tassyklanýandygy, haryt nyşanlarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyş esasynda ýa-da Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň güýji bilen goralýandygy we şahadatnama bilen tassyklanýandygy täze kanunlarda anyk beýan edilendir.

Önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tehnologiýalaryň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, tebigy baýlyklarymyzyň rejeli peýdalanylmagy, iň esasy zat hem halkymyzyň agzybirligi, jebisligi ýurdumyzyň ýeten belent sepgitleriniň, gazanan üstünlikleriniň özeni bolup durýar. Diýarymyzy mundan beýläk-de belent derejelere ýetirmekde oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakyndaky hem-de haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky kanunlar netijeli hyzmat eder.

## §4. Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy

Garaşsyz hem-de Bitarap Türkmenistanda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda haryt öndürijileriň önümçiligini artdyrmaga mümkinçilik berýän kanunçylyk kemala getirilýär. Haryt nyşany we hyzmat nyşany – bu şol bir edara görnüşli we şahsy taraplaryň birmeňzeş harytlaryny we hyzmatlaryny beýleki edara görnüşli we şahsy taraplaryňkydan tapawutlandyrmagy üpjün edýän aňlatmadyr.

2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda "Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda" Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun 4 bapdan, 53 maddadan ybarat bolup, haryt nyşanlarynyň, hyzmat ediş nyşanlarynyň we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň adynyň hukuk taýdan goralmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Haryt nyşanlary we olary goramak hakyndaky kanunçylyk senagat rewolýusiýasy, milli we halkara bazarlarynyň ösüş döwründe (Fransiýada 1857-nji ýylda, Italiýada 1868-nji ýylda, ABŞ-da 1881-nji ýylda, Russiýada 1896-njy ýylda) ýüze çykdy. Milli kanunlary umumylaşdyrmak, täjirçilik tejribesinde bitewi özboluşlygy gazanmak üçin 1883-nji ýylda senagat önümçiligini goramak boýunça halkara Pariž konwensiýasy we 1891-nji ýylda nyşanlaryň halkara hasaba alnyşy hakynda Madrid ylalaşygy baglaşyldy. Türkmenistan 1995-nji ýylda Pariž konwensiýasyna, 1999-njy ýylda Madrid ylalaşygynyň protokolyna goşulyşdy. Harytlaryň sanynyň barha artmagy, toparlardaky we aňlatmalardaky dürli-dürlülik 1957-nji ýylda Harytlaryň we hyzmatlaryň halkara toparynyň (klassifikasiýasynyň) girizilmegine getirdi. Toparlara bölmegiň bu usuly halkara tejribesinde 1961-nji ýylda güýje girdi.

Häzirki döwürde alamatlary boýunça harytlary 34 topara, hyzmatlary bolsa 8 topara bölýärler. Haryt nyşany telekeçilik işini amala aşyrýan guramanyň, raýatyň adyna hasaba alynýar, nyşanyň şekilini özünde jemleýän şahadatnama bilen

tassyklanylýar. Haryt nyşany senagat önümlerini we harytlaryny çykarýan kärhanalar, guramalar, raýatlar tarapyndan ulanylýar, hyzmat nyşanlary bolsa dürli hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhanalar, guramalar, raýatlar tarapyndan ulanylýar. Haryt nyşany kärhananyň adyndan we beýleki aýratyn alamatlaryndan tapawutlydyr. Haryt nyşany harydy (hyzmaty) tapawutlandyrýan bolsa, at kärhanany tapawutlandyrýan alamatdyr. Türkmenistanda milli tertip boýunça häzirki wagta çenli on müňden köpräk, halkara tertip boýunça Madrid ylalaşygyna degişli protokola laýyklykda on alty müňden gowrak haryt we hyzmat nyşanlary hasaba alnyp, gorag şahadatnamalary berlipdir. Kanuna laýyklykda gorag şahadatnamasynyň möhleti on ýyl. Bu möhletiň soňky ýylynyň dowamynda haryt nyşanynyň eýesiniň arzasy boýunça möhlet soňraky her on ýyl üçin uzaldylyp bilner. Şeýlelikde, haryt we hyzmat ediş nyşanyna bolan hukuk kanun tarapyndan goralýar we şahadatnama bilen tassyklanýar.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanda öndürilýän önümleriň görnüşleriniň we mukdarynyň barha artýanlygy ýurdumyzda öndürilýän harytlary tapawutlandyrmak üçin kärhanalaryň öz öndürýän harytlaryny aýdyň, ýatda galyjy, häzirki zaman belgiler bilen alamatlandyrmak zerurlygyny döredýär. Bazarda mynasyp abraýa eýe bolmak üçin haryt nyşanynyň ýa-da hyzmat ediş nyşanynyň möhümdigi jedelsizdir. Türkmenistanda haryt we hyzmat ediş nyşanynyň, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk taýdan goragy onuň döwlet tarapyndan bellige alnyşy esasynda ýa-da Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň güýji bilen amala aşyrylýar.

Haryt nyşanynyň şahadatnamasynyň eýesiniň hukugynyň bozulmagy diýlip rugsat alman amala aşyrylýan hereketler: mahabatlandyrmada, çap neşirlerinde, atly ýazgylarda, Türkmenistanda geçirilýän sergileriň we ýarmarkalaryň eksponatlarynyň görkezilen halatynda we ş.m haryt nyşanynyň ulanylan halaty hasaplanylýar, şeýle hem haryt getirilende, satuwa hödürlenende, satuwda we haryt dolanyşygynyň beýleki görnüşi girizilende, Türkmenistanda goralýan haryt nyşanynyň aňlatmasynyň rugsatsyz ulanylmagy haryt nyşanynyň eýesiniň hukugynyň bozulmasy hasap edilýär.

Haryt nyşanyna hukugyň beýleki şahslara (taraplara) berilmegi döwlet gözegçiligi astynda amala aşyrylýar. Hukugy bermek baradaky şertnamalar Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministirliginiň patent müdirliginde hökman hasaba alynmaga degişlidir. Hasaba alynmadyk şertnama hakyky däldir. Kanun boýunça şertnamalaryň esasy görnüşleri bolup haryt nyşanlaryny edara görnüşli tarapa ýa-da raýata tabşyrmagynyň şertnamasy, şeýle hem haryt nyşanyny peýdalanmagyň ygtyýarnama şertnamasy durýar. Bu şertnamalarda haryt nyşanlary bilen baglanyşykly ähli ýagdaýlar düşnükli bolmalydyr.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň kanunçylygy haryt nyşanlarynyň eýeleriniň we sarp edijileriniň hukuklaryny goramaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň tutanýerli we maksada okgunly tagallalary netijesinde biziň ýurdumyzda dünýä ölçegleriniň talaplaryna laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürýän kuwwatly senagat ulgamy döredilýär.

## §5. Türkmenistanyň miras hukugynyň umumy düşünjeleri

Miras almak-bermek her bir jemgyýetçilik gurluşynyň esasynda durýan eýeçilik bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ölen adamyň emläginiň başga bir şahsa ýa-da şahslara geçmegine miras almak-bermek diýilýär. Ölen şahsyň (miras berijiniň) emläginiň beýleki şahslara (mirasdarlara) geçmegi kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça, ýa-da esaslaryň ikisi boýunça-da amala aşyrylýar. Kanun boýunça miras – öleniň emläginiň kanunda görkezilen şahsa geçmegi, eger miras beriji wesýetnama goýmasa, ýa wesýetnama dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilende ulanylýar

“Türkmenistanyň raýat kodeksiniň” V bölegi, ýagny 1128–1318-nji maddalar miras hukugyna bagyşlanandyr. Ol maddalarda miras hakyndaky düşünjeden başlap, mirasyň açylan ýeri, mirasyň açylan wagty, kanun boýunça kimiň mirasdar bolup bilýandigi, haýsy ýagdaýlarda mirasdan mahrum edip bolýandygy, wesýetnamanyň nähili resmileşdirilýänligi, kimleriň hökmany paýat hukugynyň bardygy, mirasy kabul etmegiň kadalary baradaky soraglara anyk jogap berilýär.

Raýat kodeksiniň 1132-nji maddasynda “Miras berijä onuň soňky erkini amal etmäge bilkastlaýyn päsgel beren we şonuň bilen ol ýa-da oňa ýakyn şahslaryň mirasdar bolmagyna, ýa-da mirasda şolaryň paýynyň artmagyna ýardam eden, ýa-da bilkastlaýyn jenaýat eden, ýa wesýet edijiniň wesýetnamasynda beýan eden soňky erkiniň garşysyna başga ahlaksyz etmiş eden şahs, eger şeýle ýagdaýlar kazyýet tarapyndan tassyklanan bolsa (mynasyp däl mirasdar), ne kanun boýunça, ne wesýetnama boýunça mirasdar bolup bilmez” diýip bellenendir.

Mirasyň ýüze çykan ýeri diýlip, miras galdyryjynyň ýaşaýan ýeri, eger ol belli bolmasa, miraslygyň ýerleşýän ýeri hasaplanylýar.

Miras galdyryjynyň ölen güni ýa-da şahsy ölen diýip habar bermek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň güýje giren güni miraslygyň ýüze çykan wagty hasaplanýar.

Miraslyk hukugyndan mahrum edilen şahsyň miras paýy mirasa dahylly beýleki mirasdarlara geçýär we şolaryň arasynda deň paýlanylýar.

Miras hukugyna degişli kadalar diňe raýat kodeksinde däl-de, eýsem “Türkmenistanyň  döwlet kepillendiriş edarasy hakyndaky” kanunda, “Arçynlar hakyndaky” kanunda hem bar.

## § 6. Kanun we wesýetnama boýunça miras almak

Kanun boýunça miras alnanda, şular mirasdar bolup durýar:

Birinji nobatda, öleniň çagalary (şol sanda ogullyga alnanlar), äri, aýaly, ejesi, kakasy.

Ikinji nobatda, öleniň doganlary we uýalary, onuň atasy we enesi, babasy we mamasy.

Agtyklar, çowluklar we ýuwluklar, eger  miras ýüze çykan döwründe, miras galdyryjylaryň mirasdarlary bolmaly şolaryň ene-atalary diri bolmasa, kanun boýunça mirasdarlar hasaplanylýar hem-de kanun boýunça miras alnanda, olaryň ölen ene-atalaryna degişli bolup biljek paýy miras alýarlar. Muňa orun tutma hukugy esasynda miras almak diýilýär. Agtyklar, çowluklar we ýuwluklar, eger olaryň ene-atalary mirasy almakdan ýüz öwren bolsalar, mirasdar bolup bilmezler.

Adam ölüm ätiýajy üçin özüniň emlägni ýa-da onuň bir bölegini mirasdarlaryň birine ýa-da birnäçesine, şeýle hem keseki şahslara galdyryp biler, ýöne wesýetnamanyň hakyky bolmagy üçin wesýet ediji kämillik ukyply bolmaly. Wesýetnamany wesýet edijiniň hususy özi düzmeli. Wekiliň üsti bilen wesýetnama düzmäge ýol berilmeýär.

Wesýetnama ýazmaça görnüşde düzülmelidir we notariusda tassyklanmalydyr. Eger-de notariusda tassyklamak mümkinçiligi bolmasa, wesýet ediji keselhanada ýatan bolsa, keselhananyň baş lukmany; garrylar öýünde bolsa, garrylar öýüniň ýolbaşçysy; harby gullukda bolsa, harby bölümiň serkerdesi; deňiz ýa-da howa gämisinde bolsa, gäminiň kapitany; azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde bolsa, azatlykdan mahrum ediliş ýeriniň başlygy tarapyndan tassyklanyp bilner. Arçynlar hakyndaky kanun boýunça oba ýerlerinde wesýetnamany arçyn hem tassyklap bilýär. Wesýetnama düzmek we ony kanuny tertipde tassyklamak durmuşda köp duş gelýän resminamalaryň biridir. Wesýetnama birtaraplaýyn geleşikdir. Ol mirasdarlaryň erk-islegine bagly däldir we mirasdaryň wesýetnamanyň mazmuny bilen razylygynyň ýa-da nägileliginiň wesýetnamanyň hakyky bolmagyna täsiri ýokdur.

Raýat kodeksiniň 1188-nji maddasyna laýyklykda: “Miras galdyryjynyň çagalaryna, onuň ene-atasyna we ärine (aýalyna) wesýetnamanyň mazmunyna garamazdan, kanun boýunça miras edinmekde (hökmany paý) olara degişli paýyň ýarysyny düzmeli bolan hökmany paý degişlidir”. Hokmany paýa bolan talap hukugy miras ýüze çykan pursadyndan döreýär. Şeýle talaba bolan hukuk miras boýunça geçýär.

Eger ne kanun boýunça, ne wesýetnama boýunça mirasdarlar bolmasa ýa-da olaryň hiç biri mirasy almadyk bolsa, ýa ähli mirasdarlar miras edinmek hukugyndan mahrum bolsalar, mirasdarlar bolmadyk emläk gazna geçýär; eger miras galdyryjy garrylar, maýyplar, kesel bejeriş edaralarynyň, terbiýeçilik edaralarynyň we durmuş-üpjünçilik edaralarynyň saklamagynda bolan bolsa, şolaryň eýeçiligine geçýär.

Mirasdarlar bolmadyk emläk paýdarlar jemgyýetiniň paýnamalary görnüşinde ýa-da kärhanadan üleş, paý görnüşinde bolsa, eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk halatda şolara geçýär.

**§ 7. Mirasy kabul etmegiň düzgünleri**

"Türkmenistanyň raýat kodeksiniň" 1238-nji maddasynda mirasy kabul etmegiň düşünjesi berlendir.

1. Mirasdar kanun boýunça bolsa-da, wesýetnama boýunça bolsa-da mirasy kabul edýär.

2. Mirasyň ýüze çykarylan ýeri boýunça notariusa mirasdar tarapyndan mirasy kabul etmek hakynda arza berlende, miras kabul edilen hasaplanylýar ýa-da iş ýüzünde emläge eýelik etmäge ýa-da dolandyrmaga girişen ýagdaýynda, munuň özi onuň mirasy kabul edendigine gürrüňsiz şaýatlyk edýär.

3. Eger mirasdar mirasyň bir bölegine eýeçilik etmäge hakykatdan girişen bolsa, ol dolulygyna kabul edilen hasaplanýar.

4. Eger mirasdarlaryň biri mirasdan paýy almakdan beýleki mirasdarlaryň peýdasyna ýüz dönderse, şeýle hereket mirasyň kabul edilmegi hasaplanylýar.

Mirasy kämillik ukyby bolan şahs kabul edip biler. Kämillik ukyby bolmadyk we kämillik ukyby çäklendirilen şahslar mirasy diňe öz kanuny wekilleriniň üsti bilen alýarlar. Mirasdar mirasy hususy özi ýa-da wekiliň üsti bilen kabul edip biler.

Mirasyň ýüze çykan gününden alty aýyň dowamynda miras kabul edilmelidir. Eger mirasy almak hukugy beýleki mirasdarlar mirasy kabul etmedik ýagdaýynda ýüze çyksa, mirasy kabul etmek üçin bellenen möhletden galan döwrüň içinde miras kabul edilmelidir, emma şol wagt üç aýdan az bolsa, ol üç aýa çenli uzaldylýar. Mirasy kabul etmek üçin bellenen möhlet, eger kazyýet ony esasly sebäplere görä gijikdirilen hasaplasa, şol möhlet kazyýet tarapyndan uzaldylyp bilner. Miras möhleti dolanda, eger mirasy kabul edýän beýleki mirasdarlaryň hemmesi razy bolsalar, kazyýete ýüz tutman hem kabul edilip bilner.

Beýleki mirasdarlaryň gelmegine garaşmadyk we emläge eýelik etmäge ýa-da dolandyrmaga girişen mirasdar miras ýüze çykan gününden başlap alty aý dolýança

ýa-da mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama alýança, mirasa ygtyýar etmäge hakly däldir.

Eger mirasdar miras açylandan soň, emma mirasy kabul etmäge ýetişmän ölen bolsa, mirasdan paýyny almak hukugy onuň mirasdarlaryna geçýär.

Mirasdar hasaplanan şahslar mirasyň ýüze çykan ýerinde notarial organdan miras hakyndaky şahadatnamany talap edip biler.

Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, miras hakynda şahadatnamanyň alynmagy hökmanydyr. Meselem, miras hakyndaky şahadatnama ýeri, jaýy, awtoulaglary mirasdarlaryň adyna geçirmek üçin esas bolup durýar.

Mirasy bölmek mirasy kabul edýän mirasdarlaryň ylalaşmagy boýunça, kanun ýa-da wesýetnama boýunça şolaryň her biriniň paýyna laýyklykda geçirilýär. Miras bölünende şärikli mirasdarlaryň arasynda ylalaşyk ýok mahalynda, jedele kazyýet tarapyndan seredilýär.

Mirasdarlara diňe onuň miras galan emläkleri däl-de, eýsem onuň bergileri hem geçýär, ýöne mirasdar algydarlara kabul eden mirasynyň çäklerinde jogap berýär, eger bergi miras galan emlägiň möçberinden köp bolsa, onuň üçin jogap bermeýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Awtorlyk hukugy bilen goralýan çeper döredijilikli işiň netijeleriniň görnüşleriniň sanawyny düşündiriň.
2. Awtoryň emläk hukuklary diýmegiň nämäni aňladýandygyna, şahsy hukuklary diýmegiň nämäni aňladýandygyna mysal getirip düşündiriň.
3. Oýlap tapyşlarynyň, senagat nusgalarynyň, täze tehnologiýalaryň Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasyndaky ähmiýetini düşündiriň!
4. Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harydyň gelip çykan ýeriniň ady hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy barada näme bilýärsiňiz?
5. Kanun boýunça mirasdarlara kimler degişli?
6. Wesýetnama nähili tertipde düzülýär?
7. Hökmany paý näme?

## V Bap. Türkmenistanyň maşgala hukugynyň esaslary

### Maşgala hukugy barada düşünje. Nikalaşmagyň we nika bozulmagyň tertibi we şetleri

### §1. Maşgala hukugy barada düşünje

Gadymdan türkmen maşgalasy edebiň, terbiýäniň öýi diýip hasaplanylýar. Türkmen maşgala terbiýesiniň gözbaşynda ata-babalarymyzdan galan asylly däp-dessurlar, Nuh pygamberiň, Ogyz hanyň ýörelgeleri ýatyr. Türkmen halkynda asyrlaryń jümmüşinden bäri maşgala institutynyń belent abraýy saklanyp gelýär. Türkmenistanda her bir üç maşgalanyń birinde bäş we köpräk çaga bar. Maşgala ojagynyń mukaddesligi, enä we ululara hormat goýmak, geçirimlilik, sadalyk we zähmetsöýerlik ýaly ahlak häsiýetleri biziń halkymyzyň taryhy köklerinden ugur alŷarlar.

Döwlet Baştutanymyz, Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda garaşsyzlygynyň ähli gazananlaryny berkitmäge, jemgyýetiń ähli pudaklarynda mundan beýläk bolup geçýän düýpli özgerişiklere öz mynasyp goşantlaryny goşýan Türkmenistanyń aýal-gyzlarynyń tutýan ornuna belent baha berýär. Tçrkmenistanyň mähriban Prezidenty öz çykyşlarynda: ”Maşgala türkmen jemgyýetiniň özeni bolup durýar. Ol özboluşly ilkinji guramadyr. Onda gatnaşyklaryň köp ugurly görnüşleri kemala gelýär we dürli meseleler çözülýär. Her bir maşgala maddy we ruhy taýdan üpjün bolmalydyr, ýurdumyzyň mynasyp raýatlaryny terbiýeläp ýetişdirmek üçin özbaşdak we jogapkär bolmalydyr. Maşgala näçe berk boldugyça, jemgyýet şonça-da hemmetaraplaýyn baý bolýar. Biziň wezipämiz bolsa türkmen maşgalasynyň sütünlerini gorap saklamakdan we berkitmekden, onuň maddy üpjünçiligini gowulandyrmakdan ybaratdyr” diýip, belleýar.

Türkmenistanda maşgala, eneler we çagalar döwlet tarapyndan goralýar. Maşgalanyń döwlet tarapyndan goralmagy dińe bir durmuş goldawyny öz içine alman, eýsem hukuk goragyny-da öz içine alýar. Maşgalanyń terbiýeleýjilik

mümkinçiliklerine barha oňat düşünilmegi, çagalaryń we ata-eneleriń hukuklarynyń bütinleýin dolulygyna üpjün edilmegi – erkekleriń we aýallaryń hat-da nika gatnaşyklaryndaky hem deńhukuklylygyny kesgitleýän halkara namalarynyń düzgünleri-de, döwlet kanunçylyk ulgamynyň kämilleşdirilmeginde beýanyny tapýar. Döwlet maşgalany öz howandarlygyna alyp, maşgalada ruhy we beden taýdan sagdyn çagalaryň dünýä inmegini we terbiýelenmegini üpjün edýär.

Biziñ ýurdumyzda raýatlaryñ jemgyýetçilik bähbitleri bilen şahsy bähbitleriniñ sazlaşykly utgaşýan ýeri bolan maşgala hakyndaky alada türkmen döwletiniñ iñ möhüm wezipeleriniñ biridir. Meýletin birleşmek esasynda we deñhukuklylyk esasynda öz düzümine girýän maşgalanyñ pugtalanmagy we rowaçlanmagy üçin has amatly şertler döredildi. Raýatlaryñ maddy hal-ýagdaýy gyşarnyksyz ösýär, maşgalanyñ ýaşaýyş jaý, durmuş we medeni ýaşaýyş şertleri gowulanýar.

Maşgala hukugy maşgalany dolandyrýan, ýagny garyndaşlykdan, atalykdan, enelikden, nika baglaşmakdan, nika ýatyrmakdan, nika bozulmakdan, perzentlige almakdan, hossarlykdan we howandarlykdan ýüze çykýan sahsy we emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk pudagy bolup durýar.

Maşgala hukugy–hukuk namalarynyň toplumy bolup, maşgalany dolandyrýan, ýagny degişli şahsy we emläk-hukuk gatnaşyklaryny, nikada duran adamlaryň hukuk ýagdaýyny, garyndaşlygy we perzentlige almaklygy kadalaşdyrýan hukukdyr. Maşgala hukugy özbaşdak hukuk bolup, är-aýalyň, ene-atalaryň we çagalaryň, maşgalanyň beýleki agzalarynyň, perzentlige alanlaryň we perzentlige alynanlaryň, hossarlaryň, howandarlaryň we hossarlyga, howandarlyga alnan adamlaryň arasynda nika, nikany ýatyrmak we bozmak, aliment (hossarlyk hakyny) töletmek we aliment (hossarlyk hakyny) tölemekden boşatmak, enelik we atalyk, perzentlige almak, hossarlygy we howandarlygy bellemek babatda ýüze çykýan hukuk şahsy we emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk pudagydyr. Maşgala hukugynyň düzgünleri, maşgala-hukuk gatnaşyklary 1969-njy ýylyň 25-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň nika we maşgala hakyndaky» kodeksiniň esasynda kadalaşdyrylýar.

Maşgala hukugynyň subýektlerini, diýmek, maşgala hukugyna degişli adamlaryny sany boýunça üç topara bölüp bolýar:

1-nji topar – är-aýal (nikada duran adamlar);

2-nji topar – ene-atalar we çagalar;

3-nji topar – maşgalanyň beýleki agzalary, olara şu aşakda görkezilenler girŷär:

a) ganybir ýa-da süýtdeş doganlar;
b) öweý eneler, öweý atalar we öweý çagalary;
ç) garry eneler, garry atalar we agtyklary;
d) perzentlige alanlar we perzentlige alnanlar;
e) howandarlar we howandarlyga alnanlar;
f) hossarlar we hossarlyga alnanlar.

## §2. Maşgala-hukuk gatnaşyklary we olaryň görnüşleri

Maşgala gatnaşyklaryny aýal bilen erkegiñ meýletin nika birleşmesi esasynda, maddy bähbitleri gözlemek niýetlerinden azat duýgular esasynda maşgala agzalarynyñ hemmesiniñ birek-biregi söýmek, dostluk we hormatlamak duýgulary esasynda gurmakdan ybarat bolup durýar.

Maşgala hukugynyň predmeti hökmünde maşgala gatnaşyklaryna seredilýär, olar öz görnüşi boýunça iki topara bölünýär. Birinji görnüşine şahsy hukuk gatnaşyklary degişli bolup durŷarlar. Olara garyndaşlyk, nika baglaşmak, nika ýatyrmak we bozmak, atalyk we enelik, perzentlige almak, hossarlyk we howandarlyk bilen bagly gatnaşyklary girýärler. Şahsy emläkleŷin däl gatnaşyklaryň esasynda maşgala gatnaşyklarynyň ikinji görnüşi, şahsy emläk gatnaşyklary döreýärler. Emläk gatnaşyklary maşgala hukugyna degişli adamlaryň arasynda emläk babatda ýüze çykýarlar. Şolaryň hataryna aliment (hossarlyk hakyny) töletmek ýa-da aliment tölemekden boşatmak, är-aýalyň arasyndaky emläk

gatnaşyklary, ene-atalaryň we çagalaryň umumy we aýratyn emläginiň bolmagy we şuňa meňzeş meseleler girýärler.

Maşgala-hukuk gatnaşyklarynda ähli raýatlaryñ deñ hukuklary bardyr. Maşgala hukugynyň subŷektlerine maşgala-hukuk gatnaşyklarynda, durmuş we emläk ýagdaýlaryna, jynsyna we milletine, aýal-erkekligine, bilimine, diline, dine garaýşyna, käriniñ nähilidigine we häsiýetine, ýaşaýan ýerine hem-de beýleki ýagdaýlara garap, hukuklaryñ hiç bir hili göni ýa-da gytaklaýyn artyk hukuklaryñ bellenmegine ýol berilmeýär.

Maşgala-hukuk gatnaşyklary öz alamatlary boýunça raýat-hukuk gatnaşyklaryna meňzeş bolup durýarlar. Ýöne olaryň raýat-hukuk gatnaşyklaryndan birnäçe tapawudy bardyr:

1) Maşgala-hukuk gatnaşyklary maşgala hukugynyň subýektleriniň arasynda ýüze çykýar. Diňe ýokarda agzalan maşgala hukugynyň subýektleriniň arasynda Türkmenistanyň nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň esasynda maşgala-hukuk gatnaşyklary ýüze çykýarlar we maşgala kadalarynyň esasynda düzgünleşdirilýärler. Beýleki maşgala kanunynda görkezilmedik maşgala agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklary Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň esasynda kadalaşdyrýarlar.

2) Maşgala-hukuk gatnaşyklary tölegsiz amala aşyrylýarlar. Maşgala agzalary öz borçlaryny mugt ýerine ýetirýärler. Meselem, ene-atalar öz çagalaryny tölegsiz terbiýeleýärler we olara seredýärler.

3) Maşgala-hukuk gatnaşyklary uzak wagtyň dowamynda amala aşyrylýar. Meselem, är-aýalyň arasyndaky hukuklar we borçlar diňe nikanyň ýatyrylmagy ýa-da bozulmagy bilen tamamlanylýar.

4) Maşgala-hukuk gatnaşyklaryna degişli adam öz hukuklaryny ýa-da borçlaryny başga adama geçirip bilmeýärler. Meselem, hossarlyk hakyny tölemäge borçly ene-atalar öz borjuny başga adama geçirip bilmeýärler.

5) Maşgala-hukuk gatnaşyklary uzaga çekŷän gatnaşyklar, olary bir wagtda ýerine ýetirip bolmaýar. Meselem, hossarlyk hakyny tölemek borjy, şoňa sebäp bolan ýagdaýlar ýatyrylynça her aýyň dowamynda amala aşyrylmalydyr, olary bir

gezekde töläp bolmaýar. Ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan maşgala-hukuk gatnaşyklary olaryň bütin ömri döwründe amala aşyrylýar.

«Nika we maşgala hakyndaky» kodeksine laýyklykda başga ýagdaýlar göz öňüne tutulmadyk bolsa, raýatlar özleriniň maşgala hukuklaryna ygtyýarly we ŏz hukuklaryny goramaga haklydyrlar. Düzgünde bolşy ýaly, maşgala hukuklaryny goramak bilen bagly tertip kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksiniň esasynda maşgala hukuklaryny goramakda kazyýete ýüz tutmak üçin maşgala hukugynyň agzalaryna giň ygtyýarlyklar berilýär. Kanunda görkezilen belli bir ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen maşgala hukugynyň agzalalary öz hukuklaryny häkimlikleriň hossarlyk we howandarlyk bölümleriniň, prokuratura ýa-da içeri işler edaralarynyň kŏmegi bilen gorap bilŷärler. Maşgala gatnaşyklarynyň esasynda döreýän jogapkärçilik belli bir häsiýete eýe bolup durŷar. Birinjiden, maşgala jogapkärçilik çäreleri diňe maşgala agzalaryna ulanylyp bilner. Maşgala-hukuk jogapkärçiliginiň subýektleri bolsa ýüze çykan maşgala hukuk gatnaşyklary bilen bagly bolýar. Maşgala-hukuk gatnaşyklarynyň ýerine ýetirilmegine şol gatnaşygyň subýekti bolmaýan üçünji tarap çekilip bilinmez. Eger-de üçünji tarap maşgala gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny bozýan bolsa, onda ol maşgala hukugynyň jogapkärçilik çäresine däl-de, eŷsem raýat, dolandyryş ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner. Maşgala jogapkärçilik çäreleri diňe hukuk bozulmanyň düzümi esasynda ulanylyp bilner.

### §3. Nika barada düşünje. Nikalaşmagyň tertibi we şertleri

Birek-birege düşünişip, nika baglaşyp, agzybir maşgala bolup ýaşamak her bir adam üçin örän uly bagtdyr. Nika bu – erkek bilen aýalyň är-aýal hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň sebäbi bolýan erkin bileleşigidir. Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 27-nji maddasyna laýyklykda, nika ýaşyna ýeten erkek bilen aŷal biri-biri bilen ylalaşyp, nikalaşmaga hem maşgala gurmaga hukuklydyrlar. Nikany resmileşdirmek düzgüni döwlet we jemgyýetçilik bähbitleri

üçin, är-aýalyň, ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan şahsy we emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak maksady bilen bellenýär. Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksiniň 13-nji maddasyna laýyklykda, diňe «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde (ZAGS) döwlet tarapyndan baglaşylýan nika är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Nika baglaşylan pursadyndan başlap, är-aýalyň arasynda maşgala-hukuk gatnaşyklary ýüze çykŷarlar. Nika – bu erkek bilen aýalyň arasynda baglaşylýan erkin, azat, meýletin bileleşigidir. Türkmenistan hukuk we dünýewi döwletdir, şonuň üçin Türkmenistanyň her bir kämillik ukyby bolan raýatynyň dŏwlet tarapyndan resmileşdirilen nika baglaşdyrmaga haky bardyr. Maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyń hukuklary deńdir. Türkmenistanda nika ýaşy oglanlar üçin hem-de gyzlar üçin deňdir, 16 ýaşa ýeten Türkmenistanyň her bir raýaty nika baglaşmaga haklydyr. Nikada diňe erkek bilen aýal bolup bilýär. Bir wagtda bir erkegiň bir aýaly ýa-da bir aýalyň bir adamsy bolup bilýär. Biziň döwletimizde köp aýallylyga ýol berlenok, Türkmenistanyň «Jenaýat kodeksiniň» 163-nji maddasyna laýyklykda iki ýa-da birnäçe aýal bilen bile ýaşmak, umumy hojalygy bilelikde ýöretmek jenaýat bolup durýar. Şol sanda, aýal-gyzlary nikalaşmaga ýa-da nikaly ýaşamagyny dowam etdirmäge mejbur etmek, ŷa-da nika ýaşyna ýetmedik adamy hakykat ýüzünde nikalaşmaga borçly etmek gadagandyr. Şol hereketler jenaýat kanunynyň namalaryna garşy gelýän etmişleriň alamatlarynyň jemi bolup durýarlar.

Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky” kodeksine laŷyklykda, Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy bölümine (ZAGS) nika baglaşylmaga isleg bildiren adamlaryň arzasy berlenden soň, bir aý möhletiň geçmegi bilen nika baglaşylyp bilner. «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümleri nika baglaşýan adamlar razyçylyk bildiren mahalynda, nikanyň dabaraly ýagdaýda resmileşdirilip geçirilmegini üpjün edýärler. Ýöne nika baglaşmak üçin nikalaşýanlaryň biri birine razylygy bermek nika baglaşmak üçin ýeterlik däldir. Nikany Türkmenistanyň kanunyna laýyk getirmek üçin bäş şertleriň bolmagy zerur bolup durýar. Birinji şert, nikalaşýanlaryň özara razylygy bolmaly. Ikinji şert, nikalaşýanlar nika ýaşyna ýeten bolmalydyrlar. Üçünji şert, nikalaşýanlaryň kämillik

ukyby doly bolmalydyr, diýmek, olaryň akyly kem ýa-da akyly ýok bolmaly däl. Sebäbi akyly kem ýa-da akyly ýok adamlaryň arasynda nika baglaşmak gadagandyr. Dördünji şert, nikalaşýanlar, nika baglaşjak mahalynda, başga bir resmi nikada duran bolmaly däldirler. Eger-de olaryň haýsy-da birinden biri nikada duran bolsa, onda şol raýat nikalaşmak üçin nika bozulanlygy ýa-da ýanýoldaşy ölenligi babatda şahadatnama görkezmelidir. Bäşinji şert, nikalaşýanlar biri-birine gös-göni garyndaş bolmaly däl, sebäbi ene-atalaryň we çagalaryň, doganlaryň we uýalaryň, garry ene-atalaryň we agtyklarynyň arasynda, şonuň ýaly-da perzentlige alanlar bilen perzentlige alynanlaryň arasynda nika baglaşylyp bilinmez.

Talap edilýän bäş şertiň biri bolmasa, onda nika baglaşylmagyna ýol berilmeýär. Eger-de päsgelçilik bolan halatynda, nika baglaşylan bolsa, onda şol nika kazyýetiň çözgüdiniň esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilýär. Hakyky däl nikanyň esasynda ähli ýüze çykan är-aýalyň hukuklary we borçlary ýatyrylýar. Kazyŷetde hakyky däl diýlip nika ykrar edilen halatynda, nika baglaşylan pursadyndan başlap, hakyky däl diŷlip hasap edilŷär. Eger-de är-aýalyň haŷsy-da bolsa biri adamsynyň familiŷasyny alan bolsalar, onda nika baradaky şahadatnama yzyna alnandan soň, nikadan öň bolan familiŷalar täzeden dikeldilŷär. Eger är-aŷalyň biri özüniň nikada durŷandygyny beŷlekisinden gizlin saklasa ŷa-da ony nika baglaşmaga mejbur etse, onda jebir çeken tarapy üçin nikanyň esasynda ýüze çykan hukuklary hakyky bolup galŷar. Hakyky däl nikanyň netijesinde doglan çagalar ŏz hukuklary boŷunça hakyky nikada bolan çagalar bilen deň bolup durŷarlar. Olaryň hukuklary üçin nikanyň hakyky däl diŷlip ykrar edilmeginiň hiç hili täsiri ýok.

Dini tarapdan baglaşylan nika resmi taŷdan hasaba alnanok, sebäbi ol hiç hili hukuk netijelerini ýüze çykarmaŷar. Dini nikanyň baglaşylmagy gadagan däldir, ýöne onuň özi, «Nika we maşgala hakyndaky" kodeksine degişli maşgala gatnaşyklarynyň sebäbi bolup bilmeŷär. Dini wekiller tarapyndan baglaşylan nika, erkek bilen aŷalyň arasynda «Nika we maşgala hakyndaky» kodeks tarapyndan kadalaşdyrylan maşgala hukuk gatnaşyklaryny ŷüze çykaranok.

## §4. Är-aýalyň arasynda ýüze çykýan şahsy we emläk gatnaşyklary

Är-aýalyň arasyndaky hukuklary we borçlary «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde nika baglaşylan gününden başlap ýüze çykýarlar. Ilki bilen nika baglaşylan mahalynda, är-aýalyň arasynda şahsy-hukuk gatnaşyklar döreýär. Şonda är-aýalyň islegi boýunça özleriniň umumy ady (familiýasy) hökmünde olar biriniň adyny (familiýasyny) saýlap alýarlar ýa-da är-aýalyň her biri özüniň nikalaşmazdan öňki adyny saklaýar.

Är-aýalyň şahsy gatnaşyklaryna şahsy hukuklar we borçlar degişli bolup durŷar. Çagalary terbiýelemek we maşgala durmuşynyň beýleki meseleleri är-aýal tarapyndan bilelikde çözülmelidir. Är-aýalyň her biri işlejek işini, hünärini we ýaşaýyş ýerini erkin saýlap almaga haklydyr.

Är-aýalyň şahsy hukuklary deň derejede göz öňünde tutulýar, «Nika we maşgala hakyndaky" kodeksinde är-aýalyň şahsy gatnaşyklarynyň gŏrkezilen sanawy uly däl. Munuň hem sebäbi şulardan ybarat bolup durýar: olary göni kanuna tabyn edip bolmaýar, ýagny onuň ýerine ýetirilişi adamyň ruhy dünýäsi we özbaşdak düşünjelere garaýşy bilen bagly bolup durŷar. Şonuň üçin är-aýalyň şahsy-hukuk gatnaşyklary, esasan, ahlak kada tertibi bilen baglydyrlar.

«Nika we maşgala hakyndaky» kodeksinde göz öňüne tutulan enelik, atalyk, çagalaryň bilimi, terbiýesi we maşgala durmuşy bilen bagly meseleler är-aýalyň deňhukuklylyk ýörelgeleri esasynda çözülýär. Är-aýalyň şahsy hukuklary we borçlary umumy mazmuna laýyklykda hukuk kadalarynyň üsti bilen kadalaşdyrylýar. Olaryň borçlary şahsy gatnaşyklary bilen kesgitlenilmän, biri-birine ynanmak derejesi bilen, şeýle hem şol hukuklary we borçlary saklamak bilen bagly bolup durýar.

Nika baglaşylandan soň är-aýalyň arasynda şahsy gatnaşyklaryň esasynda emläk-hukuk gatnaşyklary hem döreýärler. Är-aýalyň nikaly wagtynda haýsy-da bolsa biriniň edinen emlägi olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi hökmünde hasap edilýär. Nika döwründe alnan emläge är-aýal deň hukuklydyrlar. Bu emläge eýelik

etmäge, ony peýdalanmaga we oňa erk etmäge är-aýalyň ikisi-de deň hukuklydyr. Är-aýalyň emläk gatnaşyklarynyň obýektine dürli zatlar degişli bolup durŷarlar, meslem, şahsy hem-de öý hojalyk zatlary, ýaşaýyş jaýlary, hususy öýleri, dürli transport ulaglary, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar we şuňa meňzeşler.

Eger är-aýalyň biri öý hojalygyny ýöretmek, çagalara seretmek bilen meşgul bolan halatynda ýa-da başga esasy sebäplere görä onuň özbaşdak gazanjy bolmadyk mahalynda, onda şol är-aýal umumy emläk bilen peýdalanmaga hakly bolup durýar. Nikalaşmazdan öň är-aýalyň birine degişli bolan emläk, şonuň ýaly-da nikaly döwründe olaryň biri tarapyndan sowgat görnüşinde ýa-da miras almak tertibinde alnan emläk, olaryň her biriniň, aýratyn öz eýeçiligindäki emlägi bolup durýar. Gymmat bahaly zatlardan başga, şol sanda şahsy peýdalanylýan zatlar (geýim, aýakgap we şoňa meňzeşler), är-aýalyň nikaly döwründe olaryň umumy serişdeleriniň hasabyna edilendigine garamazdan, är-aýalyň haýsy biri şol zatlardan peýdalanan bolsa, onda şol zatlar şahsy eýeçilige degişli bolup durýarlar. Haçan-da är-aýalyň biriniň borçnamalary boýunça töleg alynsa, onda töleg diňe onuň şahsy emläginden ýa-da umumy emläkden düşjek paýdan töledilip alynýar. Nika döwründe är-aýal bir-birini maddy taýdan goldamaga borçly bolup durýar. Maddy taýdan goldamakdan ýüz döndürilen mahalynda, maddy taýdan kömege mätäç, işe ýarawsyz äriniň (aýalynyň) aýalyndan (ärinden), şonuň ŷaly-da aŷalyň gŏwreli dŏwründe we çaga bolan soň üç ŷylyň dowamynda özüniň eklenmegi üçin ýanýoldaşyndan kazyýetiň çözgüdiniň esasynda maddy kömek (aliment) almaga hukuklydyr.

### §5. Nikany ýatyrmagyň tertibi. Nikanyň bozulmagynyň tertibi

Nika är-aýalyň biriniň ölmegi ýa-da onuň ölen diýlip kazyýet tertibinde yglan edilmegi netijesinde ýatyrylýar. Şol ýagdaýda är-aýalyň biriniň ölenligi barada şahadatnama ýazyp berilýär, ýöne welin nika ýatyrylanlygy babatda hiç hili

şahadatnama berlenok. Görkezilen halatlaryň ýüze çykmagy bilen, beýleki ýanýoldaşy bolsa, şol pursatdan başlap, islän wagty täze nika baglaşyp biler.

Nikanyň bozulmagynyň tertibi. Bu tertip boýunça, nikada duran adamlar bilelikde ŷa-da ŷeke-täk berlen arzanyň esasynda öz nikasyny bozup bilýärler. Nika we maşgala hakyndaky kanuna laýyklykda, nika iki tertip görnüşinde bozulyp biliner. Birinji tertip kazyýet üsti bilen amala aşyrylýar. Haçan-da är-aýalyň arasynda dürli jedelleri ýa-da olaryň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar bolsa, onda nika kazyýetde bozulýar. Kazyýet är-aýaly ýaraşdyrmak üçin dürli çäreleri görýär we olary ýaraşdyrmak üçin alty aý möçberinde möhlet belläp, işi seljermegi gaýra goýmaga haklydyr. Kazyýet är-aýalyň mundan beýläk bile ýaşamagynyň we maşgalanyň dowam etmeginiň mümkin däldigini tassyklan mahalynda nika bozulýar. Kazyýet nikany bozmak hakynda çözgüt çykaran halatynda, kemala gelmedik çagalaryň we işe ýarawsyz äriniň (aýalynyň) bähbitlerini goramak üçin çäreleri görýär. Maşgalada kämillik ŷaşyna ŷetmedik çagalar bar bolsa, onda nikany bozmak baradaky arzanyň ŷanyna çagalaryň dogluş baradaky şahadatnamalary we ene-atalaryň ortaça aŷlyk hakynyň kepilnamalary goşulýar. Kazyŷet kämillik ŷaşyna ŷetmedik çagalaryň peýdasyna hossarlyk hakyny tõlemek baradaky meseläni nikany bozan halatynda seredip hem bilŷär.

Emlägi bölüşmek meselesi, adatça, nika bozulan halatynda ýüze çykýar.. Nikasy bozulan är-aýalyñ bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup duran emlägi paýlaşmak üçin maşgala kanunçylygynda üç ýyllyk möhlet bellenilýär. Bu möhlet är-aýalyñ özleriniñ hukuklarynyñ bozulanlygy bilen ýa-da bilmeli günlerinden hasaplanyp başlanylýar.

Çagalaryň bähbitlerini göz öňünde tutup, ýagny ene-atalary bilelikdäki umumy eýeçiligini bölýän bolsalar, kazyýet çagalaryň bähbitlerini göz öňünde tutyp çözgüt çykarýar.

Är-aýal biri-birini eklemek üçin kanun boýunça maddy kömek bermegi borçlydyr. Kanunda görkezilen ýagdaýlarda är-aýalyň haŷsy-da bolsa biri maddy kömek borçlaryny meýletin ýerine ýetirmeseler, onda aliment kazyýetiñ

üsti bilen alynyp bilner. Muña är-aýalyñ a biriniň zähmet ukybynyñ ýoklugy we maddy kömege mätäçligi esas bolup biler.

Eger kemala gelmedik çagalaryň haýsy biriniň ýanynda ýaşamalydygy barada jedel ýüze çyksa, onda kazyýet nikany bozmak hakyndaky çözgüdini çykaranda, çagalaryň ata-enesiniň haýsysynyň-da bolsa biriniň ýanynda galýandygy baradaky meselä seredýär. Şol halatlarda kazyýet çagalaryň bähbidini göz öňüne tutup, degişli çözgütleri yglan edýär. Çagalaryň bähbidi göz öňünde tutulyp, eger-de nikada duran aýal göwreli bolsa ýa-da onuň çagasy bir ýaşa ýetmedik bolsa, onda aýayň nikanyň bozmak hakyndaky razylygy bolmadyk halatynda, onuň äriniň nika bozmak baradaky arzasyna ýol berlenok.

Nikanyň bozulmagynyň ikinji tertibi «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde geçirilýär. Bu tertip boýunça, nikany bozýan är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary, hiç hili jedelli meseleleri bolmaly däl. Şol halatlarda är-aýalyň bilelikde arza beren günündenbeýläk üç aý geçenden soň, olaryň nikany bozmak barada pikiri üýtgemese, nika bozmak hakyndaky şahadatnama är-aŷalyň ikisine-de aŷry berilŷär.

Belli bir ŷagdaŷlaryň ŷüze çykmagy bilen, kämillik ŷaşyna ŷetmedik çagalary bar bolan adamlar Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy bölümiň üsti bilen nikany bozup bilerler. Şol tertibe kazyýetiň çözgüdi bilen nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen adamlar bilen nikada duranlar hem degişli bolup durýarlar. Akly üýtgeme ýa-da akyly kemlik zerarly kämillik ukyby ýok diýlip kanunda bellenen tertipde ykrar edilen adamlar bilen we eden jenaýaty üçin üç ýyldan az bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum edilen adamlar bilen nika «Raýatlyk ýagdaýlaryň namalar ýazgysy» bölüminiň üsti bilen bozulyp biliner. Oňa ýeňillik tertibinde bozulan nika diŷilŷär. Emma çagalar hakynda, är-aýalyň bilelikdäki umumy eýeçiliginde bolan emlägi paýlaşmak baradaky, işe ýarawsyz mätäç äre (aýala) eklemek üçin serişdeler tölemek bilen bagly jedeller ýüze çykan halatynda, nika kazyýet üsti bilen bozulmaly bolup durýar.

Eger-de ölen diýlip kanunda bellenen tertipde yglan edilen äri (aýaly) diri bolup, yzyna gelen halatynda we onuň ölen diýip yglan eden kazyýetiň çözgüdi ýatyrylan mahalynda, onuň äri ýa-da aýaly täze nika baglaşylmadyk bolsa, şeýle adamlaryň nikasy dikeldilen diýlip hasap edilýär.

Haçan-da är-aýalyň biri nam-nyşansyz giden diýlip kanunda bellenen tertibi boýunça ykrar edilse we kazyýetiň çözgüdiniň esasynda onuň bilen baglaşylan nika «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde bozulan bolsa, onda şol är-aýal yzyna geleni bilen ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar eden kazyýetiniň çözgüdi ýatyrylýar. Kazyýetiň çözgüdi ýatyrylandan soň, şol är-aýal bilelikdäki arzany «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde tabşyryp, nikany dikeldip bilýärler. Ýöne bolsa şol är-aýalyň nikasy kazyýet tarapyndan bozulan bolsa, onda kazyýet nikany bozmak hakyndaky çözgüdini olaryň bilelikdäki arzasy boýunça ýatyryp biler.

## §6. Bozulan nikanyň hukuk netijeleri

Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksiniň esasynda nikanyň bozulan pursady «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde hasaba alnan gününden başlaýar. Kazyýetiň nikany bozmak hakynda çözgüdiniň hukuk güýjüne girmegi bilen (on günden soň), nikanyň bozulanlygy baradaky şahadatnama kazyýetiň çözgüdiniň esasynda «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümi tarapyndan berilýär we şol mahaldan başlap, nika bozuldy diýlip hasap edilýär.

Nika baglaşylan mahalynda, özüniň familiýasyny är-aýalyň familiýasyna geçiren äriň (aýalyň) nika bozulandan soň, şol familiýany galdyrmaga haky bardyr. Nikany bozan är-aýal nikadan öň duran familiýasyny talap hem edip bilýär. Nika kazyýetde bozulan halatynda, är-aýal öz aralarynda emlägini ýa-da ýaşaýyş jaýlaryny bölmek bilen bagly meselelerini jedel edip bilýärler. Mälim bolşy ýaly, är-aýal tarapyndan nika döwründe alnan emläk umumy eýeçilik diýlip hasap

edilýär. Jedel ýüze çykan halatynda, umumy maşgala degişli emläk, onuň kim tarapdan alnanlygyna garamazdan, kazyýetiň çözgüdi esasynda deň derejede är-aýalyň arasynda bölünýär.

Nikany bozan är-aýalyň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar bolsa, ene-atalar özara ylalaşmak boýunça çagalaryň kimiň ýanynda ýaşamalydygyny çözýärler. Eger-de ata-enesiniň arasynda çagalar babatda ylalaşyk bolmasa, onda kazyýet çagalaryň bähbitlerini we islegini göz öňünde tutup, çagalary är-aýalyň haýsy-da bolsa birine terbiýelemäge berip bilýär. Şol halatda beýleki tarap çagasyna aliment (hossarlyk hakyny) tölemäge borçly bolup durýar.

### §7. Hossar hakyny (aliment) tölemek borjuny ýüklemek we hossarlyk hakyny (aliment) tölemekden boşatmak

«Nika we maşgala hakyndaky» kodeksina laýyklykda är-aýalyň, ata-eneleriň we çagalaryň, perzentlige alanlaryň we alnanlaryň, öweý ata-eneleriň we öweý çagalaryň, doganlaryň we uýalaryň, garry ata-eneleriň we agtyklarynyň arasynda hossarlyk hakyny (aliment) tölemek borjy bilen bagly emläk gatnaşyklary ýüze çykýar. Şol tertibe laýyklykda kömege mätäç är-aýalyň haýyşy boýunça kazyýet nikany bozmak hakynda çözgüt çykaran mahalynda, aýalyndan (ärinden) töletdirip alynmaly serişdeleriň möçberini kesgitlemäge borçly bolup durýar. Kanun boýunça özleriniň kemala gelmedik we kemala gelen (18 ýaşa ýeten), ýöne welin işe ýarawsyz we kömege mätäç öweý çagalaryny öweý ata-eneler ekläp-saklamaga (aliment tölemäge) borçly bolup durýarlar, ýagny öweý çagalaryň olary terbiýeläp-eklemäge borçly ata-eneleri ýok bolsa ýa-da olardan ýeterlik serişde alyp bolmadyk halatynda. Ýeterlik serişdeleri bolan doganlar we uýalar özleriniň kömege mätäç kemala gelmedik we kemala gelen, ýöne welin işe ýarawsyz doganlaryny we uýalaryny aliment töläp eklemäge borçly bolup durýarlar. Garry ata-eneler özleriniň kemala gelmedik we kemala gelen, ýöne welin işe ýarawsyzlygy ýok sebäpli kömege mätäç bolan agtyklaryna aliment tölemek üsti bilen eklemäge borçly bolup durýarlar. Ýokarda görkezilen maşgalanyň agzalalary üçin alynýan hossarlyk

hakynyň möçberi her aýda belli bir pul möçberde aliment töleýän adamyň maddy we maşgala ýagdaýyndan ugur alnyp, kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär. Eger-de hossarlyk hakyny tölemäge borçly adamyň ýa-da aliment alýanyň maddy ýa-da maşgala ýagdaýy üýtgän halatynda, kazyýet olaryň her biriniň hak islegi boýunça hossarlyk hakynyň bellenilen möçberini üýtgetmäge borçludyr. Hossarlyk hakyny tölemek borjunyň ýüze çykmagyna esas bolan «Nika we maşgala haskyndaky» kodeksinde görkezilen ýagdaýlar aradan aýrylsa, onda hossarlyk hakyny töleýän adamlar aliment tölemekden boşadylmagyny kazyýet üsti bilen talap etmäge hakly bolup durýarlar. Şol ýagdaýlara degişli bolup aliment alýan ýa-da aliment töleýän taraplaryň biriniň aradan aýrylmagy, kemala gelmedik çaganyň kämillik ýaşyna ýetmegi, işe ýarawsyz adamyň zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegi, hossarlyk hakyny töleýän tarapynyň zähmete ukyplylygyny ýitirmegi we şoňa meňzeş ýagdaýlar degişli bolup durýarlar. Goýlan mesele boýunça kazyýetiň çözgüdiniň güýje giren pursadyndan başlap, aliment tölemek borjy ýatyrylýar.

### *Soraglar:*

1. **Maşgala hukugy diýip nämä düşünmeli?**
2. **Maşgala-hukuk gatnaşyklary nämeden ybarat?**
3. **Nika diýlip nämä aýdylýar?**
4. **Nika baglaşmagyň tertibi nähili?**
5. **Är-aýalyň arasynda nähili hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar?**
6. **Ýatyrylan we bozulan nikanyň tapawudy nämeden ybarat?**
7. **Nikanyň bozulmagynyň tertibi nähili geçirilýär?**
8. **Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar bolan halatynda, är-aýalyň nikasy nirede bozulýar?**
9. **Hossarlyk haky nämäniň üsti bilen kesgitlenilýär?**
10. **Haýsy halatda hossar hakyny tölemek borjy ýatyrylýar?**

## Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan şahsy we emläk gatnaşyklary

### §1. Ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklarynyň esaslary. Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan şahsy gatnaşyklaryň görnüşleri

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýÿâmynda maşgalanyń hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak meselelerini çõzmeklige, eneligi we çagalygy goramaklyga barha köp üns berilýär. Ýurdumyzyň Prezidenti tarapyndan enäniń we çaganyń bähbitleri goralýar, köp çagaly maşgalalara we ýeke ýaşaýan enelere degişli ýardam berilýär. Türkmenistanda eneler we çagalar üçin maddy we durmuş ýeńillikleriniň, artykmaçlyklaryń we ileri tutulmalaryń köptaraplaýyn ulgamy döredildi. Ońa elektrik energiýasyndan, gazdan, suwdan, ýodly azyk duzundan mugt peýdalanmak, ýaşaýyş jaý hyzmatlary üçin pes tölegler, mugt orta we ýokary bilim, göwreliligi, çaga dogranlygy we çaga gözegçilik edeni üçin berilýän goşmaça tölegli zähmet rugsatlary we başga köp ýeńillikler girýär. Döwletiń maşgala baradaky aladasy eneleriń we çagalaryń hassahanalarynyň, saglyk öýleriniń, mekdebe çenli çagalar edaralarynyń, mekdepleriń, çagalar we ýetginjekler köşkleriniń, bedenterbiýe-sagaldyş toplumlarynyń we ş.m. giń ýaýrawyny döretmek we ösdürmek ýoly bilen durmuşa ornaşdyrylýar.

Türkmenistanda aýallara we çagalara uly hormat we sarpa goýulýar. Mähriban Prezidentimiz we Türkmenistanyń hökümeti biziń döwletimiziń öňünde duran meseleleriń köpdürlüligine we aýratyn çylşyrymlylygyna garamazdan, aýallar we çagalar meselesine, olaryń konstitusion ýagdaýyna, eneligiń durmuş taýdan goldanylmagyna we maşgalanyń goralmagyna yzygiderli üns berýärler. Maşgala jemgyýetiń durnuklylygyny, ykdysady we ruhy ösüşini aýgytly derejede kesgitleýän wajyp bileleşigidir. Her bir döwlet onuń berkemegine we abadançylygyna ýardam etmek bilen, öz ösüşiniń esasy wezipelerini çözýär. Adam hukuklarynyń, ynsan mertebesiniń maşgalada deńlik we hormatlanmak esasynda üpjün edilmegi adam

hukuklarynyń bütin jemgyýetde üpjün edilmegini kepillendirýär. Hut maşgala, adam hukuklaryna düşünmeklikdir, olaryń anyk durmuş, ykdysady we syýasy şertlerde iş ýüzüne geçmegine mümkinçilik berýän serişdedir.

Ene mukaddes käbedir. Enäniń ruhy gymmatlyklary, belent adamkärçilik nusgalaryny durmuşa ornaşdyrýan mukaddes wezipesine aýratyn orun berilýär. Türkmenistanda enelik ählihalk hormatyna we sylagyna daýanýar, döwlet ony goraýar we höweslendirýär. Eneligiń we çagalaryń bähbitleriniń goralmagy aýallaryń zähmetiniń we saglygynyń goralmagy, aýallara enelik bilen bagly zähmet bilen utgaşykly şertleriń döredilmegi üçin ýörite çäreler bilen üpjün edilýär. Eneligiń maddy we ruhy taýdan goldanylmagy, hukuk goragynyń amala aşyrylmagy üçin çäreler geçirilýär. Biziň döwletimizde eneler bilen çagalar hiç bir zatda mätäç bolmaz ŷaly, çagalar üçin berilŷän kömek puly çaga üç ýaşaýança tõlenilŷär, soň bolsa çagalar mekdebe çenli çagalar bagyna ýerleşdirilŷär.

Türkmenistanyń milli kanunçylygynda çagalaryń hukuklarynyń kepillendirilmegi barada gińden beýan edilendir. Türkmenistanyń çäklerinde ýaşaýan ähli çagalar milletine, reńkine, jynsyna, diline, dini ygtykadyna, jemgyýetçilik taýdan gelip çykyşyna, özleriniń hem-de ene-atasynyń ýa-da çaganyń beýleki kanuny wekilleriniń bölümine we ýaşaýyş ýerine, çagalaryń ahwalatlaryna we saglyk ýagdaýyna ýa-da beýleki ýagdaýlaryna garamazdan, olaryń hemmesi deńhukuklydyr. Çaganyń her biri özüne berlen ähli hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmaga hukugy bardyr. Çaganyń hukuklarynyń we azatlyklarynyń durmuşa geçirilmeginiń onuń ýaşaýyş, jan saglygy, terbiýelenmegi we kadaly ösüp ulalmagy üçin zyýanly netijeleri bolmaly däldir. Döwletimiziň Konstitusiýasy we Türkmenistanyń beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem halkara hukugyna degerli kada-namalary çaganyń hukuklaryny, bähbitlerini goraýarlar. Çaganyń hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak ata-eneleriniň ýa-da kanuny wekilleriniň, okuw ýa-da ýöriteleşdirilen bejeriş-terbiýeçilik edaralarynda olaryń ýolbaşçylary, şeýle hem ýerli ýerine ýetiriji häkimiýeti we ýerli öz-özüńi dolandyryş edaralary, degişli jemgyýetçilik guramalary tarapyndan amala aşyrylýar.

Her bir çaganyń öz beden, akyl, ruhy, ahlak we jemgyýetçilik taýdan ösmegi üçin zerur ýaşaýyş derejesine hukugy bardyr.

Ata-ene bilen çagalaryň özara hukuklary we borçlary çagalaryň kimden bolandygyna esaslanýar, çagalaryň kimden bolanlygy bolsa kanunda bellenilen tertipde tassyklanylýar. Biri-biri bilen nikada durýan ata-eneden çaganyň bolanlygy ata-enesiniň nikasy hakyndaky şahadatnamasy esasynda tassyklanylýar. Ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklarynyň esaslary hökmünde çagalaryň dogluşy hakyndaky şahadatnama bolup durýar. Çaganyň dogluşy baradaky şahadatnama çaganyň doglan ýerindäki ýa-da ene-atasynyň, ýa olardan biriniň ýaşaýan ýerindäki «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümi tarapyndan berilýär.

Çagalar doglan badyna bellige (resmi hasabata) alynmalydyr. Dogluş hakyndaky habar çaga doglan gününden bir aýdan gijä galman «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümine (RYNY-a) berilmelidir. Çaganyň ata-eneleri baradaky maglumatlar dogluş ýazgylary baradaky kitapda görkezilýär. Dogluş baradaky arza ene-atalar ýa-da olaryň biri tarapyndan dilden ýa-da ýazmaça berilýär, ene-atalaryň ýarawsyzlygy ýa ýogalan halatynda, ýa-da başga bir sebäplere görä olaryň arza bermäge mümkinçilikleri bolmasa, onda olaryň ornuna garyndaşlary, goňşulary, çaganyň doglan lukmançylyk edarasynyň ŷolbaşçy wekilleri we beýlekiler tarapyndan arza berlip biliner.

Dogluşy reşmileşdirmek üçin şular talap edilýärler:

a) lukmançylyk edarasynyň delilnamasy;

b) ene - atalaryň şahsyýetini anyklaýan resminamalar;

ç) çaganyň dogluşy baradaky namalar ýazgysyna atasy baradaky maglumatlary ýazmak üçin esas bolýan resminamalar.

Bu ýazgy esasynda çaganyň ata-enesi baradaky maglumatlar görkezilen halatynda, çaganyň dogluşy hakyndaky şahadatnama berilýär. Öz gezeginde çaganyň emele gelmegini anyklamagynyň esasynda kanun tarapyndan kepillendirilen hukuklaryny berjaý etmek we onuň terbiýelenmeginde ata-eneleriň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin resmi görkezmeleri döredýär. Soňra

hem çagalaryň we ata-eneleriň özara hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelmeginiň ýeke-täk esasy bolup kanun tertibinde bellenen çaganyň dogluşy baradaky güwänama hyzmat edýär. Ekizler doglanda, olaryň her haýsyna aýratyn dogluş hakyndaky namalar ýazgysy düzülýär we dogluş hakyndaky aýratyn şahadatnama berilýär.

Dogluş hakyndaky ýazgyda çaganyň ady, atasynyň ady we familiýasy, şonuň ýaly-da şol çaganyň ata-enesi hakyndaky maglumatlar ýazylýar. Eger-de ata-enäniň umumy familiýasy bar bolsa, onda çagalara ata-enäniň familiýasy dakylýar. Ata-enäniň familiýalary dürli bolsa, şonuň ýaly-da ata-ene ýa-da olaryň biri familiýasyny üýtgeden bolsa, onda ata-enäniň ylalaşmagy boýunça çaga atanyň ýa-da enäniň familiýasy dakylýar. Ata-enäniň ylalaşygy bolmadyk mahalynda, hossarlyk we howandarlyk bölümi çaganyň familiýasyny onuň atasynyň ýa-da enesiniň familiýasy boýunça kesgitleýär. Ata-enäniň ýa-da olardan biriniň öz familiýasyny üýtgetmegi olaryň kemala gelen çagalarynyň familiýalarynyň üýtgemegine getirip bilinmez. Ata-enäniň arasynda nikanyň ýatyrylmagy, şonuň ýaly-da nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi çagalaryň familiýalarynyň üýtgemegine getirip bilinmez. Eger atasy (enesi) nika ýatyrylandan soň ýa-da nika hakyky däl diýlip ykrar edilenden soň özüniň ýanynda ýaşamaga galan çagasyna öz familiýasyny dakmak islese, onda hossarlyk we howandarlyk bölümi çaganyň bähbitlerinden ugur alyp, kemela gelmedik çaganyň familiýasyny üýtgetmäge ygtyýar bermäge haklydyr.

Eger kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesi bir-biri bilen nikada durmaýan we atasy bellenmedik bolsa, çaganyň enesiniň familiýasy üýtgedilende çaganyň enesiniň arzasy boýunça hossarlyk we howandarlyk bölüminiň görkezmesi esasynda kemala gelmedik çaganyň familiýasy üýtgedilip bilner. On ýaşyna ýeten çaganyň familiýasy üýtgediljek halatynda, onuň öz islegi nazara alynýar. Çaga at dakylanda, ol onuň ata-enesiniň ylalaşmagy boýunça dakylýar, atasynyň ady bolsa onuň atasynyň ady boýunça dakylýar. Çaganyň ady barada ata-enäniň arasynda ylalaşyk bolmadyk mahalynda, bu mesele hossarlyk we howandarlyk bölümi tarapyndan çözülýär.

Eger-de çaga öli doglan bolsa, onda çaganyň doglan pursadyndan üç günden gijä galman habar berilmelidir. Şol halatda çaganyň doglanlygy we ölenligi barada «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» depderçesine iki ýazgy edilýär. Çaganyň ene-atasyna bolsa diňe çaganyň ölenligi baradaky şahadatnama berilýär.

Çaga bilen enäniň arasyndaky şahsy-hukuk gatnaşyklar olaryň gan garyndaşlygy ŷagdaŷy esasynda döreýär. Çaganyň eneden bolanlygyny tassyklamak üçin (enesidigini anyklamak üçin) şol çaganyň nikada doglandygynyň ýa-da nikasyz doglandygynyň hiç hili ähmiýeti ŷok. Çaganyň şol eneden doglandygy lukmançylyk edarasynda enäniň çagany dograndygyny tassyklaýan kepilnama esasynda anyklanylýar. Eger-de çaga lukmançylyk edarasynda dogulmadyk bolsa, onda çaganyň enesi lukmançylyk resminamalary, şaýatlaryň görkezmeleri ýa-da beýleki subutnamalar esasynda tassyklanylŷar.

Çaganyň dogulmagy – bu çaga ömür beren erkek bilen aýalyň durmuşynda wajyp wakalaryň biridir. Ýŏne welin durmuşda atalygy tassyklamak barada dürli jedeller ŷüze çykyp bilŷär. Kanun tarapyndan çaganyň belli bir erkekden we aýaldan bolandygyny güwälendirýän dürli esasy ýagdaýlara bagly bolan tertipler bar:

a) çaganyň ata-enesi nikada duran bolsalar;

b) çaganyň ata-enesi nikada durmaýar, emma atalygy meýletin boŷun alŷan adam bar bolsa (dolandyryş tertibi);

c) çaganyň ata-enesi nikada durmaýarlar we çaganyň atasy diŷip hasap edilýän adam atalygy meýletin boŷun almaŷan bolsa (kazyŷet tertibi).

Çaganyň haýsy atadan bolandygyny anyklamak aýalyň maşgala ýagdaýyna baglydyr, ýagny ol nikada durýarmy ýa-da ýok. Belli bolşy ýaly, är-aýalyň hukuklary we borçlary «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bŏlümine nikanyň baglaşylandygy bilen döwlet tarapyndan bellige alnan pursadyndan başlanýar. Bu bolsa diňe bir är-aýalyň özüniň kanuny hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny laŷyk gelŷän şert däl-de, eýsem çagalaryň kanuny hukuklarynyň we borçlarynyň goragynyň amala aşyrylýandygyny aňladýar. Şonuň üçin özara nikada duranlaryň çagasy bolanda, eger kazyýet üsti bilen başgaça tertip bellenilmedik bolsa, çaganyň enesiniň adamsy şol çaganyň atasy diŷlip hasaplanylýar.

Eger çaganyň enesi onuň atasy bilen resmileşdirilen nikada duran bolsalar, onda olar şol çaganyň enesi-atasy diýlip hasap edilýärler. «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümi çaganyň dogluşyny resmileşdirende, çaganyň enesi we atasy diýip, nikada duran adamlary görkezýär. Eger-de nikada duran adamlar atalygy jedel edýän bolsalar, onda çaganyň enesi-atasy diýip hasap edilýänler geçirilen ýazgy barada olara mälim bolan gününden ýa-da mälim bolmaly gününden başlap, bir ýylyň dowamynda atalygy jedel edilip bilýärler.

Çaganyň atasy ölenden soň atalygy resmileşdirmek aýratyn görnüşinde kadalşdyrylýar. Eger-de çaganyň ejesi bilen nikada duran adam ölenden soň çaga 10 aýdan köp bolmadyk wagt geçmänkä doglan bolsa, onda çaganyň atasy diýip ölen adam görkezilýär.

Eger nikany bozan är-aýalyň 10 aýyň içinde çagasy bolsa, onda çaga şol ärinden bolupdyr diýlip hasap edilýär. Çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamada nikany ýatyran adam çaganyň atasy hökmünde görkezilýär. Eger 10 aýdan bir ýa-da iki gün geçen bolsa, onda çaga başga adamdan bolan diýlip hasap edilýär (aýrylyşan ärinden däl).

### §2. Atalygy meŷletin kesgitlemek

Ŷŏkarda bellenişi ŷaly, eger-de çaganyň enesi nikada durmaýan bolsa, ŷŏne atalygy meýletin boŷun alŷan adam bar bolsa, onda çaganyň dogulmagy dolandyryş tertibinde amala aşyrylýar. Şol tertip boýunça çaganyň atasy we enesi bilelikde arza berip, «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bŏlüminde atalygy tassyklaýarlar. Belli bir ŷagdaŷlaryň ŷüze çykmagy bilen, çaganyň atasy diŷip ŏzüni hasap edŷän adam, çaga doglandan soň ýa-da ŏňünden çaganyň ejesi göwreli döwründe atalygy boýun alýan arzany bermäge hakly bolup durŷar. Eger-de çaganyň dogluşy baradaky şahadatnama berilmedik bolsa we atalygy boýun alýan adam öz pikirini üýtgeden bolsa, onda ol adam şol arzany yzyna alyp bilýär. Emma welin çaganyň dogluşy resmileşdirilen halatynda, öz pikirini üýtgeden ata, atalygy kazyýet tertibinde jedelleşip, ýazgyny üýtgedip bilýär.

Atalygy kesgitlemegiň bu usulynda çaganyň atasy özüniň erkini beýan edýär, çaganyň enesi bolsa atalygyň ykrar edilmegine razylygyny berýär. Atalygy meýletin boýun alýan adam bar halatynda, çaganyň gelip çykyşy onuň atasynyň we enesiniň bilelikde «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölümine beren arzalary esasynda kesgitlenilýär. Atalygy kesgitlemek hakyndaky ata-enäniň bilelikdäki arzasynda şuňa meňzeş maglumatlar görkezilýär: özüni çaganyň atasy diýip ykrar edýän adamyň ady, familiýasy, atasynyň ady, doglan wagty we ýeri, raýatlygy, milleti, ýaşaýan ýeri; şeýle hem çaganyň ady, familiýasy, atasynyň ady, jynsy, doglan wagty we ýeri; şonuň ýaly-da şol çaganyň dogluş hakyndaky namasynyň ýazgysy görkezilýär; çaganyň ejesiniň ady, familiýasy, atasynyň ady, doglan ýeri we wagty, raýatlygy, milleti (özüniň islegi boýunça), ýaşaýan ýeri, nika baglaşylanlygy hakyndaky namalar ýazgysy (eger-de çaganyň ejesi çaganyň atasy bilen çaga doglanyndan soň nika baglaşan bolsa); çaganyň atasy kesgitlenenden soň onuň ady, familiýasy, atasynyň ady, çaganyň atasynyň we enesiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamalary.

Atalygyň meýletin kesgitlenilmegi – bu çaganyň nikada durmadyk atasynyň we enesiniň arasyndaky hukuk ýagdaýydyr. Şol halatda şahadatnamada çaganyň enesi diýlip çagany dogran aŷal, çaganyň atasy diŷlip atalygy boýun alan adam görkezilýär. Bu bolsa çaga bilen onuň atasynyň arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň döremegine gönükdirilendir. Atalygy dolandyryş tertibinde takyklamak boŷun alŷan adamyň erkin islegi esasynda edilýär. Şonuň üçin ruhy ýetmezçiligi zerarly kazyŷet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlar özüniň çaganyň atasydygyny meýletin ykrar edip bilmeŷärler.

Emma çaganyň atasy diýip hasap edilýän adam atalygy meýletin boýun almasa ýa-da çaganyň atasy diýip çaganyň dogluşy baradaky şahadatnamada görkezilen adam şol ýazgyny jedel etse, onda atalyk kazyýet tertibinde bellenilýär.

## §3. Kazyŷet tertibinde atalygy bellemek

Kazyŷet tertibinde atalygy bellemek maşgala hukugynyň iň çylşyrymly meseleleriniň biri bolup durýar. Atalygy kazyýetde bellemek tertibi çaganyň dogulmagy bilen döreýär we çaganyň atasy diýip hasap edilýän adamyň belli bir kanuny borçlary çekmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Köplenç ýagdaýlarda, kazyýet tertibinde atalygy kesgitlemek arzasy bilen çaganyň enesi kazyŷete ýüz tutýar. Emma kanun tarapyhdan beýleki adamlaryň hem kazyýete arza bilen şu mesele boýunça ýüz tutmagy göz öňünde tutulandyr. Kazyýet atalygy kesgitlemek baradaky arzany hökman çaganyň enesinden däl-de, eýsem çaganyň atasyndan hem kabul edip biler. «Maşgala we nika hakyndaky» kodeksine laýyklykda, atany bellemek çaganyň ata-enesiniň biriniň ýa-da hossarlarynyň (howandarlarynyň), çagany özüniň eklemeginde saklaýan adamyň arzasy boýunça, şonuň ýaly-da kemala gelenden soň çaganyň özüniň arzasy boýunça geçirilýär. Atalyk kesgitlenende kazyŷet gös-göni kanunda bellenilen ýagdaýlary göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksinde gõrkezilişi ŷaly, nikada durmaýan ata-eneden çaga bolan mahalynda, özi-de ata-enäniň bilelikdäki arzasy bolmasa, şol çaganyň atasy kazyŷet tertibinde bellenilip biliner.

Kazyýet tertibinde çaganyň atasyny kesgitlemegiň zerur şerti bolup şu ýagdaýlar durýar:

a) çaganyň ata-eneleriniň arasynda döwlet tarapyndan bellige alynan nikanyň ýoklugy (bolmazlygy);

b) çaganyň ata-eneleriniň «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy” bõlümine beren bilelikdäki arzasynyň bolmazlygy;

ç) çaganyň enesi ölen ýagdaýynda ýa-da onuň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýagdaýynda, ýa-da çaganyň ejesiniň nirede ýaşaýandygyny anyklamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, ýa-da ol enelik hukugyndan mahrum edilenligi.

Dogluş hakyndaky namalary resmileşdirŷän kitapdaky ýazgy çaganyň şol kitapda görkezilen ata-eneden bolanlygynyň subutnamasydyr. Çaganyň atasy ýa-da enesi hökmünde ýazylan adam şol edilen ýazgy hakynda özüne mälim bolan ýa-da

mälim bolmaly wagtdan başlap bir ýylyň dowamynda şol ýazgy barada jedel gozgamaga haklydyr. Eger atasy ýa-da enesi diýip ýazdyran adam şol wagta çenli kemala gelmedik bolsa, onda şol bir ýyllyk möhlet onuň on sekiz ýaşa ýeten wagtyndan hasaplanylýar.

Kazyýet çaganyň atasyny bellenilen mahalynda, çaganyň enesiniň we jogapkäriň çaga dogulmazyndan öň bile ýaşanlygyny we umumy hojalygy ýöredenligini nazara alýar. Bu bolsa çaganyň ata-enesiniň maşgala gatnaşyklaryny häsiýetlendiryän ýagdaýlarda ýaşap, çaganyň enesi göwreli wagtynda umumy hojalygy ýöredendiklerini, bilelikde ulanar ýaly emläk edinendiklerini we şuňa meňzeşleri aňladýar. Umumy hojalyk ýöredilende bilelikde ýaşaýanlaryň ikisiniň ýa-da biriniň zähmeti we serişdeler üçin çykdajylary umumy maşgala durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmaklyga gönükdirilendir. Kanun olaryň bilelikde ýaşamagynyň we umumy hojalygy ýöretmeginiň çaganyň dogulmagyna çenli dowam etmegini talap etmeýär, bu hili gatnaşyklaryň dowamlylygy kesgitlenilmedik. Çaga dogulmazyndan öň taraplaryň gatnaşyklarynyň öz-özünden galmagy atalygy kesgitlemek baradaky talaby kanagatlandyrmakdan ýüz öwürmeklige esas bolmaýar, eger-de taraplaryň gatnaşygy enesi göwreli bolmazyndan öň galan (ýatyrlan) bolsa, onda talaby kanagatlandyrmazlyga esas bolŷar. Çaganyň enesi bilen jogapkäriň çaga dogulmazyndan öň bile ýaşamagyny we umumy hojalygy ýöredenligini şaýat görkezmeleri we beýleki subutnamalar arkaly hem tassyklanylyp biliner.

Atalygy kesgitlemegiň beýleki bir esasy ŷagdaŷy, jogapkäriň çaganyň enesi bilen şol çagany terbiýelemäge gatnaşanlygy ýa-da bile ekläp-saklandygydyr. Kanun şol bir wagtda hem çagany terbiýelemegi, hem-de çagany ekläp-sakalamagy talap etmeýär. Çagany bilelikde terbiýelemek diýlende, onda şeŷle ŷagdaŷlar gŏz ŏňünde tutulŷar: çaganyň enesi we jogapkär bile ýaşaýan bolsa ýa-da jogapkär çaga bilen gatnaşyk saklaýan bolsa, ýa-da çaga barada atalyk aladasyny edýän bolsa. Bile ekläp-saklamak diýlende, çaganyň jogapkäriň eklenjinde bolmagyna ýa-da jogapkäriň çagany ekläp-saklamak üçin ŷzygiderli kömek bermegine (bu kömegiň möçberine garamazdan) düşünilýär. Jogapkäriň çagany

ekläp-saklamaga gatnaşmagy ýazmaça subutnamalar bilen (pul geçirmek barada kwitansiýalar, harytlary we hyzmatlaryň tölenenliginiň hasaby we güwänamasy), şeýle hem şaýat görkezmeleri we beýleki subutnamalar bilen tassyklanylyp biliner.

Eger-de jogapkär çaganyň enesi bilen bile ýaşap, umumy hojalyk ýöreden bolsa, şeýle hem olar bilelikde çagany terbiýeläp, ony ekläp-saklan bolsalar, onda bu ŷagdaŷlar atalygyň anyklamagyna şaýatlyk edýärler. Jogap berijiniň özüniň atalygy boýun alýan subutnamalaryna onuň hatlary, terjimehallary, arzalary we beýleki hakyky maglumatlary degişli bolup bilŷärler. Bu hili subutnamalar çaganyň enesi göwreli döwründe, şeýle hem çaga doglanyndan soň hem beýan edilip biliner. Jogapkäriň özüniň atalygyny boýun almagy şaýatlaryň görkezmesi (garyndaşlary, dostlary, tanyşlary) arkaly, şonuň ýaly-da zat (maddy) subutnamalar (meselem, „ogluma ýa-da gyzyma ýadygärlik” diýen ýazgyly surat) arkaly tassyklanyp biliner. Kazyŷet subutnamalara ýol berilýändigi baradaky meseläni çözmek bilen, olaryň gös-göni ýa-da gytaklaýyn atalygy boýun almaklygyna şaýatlyk edýänligini göz öňünde tutýar.

Seredilen ýagdaýlar (çaganyň enesi bilen jogapkäriň çaga dogulýança bile ýaşamagy we umumy hojalyk ýöretmegi ýa-da olaryň çagany bile terbiýelemekleri ýa-da ekläp-saklamaklary, ýa-da jogapkäriň atalygy boýun alýanlygyny tassyklaýan subutnamalar) çak edilýän adamyň şol çaganyň atasy diýip netije çykarmaga hemişe esas bolup bilmeýär. Kazyýet tarapyndan jogapkäriň özüniň atalygyny inkär edýän, ol ýa-da beýleki delillerine üns berilmelidir we olar hökman barlanylmalydyr (saglyk ýagdaýy boýunça nesil öndürmäge ukypsyzlygy, çaganyň enäniň göwresinde emele gelen döwründe jogapkäriň çaganyň enesi bilen bile ýaşamazlygy).

Şonuň üçin, atalygy kesgitlemek baradaky jedelle seredilende Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksinde göz öňünde tutulan esaslaryň hatda biri tassyklanylsa, kazyýet çaganyň kimden gelip çykandygyny anyklamak maksady bilen, jogapkär çaganyň atasydygyny boýun almaýan halatynda lukmançylyk ekspertizasy bellenilip biler (çaganyň enesiniň göwresinde emele gelen wagtyny bilmek üçin; eger-de jogapkär çaga öndürmeklige

ukypsyzlygyna salgylanýan bolsa ony anyklamak üçin; çaganyň gan topary bilen jogapkäriň gan toparyny anyklamak üçin). Bu seljerişler jogapkäriň atalygyny inkär etmek maksady bilen hem kazyýet tarapyndan ulanylyp biliner. Kazyýet tertibinde atalyk bellenende, şol mahal hemme subutnamalar we görkezmeler hasaba alynýar we olaryň esasynda kazyýetiň atalygy kesgitleýän ýa-da kesgitlemeýän çözgüdi çykarylýar. Kazyýet atalygy kesgitlemek baradaky ýa-da atalygy kesgitlemekden ýüz öwürmek baradaky çözgüdi talapkäriň talabyny tassyklaýan ýa-da inkär edýän hemmetaraplaýyn barlanylan maglumatlara esaslandyryp çykarylmalydyr. Eger-de talapkär çaga üçin hossarlyk hakyny tölemek baradaky talap arzasyny hem bildirlen bolsa, onda çaganyň atasy diýip bellenen adam aliment tölemäge borçly bolup durýar.

Atalygy kesgitlemek baradaky talaby kanagatlandyrýan kazyýetiň çözgüdi «Raýat ýagdaýlarynyň namalary ýazgysy» bölümine tabşyrylýar. Kazyýetiň çözgüdi atalygy bellige almak üçin zerur maglumatlary beýan edýär, oňa çaganyň atasynyň ady, familiýasy, atasynyň ady, onuň doglan ýeri, aýy, ýyly, güni, milleti, hemişelik ýaşaýan we işleýän ýeri bilen bagly maglumatlar degişli bolup durýarlar. Çaganyň dogluşy baradaky şahadatnamanyň esasynda çaganyň we onuň atasynyň arasynda şahsy we emläk gatnaşyklary doly derejede ýüze çykýarlar. Çaganyň we çaganyň atasy diýip görkezilen adamyň arasynda at bilen, ýaşaýan ýeri bilen, milleti bilen, terbiýesi bilen, miras bilen, eklençde saklamak bilen bagly hukuk gatnaşyklary amala aşyrylýar. Çaganyň ata-enesi nikada durmaýan bolsalaram, şol çaga üçin nikada doglan çaga bilen deň derejede hemme maşgala hukuklary ýüze çykýar.

## §4. Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan şahsy we emläk gatnaşyklarynyň görnüşleri

Ata-eneler öz çagalaryny terbiýelemäge, olaryň beden taýdan sagdyn ösmegi, okap öwrenmegi barada alada etmäge, jemgyýet üçin peýdaly zähmete taýýarlamaga, jemgyýetiň mynasyp agzalary edip (taýýarlamaga) ýetişdirmäge

borçludyrlar. Kanun boýunça ata-enelik hukuklary çagalaryň bähbitleriniň tersine ulanylyp bilinmez. Özleriniň çagalary barada ata bilen enäniň hukuklary we borçlary deňdir. Çagalary terbiýelemäge degişli ähli meseleler ata-enäniň ikisiniň özara ylalaşmagy bilen çözülýär. Ata-enäniň ylalaşygy bolmadyk mahalynda, jedelli mesele ata-enäniň gatnaşmagy bilen hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan çözülýär.

Ata-eneleriň şahsy hukuklaryna we borçlaryna şular degişlidir:

1) Ata-eneleriň öz çagalarynyň şahsy-hukuk derejesini: olaryň adyny, familiýasyny, atasynyň adyny, raýatlygyny we milletini kesgitlemek hukuklary we borçlary;

2) Ata-eneleriň öz çagalaryna wekilçilik etmek hukuklary we borçlary;

3) Ata-eneleriň öz çagalarynyň ýaşaýan ýerini kesgitlemek we çagalary bikanun saklaýan ähli adamlardan talap etmek baradaky hukuklary we borçlary;

4) Ata-eneleriň öz çagalaryny terbiýelemek baradaky hukuklary we borçlary.

Çagalaryň raýatlygy olaryň ata-eneleriniň raýatlygy boýunça kesgitlenýär. Doglan çaganyň raýatlygyny kesgitlemek tertibi «Raýatlyk ýagdaýlarynyň namalar ýazgysy» bölüminde ýa-da Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynda we konsullyklarynda (eger çaga şol ýerde doglan bolsa) amala aşyrylýar.

Çaganyň milleti hem onuň ata-enesiniň milletine laýyklykda kesgitlenýär, ene-ata bir millete degişli bolsa, onda olaryň çagalary hem şol millete degişli edilýär. Eger ene-ata dürli milletden bolsalar, on alty ŷaşly çaganyň islegini nazara alnyp, resminamada atasynyň ýa-da ejesiniň milleti ýazylýar.

Kemala gelmedik çagalaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak işi şol çagalaryň ata-enesiniň üstüne ýüklenilýär. Ata-eneleriň öz çagalaryna wekilçilik etmek hukuklary we borçlary hem çagalaryň şahsy-hukuk derejesine degişlidir, sebäbi çagalar özleriniň kämillik ukybyny özbaşdak amala aşyryp bilmeŷänligi zerarly olaryň hukuklaryny we bähbitlerini ata-eneleri goramaly bolýar. Ata-eneler öz kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň kanuny wekilleridirler we olar ähli ŷerlerde öz çagalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini üpjün edŷärler. Kämillik

ýaşyna ýetmedik çagalaryň hemişelik ýaşaýan ýerini olaryň ata-eneleri kesgitleýärler.

Çagalar babatda ata-enäniň ikisiniň hem deň hukuklydygy barada Türkmenistanyň «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksinde bellenip geçilýär, oňa laŷyklykda özleriniň çagalary barasynda ata bilen enäniň hukuklary we borçlary deňdir. Ata-enäniň arasyndaky nika bozulan mahalynda hem ata-ene özleriniň çagalary barasynda deň hukuklardan peýdalanýar we olaryň deň borçlary bardyr. Eger nikanyň bozulmagy zerarly ýa-da başga sebäplere görä ata-ene bile ýaşamaýan bolsa, onda kemala gelmedik çagalar kimiň ýanynda ýaşamalydygyny ata-enäniň özara ylalaşygy çözýär. Çagalaryndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çagalary bilen gatnaşyk saklamaga haky bardyr we ol çagalary terbiýelemäge gatnaşmaga borçludyr. Çagalaryndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çaga bilen gatnaşyk saklamak tertibi barasynda, çagalary terbiýelemek barasynda ata-ene ylalaşyga gelip bilmedik mahalynda, bu tertip ata-enäniň gatnaşmagy bilen hossarlyk we howandarlyk bölümi tarapyndan kesgitlenilýär. Ata-enäniň arasynda ylalaşyk bolmadyk mahalynda, jedel çagalaryň bähbitlerinden ugur alnyp kazŷyet tarapyndan çözülýär. Çagalary terbiýelemäge degişli ähli meseleler ata-enäniň ikisiniň özara ylalaşmagy bilen çözülýär. Eger ata-ene hossarlyk we howandarlyk bölüminiň çykaran çözgüdine boýun egmeýän bolsa, onda bu jedel çözmek üçin olar kazyŷete ýüz tutmaga haklydyr.

Çaganyň şahsyýeti barada alada etmekde ata-enäniň esasy borjy bu çaganyň terbiýesi barada alada etmekdir we ony jemgyýetçilik-peýdaly işe taýýarlamakdyr. Ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlara, taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmagy öwretmäge, şeýle medenýeti olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukuklydyrlar we borçludyrlar. Ata-eneler öz çagalaryna terbiýelemäge, olaryň bedeni taýdan ösmegi, okap-öwrenmegi barada alada etmäge, jemgyýet üçin peýdaly zähmete taýýarlamaga, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň jemgyýetiniň mynasyp agzasy edip ýetişdirmäge borçludyrlar. Her bir kemala gelmedik çagalaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak işi şol

çagalaryň ata-enesiniň üstüne ýüklenilýär. Ata-ene özleriniň kemala gelmedik çagalarynyň kanuny wekilleri diýlip ykrar edilýär we olar aýratyn ygtyýar almazdan, ähli edaralarda, şol sanda kazyýet edaralarynda hem özleriniň kemala gelmedik çagalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goraýarlar. Özleriniň çagalary babatda ata bilen enäniň hukuklary we borçlary deňdir. Ata-enäniň arasyndaky nika bozulan mahalynda hem ata-ene özleriniň çagalary barasynda deň hukuklardan peýdalanýar we olaryň deň borçlary bardyr. Çagalary terbiýelemäge degişli ähli meseleler ata-enäniň ikisiniň özara ylalaşmagy bilen çözülýär.

Çaganyň ata-enäniň haýsy-da bolsa birine berilmegi beýlekiniň onuň bilen gatnaşyk saklamagyny kesmegi aňlatmaýar. Çagadan aýry ýaşaýan ata ýa-da ene onuň bilen gepleşmäge haky bar we ony terbiýelemäge, gatnaşmaga bolsa borçludyr. Çagalaryndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) çaga bilen gatnaşyk saklamak tertibi barasynda, çagalary terbiýelemek barasynda ata-ene ylalaşyga gelip bilmedik mahalynda, bu tertip ata-enäniň gatnaşmagy bilen hossarlyk we howandarlyk bölümleri  tarapyndan kesgitlenilýär. Şeýlelikde, ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky şahsy-hukuk gatnaşyklary kanuny tertipde tassyklanan çagalaryň gelip çykyşyna baglydyr.

Çaganyň dogulmagynyň takyk we öz wagtynda bellige alynmagy hossarlyk haky bellenilende, miras goýlanda, ata-eneleri ýogalandan soň (aradan çykandan soň) pensiýa alnanda  wajyp orun tutýarlar.

Ene-atanyň we çagalaryň arasynda şahsy-hukuk gatnaşyklarynyň esasynda emläk-hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar. Her bir ene-ata özüniň  kamillik ýaşyna ýetmedik  we kämillik ýaşyna  ýeten, ýöne işe ýarawsyz we kömege mätäç çagasyny ekläp-saklamaga borçly bolup durýarlar. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň we ene-atalaryň emlägi umumy bolup durýar, diýmek, her bir kemala gelmedik çaga ene-atasynyň emlägi bilen ulalyp bilýär.  Çaga 18 ýaşy dolandan soň, onuň emlägi ene-atasynyň emläginden aýry bolup durýar. Şol wagtdan başlap, ene-atalar we çagalar biri-biriniň emlägi bilen diňe razylygy boýunça ulanyp bilýärler.

«Nika we maşgala hakyndaky» kodeksine  laýyklykda ata-eneler  özleriniň kemala gelmedik we kemala gelen (18 ýaşa ýeten), ýöne welin işe ýarawsyz we

kömege mätäç çagalaryny ekläp-saklamaga borçludyrlar. Ýöne belli bir ýagdaýlarda, haçan-da çagalaryň ene-atalary nikasyny bozan bolsalar ýa-da olardan aýry ýaşap, maddy kömek bermeýän bolsalar, onda şol ene-atalar öz çagalaryna hossarlyk hakyny tölemäge borçly bolup durýarlar. Kemala gelmedik çagalar üçin olaryň ata-enesiniň haýsy-da bolsa birinden bir çaga üçin ata-enesiniň gazanjynyň dörtden bir bölegi ýa-da 25%, iki çaga üçin üçden bir bölegi ýa-da 33%, üç we ondan köp çaga bolsa ýarsy ýa-da 50% möçberinde hossarlyk hakynyň möçberi alynýar. Eger-de çaga kemala gelen, ýöne welin birinji ýa-da ikinji toparyň maýyby, ýa-da kämillik ukyby ýoklugy sebäpli işe ýarawsyz bolsa, onda ata-eneden alynýan hossarlyk hakynyň möçberi ata-enäniň we kömege mätäç çagalaryň maddy hem-de maşgala ýagdaýyna bagly bolup durýar. Şol ýagdaýlardan ugur alnyp her aýda hossarlyk haky tölenip durulýar, onuň möçberi belli bir pul görnüşinde kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär. Haryt üsti bilen ýa-da hyzmat üsti bilen, ýa-da her aý alynman, bir wagtynda hossar hakyny töledip almak gadagandyr. Nika we maşgala kanunçylygynyň esasynda kemala gelen, işe ukyply çagalar öz kömege mätäç, zähmete ukypsyz ene-atalaryna belli bir pul möçberinde hossarlyk hakyny tölemäge borçly bolup durýar.

### §5. Perzentlige almak we perzentligi ýatyrmak

Perzentlige almak diýlende, maşgala keseki çagalary terbiýelemäge almak, ýagny bu çagalar ýetim ýa-da ene-atanyň terbiýesinden kesilendigi göz önünde tutulýar (enäniň, atanyň saglygy sebäpli, ene-atanyň çagany terbiýelemekden ýüz öwürmegi ýa-da ene-ata hukugyndan mahrum edilmegi). Perzentlige almak – bu hukuknama bolup, perzentlige alýan bilen perzentlige alynýanyň arasynda garyndaşlyk derejede hakyky ene-ata we çagalaryň arasynda ýüze çykýan hukuklary we borçlary döredýär. Diňe kemala gelmedik çagalary, olaryň bähbitleri üçin perzentlige alyp bolýar. Perzentlige alyjylar bolsa tersine, diňe kämillik ýaşyna ýetenler bolup bilerler. Perzentlige almak bilen raýatlar döwlete ene-atasyz galan

çagalary terbiýelemekde uly ýardam edýär. Perzentlige çagany aljak adamlar öz arzasy bilen ŷaşaŷan ŷerindäki ŷa-da perzentlige alynŷanyň ŷaşaŷan ýerindäki häkimlikleriň hossarlyk we howandarlyk bölümlerine ýüz tutýarlar.

Çagany perzentlige almak üçin maşgala kanunçylygy birnäçe şertiň ŷerine ŷetirilmegini talap edŷär. Olar bolsa şulardan ybaratdyr:

1) Çaganyn ata-enesiniň ikisiniň ŷazmaça gŏrnüşindäki razylygy talap edilýär. Şol razylyk haty belli bir adamyň (adamlaryň) perzentlige almagyna ŷa-da hossarlyk we howandarlyk bölümi tarapyndan saýlanan perzentlige alyjylara berlip bilner.
2) Eger çaganyň ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa ýa-da olar kämillik ukyby ýok diýlip, ýa-da nam-nyşansyz giden diýlip kanunda bellenen tertipde ykrar edilen bolsa, onda olaryň çagasyny perzentlige almak üçin şol ata-enäniň razylygy gekekli däl.
3) Eger çaganyň ata-enesi bir ýyldan köp wagtyň dowamynda çagasy bilen bile ýaşamaýan bolsalar hem-de hossarlyk we howandarlyk bölüminiň duýduryşyna garamazdan, çagalaryny terbiýelemekden ýa-da eklemekden boýun gaçyrýan bolsalar, onda olaryň takyk ýagdaýynda, ene-atanyň razylygy bolmadyk halatynda-da, çaga perzentlige alynyp biliner.
4) Eger-de perzentlige alynýan on ýaşa ýeten bolsa, onda şol çagany perzentlige almak üçin onuň ŏzüniň razylygy talap edilŷär.
5) Eger-de nikada duran är-aýalyň ikisinden biri çagany perzentlige aljak bolsa, onda nikada durýan beýleki adamyň ŷazmaça görnüşindaky razylygy talap edilýär.

Perzentlige çagany alýan adamlar baradaky maglumatlar häkimlikleriň hossarlyk we howandarlyk bölümleri tarapyndan doly barlanylýar we hiç hili päsgelçilik bolmadyk halatynda perzentlige çagany almak barada ýörite karar çykarylýar. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygy boýunça ene-ata hukugyndan mahrum edilenler, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäkli diýlip kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ykrar edilenler, çagalary üçin hossarlyk hakyny tölemekden boýun gaçyrýanlygy üçin iş kesilenler, ozal perzentlige alyjylar bolup öz borçlaryny

talabalaýyk ýetirmedikler geljekde çagalary perzentlige alyp bilmeŷär. Perzentlige almak hakyndaky karar çykarylanda, perzentlige alýan adamyň haýyşy boýunça perzentlige alŷnyaň çaga perzentlige alyjynyň familiýasy we onuň ady boýunça atasynyň ady dakylýar. «Nika we maşgala hakyndaky» kanunyň düzgünlerine laýyklykda çagany perzentlige alyjynyň haýyşy boýunça perzentlige alynýan çaganyň ady we doglan ýeri üýtgedilip bilner. Çaganyň dogluş hakyndaky namalary resmileşdirilýän kitabynda perzentlige alýanlar perzentlige alynýan çaganyň ata-enesi hökmünde görkezilip bilnerler. Perzentlige almak döwüri häkimligiň perzentlige almak hakyndaky kararynyň çykan pursadyndan başlaýar. Perzentlige almak hakyndaky karar perzentligi wagtynda resmileşdirmek maksady bilen, bir aý möhletden gijä goýulman degişli «Raýatyk ýagdaýlarynyň namalary ýazgysy» bölümine iberilýär. Perzentligiň birinji gününden başlap, perzentlige alnanyň we perzentlige alanlaryň, olaryň çagalarynyň, dogan-garyndaşlarynyň arasynda degişli şahsy we emläk hukuklary hem-de borçlary ýüze çykýar. Çagalaryň we olary perzentlige alan adamlaryň syryny gizlin saklamak üçin kanun tarapyndan degişli çäreler görülýär, meselem, «Jenaýat kodeksiniň» 157-nji maddasy perzentlige almak syrynyň aýan edilmegi üçin degişli jeza çäresiniň ulanylmagy göz öňünde tutulýar.

Eger-de perzentlige almak çaganyň bähbitlerine ters gelýän we perzentlige almak kanuny düzgünleriň bozulmagy bilen geçirilen bolsa, onda perzentlige almak kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýatyrylyp bilner. Perzentlige almagy ýatyrmak hakyndaky çözgüdiniň kanun taýdan güýje giren wagtyndan başlap, perzentlige alanlaryň we perzentlige alnanlaryň arasynda özara hukuklary we borçlary aradan aýrylýar. Emma onda-da kazyýet çözgüdiniň esasynda çagany ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemäge ozalky perzentlige alyjyny borçly edip bilýär. Perzentlige almak galp bolup çykan mahalynda, perzentlige alyjy bolup bilmeýän adam çagany perzentlige alsa ýa-da perzentlik ýalan resminamalaryň esasynda amala aşyrylýan bolsa, onda perzentlige almak kazyýetiň çözgüdi esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner. Perzentlige almak hakyky däl diýlip ykrar edilen mahalynda, çaganyň öz ata-enesi we dogan-garyndaşlary bilen hukuklary hem-de

borçlary dikeldilýär. Kazyýetiň çözgüdi esasynda çaga ata-enesine berilŷär, eger munuň özi çaganyň bähbitlerine ters gelýän bolsa, onda çaga hossarlyk we howandarlyk bölüminiň garamagyna berilýär.

## §6. Hossarlygy we howandarlygy bellemek we ony ýatyrmak

Ata-enesiniň ölmegi, ata-enesiniň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi, ata-enesiniň kesellemegi zerarly ýa-da beýleki sebäplere görä, ata-enäniň hossarlygyndan mahrum bolan kemala gelmedik çagalary terbiýelemek üçin, şonuň ýaly-da şol çagalaryň şahsy we emläk hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak üçin olaryň üstünden hossarlyk we howandarlyk bellenilýär. Hossarlyk kämillik ukyby ýok, howandarlyk bolsa kämillik ukyby çäklendirilen raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin bellenilip bilner. Özleriniň saglyk ýagdaýy sebäpli, öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän we öz borçlaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýän kemala gelen adamlaryň şahsy we emläk hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak üçin hossarlyk we howandarlyk bellenilip bilner. Hossarlyk we howandarlyk hossaryň ýa-da howandaryň, hossarlyga ýa-da howandarlyga alnan adamlaryň ýaşaýan ýerleri boýunça hossarlyk we howandarlyk bölümlerinde hasaba alynýar we olar tarapyndan gözegçilik edýär. Gözegçilik etmegi amala aşyrmagyň tertibi hossarlyk we howandarlyk bölümleri hakyndaky düzgünnama tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýokarda görkezilişi ýaly, hossarlyk akyly üýtgeme ýa-da akyly kemlik zerarly kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip yglan edilen adamlaryň üstünden bellenilip biliner. Kanunda görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen hossarlar özleriniň hossarlyk edýän adamlarynyň wekilleri bolup durýarlar, olar hossarlyk edýän adamlarynyň bähbitlerini hemmetaraplaýyn goraýarlar. Hossarlar hossarlyk edýän adamlaryň ornuna we olaryň adyndan ähli zerur geleşikleri baglaşýarlar.

Howandarlyk kämillik ukyby bolan, ýöne welin saglyk ýagdaýy sebäpli özleriniň hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän we özleriniň borçlaryny

özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýän kemala gelen adamlar babatda bellenilip bilner. Spirtli içgileri kast bilen içmegi ýa-da neşe serişdelerini kast bilen ulanmagy zerarly kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen adamlaryň üstünden howandarlyk hem bellenilip bilner. Görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen özbaşdak baglaşmaga haky bolmadyk geleşikleri howandarlyk edilýän adamlar diňe howandarlaryň razylygy bilen baglaşyp bilýärler.

Hossarlyk we howandarlyk borçlary diňe hossaryň we howandaryň razylygy bilen mugt ýerine ýetirilýär. Hossarlar we howandarlar hossarlyk we howandarlyk bölümi tarapyndan, hossarlyk ýa-da howandarlyk bellemek zerurlygy mälim bolan pursadyndan bir aýdan gijä galman, bellenip bilner. Hossar ýa-da howandar saýlanyp alnan mahalynda, onuň şahsy sypatlary, hossarlyk ýa-da howandarlyk borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyby, onuň bilen hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç bolan adamyň arasyndaky gatnaşyklary göz öňüne tutulyp bellenýär. «Nika we maşgala hakyndaky» kodeksiniň kadalaryna laýyklykda, 18 ýaşa ýetmedikler, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäkli diýlip kazyýet tarapyndan ykrar edilenler, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenler, özleriniň üstüne ýüklenen borçlary talabalaýyk ýerine ýetirmezligi sebäpli hossarlyk ýa-da howandarlyk borçlaryndan çäklendirilen adamlar we öz borçlaryny talabalaýyk ýetirmänligi sebäpli, diýmek kim babatda perzentlige almaklyk ýatyrylan adamlar hossar we howandar bolup bilmeýärler.

Hossarlar ýa-da howandarlar özleriniň hossarlyk we howandarlyk edýän adamlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga borçludyrlar. Hossarlar we howandarlar özleriniň hossarlygyna ýa-da howandarlygyna berilen adamlary eklemek, şol adamlar üçin zerur durmuş şertlerini döretmek, olara seretmek we olaryň kessellerini bejermek hakynda alada etmäge borçly bolup durýarlar.

Hossarlyk edilýän kiçi ýaşly çaga, ýedi ýaşyna ýetenden soň, ol babatda hossarlyk ýatyrylýar we hossar goşmaça karar çykarylmazdan, kemala gelmedik çaganyň howandaryna öwrülýär. Hossarlyk we howandarlyk edilýän adam 18 ýaşyna ýeten halatynda, hossarlyk we howandarlyk ýörite karar çykarylmazdan

ýatyrylýar. Maşgala kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň her bir 16 ýaşa ýeten raýaty nika baglaşmaga hakly bolup durýar. Eger-de howandarlyga bellenen adam 16 ýaşa ýetip nikalaşsa, onda ol adam babatda howandarlyk ýatyrylýar. Hossarlygy we howandarlyga bellenen adamlar öz borjuny talabalaýyk ýerine ýetirip bilmeseler, onda olar hossarlyk we howandarlyk bölümi tarapyndanhossar ýa-da howandar şol borçlary ýerine ýetirmekden çetleşdirilýär. Belli bir ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen hossarlyga we howandarlyga berlen adamlaryň bähbitleri ýa-da hukuklary bozulan halatynda, şoňa günäkär bolan adamlar kanunda bellenen tertip boýunça jogapkärçilige çekilip bilinýär.

### *Soraglar:*

1. Ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryna näme esas bolup durýar?

2. Ene-atalaryň we çagalaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary nähili bolýar?

3. Ene-atalaryň we çagalaryň arasyndaky emläk gatnaşyklary nähili kadalaşdyrylýar?

4. Perzentligiň maksady näme?

5. Perzentlige almagyň tertibi nähili?

6. Perzentligiň ýatyrylmagyna näme esas bolýar?

5. Hossarlyk kimiň üstünden bellenýär?

6. Howandarlyga degişli adamlar kim?

7. Hossarlyk we howandarlyk haýsy halatlarda ýatyrylyp biliner?

# VI Bap. Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygynyň esaslary

## Ekologiýa hukugy Türkmenistanyň hukugynyň özbaşdak pudagy hökmünde

### §1. Ekologiýa hukugy barada düşünje

1.Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň düzüminde ekologiýa hukugy özbaşdak pudak hasaplanýar. Ekologiýa hukugy jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygyny kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň jemi bolup durýar. Bu kadalar döwlet tarapyndan bellenilýär. Şular ýaly hukuk kadalary Konstitusiýada, "Tebigaty goramak hakyndaky" kanunda, beýleki kanunlarda, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, ministrlikleriň we beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň hukuk namalarynda jemlenýär.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara baglanyşygy netijesinde ýüze çykýan gatnaşyklara ekologik gatnaşyklar diýilýär. Ekologik gatnaşyklaryň iki topary tapawutlandyrylýar: pudaklaýyn we toplumlaýyn. Pudaklaýyn ekologik gatnaşyklara tebigy baýlyklaryň aýry-aýry görnüşlerini goramak we olardan rejeli peýdalanmak baradaky gatnaşyklar degişlidir. Toplumlaýyn ekologik gatnaşyklara bolsa aýratyn goralmaga degişli edilen tebigy territoriýalar, toplumlar baradaky gatnaşyklar girýär.

Jemgyýet bilen tebigat hemişe özara baglanyşykda durýar. Daşky tebigy gurşaw adamyň ýaşaýşynyň şerti we serişdesi hökmünde çykyş edýär. Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygy iki görnüşde bolup geçýär: ykdysady we ekologik. Bu özara gatnaşygyň ykdysady görnüşi tebigy gurşawyň serişdelerini sarp edip, jemgyýetiň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak üçin tebigatdan peýdalanmagy aňladýar. Şunda jemgyýetiň ykdysady bähbitlerini kanagatlandyrmak tebigy serişdelerden peýdaly jisimleri almak (mysal üçin, ýer jümmüşinden ýerasty baýlyklary çykarmak) ýa-da tebigy serişdeleriň peýdaly sypatlaryny (mysal üçin, topragyň hasyl bermek ukyby) ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Tebigy serişdelerden peýdalanmak daşky gurşawyň ýagdaýyna täsir edýär. Tebigy gurşawda bolup geçýän özgermeler bolsa adamyň özüne hem täsir edýär. Şonuň üçin häzirki zaman şertlerinde tebigatdan peýdalanmagyň rejeli, aýawly amala aşyrylmagy möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Şundan ugur alnyp, Garaşsyz Türkmenistanda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan tebigatdan peýdalanmagyň rejeli, aýawly, tygşytly bolmagyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreler durmuşa geçirilýär.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň ekologik görnüşi tebigy gurşawy we onuň serişdelerini abat saklamaga hem-de yzygiderli dikeltmäge gönükdirilýär. Onuň mazmuny jemgyýetiň ekologik bähbitlerini kanagatlandyrmakdan, ýagny tebigy gurşawyň ýagdaýyny adamyň saglygyna zyýan bermeýän derejede saklamakdan, ony sagdynlaşdyrmakdan ybaratdyr. Daşky tebigy gurşawy goramagyň esasy ugurlarynyň biri onuň ynsanperwerlik häsiýetde bolmagydyr. Tebigaty goramagyň üns merkezinde adam, onuň ýaşaýşy we saglygy hem-de abadançylygy durýar.

Hojalyk işiniň ekologiýalaşdyrylmagy hem häsiýetlidir. „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda (1991 ý.) berkidilen ekologik talaplar hojalyk işiniň ähli görnüşlerine we basgançaklaryna ornaşdyrylýar. Häzirki zaman şertlerinde tebigy gurşawy goramak ykdysadyýetleşdirilýär. Tebigaty goramagyň bu ugry hojalyk işini alyp barýanlary tebigy gurşawy goramakda maddy taýdan höweslendirmegiň möhümliginden gelip çykýar. Şunda höweslendiriş jemgyýet üçin peýdalydyr. Tebigy gurşawyň hapalanmagy we onuň serişdeleriniň rejesiz peýdalanylmagy netijesinde ykdysadyýete zyýan ýetirilip bilner. Şular ýaly zyýany aradan aýyrmak ykdysadyýetiň ösmegine ýardam edýär.

Garaşsyzlyk şertlerinde daşky tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmak, onuň hilini düýpli gowulandyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň üns merkezinde durýar. Şu babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan sanitariýa-gigiýena, ykdysady, guramaçylyk, hukuk we beýleki çäreler durmuşa geçirilýär.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygy babatda ýüze çykýan hem-de ekologik-hukuk kadalarynda kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna

ekologik-hukuk gatnaşyklary diýilýär. Bu hukuk gatnaşyklarda zat hökmünde tebigy obýektler, ýagny ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy, uglewodorod serişdeleri, tutuşlygyna tebigy gurşaw çykyş edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda tebigy toplumlar, ýagny döwlet-tebigy goraghanalar, çäkli goraghanalar, tebigy ýadygärlikler, milli seýilgähler, milli syýahatçylyk we sagaldyş zolaklary hem ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri hasaplanylýar. Bu gatnaşyklara gatnaşýanlaryň tebigatdan peýdalanmak we ony goramak boýunça hukuklary we borçlary bolsa ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň mazmunyny düzýär.

Ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny boýunça ýerden, ýer jümmüşinden, suwdan, tokaýdan, ösümlik dünýäsinden, haýwanat dünýäsinden we beýleki tebigy serişdelerden peýdalanmak hem-de olary goramak bilen baglanyşykly hukuklar we borçlar tapawutlandyrylýar.

Ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmakda dolandyryş-hukuk we raýat-hukuk usullary ulanylýar. Dolandyryş-hukuk usulyny ulanmak arkaly kadalaşdyrylýan meseleler: hukuk taýdan goralmaga degişli tebigy obýektleri kesgitlemek; tebigy serişdeleri eýeçilik hukugyna (ýerleri), peýdalanmak hukugyna we kärendesine bermek; bu serişdeleri döwlet ya-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak; tebigy gurşaw babatda borçlary, degişli çäreleri we gadagan etmeleri bellemek; tebigy serişdelerden rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak; ekologik-hukuk bozulmalaryny ýüze çykarmak hem-de olar üçin hukuk jogapkärçiligi we beýlekiler.

Häzirki zaman şertlerinde ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmakda raýat-hukuk usulyny ulanmak giň gerime eýe bolýar. Bu usul ulanylanda, tebigy gurşawy goramakda we ondan rejeli peýdalanmakda hojalygy alyp barýanlaryň maddy bähbidiniň üsti bilen bu gurşawy ýeterlik derejede goramaga täsir edilýär. Köplenç halatda ekologiýa babatda dolandyryş-hukuk we raýat-hukuk usullary bilelikde ulanylýar.

Tebigy gurşawy goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalarynyň görnüşleri: 1) aýry-aýry tebigy obýektleri (ýerleri, suwlary, ýer jümmüşini, tokaýlary, ösümlik dünýäsini, haýwanat dünýäsini, atmosfera howasyny) goramak hem-de olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan kadalar (pudaklaýyn kadalar); 2) tebigy toplumlary (goraghanalary, çäkli goraghanalary, tebigy ýadygärlikleri we beýlekileri), tutuşlygyna tebigy gurşawy goramak we olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan kadalar (toplumlaýyn kadalar); 3) hukugyň beýleki pudaklarynyň (dolandyryş, jenaýat, raýat hukugy we beýlekiler) tebigy gurşawy goramak baradaky talaplaryny düzgünleşdirýän kadalar (ekologiýalaşdyrylan kadalar).

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygynyň ähmiýetiniň artmagy Türkmenistan döwletiniň we hukugynyň ekologik wezipesiniň ýüze çykmagyna getirdi. Garaşsyz Türkmenistanyň ekologik wezipesi Konstitusiýada, „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda, beýleki kanunlarda, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynda göz öňünde tutulýar.

Döwletimiziň ekologik wezipesi tebigy gurşawyň goralmagyny, onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy, jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini dogry utgaşdyrmagy üpjün etmekdir. Adamyň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn we amatly tebigy gurşawa bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek we goramak üçin zerur şertleri döretmek hem bu wezipäniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Döwletiň tebigatdan peýdalanmagy kadalaşdyrmak baradaky işi onuň rejeli, aýawly bolmagyny gazanmaga gönükdirilýär. Tebigy gurşawy goramak baradaky iş bolsa ekologik toplumlary, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligini häzirki we geljekki nesiller üçin abat saklamak hem yzygiderli köpeltmek boýunça geçirilýän çäreleriň ulgamydyr. Ýurtda ekologik howpsuzlygy üpjün etmek adamyň ýaşaýşyny we saglygyny hojalyk işiniň hem-de daşky tebigy gurşawyň amatsyz täsirinden goramaga gönükdirilýär.

Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesi ykdysady, guramaçylyk, hukuk tärleri arkaly amala aşyrylýar. Hukuk tärleri hukugyň bu wezipäni ýerine ýetirmeginiň serişdesi bolup durýar. Türkmenistanyň hukugynyň ekologik

wezipesiniň ýüze çykmagy we ösmegi tebigy gurşawy goramak hem ondan rejeli peýdalanmak baradaky gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynyň zerurlygy bilen baglanyşyklydyr.

Hukugyň ekologik wezipesiniň maksady garaşsyzlyk şertlerinde hukuk taýdan kadalaşdyrmak arkaly daşky tebigy gurşawyň hilini üpjün etmekden ybaratdyr. Bu wezipe degişli hukuk kadalaryny işläp taýýarlamak, kabul etmek we ulanmak ýoly bilen amala aşyrylýar. Bu kadalarda jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygyndan gelip çykýan ekologik talaplar, tebigy gurşawa hojalyk işi taýdan täsir etmegiň görkezijileri göz öňünde tutulýar.

Ekologiýa hukugy Türkmenistanyň hukugynyň beýleki pudaklary bilen ýakyn arabaglanyşykda durýar. Mysal üçin, jenaýat hukugynyň kadalary ekologik talaplaryň bozulmalary üçin jenaýat jogapkärçiligini, dolandyryş hukugynyň kadalary ekologiýa babatdaky dolandyryş etmişler üçin jerime salmagy, raýat hukugynyň kadalary tebigy gurşawa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny göz öňünde tutýar.

## §2.Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasaty

Türkmenistanda Garaşsyzlyk gazanylmazyndan öň ekologiýa babatda amala aşyrylan syýasat daşky tebigy gurşawyň goralmagyny hem-de onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy üpjün etmeýärdi. Şunda jemgyýetiň ykdysady we ekologik bähbitleri ylmy taýdan esaslandyrylyp dogry utgaşdyrylmaýardy. Şular ýaly ýagdaý ýerleriň, suwlaryň, tebigy gurşawyň beýleki görnüşleriniň hapalanmagyna we zaýalanmagyna getirýärdi.

Garaşsyz Türkmenistanda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ekologik syýasaty durmuşa geçirilýär. Bu syýasatyň esasy mazmuny adamyň ýaşaýşynyň we işiniň esasy hökmünde çykyş edýän tebigy gurşawyň abat saklanmagyny hem-de onuň baýlyklaryndan rejeli peýdalanmagy üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Garaşsyzlyk şertlerinde tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler kanunçylykda täzeçe kadalaşdyrylýar. Şunda ykdysady we ekologik bähbitleriň ileri tutulmagyndan ugur alynýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatyny durmuşa geçirmegi hukuk taýdan üpjün etmek ekologiýa bilen baglanyşykly meseleleri kanunçylykda düzgünleşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Ýurdumyzda bu syýasaty durmuşa geçirmäge gönükdirilen kanunçylygyň täze ulgamy döredildi. 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda „Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda“ konstitusion kanun kabul edildi. Bu möhüm kanunçylyk nama bilen ähli ýere, ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugy bellenildi. 1992-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bolsa ýere eýeçiligiň köpdürlüligi göz öňünde tutuldy. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (9-njy madda) ýere hususy eýeçilik hukugyny berkarar edýär. Türkmenistanda ýerlerden, suwlardan, ýerasty baýlyklardan we beýleki tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak hem-de olary goramak babatdaky özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň ilaty 1993-nji ýyldan başlap tebigy gazdan, elektrik energiýasyndan, agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suwdan mugt peýdalanýar.

Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek, milli seýilgähleri, syýahatçylyk, dynç alyş zolaklaryny döretmek babatda möhüm çäreler durmuşa geçirilýär. Türkmen kölüni, beýleki suw desgalaryny gurmak boýunça möhüm işler amala aşyrylýar. Şäherleri, şäherçeleri we oba ilatly ýerlerini abadanlaşdyrmak, täze uly binalary, desgalary, demir ýollary we awtomobil ýollary gurmak hem ýurtda ekologik ýagdaýy gowulandyrýan çärelerdir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatynyň durmuşa geçirilmegi daşky tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmaga, adamyň ýaşaýyş üçin amatly, arassa, sagdyn tebigy gurşawa bolan hukuklaryny amala aşyrmaga, ýurtda ekologik howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilýär.

Ekologiýa babatdaky syýasat Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we beýleki kanunlarda berkidilen daşky tebigy gurşawy goramagyň esasy ýörelgelerine esaslanýar. Olar aşakdakylardyr: 1) adamyň mekan tutan ýeri hökmünde biosferanyň we onuň ekologik ulgamlarynyň durnuklylygyny gorap saklamak; 2) jemgyýetiň ekologik, ykdysady we durmuş bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmak; 3) raýatlaryň ýaşaýyş üçin daşky amatly gurşawa bolan hukuklaryny üpjün etmek; 4) tebigaty goraýyş çärelerini çözmekde aýanlygy hem-de jemgyýetçilik guramalary we ilat bilen ysnyşykly aragatnaşygy üpjün etmek; 5) tebigaty goramak babatda milli, döwletara we halkara bahbitlerini utgaşdyrmak; 6) tebigaty goraýyş kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek, onuň bozulmagy üçin jogapkärçilige çekmek.

Türkmenistanyň häkimiýet we dolandyryş edaralary, edara görnüşindäki taraplary, raýatlary tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän hojalyk, dolandyryş işini hem-de başga işi amala aşyranlarynda görkezilen ýörelgelerden ugur almalydyrlar. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry “milli maksatnamasynda döwlet öňünde goýlan möhüm wezipeleriň ulgamynda ekologik syýasaty durmuşa geçirmek baradaky wezipeler aýratyn orun tutýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy hem-de ekologik-kanunçylyk namalary ekologik syýasatyň hukuk esasyny düzýär. Ekologiýa babatdaky syýasaty amala aşyrmakda döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň ähmiýeti uludyr. Şu ugurda hem möhüm çäreler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de kanunlara laýyklykda umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, şeýle hem ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygy, şol sanda ekologiýa babatdaky ygtyýarlygy kesgitlenildi.

Tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak baradaky wezipeleri çözmek üçin ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň täze ulgamy hereket edýär. Bu ulgama Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrligi we onuň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy, Suw hojalyk ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komiteti, „Türkmengaz“ we „Türkmennebit“ döwlet

konsernleri, „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy we beýlekiler girýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasatynyň düzüm bölegi raýatlaryň ekologik hukuklaryny we bähbitlerini goramakdyr. Raýatlaryň ekologik hukuklary diýlende, olaryň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn, amatly tebigy gurşawa bolan hukugy hem-de özleriniň ykdysady, estetik, ruhy islegleri üçin şol gurşawdan peýdalanmaga bolan hukugyna düşünilýär. Raýatlaryň tebigy hukuklarynyň, şol sanda ekologik hukuklarynyň döwlet tarapyndan goralýandygy baradaky düzgünler Konstitusiýada göz öňünde tutulýar (36-njy madda).

Raýatlaryň ýaşaýşa we saglyga bolan hukugy eldegrilmesiz tebigy hukukdyr. Olaryň ekologik hukuklaryna hojalyk işiniň daşky gurşawa amatsyz täsirinden raýatlaryň saglygyny goramak hukugy hem degişlidir. Her bir adamyň amatly daşky gurşawa hukugy bardyr (Konstitusiýanyň 36-njy maddasy). Ýurtda ekologik ýagdaýy sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen möhüm çäreler raýatlaryň ekologik hukuklarynyň ýeterlik derejede goralmagyny we kepillendirilmegini üpjün edýär.

Görkezilen ekologik hukuklar „Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamada“ (1948 ý.), Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw we durnukly ösüş baradaky halkara konferensiýasynda (1992 ý.) göz öňünde tutulan hem-de Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen mizemez hukuklardyr.

Raýatlaryň ekologik hukuklary bilen baglanyşykly meseleleri kadalaşdyrýan, şol sanda bu hukuklary üpjün etmegiň kepillerini göz öňünde tutýan kadalar bellenendir. Şular ýaly kadalar „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda (1991 ý.), „Sanitariýa kodeksinde“ (2009 ý.), „Raýat kodeksinde“ (1998 ý.) we beýleki kanunlarda berkidilendir. Kanunçylyga laýyklykda raýatyň saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir.

Kanunçylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, raýatlara tebigaty goramak babatda giň hukuklar berilýär. Şol bir wagtyň özünde raýatlaryň ekologik hukuklarynyň amala aşyrylmagy olaryň tebigy gurşawy goramak baradaky borçlarynyň hem-de ekologik-hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen utgaşdyrylmalydyr.

Garaşsyzlyk şertlerinde Beýik Galkynyş eýýamynda Türkmenistanda daşky tebigy gurşawy goramak, onuň serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanmak, ekologiýa kanunçylygyny we ekologik dolandyryşy kämilleşdirmek, ekologik ýagdaýy sagdynlaşdyrmak babatda möhüm çäreler amala aşyrylýar. Bu bolsa täze ekologik syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

### §3. Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy

Ekologiýa kanunçylygy daşky tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk namalary öz içine alýar. Bu kanunçylygyň esasyny Türkmenistanyň Konstitusiýasy tutýar. Ekologiýa kanunçylygynyň düzüminde kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň hukuk namalary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň hukuk namalary, ministrlikleriň we beýleki pudaklaýyn merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk namalary tapawutlandyrylýar.

Ekologiýa kanunçylygy üçin häsiýetli ýagdaýlaryň biri onuň düzüminde kanunlaryň esasy orun tutýanlygyndadyr. Bu kanunçylygyň aýratynlygynyň ýene-de biri onuň ulgamynda halkara hukugynyň esasynda içerki ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan halkara-hukuk namalarynyň bolmagydyr.

Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy hukuk namalaryň iki toparyndan durýar. Birinji topara tebigaty goraýyş hukuk namalary – „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun, „Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary hakyndaky“ kanun we beýleki toplumlaýyn kadalaşdyryş namalary girýär. Ikinji topara bolsa tebigy serişdeler baradaky hukuk namalary – Ýer, Suw, Tokaý kodeksleri, ýer jümmüşi, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, uglewodorod serişdeleri, atmosfera howasyny goramak, döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky we beýleki kanunlar degişlidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda tebigy gurşawy goramak, onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak, ekologik howpsuzlygy üpjün etmek barada

möhüm düzgünler berkidilýär. Onda raýatlaryň tebigy hukuklarynyň (şol sanda daşky amatly gurşawa bolan hukugynyň) döwlet tarapyndan goralýandygy göz öňünde tutulýar. Döwlet-tebigy gurşawy goramak we dikeltmek maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär. Konstitusiýada möhüm tebigy baýlyk bolan ýere hususy eýeçilik hukugynyň bellenilýändigi baradaky düzgünler hem berkidilýär (9-njy madda). Konstitusiýa laýyklykda tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny we goralmagyny üpjün etmek Ministrler Kabinetiniň esasy wezipeleriniň biridir (75-nji madda).

Garaşsyzlyk ýyllarynda ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunçylygyň ulgamynda şu aşakdakylar möhüm orun tutýar: „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun (1991 ý.), „Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalar hakyndaky“ kanun (1992 ý.), „Ýer hakyndaky“ we „Suw hakyndaky“ kodeksler (2004 ý.), „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanun (1993 ý.), „Tokaý kodeksi“ (1993 ý.), „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanun (1993 ý.), „Atmosfera howasyny goramak hakyndaky“ kanun (1996 ý.), „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanun (1997 ý.), „Sanitariýa kodeksi“ (2009ý.), „Döwlet ekologik ekspertizasy hakyndaky“ kanun (1995 ý.), „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanun (2008 ý.) we beýlekiler.

Türkmenistanyň kanunçylygy, şol sanda ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan kanunçylygy kämilleşdirmek Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň üns merkezinde durýar. Ekologiýa kanunçylygynyň ulgamynda, onuň ösmeginde Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalary möhüm orun tutýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen ekologiýa babatda döwlet dolandyryşyny we gözegçiligini amala aşyrýan ýörite ygtyýarly ministrlikler we beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralary hakynda düzgünnamalar tassyklandy.

Ekologiýa kanunçylygynyň ulgamynda „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun (1991 ý.) aýratyn orun tutýar. Ol tebigaty goraýyş, ýagny ekologik gatnaşyklary kadalaşdyrýan toplumlaýyn baş kanunçylyk namadyr. Kanun şu aşakdaky wezipeleri çözmäge gönükdirilýär: daşky tebigy gurşawy abat saklamak, tebigata we adamyň

saglygyna hojalyk işiniň zyýanly täsiriniň öňüni almak we aradan aýyrmak, tebigy gurşawyň hilini sagdynlaşdyrmak we gowulandyrmak. Tebigy gurşawy goramak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan beýleki kanunlaryň kadalary „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň kadalaryna doly laýyk gelmelidir.

„Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda berkidilen esasy ugurlaryň biri ekologik we ykdysady bähbitleri ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmakdyr. Şunda adamyň saglygyny goramak, onuň sagdyn, arassa tebigy gurşawa bolan hukugy ileri tutulýar. Jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini dogry utgaşdyrmagy üpjün etmek maksady bilen hojalyk işiniň tebigy gurşawa täsiriniň ýol berilýän aňry çäkleriniň görkezijileri bellenilýär. Bellenilen çäklerden geçmek bolsa tebigata we adamyň saglygyna zyýan ýetirmek howpuny döredýär hem-de ekologik-hukuk bozulma hasaplanýar.

Görkezilen kanun hojalyk işiniň netijesinde tebigy gurşawa zyýanly täsir edýän kärhanalar, guramalar we edaralar babatda ekologiýa boýunça talaplary berkidýär. Bu kanunyň üns merkezinde adam, onuň ýaşaýşyny we saglygyny goramak durýar. Kanunda onuň kadalaryny ýerine ýetirmegiň tärleri hem göz öňünde tutulýar. Bu tärleriň ulgamyna tebigy gurşawy goramakda hojalyk işini alyp barýanlary ykdysady taýdan höweslendirmek hem-de ekologik kadalary bozujylara dolandyryş-hukuk täsir ediş çäreleri girýär.

„Tebigaty goramak hakyndaky kanun“ ykdysady taýdan höweslendiriş çäresi hökmünde ykdysady tärleri göz öňünde tutýar. Onda şu aşakdaky meseleler barada hem möhüm düzgünler berkidilendir: döwlet ekologik ekspertizasy; döwlet ekologik gözegçiligi; ekologik taýdan zyýanly desgalaryň işini çäklendirmek, duruzmak, bes etmek; ekologik hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilik; tebigy gurşawa we adamyň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak; ekologik terbiýe we bilim bilen baglanyşykly kadalary durmuşa geçirmegiň tärleri.

Kadalaşdyrýan gatnaşyklarynyň mazmuny hem-de hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň görnüşi boýunça bu kanun toplumlaýyn häsiýetdedir. Kanunyň esasyny tebigaty goraýyş kadalary tutýar. Bu kadalar tebigy gurşawy goramak wezipelerini ýerine ýetirmäge gönükdirilýär. Şol bir wagtyň özünde kanunda

berkidilen kadalar hukugyň beýleki pudaklarynyň (dolandyryş, raýat, jenaýat) kadalary bilen bilelikde hereket edýändir.

Türkmenistanyň tebigaty goramak we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak baradaky kanunçylygy garaşsyzlyk şertlerinden ugur alnyp, yzygiderli kämilleşdirilýär. Şunda esasy maksat Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologiýa babatdaky syýasatyny hukuk taýdan doly üpjün etmekden ybaratdyr.

## Ýere eýeçilik hukugy, ýerden peýdalanmak hukugy we ýer kärendesi

### §1. Ýere hususy eýeçilik hukugy

Ýer eýeleriniň ýere eýelik etmek, ondan peýdalanmak hem-de oňa ygtyýar etmek baradaky hukuklarynyň jemine ýere eýeçilik hukugy diýilýär. Adamyň ýaşaýşynyň we işiniň esasy hökmünde çykyş edýän ýer eýeçilik hukugynda bolup bilýän tebigy obýektdir. Bu eýeçilik bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk kadalary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, „Eýeçilik hakyndaky“ kanunda, „Ýer hakyndaky“ kodeksde we beýleki hukuk namalarda bellenilýär. Ýere eýeçilik hukugy döwlet tarapyndan goralýar. Eýeçilik hukugy eldegrilmesizdir. Bu hukugy bozujylar barada döwlet mejbur ediş çäreleri ulanylýar.

Türkmenistanda ýere eýeçilik hukugy çäklendirilmedik däldir. Döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerinden ugur alnyp, ol çäklendirilip bilner. Bu hukuk babatda çäklendirmeleriň bellenilmegi ýerleriň çäkliligi hem-de olaryň hojalyk işinde we beýleki işde başga zat bilen çalşyrylyp bilinmeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Kanunçylyga laýyklykda ýeri satmak-satyn almak, peşgeş bermek, çalyşmak, girew goýmak, eýeçiliksiz peýdalanmak we beýleki käbir hereketler gadagan edilýär.

Ýere eýeçiligiň köpdürlüligi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilýär (raýatlaryň eýeçiligi, döwlet eýeçiligi). Raýatlaryň hususy eýeçiligine berilmeli ýerleriň görnüşleri hem-de olary bermegiň tertibi we şertleri „Ýer hakyndaky“ kodeksde (2004 ý.) kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hususy eýeçiligine berilýän ýerler: oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýeri; şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin; oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin (Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň öň uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanylýan ýerlerinden). Raýatlaryň eýeçiligine berlen ýerlerden başga ähli ýerler döwletiň eýeçiliginde durýar.

Ýere eýeçilik hukugyny amala aşyrýan raýatlaryň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär: berlen ýeri maksat bellenmesine görä netijeli peýdalanmak; ýeriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak; önümçiligiň tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmak; tebigy baýlyklaryň azalmagyna ýol bermezlik; berkidilen ýerde ekologik ýagdaýy ýaramazlaşdyrmazlyk; ýer üçin tölegi wagtynda tölemek; beýleki ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň, kärendeçileriň hukuklaryny bozmazlyk we beýlekiler.

Yere eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň umumy we ýörite esaslary bolup biler. Türkmenistan döwletiniň ýere eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslary şu hukuk bilen baglanyşykly meseleleri kadalaşdyrýan hukuk namalarda kesgitlenilýär. Türkmenistanyň raýatlarynyň ýere eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslary hökmünde dolandyryş-hukuk namalary çykyş edýär. Olar raýatlaryň ýere eýeçilik hukugy baradaky meseleleri düzgünleşdirýän hukuk kadalaryna laýyklykda kabul edilýär.

Raýatlaryň hususy eýeçiligine şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak, özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin berlen ýer böleklerini satmak-satyn almak, çalyşmak, peşgeş bermek, girewe goýmak gadagandyr. Emma olar mirasa geçirilip bilner.

Daýhan birleşikleriniň agzalarynyň, beýleki oba hojalyk we tokaý hojalyk kärhanalarynyň işgärleriniň maşgalalaryna, mugallymlaryň, lukmanlaryň we işi oba ilatyna hyzmat etmek bilen baglanyşykly beýleki hünärmenleriň maşgalalaryna, şol hojalyklarda işläp, soň gös-göni pensiýa çykan pensionerleriň maşgalalaryna we oba ýerinde ýaşaýan maýyplara ýaşaýyş jaýynyň we hojalyk desgalarynyň meýdanyny

goşmak bilen 0,16 gektara çenli möçberde ýer we suw serişdelerini hasaba almak bilen şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin mellek ýeri hususy eýeçilige berilýär.

Gür ilatly, ýer we suw serişdeleriniň ýetmezçilik edýän etraplarynda (säherlerinde) degişli etraplaryň (şäherleriň) we welaýatyň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň teklipleri boýunça, ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşylyp, soň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylyp, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin kesgitlenilen möçberden kem, ýöne her maşgala 0,12 gektardan az bolmazlyk şerti bilen ýer bölekleri berlip bilner.

Şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak we oňa hyzmat etmek üçin 0,10 gektara çenli ýer bölekleri ýörite ýer gaznasyndan berilýär. Öz tehnikalary we serişdeleri bilen 10 ýylyň dowamynda kärendä alan ýerlerinden netijeli peýdalanyp, ýokary hasyly almagy üpjün eden kärendeçilere öň olar tarapyndan uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda 3 gektara çenli ýer bölekleri oba hojalyk önümlerini öndürmk üçin hususy eýeçilige berlip bilner.

Kanunçylykda ýer eýeleriniň hukuklary we borçlary kesgitlenendir. Ýere eýeçilik hukugyny amala aşyrýan raýatlara berilýän hukuklara şu aşakdakylar degişlidir: eýeçilige berlen ýerde hojalygy niýetlenilişine laýyklykda özbaşdak alyp barmak; umumy ýaýran ýerasty baýlyklardan bellenen tertipde peýdalanmak, ýaşaýyş jaýlaryny we hojalyk desgalaryny gurmak; oba hojalyk ekinlerini ekmek we agaçlary oturtmak; ýerden alnan hasyla we ony ýerlemekden gelen girdejä bolan hukuk; döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin hususy eýeçilikdäki ýer yzyna alnanda ýetirilen zyýanyň öwezini almaga bolan hukuk we beýlekiler.

Raýatlaryň ýeri hususy eýeçilige almaga bolan hukugyny hem-de olara ýeri bermegiň tertibini we şertlerini göz öňünde tutýan hukuk kadalary bu hukugyň ýüze çykmagynyň umumy esaslarydyr. Şol hukuk kadalara laýyklykda ýeri raýatlaryň hususy eýeçiligine bermek barada kabul edilýän dolandyryş namalary bolsa

görkezilen hukugyň ýüze çykmagynyň ýörite esaslary bolup durýar. Raýatlaryň ýere hususy eýeçilik hukugyna güwä geçýän resmi nama döwlet namasydyr.

Kanunçylykda raýatlaryň ýere eýeçilik hukugynyň bes edilmeginiň esaslary hem kesgitlenendir. Olar şu aşakdakylardyr: ýerden meýletin ýüz döndermek; ýerden öz niýetlenilişinden başga maksat üçin peýdalanmak; ýerden rejesiz peýdalanmak; ýerden topragyň mesliginiň peselmegine, onuň hapalanmagyna we tebigy serişdeleriň ýaramazlaşmagyna we azalmagyna getirýän usullar bilen peýdalanmak; ýerden oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin iki ýylyň dowamynda, şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak üçin we özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin bäş ýylyň dowamynda peýdalanmazlyk; ýer babatda kanunçylyga garşy gelýän geleşikleri baglaşmak; hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýy ýaramazlaşdyrmak; ýeri döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak.

Raýatlaryň hususy eýeçiligindäki ýer bölekleri döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin şu aşakdaky halatlarda yzyna alnyp bilner: halkara borçnamalary ýerine ýetirilende; ýerler goranmak we döwlet howpsuzlygy, aýratyn goralýan tebigy territoriýalar, sagaldyş, dynç alyş we taryhy-medeni hajatlar üçin berlende; ýer böleginde umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklaryň ýataklary çykarylanda; awtomobil we demir ýollar, tok geçiriji, aragatnaşyk we uly turba geçiriji ulgamlar, döwlet ähmiýetli beýleki desgalaryň gurluşygynda we beýleki käbir halatlarda. Ýere hususy eýeçilik hukugynyň bes edilmegi baradaky çözgüt kazyýete şikaýat edilip bilner.

## §2. Ýerden peýdalanmak hukugy

Ýerden peýdalanmak hukugy ýer serişdelerinden peýdalanmagyň hukuk görnüşleriniň biridir. Bu hukuk bilen baglanyşykly meseleler Ýer hakyndaky kodeksde (2004 ý.) we beýleki hukuk namalarda düzgünleşdirilýär.

Ýerden peýdalanmak hukugy hemişelik we wagtlaýyn bolup biler. „Daýhan birleşikleri hakyndaky“ kanuna (2007 ý.) laýyklykda bu birleşiklere ýer hemişelik peýdalanmaga berilýär. Şunda ýeri bermek döwlet namasy bilen resmileşdirilýär.

Daýhan birleşikleri özlerine berkidilen ýerlerden bellenen maksada laýyklykda, ýagny oba hojalyk önümçiligini alyp barmak üçin peýdalanýarlar. Olar ýerden we beýleki tebigy baýlyklardan rejesiz peýdalanylanlygy, tebigy gurşawyň hapalanylanlygy hem-de beýleki düzgünleriň bozulanlygy üçin jogapkärdirler.

Daýhan birleşiginiň ýerleriniň aýry-aýry bölekleri kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnyp bilner. Şunda oňa ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir. Ýer oba hojalyk däl maksatlar üçin yzyna alnanda bolsa, oba hojalyk önümçiliginiň ýitgileri döwlete tölenilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ýerden peýdalanmak hukugy bellenilen tertipde şu aşakdaky halatlarda ýüze çykýar: ýerler peýdalanmaga berlende, ýerden peýdalanmak hukugy başga birine geçirilende, ýerden peýdalanmak hukugy mirasdüşerlik tertibinde geçende, raýat-hukuk geleşikleri baglaşylanda.

Türkmenistanyň raýatlaryna ýer böleklerini peýdalanmak hukugy şu aşakdaky maksatlar üçin berilýär: gulluk ýer paýy, mal bakmak, ot ýatyrmak we beýlekiler. Gulluk ýer paýy ulag, aragatnaşyk, radio-telewideniýe, goraghana, tokaý, suw, balykçylyk hojalyklarynyň, şeýle hem beýleki käbir pudaklaryň aýry-aýry işgärleriniň toparlarynyň maşgalalaryna raýatlaryň işleýän ýerlerindäki ýerlerden 0,10 gektara çenli möçberde berilýär. Gulluk ýer paýyna hukugy bolan işgärleriň toparlarynyň sanawy we ony peýdalanmaga bermegiň tertibi Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Raýatlara peýdalanmak hukugy esasynda ot ýatyrmak üçin ýerler ätiýaçlyk ýerlerinden, ulag maksat bellenmesi bolan ýerlerden, ilatly ýerleriň çäklerindäki ýerlerden we oba hojalyk hajatlary üçin ulanylmaýan beýleki ýerlerden berilýär. Oba ýerlerinde ýaşaýan we öz eýeçiliginde maly bolan raýatlara peýdalanmak hukugy esasynda mal bakmak üçin ýerler ätiýaçlyk ýerlerinden, tokaý gaznasynyň, şäherleriň we şäherçeleriň ýerlerinden hem-de oba hojalygy üçin niýetlenilmedik beýleki ýerlerden berlip bilner. Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryna ýer bölekleri oba hojalyk önümçiligini alyp barmak, kömekçi oba hojalygyny alyp barmak, öri maldarçylygy, gurluşyk, ýerasty baýlyklary işläp çykarmak, oba hojalyk

däl beýleki hajatlar üçin berlip bilner. Kanunçylyga laýyklykda senagat, ulag, aragatnaşyk, goranyş, energetika we beýleki oba hojalyk däl kärhanalara, guramalara we edaralara ýerler peýdalanmak hukugy esasynda ýörite maksatlar üçin berilýär. Şunda ýer böleklerini bermek döwlet namasyny gowşurmak bilen resmileşdirilýär.

„Ýer hakyndaky“ kodekse laýyklykda ýerden peýdalanyjylara şu aşakdaky hukuklar berilýär: ýerden niýetlenilişine görä peýdalanyp, hojalygy özbaşdak alyp barmak; oba hojalyk ekinlerine we agaçlaryna, öndürilen oba hojalyk önümlerine hem-de olary ýerlemekden alnan girdejilere eýeçilik; ýer bölegindäki umumy ýaýran ýerasty baýlyklardan öz hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmak; ýer döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna alnanda ýetirilen ýitgileriň öwezini almak; ýer böleginiň niýetlenilişine laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlary, önümçilik, durmuş we beýleki desgalary bellenilen tertipde gurmak; ýörite talaplara laýyklykda suwaryş we beýleki melioratiw işleri geçirmek.

Ýerden peýdalanyjylaryň üstüne ýüklenilýän borçlar: ýerden niýetlenilişine we berliş şertlerine laýyklykda peýdalanmak; ýerden rejeli we netijeli peýdalanmagy üpjün etmek; ýer üçin tölegi öz wagtynda tölemek; önümçilikde ekologik, sanitariýa we beýleki talaplary berjaý etmek; ýerleri goramak babatda bellenilen çäreler toplumyny amala aşyrmak; ýerleriň ýagdaýy we olardan peýdalanylyşy barada maglumatlary degişli edaralara öz wagtynda bermek; ýerden beýleki peýdalanyjylaryň, ýer eýeleriniň we ýer kärendeçileriniň hukuklaryny bozmazlyk we beýlekiler.

Kanunçylyk ýerden peýdalanmak hukugynyň bes edilmeginiň esaslaryny hem kesgitleýär. Olar: ýerden peýdalanmakdan ýüz dönderilmegi, ýeriň berlen möhletiniň gutarmagy; ýerden niýetlenilişine görä däl-de, başga maksat üçin peýdalanmak; edara görnüşindäki taraplaryň ýatyrylmagy, raýatlaryň we edara görnüşindäki taraplaryň batyp galmagy; gulluk ýer paýyny bermek üçin esas bolan zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi; ýerden peýdalanmak hukugynyň başga birine berilmegi; hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşdyrylmagy; ýerden wagtlaýyn peýdalanmagyň möhletinden öň bes edilmegi; ýerden topragyň mesliginiň peselmegine, tebigy serişdeleriň hapalanmagyna we azalmagyna getirýän

usullar bilen peýdalanylmagy; berlen ýerden iki ýylyň dowamynda peýdalanmazlyk; döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin ýeriň yzyna alynmagy.

Bellenilişi ýaly, ýerden peýdalanmak hukugynyň bes edilmegi baradaky karar kazyýete şikaýat edilip bilner. Ýerden peýdalanamak hukugynyň bes edilmegi ýerden peýdalanyjjyny hasyly ýygnamaga bolan hukukdan mahrum etmeýär we ony ýeriň hilini abat saklamak borçlaryndan boşatmaýar.

Kanunçylykda ýer böleklerinden gözleg işleri üçin peýdalanmagyň tertibi hem kesgitlenendir. Geologiýa-surata düşüriş, agtaryş, topografik-geodezik we beýleki gözleg işlerini amala aşyrmak üstüne ýüklenen edara görnüşindäki taraplar, bu işleri ýer böleklerini yzyna almazdan, bellenilen tertipde ähli ýerlerde geçirip bilerler. Görkezilen işleri geçirmegiň başlanýan möhletleri we ýeri, ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar we ýer kärendeçileri, şeýle hem ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky degişli döwlet edarasy bilen ylalaşylmalydyr.

Ýerden peýdalanyjylar tarapyndan görkezilen borçlaryň ýerine ýetirilmezligi hukuk bozulma hasaplanylýar hem-de olar barada kanunda bellenilen mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagyna getirip biler.

Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklaryny çäklendirmek diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolup biler. Ýerden peýdalanyjylaryň hukuklarynyň bozulmagy netijesinde olara ýetirilen zyýanyň öwezi doly tölenilmelidir.

## §3. Ýer kärendesi

Ýerden peýdalanmagyň hukuk görnüşleriniň biri-de ýer kärendesidir. Kärende şertnama esasynda muzdy bilen belli bir möhlete ýere eýelik etmekden we ondan peýdalanmakdan ybaratdyr. Ýeri kärendesine bermegiň şertleri taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär we ol şertnamada berkidilýär. Kärende şertnamasy kärendä berijiniň kärendeçi bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy resmi nama hasaplanýar.

Ýer kärendesi bilen baglanyşykly gatnaşyklar „Ýer hakyndaky“ kodeksde (2004 ý.) kadalaşdyrylýar. Bu kärendäniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: uzak

möhletli, ýagny 40 ýyla çenli we gysga möhletli, ýagny 10 ýyla çenli. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýar berlen döwlet dolandyryş edarasy (daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerlerinden başga) Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna ýerleri kärendä beriji bolup durýar. Ministrler Kabineti ýa-da ol tarapyndan ygtyýarly edilen edara ýerleri daşary ýurt raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna, şeýle hem daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna kärendä beriji bolup durýar.

Şahsy adamlar, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary ýerleriň kärendeçileri bolup bilerler.

Gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl hajatlar üçin ýer bölekleri kärendesine 40 ýyla çenli möhlet bilen berilýär. Wagtlaýyn söwda we durmuş nokatlary, ammarlary, awtoduralgalary we beýleki desgalary ýerleşdirmek üçin ýer kärendesine 5 ýyla çenli möhlet bilen berlip bilner. Oba hojalyk däl maksatlar üçin ýerleriň kärende şertnamasyny bellige almak we ýer böleginiň araçägini ýerinde bellemek ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

Uzak möhletli kärendä 10 ýyl we ondan köp möhlet bilen daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň suwarymly ýerleri şol hojalyklaryň agzalaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, kärendeçileriň birleşiklerine we daýhan hojalyklaryna berilýär. Şunda göz öňünde tutulýar: ýer we suw serişdeleriniň möçberi, zähmete ukyply bir adama düşýän paý böleginiň ortaça meýdany, ýer bölekleriniň ýerleşýän ýeri we beýlekiler.

Suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendesine almak barada daýhan birleşigine we beýleki oba hojalyk kärhanasyna ýüz tutulýar. Uzak möhletli kärendesine berilýän ýerler maksatly niýetlenilişi boýunça peýdalanylmalydyr. Bellenilişi ýaly, kärendesine berlip, bir ýylyň dowamynda kärendeçiniň günäsi bilen peýdalanylmadyk ýer bölekleri yzyna alynmaga degişlidir.

Her bir daýhan birleşigi we beýleki oba hojalyk kärhanasy boýunça uzak möhletli kärendä berilýän ýer bölekleriniň möçberleri ýer we suw serişdeleriniň

möçberlerine, ýerleriň ýerleşýän ýerine we oba hojalyk önümçiligine gatnaşmaga isleg bildirýän kärendeçileriň sanyna baglylykda kesgitlenilmäge degişlidir. Suwarymly ýerleri uzak möhletli kärendä bermek daýhan birleşiginiň we beýleki oba hojalyk kärhanasynyň toparynyň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

Wagtlaýyn dükançalary, ulag duralgalaryny, ulag jaýlaryny, ammarlary, ussahanalary we beýleki wagtlaýyn desgalary ýerleşdirmek üçin ýer bölekleri Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna etrabyň (şäheriň), welaýatyň we Aşgabat şäheriniň ýer meseleleri baradaky toparlarynyň çözgüdi boýunça geçirilýär. Kärendä berlen ýer böleklerini resmileşdirmek, olaryň çäklerini bellemek, kärende şertnamalaryny bellige almak ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýer kärendesine daşary ýurt raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplara, daşary ýurt döwletlerine we halkara guramalaryna şu aşakdaky maksatlar üçin berilýär: gurluşyk we beýleki oba hojalyk däl hajatlar; söwda we durmuş nokatlaryny, ammarlaryny, ulag duralgalaryny we beýleki wagtlaýyn desgalary ýerleşdirmek. Görkezilen taraplara ýerler diňe kärendesine we Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça berlip bilner. Kärendä alnan ýer bölegini resmileşdirmek, onuň araçägini bellemek we kärende şertnamasyny bellige almak ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy tarapyndan geçirilýär.

Ýerleriň kärende şertnamasynyň kärendä beriji tarapyndan möhletinden öň ýatyrylmagyny talap edilip bilinýän halatlary: kärende şertlerini berjaý etmezlik; ýerden peýdalanylanda kanunçylygy bozmak; kärendä alnan ýeriň hiliniň bilkastdan ýaramazlaşdyrylmagy; hojalyk işiniň netijesinde ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşdyrylmagy; kärende tölegini tölemegiň bellenilen tertibiniň bozulmagy; kärendä berlen ýeri bir ýylyň dowamynda peýdalanmazlyk; kärendä alnan ýerlerde rugsat edilmedik desgalary gurmak; kärendä alnan ýeri garaşly kärendä bermek. Şertnamany möhletinden öň bozmak kärendeçini bu barada iň azyndan 3 aý öň ýazmaça habarly edilenden soň bolup biler.

Ýer kärende şertnamasyny möhletinden öň ýatyrmak barada kärendeçi şu aşakdaky halatlarda haýyş edip biler: şertnamalaýyn borçnamalar kärendä beriji

tarapyndan ýerine ýetirilmese; kärendeçiniň ýerden peýdalanmaga mümkinçiligi bolmasa. Kärende şertnamasyny möhletinden öň bozmak kärendä berijini hasyl ýygnalmazyndan 3 aýdan gijä goýman ýazmaça habarly edilenden soň bolup biler.

## Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik we peýdalanmak hukugy

### §1. Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy

Ýer bilen bir hatarda ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy tebigy obýektler bolup durýar. Olaryň durmuş obýektlerinden tapawudy: tebigy gelip çykyşy, tebigy gurşawyň ekologik ulgamlary bilen özara baglanyşygy, ýaşaýşy üpjün edýän wezipäni ýerine ýetirmegi.

Görkezilen tebigy obýektleryň alamatlary olaryň ýerine ýetirýän ekologik, ykdysady, medeni-sagaldyş wezipelerinde ýüze çykýar. Şunda olaryň tebigy gurşaw bilen ýakyn arabaglanyşykda durmagyna mümkinçilik berýän ýagdaý esasy wezipäniň, ýagny ekologik wezipäniň ýerine ýetirilmegidir. Şular ýaly arabaglanyşygyň ýitirilmegi tebigy obýektleriň durmuş obýektleri toparyna geçirilmegine getirýär. Olaryň ekologik wezipäni ýerine ýetirmegi ykdysady we medeni-sagaldyş wezipeleriniň hem bolmagyny şertlendirýär.

Tebigy obýektleriň sanawy „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda berlendir. Ýer bilen bir hatarda bu sanawa ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy tebigy ekologik ulgamlaryň we biosferanyň düzümine girýän obýektler hökmünde girizilýär.

Türkmenistanyň „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanunynda (1992 ý.) göz öňünde tutulyşy ýaly, ýer gabygynyň toprak gatlagyndan aşakda hem-de suwly ýerleriň düýbünden aşakda ýerleşip, geologik taýdan öwrenmek we özleşdirmek üçin elýeterli bölegi ýer jümmüşi hasaplanylýar. Ýer jümmüşiniň peýdaly bölegine (mysal üçin, tebigy gaz, nebit we beýlekiler) bolsa ýerasty baýlyklary diýilýär.

Kanunçylykda bellenilişi ýaly, suwlar diýlende, Türkmenistanyň suw gaznasynyň düzümine girýän ýerüsti we ýerasty suw çeşmeleri, ýagny derýalar, köller, kanallar, suw howdanlary we beýleki suwly ýerlere düşünilýär. Hazar deňziniň türkmen bölegi hem şu gazna girizilýär. Suwlar ýaşaýyş üçin esasy şertdir. Olar ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýyş gurşawydyr, senagat we oba hojalyk önümçiliginde serişde we şert bolup durýar, dynç alyş we kesel bejeriş üçin zerur şert bolup çykyş edýär.

Tokaýlar bolsa daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän, kanunda bellenen tertipde tokaý gaznasyna degişli edilen ýerlerdäki iri we gyrymsy agaçlaryň jemidir. Tokaýlar ekologik toplumlaryň ulgamy bolup durýar. Olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri: 1) ekologik (gurşawy goraýyş, klimaty kadalaşdyryş, suw goraýyş, toprak goraýyş); 2) ykdysady (agaç önümi, aw önümi, miwe we iýmişler, derman otlary, tehniki çig mal); 3) medeni-sagaldyş (dynç alyş, kesel bejeriş, saglygy dikeldiş, estetik, bilim serişdesi).

Tokaý gaznasyna degişli edilmedik ýerlerdäki ösümlikler ösümlik dünýäsine girýär. „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda Türkmenistanyň ösümlik dünýäsine degişli obýektler kesgitlenilýär. Olar şu aşakdakylardyr: ýabany ösýän ösümlikleriň we kömelekleriň hemme görnüşi; görkezilen ösümlik organizmlerinden emele gelýän tebigy ösümlik toplumlary; ýabany ösýän ösümlikleriň we kömelekleriň miweleri, tohumlary, olaryň aýry-aýry bölekleri hem-de beýleki görnüşleri; döwlet goraghanalarynyň we çäkli goraghanalaryň (aw çäkli goraghanalardan başga), tebigy ýadygärlikleriň, botaniki baglaryň çäklerinde hem-de aýratyn goralýan beýleki tebigy territoriýalarda ösýän ösümlikler we ösümlik toplumlary.

Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistany bagy-bossanlyga öwürmek hakyndaky“ kararynyň (1992 ý.) durmuşa geçirilmegi, ekologik ýagdaýy mundan beýläk-de sagdynlaşdyrmakda ösümlik dünýäsiniň ähmiýetiniň artmagyna getirýär. Ýurdumyzyň ösümlik dünýäsi örän baýdyr. Olaryň 7051 görnüşi bar.

Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi tebigy erkinlik ýagdaýynda bolan ýerüsti we suw haýwanlarynyň hemme görnüşlerini öz içine alýar. Olaryň 13 müňe golaý

görnüşleri bardyr. Haýwanat dünýäsiniň ekologik wezipesi ekologik ulgamlaryň düzüm bölegi hökmünde çykyş etmegindedir. Bu wezipä onuň topragyň gurluşyna we hasyllylygyna, ösümlik dünýäsiniň degişli görnüşde emele gelmegine, suwuň biologik häsiýetine, tutuşlaýyn tebigy gurşawuň hiline düýpli täsir etmegi hem degişlidir. Haýwanat dünýäsiniň ykdysady wezipesi: tebigy serişde hökmünde senagat we dermanlyk çig-mal, azyk önümlerini hem-de ilatyň, ykdysadyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan beýleki maddy gymmatlyklary almagyň çeşmesi bolup hyzmat etmegidir. Haýwanat dünýäsiniň medeni-sagaldyş wezipesi haýwanlaryň käbir görnüşleriniň ylmy, medeni, estetik, terbiýeçilik we kesel bejeriş maksatlary üçin ulanylmagyndan ybarat bolup durýar.

Atmosfera howasy daşky tebigy gurşawyň ýaşaýyş üçin esasy möhüm şerti hasaplanylýar. Atmosfera howasy biologik, önümçilik, ulag wezipelerini ýerine ýetirýär hem-de adamlaryň saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýşa ukyplylygyna, klimat serişdelerine, şeýle hem maddy gymmatlyklaryň ýagdaýyna täsir edýändir.

Ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi (ýer bilen bir hatarda) eýeçilik hukugynda bolup bilýän tebigy obýektlerdyr. Bu hukuk olara eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek boýunça şol serişdeleriň eýesiniň kanunçylykda göz öňünde tutulan hukuklarynyň jemidir.

Ýurdumyzyň garaşsyz bolmagy bilen ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine, uglewodorod serişdelerine diňe Türkmenistan döwletiniň eýeçilik hukugynyň bellenilýändigi göz öňünde tutuldy. Bu möhüm düzgünler kanunçylyk namalarynda berkidilendir. „Eýeçilik hakyndaky“ kanunda (1993 ý.), „Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanunda (1992 ý.), „Tokaý kodeksinde“ (1993 ý.), „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda (1993 ý.), „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda (1997 ý.), „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ kanunda (2008 ý.) bu serişdelere Türkmenistan döwletiniň aýratyn eýeçilik hukugy bellenildi.

Atmosfera howasyna möhüm tebigy baýlyk hökmünde fiziki we beýleki özboluşlylyk mahsusdyr. Ol eýeçilik hukugynda bolup bilmeýär. Atmosfera howasyna eýelik etmek, ygtyýar etmek mümkin däl. Ol diňe goralmaga we peýdalanylmaga degişli tebigy baýlykdyr.

Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugynyň mazmuny olar babatdaky hukuklaryň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemidir. Şunda eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde eýelik etmek hukugy tebigy serişdä eýelik etmäge bolan kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçilikdir. Peýdalanmak hukugy (eýeçilik hukugynyň düzüm bölegi hökmünde) tebigy baýlykdan peýdalanmaga bolan kanunda göz öňünde tutulan mümkinçilik hasaplanylýar. Şu manyda ygtyýar etmek hukugy tebigy serişdäniň hukuk taýdan ykbalyny çözmäge bolan mümkinçilik bolup durýar. Görkezilen hukuklaryň (eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek) jemi bolsa tebigy baýlyklara eýeçilik hukugynyň mazmunyny düzýär.

Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik dünýäsine, haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy amala aşyrylanda tebigy gurşawa zyýan ýetirilmeli däldir. Bu hukuk döwlet tarapyndan kanunçylykda bellenilen tertipde goralýar, bozulan hukuk bolsa dikeldilmelidir.

Döwlet görkezilen tebigy baýlyklaryň eýesi hökmünde olardan peýdalanmak baradaky gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň aýry-aýry meseleleri boýunça döwlet edaralaryna degişli hukuklary berýär. Bu hukuklar kanunçylykda göz öňünde tutulandyr.

Şular ýaly hukuklar ýer jümmüşi babatda hem berlendir. Ýer jümmüşine döwlet eýeçiliginiň bellenilmegi ondan rejeli we toplumlaýyn peýdalanmak üçin zerur şertleri döredýär. Bu ýagdaý Garaşsyz ýurdumyzyň öndüriji güýçleriniň dogry ýerleşdirilmegini we ykdysdyýeti ösdürmegiň ýokary depginlerini üpjün etmäge ýardam edýär.

Türkmenistanda tebigy gazyň, nebitiň we beýleki ýerasty baýlyklaryň uly ätiýaçlyklary bar. Ykdysadyýetde mineral serişdeleri ulanmagyň yzygiderli artýan şertlerinde ýer jümmüşinden we ondaky ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmagy

üpjün etmek örän möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Şu babatda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow uly çäreleri durmuşa geçirýär. Şunda bu işe daşary ýurt edara görnüşindäki taraplar hem giňden çekilýär.

Ýer jümmüşine hem-de ýerasty baýlyklara, şol sanda uglewodorod serişdelerine Türkmenistan döwletiniň eýeçiliginiň bellenilmegi bu tebigy baýlyklardan ilatyň bähbitleri üçin peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýyldaky kararyna laýyklykda 1993-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň ilatynyň tebigy gazy mugt sarp etmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň çäk suwlarynyň, Hazar deňziniň türkmen böleginiň ýalpaklygynyň düýbündäki mineral serişdeler hem döwlet eýeçiligine degişlidir. Emma döwlet eýeçilik hukugy deňiz ýalpaklygynyň giňişligine, balyklara we göçüp ýören haýwanlara ýaýraýan däldir.

Suwlara bolan döwlet eýeçilik hukugy „Suw hakyndaky kodeksden“ (2004 ý.), „Raýat kodeksinden“ (1998 ý.), „Eýeçilik hakyndaky“ kanundan (1993 ý.) we beýleki kanunçylyk namalardan gelip çykýar.Suwlara döwlet eýeçilik hukugynyň bellenilmegi bilen ýurtda ykdysadyýetiň hajatlary üçin suwdan meýilnamalaýyn, toplumlaýyn we netijeli peýdalanmak üçin zerur şertler döredildi. Bu eýeçilik adamlaryň zähmetini, dynç alşyny, ýaşaýşyny we saglygyny goramak üçin degişli şertleri döretmäge ýardam edýär. Ýurdumyzyň ilatynyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suwdan mugt peýdalanmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýändir.

Suw baýlyklaryna döwlet eýeçilik hukugy, ýagny eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýar etmek hukuklary kanunçylykda ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Şular ýaly edaralara bolsa ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary degişlidir.

Tokaýlara we ösümlik dünýäsine döwletiň aýratyn eýeçilik hukugynyň bellenilýändigi baradaky düzgünler hem kanunçylykda berkidilendir. Bu düzgünler „Eýeçilik hakyndaky“ kanunda (1993 ý.), „Tokaý kodeksinde“ (1993 ý.), „Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanunda (1993 ý.) göz öňünde tutulandyr. Bu kanunçylyk namalarda tokaýlar we ösümlik dünýäsi babatda

eýeçilik hukugyny amala aşyrmak boýunça döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýagny Ministrler Kabinetiniň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär.

Haýwanat dünýäsine döwletiň aýratyn eýeçilik hukugynyň bellenilmegi hem garaşsyzlyk şertlerinde möhüm ähmiýete eýe bolýar. Bu hukuk „Eýeçilik hakyndaky“ kanundan (1993 ý.) hem-de „Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanundan (1997 ý.) gelip çykýar. Kanunçylykda haýwanat dünýäsine döwletiň aýratyn eýeçilik hukugyny amala aşyrmak boýunça Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji hakimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, Tebigaty goramak ministrliginiň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär.

## §2. Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy

Tebigatdan peýdalanmak hukugy tebigy gurşawdan peýdaly maddalary almak we onuň peýdaly sypatlaryny ulanmak boýunça kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçilikdir. Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanar dünýäsinden peýdalanmak hukugy bu tebigy baýlyklara döwletiň aýratyn eýeçilik hukugyndan gelip çykýar.

Görkezilen tebigy serişdelerden peýdalanyjylar hökmünde Türkmenistanyň raýatlary we edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda daşary ýurt döwletleri, olaryň raýatlary, edara görnüşindäki taraplary çykyş edýärler.

Tebigy serişdelerden peýdalanmagyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar, olar: umumy we ýörite. Tebigatdan umumy peýdalanmak elýeterlidir, onuň üçin ýörite rugsat talap edilmeýär.Ol tebigy gurşawyň ýagdaýyna täsir etmeýär (ir-iýmişleri ýygnamak, suwa düşmek, maly suwa ýakmak we beýlekiler). Tebigatdan ýörite peýdalanmak (aw awlamak, aw hojalygyny ýöretmek, ýer suwarmak,

geologik-gözleg işlerini geçirmek, umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklary çykarmak we beýlekiler) ygtyýarnama boýunça amala aşyrylyp bilner. Bu ygtyýarnama tebigy serişdäni almaga, sarp etmäge, peýdalanmaga, tebigy gurşawa zyýanly maddalary taşlamaga (dökmäge) degişli döwlet edarasy tarapyndan berilýän rugsatdyr. Şunda tebigaty goramagy we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek, oňa edilýän zyýanly täsiriň öňüni almak maksady bilen belli bir çäk bellenilýär.

„Ýer jümmüşi hakyndaky“ kanuna laýyklykda ýer jümüşinden peýdalanmak hukugynyň görnüşleri: 1) geologik taýdan öwrenmek üçin peýdalanmak; 2) ýerasty baýlyklary çykarmak üçin peýdalanmak; 3) ýerasty baýlyklary çykarmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerasty desgalary gurmak üçin, nebit, gaz we beýleki maddalary we materiallary saklamak üçin peýdalanmak; 4) ylmy, medeni, estetik, sanitariýa-sagaldyş we beýleki ähmiýeti bolan aýratyn goralýan geologik obýektleridöretmek üçin peýdalanmak; 5) kolleksiýa edilýän materiallary toplamak üçin peýdalanmak.

Kanunçylykda bellenilen halatlarda howpsuzlyk hem-de tebigy gurşawy goramak maksady bilen ýer jümmüşiniň aýry-aýry böleklerinden peýdalanmak hukugy çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner.

Ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kanunçylykda kesgitlenendir. Olaryň esasy hukuklary: 1) ýer jümmüşiniň böleklerinden bölünip berlen magdanly ýerleriň çäklerinde ygtyýarnamada bellenen maksada laýyklykda peýdalanmak; 2) ýer jümmüşinden peýdalanmak boýunça öz işleriniň netijelerini ulanmak; 3) özlerine bölünip berlen magdanly ýerleriň çäklerinde degişli gurluşyk işlerini geçirmek we beýlekiler.

Ýer jümmüşinden peýdalanyjylaryň esasy borçlaryna şu aşakdakylar degişlidir: 1) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly kanunçylygyň talaplaryny we bellenilen kadalary berjaý etmek; 2) degişli gaznalara geologik we beýleki maglumatlary bermek; 3) ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleri işgärler we ilat üçin howpsuz alyp barmak; 4) daşky tebigy gurşawyň

serişdelerini, şeýle hem jaýlary we desgalary ýer jümmüşinden peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň zyýanly täsirinden goramak we beýlekiler.

Kanunçylyga laýyklykda suwlardan peýdalanylanda ol rejeli, toplumlaýyn we tygşytly bolmalydyr, olaryň goralmagy, hil ýagdaýynyň gowulandyrylmagy we zyýanly täsiriniň öňüniň alynmagy üpjün edilmelidir. Suwdan umumy we ýörite, bile we aýry, ilkinji we ikilenji peýdalanmak hukugy tapawutlandyrylýar. Türkmenistanda suwlar köplenç halatda (Garagum derýasy, Türkmen derýasy we beýlekiler) peýdalanyjylara bile peýdalanmak üçin berilýär. Suwdan aýry peýdalanylanda suwlar ýa-da olaryň bölekleri ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň karary bilen aýry-aýry peýdalanyjylara berkidilýär.

Türkmenistanyň ähli suwlary onuň suw gaznasyny düzýär. Onuň düzüminde Garagum derýasy we beýleki içerki derýalar, suw howdanlary möhüm orun tutýar. Suw baýlyklary babatda Türkmenistanyň Prezidenti möhüm çäreleri durmuşa geçirýär. Türkmen kölüniň we beýleki gidrotehniki desgalaryň gurluşygy muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwletleriň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň çäklerinde durýan suw baýlyklary, ýagny araçäk suwlary (Amyderýa we beýlekiler) bilen baglanyşykly meseleler şol döwletleriň aralarynda baglaşylýan ylalaşyklarda kadalaşdyrylýar.

Suwlaryň görnüşlerine baglylykda olaryň hukuk düzgüni kesgitlenilýär. Tebigy özboluşlylygyna baglylykda ýerüsti we ýerasty suwlary tapawutlandyrylýar. Maksat bellenmesi göz öňünde tutulyp, ilatyň agyz suw üpjünçiligi we beýleki hajatlar üçin peýdalanylýan suwlary tapawutlandyrmak bolar. Ilatyň agyz suwy we durmuş hajatlary üçin suwdan peýdalanmagy ileri tutulýar. Özleriniň hili bellenilen sanitariýa talaplaryna laýyk gelýän suwlar görkezilen maksat üçin berilmäge degişlidir.

Kesel bejeriş suwlaryna bellenilen tertipde geçirilen suwlar ozaly bilen kesel bejeriş we şypahana maksatlary üçin peýdalanylýar. Suwdan peýdalanmak hukugynyň esasy görnüşleriniň biri suwlardan oba hojalyk hajatlary üçin peýdalanmakdyr. Ýurdumyzda sarp edilýän suwuň ondan dokuz bölegi şol hajatlary kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Suwdan senagat maksatlary üçin peýdalanylanda

bellenilen meýilnamalar, tilsimat kadalary berjaý edilmelidir. Şunda suwuň sarp edilişini azaltmak we hapa suwlaryň akdyrylmagyny bes etmek barada degişli çäreler görülmelidir. Suwlardan balykçylyk hojalygynyň, aw hojalygynyň we aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň hajatlary üçin peýdalanmak hem suwdan peýdalanmagyň möhüm görnüşleridir.

Suwdan peýdalanmak hukugy suwdan peýdalanyjylaryň şu aşakdaky hukuklaryny öz içine alýar: 1) suwlardan bellenilen maksatlar üçin peýdalanmak; 2) bellenilen tertipde suwlaryň aýry-aýry peýdaly sypatlaryny ulanmak; 3) suwdan peýdalanmak bilen baglanyşykly desgalary we abzallary gurmak; 4) kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde suwlary suwdan ikilenji peýdalanyjylara bermek; 5) suwdan peýdalanmak hukugynyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmek; 6) bellenilen tertipde suwdan peýdalanmak baradaky hukuklaryň dikeldilmegini talap etmek.

Suwdan peýdalanmak hukugynyň mazmunyna suwdan peýdalanyjylaryň şu aşakdaky umumy borçlary degişlidir: 1) suw serişdelerinden diňe bellenilen maksatlar üçin peýdalanmak; 2) suw serişdelerini hasaba almak; 3) suwlardan rejeli peýdalanmak; 4) suwlar wagtlaýyn peýdalanmaga berlende, olardan peýdalanmagyň möhletlerini berjaý etmek; 5) suwdan ikilenji paýdalanyjylaryň kanunçylygyň talaplaryny berjaý edişlerine suwdan ilkinji peýdalanyjylar tarapyndan gözegçiligi amala aşyrmak; 6) suwdan peýdalanylanda beýleki tebigy baýlyklary goramak; 7) suwdan beýleki peýdalanyjylaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozmazlyk.

Agyz suwy we durmuş hajatlary üçin ilatyň suwdan mugt peýdalanmagy bilen bir hatarda kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda hem suwdan peýdalanmak mugtdur. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýyldaky kararyna laýyklykda daýhan birleşikleri we işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolan suwdan beýleki peýdalanyjylar suwdan peýdalanmak meýilnamasynyň çäklerinde suwdan mugt peýdalanýarlar. Görkezilen çäklerden geçilip peýdalanylanda ol töleglidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýyldaky karary bilen döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolmadyk kärhanalar we guramalar hem suwdan peýdalanmak

meýilnamasynyň çäklerinde alýan suwy üçin tölegden boşadyldy. Senagat kärhanalary hem-de işi ýer suwarmak bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki suwdan peýdalanyjylar üçin bolsa töleg girizildi (Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýyldaky karary).

Kanunçylyga laýyklykda tokaýlar eýelik etmek hukugyna (tokaý hojalyklaryna) we peýdalanmak hukugyna berilýär. Tokaýlara eýelik edijileriň hukuklaryna şu aşakdakylar degişli edilýär: 1) tokaý gaznasynda hojalygy özbaşdak ýöretmek; 2) tokaýdan peýdalanmagy we beýleki hojalyk işlerini amala aşyrmak; 3) bellenilen tertipde tokaý gaznasyndaky ýerlerden, umumy ýaýran ýerasty baýlyklardan, suwlardan, haýwanat dünýäsinden peýdalanmak; 4) tokaýdan peýdalanmak netijesinde taýýarlanan tokaý önümçiliklerine hem-de alnan girdejä eýeçilik etmek; 5) tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak üçin zerur bolan ýollary, ýaşaýyş we hojalyk jaýlaryny gurmak; 6) kärhanalara, guramalara, edaralara we raýatlara tokaýdan peýdalanmak we beýleki hojalyk işlerini alyp barmak hukugyny bermek.

Tokaýlara eýelik edijileriň borçlaryna şu aşakdakylar girýär: 1) tokaýlaryň üznüksiz köpelip durmagyny, abat saklanmagyny, goralmagyny hem-de tokaý hojalygyny ýöretmek baradaky beýleki borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek; 2) tokaý serişdelerinden ylmy taýdan esaslandyrylan kadalaryň çäklerinde peýdalanmak; 3) alnyp barylýan işi tokaýyň gurşaw dörediji we gurşaw goraýjy häsiýetleriniň saklanmagyny üpjün edýän usullar bilen ýerine ýetirmek.

Tokaý kodeksinde tokaý serişdelerinden peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary hem kesgitlenendir. Tokaýdan peýdalanmak hukugynyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: 1) agaç taýýarlamak; 2) ikinji derejeli tokaý materiallaryny (töňňe, agaç gabygy) taýýarlamak; 3) tokaýda ot ýatyrmak, mal bakmak, bal ary öýjüklerini, gapyrjaklaryny, balykçylyk hojalygyny ýerleşdirmek, ýabany miweleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri, dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly taýýarlamak we ýygmak üçin peýdalanmak; 4) tokaýdan ylmy-barlag maksatlary üçin peýdalanmak; 5) tokaýdan medeni-sagaldyş maksatlary üçin peýdalanmak; 6) tokaýdan aw hojalygynyň maksatlary üçin peýdalanmak.

Tokaýdan peýdalanmak hukugy aýratyn rugsat boýunça (raýatlaryň tokaýda bolmak hukugyndan beýleki halatlarda) amala aşyrylýar.

„Ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky“ kanuna laýyklykda bu tebigy baýlykdan peýdalanmagyň hukuk görnüşleri olara eýelik etmek we peýdalanmak hukuklarydyr. Türkmenistanyň her bir edara görnüşindäki tarapy ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik ediji we peýdalanyjy bolup biler. Ýer eýeleri, ýerden peýdalanyjylar şol bir wagtyň özünde özlerine berlen ýerleriň çäklerinde ösümlik dünýäsiniň obýektlerine eýelik edijiler we peýdalanyjylar hasaplanýar. Eýelik edilip ýa-da peýdalanylyp ýörlen ösümlik dünýäsiniň obýektleribeýleki edara görnüşindäki tarapa ýa-da raýata diňe şol obýektleryň gögerip oturan ýeri bellenen tertipde yzyna alnandan soň berlip bilner.

Kanunçylykda haýwanat dünýäsini goramak we ondan peýdalanmak amala aşyrylanda berjaý edilmeli esasy talaplar berkidilendir. Olar: 1) haýwanlaryň tebigy birleşikleriniň bitewüligini abat saklamak; 2) tebigy erkinlik ýagdaýyndaky haýwanlaryň biologik köpdürlüligini saklamak; 3) haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini we göçüş ýollaryny goramak we abat saklamak; 4) haýwanat dünýäsi babatda ylmy barlaglary geçirmek, ondan rejeli peýdalanmak we ony yzygiderli köpeltmek; 5) ilatyň saglygyny goramak, oba hojalyk we öý haýwanlarynyň kesellemegine ýol bermezlik, ykdysadyýete zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak.

Görkezilen talaplary berjaý etmek şerti bilen haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri amala aşyrylyp bilner: 1) aw awlamak; 2) balyk tutmak; 3) aw awlamak we balyk tutmak obýektlerine degişli edilmedik haýwanlary tutmak; 4) haýwanat dünýäsinden hojalyk, ylmy, medeni, aň-bilim, terbiýeçilik, dynç alyş, estetik maksatlar üçin peýdalanmak; 5) haýwanlaryň ýaşaýyş işjeňligi önümleri almak maksady bilen olardan peýdalanmak.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary kanunçylykda kesgitlenendir. Olaryň hukuklary: haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak we ondan peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge gatnaşmak; haýwanat dünýäsinden alnan obýektlerinden we önüme eýeçilik; kömekçi hojalygy

alyp barmak; haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden önümi öndürmek we ony ýerlemek we beýlekiler.

Haýwanat dünýäsinden peýdalanyjylaryň üstüne ýüklenilýän borçlar: haýwanat dünýäsinden paýdalanmagyň bellenilen kadalaryny we möhletlerini berjaý etmek, haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagyna ýol bermezlik, haýwanat dünýäsini yzygiderli köpeltmäge gönükdirilen zerur toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek we beýlekiler.

## §3. Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalar we obýektler (döwlet goraghanalary, çäkli goraghanalar, tebigy ýadygärlikler)

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ekologiýa, ylmy, medeni-öwreniş, dynç alyş, sagaldyş, estetik taýdan aýratyn gymmatly bolan tebigy gurşawyň bölekleri, toplumlary we obýektleri aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary diýlip hasap edilýär. Şunda maksat olaryň ekologik deňagramlylygyny, baýlygyny, köpgörnüşliligini, tebigy gurşawyň ýokary hilini we peýdaly sypatlaryny abat saklamak we dikeltmekdir. Eýeçilik hakyndaky kanuna laýyklykda aýratyn goralýan tebigy territoriýalary we obýektleri döwletiň aýratyn eýeçiliginde durýar.

Türkmenistanyň garaşsyz bolan şertlerinde aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary we obýektleri bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmakda „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunyň, „Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary hakyndaky“ kanunyň ähmiýeti uludyr.

Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalara we obýektlere şu aşakdakylar degişli edilýär: döwlet goraghanalary; milli taryhy-tebigy we memorial baglar; çäkli goraghanalar, tebigy ýadygärlikler, geologiýa, botanika we zoologiýa baglary, dendrariler, şeýle hem haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň „Gyzyl kitabyna“ girizilen görnüşleri. Kanunçylyga laýyklykda şypahana we milli syýahatçylyk, dynç alyş zolaklary, kenarýaka zolaklary, suw gorag zolaklary, tokaýlaryň gorag zolaklary hem aýratyn goralmaga degişlidir.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary we obýektleri babatda, şol sanda milli seýilgähleri, milli syýahatçylyk we dynç alyş zolaklaryny döretmek, sagaldyş maksatly ýerleri abadanlaşdyrmak boýunça möhüm çäreler durmuşa geçirilýär. Netijede, daşky tebigy gurşawyň ýokary hili, ýurtda ekologik ýagdaýyň sagdyn bolmagy üpjün edilýär.

Aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň esasy görnüşleriniň biri döwlet-tebigy goraghanalarydyr. Täze goraghanalary döretmek Ministrler Kabineti tarapyndan geçirilýär. Goraghanalar edara görnüşindäki taraplardyr. Olar ylmy-barlag edaralary hasaplanylýar. Ýurdumyzda döwlet-tebigy goraghanalaryň 8-si döredilendir: Hazar, Badhyz, Köpetdag, Sünt-Hasardag, Amyderýa, Gaplaňgyr, Köýtendag, Repetek. Olaryň meýdany 820 müň gektardan gowrakdyr.

Döwlet goraghanalaryny döretmekde maksat: haýwanat we ösümlik dünýäsiniň genetiki gaznasyny, seýrek duş gelýän ekologik ulgamlaryny abat saklamak we öwrenmek; olardaky tebigy hadysalaryň özakymyna dowam etmegini öwrenmek; tebigaty goramagyň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak. Şunda ýeriň, ýer jümmüşiniň we suw giňişliginiň bölekleri ähli tebigy obýektleri bilen hojalyk taýdan ulanmakdan aýrylýar. Olar bellenilen tertipde goraghananyň hemişelik peýdalanmagyna berilýär.

Goraghanalaryň hukuk düzgüni Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy (1995 ý.) bilen tassyklanan „Mysaly düzgünnama“ hem-de Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanan degişli düzgünnamalar (1996 ý.) bilen anyk kesgitlenilýär.

Goraghanalaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardyr: 1) goraghananyň ähli tebigy toplumuny tebigy ýagdaýynda abat saklamak; 2) goraghananyň ýerlerini (şol sanda akwatoriýany) bar bolan ähli tebigy obýektleri bilen bilelikde goramagy üpjün etmek hem-de goraghananyň düzgünini berjaý etmek; 3) goraghananyň ylmy ugruna laýyklykda ylmy-barlag işlerini geçirmek; 4) goraghana işiniň esaslaryny wagyz etmek, tebigy gurşawy goramak we ondan rejeli peýdalanmak meselelerini çözmek; 5) ekologik bilimleri ýaýratmak.

Goraghananyň çäklerinde (akwatoriýasynda) şu aşakdakylar gadagan edilýär: 1) goraghananyň ýerleriniň gidrologik düzgünini üýtgedýän hereketler; 2) goraghananyň alyp barýan işi bilen baglanyşykly bolmadyk jaýlaryň, desgalaryň, ýollaryň we beýleki obýektleriň gurulmagy; 3) ýerasty baýlyklary işläp çykarmak; 4) tokaýdan peýdalanmagyň ähli görnüşleri; 5) aw awlamak, balyk tutmak, haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny bozmak; 6) haýwanlaryň we ösümlikleriň täze görnüşlerini getirip ýerleşdirmek (uýgunlaşdyrmak); 7) kolleksiýa üçin materiallary toplamak (ylmy barlaglary geçirmek üçin zerur bolan materiallar muňa girmeýär); 8) dökün hökmünde hem-de ösümliklere zyýan beriji mör-möjeklere garşy göreşmek üçin himiki maddalary ulanmak; 9) umumy peýdalanylýan gury we suw ýollaryndan başga ýerlerden öý haýwanlarynyň sürlüp geçirilmegi, ulag serişdeleriniň ýöremegi, adamlaryň ulagly we pyýada geçmegi; 10) dynç almagy guramak, ot ýakmak, ilatyň dynç almagynyň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak; 11) tebigy toplumlary bozýan we tebigy obýektleriň ýagdaýyna howp salýan beýleki işler.

Çäkli goraghanalar hem aýratyn goralýan territoriýalardyr. Türkmenistanda olaryň 14-si döredilendir: Ogrujaly, Sünt-Hasardag, Pulhatyn, Gyzyljar, Çemenebit, Guruhowdan. Mäne-Çäçe, Kelif, Sarygamyş, Şasenem, Garlyk, Hojapil, Hojaburjybelent, Hojagarawul. Olaryň meýdany bir million 55 müň gektardan gowrakdyr.

Çäkli goraghanalary döretmekde maksat degişli tebigy toplumlaryň düzüm böleklerini tebigaty goraýyş wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan döwrüň dowamynda abat saklamak, yzygiderli köpeltmek we dikeltmekdir. Olar Ministrler Kabineti tarapyndan döredilýär. Şunda belli bir ýerleriň (akwatoriýalaryň) çäkli goraghanalar diýlip ykrar edilmegi olardan peýdalanýanlardan şolaryň alynmagyna getirmeýär. Edara görnüşindäki taraplar we raýatlar çäkli goraghanalaryň döredilen ýerleri üçin bellenilen çäklendirmeleri we düzgüni berjaý etmelidirler.

Çäkli tebigy goraghanalaryň hukuk düzgüni olar hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy (1995 ý.) bilen tassyklanan „Mysaly düzgünnama“ hem-de şoňa laýyklykda Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanan (1996 ý.)

degişli düzgünnamalarda anyk kadalaşdyrylýar. Şunda olaryň hukuk düzgüni welaýat häkimleri we ýerden (suwdan) peýdalanýanlar bilen ylalaşyp bellenilýär. Çäkli goraghanalar edara görnüşindäki taraplar hasaplanmaýar. Olary goramak haýsy döwlet goraghanalaryň ygtyýarynda durýan bolsalar, şolaryň tebigaty goramak baradaky ýörite gullugy tarapyndan üpjün edilýär.

Çäkli goraghanalaryň ýerlerinde hojalyk işiniň şu aşakdaky görnüşleri boýunça çäklendirmeler bellenilip bilner: ýerleri sürmek; gurluşyk üçin ýer böleklerini bermek; melioratiw işleri; aw awlamak we balyk tutmak; awuly himiki maddalary ulanmak; tokaýdan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri: ot ýatyrmak, mal bakmak, miweleri, ir-iýmişleri we gülleri ýygmak; syýahat we ilatyň guramaçylykly dynç almagynyň beýleki görnüşleri; umumy peýdalanylýan gury we suw ýollaryndan başga ýerlerde mehanizirlenen ulag serişdeleriniň hereketi; suwlardan suwarmak we suwlulandyrmak üçin peýdalanmak; geologiki-gözleg işleri we ýerasty baýlyklary işläp çykarmak.

Seýrek duş gelýän, ekologik, ylmy, geologik, taryhy-medeni we estetik jähtden gymmatly bolan, möçberi boýunça uly bolmadyk, tebigatyň dikeldilip bilinmejek bölekleri we aýry-aýry tebigy obýektler tebigy ýadygärlikler diýlip yglan edilýär (Garaýalçy, Çarlyk we beýlekiler). Tebigy ýadygärlikleriň hukuk düzgüni „Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalar hakyndaky“ kanunda, Türkmenistanyň Prezidentiniň buýrugy (1995 ý.) bilen tassyklanan „döwlet-tebigy ýadygärlikleri hakyndaky“ „Mysaly düzgünnamada“ kadalaşdyrylýar.

Tebigy gurşawyň obýektlerini ýadygärlikler diýip yglan etmekde esasy wezipe olary ylmy, medeni-öwreniş we estetik maksatlar üçin tebigy ýagdaýynda abat saklamakdyr. Bu baradaky karary Ministrler Kabineti kabul edýär. Şunda tebigy obýektleriň tebigy ýadygärlikler diýlip yglan edilmegi degişli ýerleriň (suwlaryň) olardan peýdalanýanlardan alynmagyna getirmeýär.

Edara görnüşindäki taraplar we raýatlar özlerine berkidilen ýerlerdäki tebigy ýadygärligi goramagyň bellenilen düzgünini üpjün etmek boýunça borçnamalary alýarlar. Şunuň bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezi döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna dolunýar. Ýadygärlikleri goraýan kärhanalaryň, edaralaryň

we guramalaryň hem-de Türkmenistanyň tebigaty goramak jemgyýetiniň serişdeleride şu maksat üçin çekilip bilner. Tebigy ýadygärlikleri gorag astyna bermek tebigy obýekti tebigy ýadygärlik diýip yglan etmek barada karar kabul eden edara tarapyndan geçirilýär. Şunda ony bermek gorag borçnamasy bilen resmileşdirilmelidir.

Tebigy ýadygärlik diýlip yglan edilen her bir tebigy obýekte ony goramagy amala aşyrýan edara, kärhana, gurama tarapyndan pasport ýazylýar. Onda ýadygärligiň ady we ähmiýeti hem-de ony saklamagyň we goramagyň bellenilen düzgüni, ýadygärligiň ýerleşýän ýeri we tutýan meýdany, onuň doly beýany, ýadygärligi abat saklamak üçin degişli çäreler, ony goramaga jogapkär gurama we beýleki zerur maglumatlar görkezilýär.

Tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýerinde hem-de oňa ýanaşyk zolakda ýadygärligiň abat saklanmagyna howp salýan her bir iş çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner. Tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýeriniň çägi degişli belgiler bilen alamatlandyrylýar. Tebigy ýadygärlikleriň gorag düzgüniniň berjaý edilişine gözegçiligi ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we tebigaty goraýyş edaralary amala aşyrýarlar.

Sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalar hem aýratyn goralmaga degişlidir. Ýerleri sagaldyş maksatlary üçin niýetlenen tebigy territoriýalara degişli etmek Ministrler Kabineti tarapyndan geçirilýär. Bu territoriýalar olaryň kesel bejeriş häsiýetli tebigy baýlyklarynyň we sagaldyş häsiýetleriniň rejeli peýdalanylmagyny hem-de abat saklanylmagyny üpjün etmek maksady bilen kesgitlenilýär.

Syýahatçylyk zolaklary hem aýratyn goralmaga degişlidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky karary bilen Hazar deňziniň gündogar kenar ýakasynda „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy döredildi hem-de bu zolak barada „Düzgünnama“ tassyklandy. Bu zolagy döretmegiň maksady syýahatçylyk edara-kärhanalaryny ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak baradaky wezipeleri toplumlaýyn çözmäge, syýahatçylyk pudagynyň halkara standartlaryna

laýyk gelýän desgalaryny döretmäge we syýahatçylygy ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum işini höweslendirmekdir.

Şu aşakdakylar hem aýratyn goralmaga degişlidir: milli seýilgähler, döwlet-tebigy goraghanalaryň gorag zolaklary, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň döwlet malhanalary we nahalhanalary hem-de beýlekiler.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleri Türkmenistanyň „Gyzyl kitabyna“ girizilýär. „Gyzyl kitap“ haýwanlaryň we ösümlikleriň görkezilen görnüşleriniň ýagdaýy we goramak çäreleri baradaky, olary abat saklamak, sanyny yzygiderli köpeltmek we rejeli peýdalanmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlary özünde jemleýän esasy resmi namadyr.

Türkmenistanyň „Gyzyl kitaby“ bilen baglanyşykly meseleler „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanun, „Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalary hakyndaky“ kanun hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakyndaky“ karary (1997 ý.) we bu karar esasynda tassyklanan „Düzgünnama“ bilen kadalaşdyrylýar.

Ilkinji gezek Türkmenistanyň „Gyzyl kitaby“ 1985-nji ýylda neşir edilipdi. 1999-njy ýylda bolsa „Gyzyl kitap“ täzeden neşir edildi. Türkmenistanyň „Gyzyl kitaby“ iň azyndan 10 ýyldan bir gezek neşir edilmelidir. Häzirki wagtda bu „Gyzyl kitaba“ seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky haýwanlaryň 152 görnüşi we ösümlikleriň 109 görnüşi girizilendir. Türkmenistanyň „Gyzyl kitabyna“ ilkinji nobatda haýwanat we ösümlik dünýäsiniň Halkara „Gyzyl kitabyna“ girizilen seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleri girizilýär.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň degişli görnüşleriniň ýagdaýyny anyklamak hem-de olary Türkmenistanyň „Gyzyl kitabyna“ girizmek ýa-da ondan çykarmak baradaky teklipleri işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň „Gyzyl kitaby“ baradaky topar döredilýär. Bu topar hakyndaky düzgünnama hem-de onuň düzümi Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan tassyklanylýar. Türkmenistanyň „Gyzyl kitaby“ gyzyklanýan ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň

gatnaşmagy bilen Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan ýöredilýär. „Gyzyl kitaby“ Ministrler Kabineti tassyklaýar.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň Türkmenistanyň „Gyzyl kitabyna“ girizilen görnüşleriniň ýagdaýyna we rejeli peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligini, şeýle hem olaryň abat saklanmagyny üpjün edýän çäreleri işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

## Ekologik dolandyryş we gözegçilik. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi

### §1. Ekologik dolandyryş

Garaşsyz Türkmenistanda döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň üns merkezinde durýan möhüm meseleleriň biridir. Ekologik dolandyryş döwlet edaralarynyň tebigy gurşawy goramagy we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy üpjün etmäge gönükdirilen işidir. Garaşsyzlyk şertlerinde ekologiýa babatda döwlet dolandyryşy yzygiderli kämilleşdirilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ekologik dolandyryşyň wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir: tebigy serişdeleri san we hil görkezijileri boýunça hasaba almak; tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy we olary goramagy üpjün etmek boýunça wezipeleri we çäreleri kesgitlemek; tebigy serişdeleri tebigatdan peýdalanyjylara bermek hem-de döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin yzyna almak; tebigy gurşawyň ýagdaýy we ondaky özgerişler barada ylmy taýdan esaslandyrylan çaklamalary düzmek; tebigy gurşawyň we onuň serişdeleriniň ýagdaýyna syn etmegi guramak; ekologik gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň tebigatdan peýdalanmak we ony goramak boýunça işini ugrukdyrmak; tebigatdan peýdalanmagyň hukuk görnüşlerini (eýeçilik, peýdalanmak we kärende) bellenilen tertipde resmileşdirmek; ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak; tebigatdan peýdalanmak we ony goramak babatda ýüze çykýan jedelleri çözmek.

Ekologik dolandyryşyň wezipeleri tebigy gurşawy goramak babatdaky işi guramagy we ugrukdyrmagy, maddy-tehniki üpjünçiligi, hukuk taýdan kadalaşdyrmagy, gözegçiligi amala aşyrmagy üpjün etmäge gönükdirilýär. Bu wezipeler jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady we ekologik bähbitlerini dogry utgaşdyrmagy kadalaşdyrmak arkaly çözülýär. Şunda ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň esasynda ykdysadyýetiň ösüşi hem-de tebigy gurşawyň zerur derejedäki hili üpjün edilýär.

Ekologik dolandyryş kanunçylykda göz öňünde tutulan ýörelgelere esaslanýar. Ol ýörelgeler: dolandyryşy ylmy taýdan esaslandyrmak; tebigy gurşawy goramagyň we onuň serişdelerinden peýdalanmagyň uzak möhletli maksatnamalaryny işläp düzmek; ekologiýa babatdaky döwlet çäreleriniň işlenip düzülmegini edara görnüşindäki taraplaryň hojalyk özbaşdaklygy bilen utgaşdyrmak; tebigatdan peýdalanmak we ony goramak meseleleri çözülende toplumlaýyn çemeleşmek; ekologiýa babatda hojalyk-guramaçylyk we gözegçilik işini aýrybaşgalamak; tebigatdan peýdalanmagyň rejeli bolmagyny ykdysady taýdan höweslendirmek; tebigy serişdelerden peýdalanylanda olaryň dikeldilip bolýanlaryny yzygiderli dikeltmek; tebigy gurşawy goramagy we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmagy üpjün etmek işine ilat köpçüligini çekmek.

Ekologiýa babatda döwlet dolandyryşyny umumy ygtyýarly we ýörite ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar. Umumy ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralaryna Ministrler Kabineti we häkimler degişlidir. Bu edaralar döwlet dolandyryşynyň beýleki meseleleri bilen bir hatarda tebigy serişdelerden peýdalanmagy we tebigy gurşawy goramagy guramak wezipelerini hem ýerine ýetirýärler.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda (53-nji madda) göz öňünde tutulyşy ýaly, döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany bolan Prezident Konstitusiýany we kanunlary (şol sanda ekologiýa babatdaky kanunlary) durmuşa geçirýär.

Konstitusiýa laýyklykda (75-nji madda) Ministrler Kabineti: kanunlaryň (şol sanda ekologiýa meseleleri boýunça) Türkmenistanyň Prezidentiniň we Mejlisiň namalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar; ykdysady we sosial ösüşiň döwlet

dolandyryşyny amala aşyrýar; döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny dolandyrmagy guraýar; tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyny hem goralmagyny üpjün edýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň ekologik gatnaşyklaryny dolandyrmak babatdaky ygtyýarlygy „Ministrler Kabineti hakyndaky“ kanunda hem kesgitlenilýär.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti amala aşyrýan häkimler ýerlerde dolandyryş işine (şol sanda tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak meseleleri boýunça) ýolbaşçylyk edýärler. Olar Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler. Öz ygtyýarlygynyň çäklerinde häkimler ýerine ýetirilmegi hökman bolan kararlar çykarýarlar. „Häkimler hakyndaky“ kanunda olaryň ekologik dolandyryşy babatdaky ygtyýarlygy anyklanylýar.

Konstitusiýa (86-njy madda) laýyklykda Geňeşler öz çäklerini ykdysady, sosial hem medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitleýär.

Ýurdumyzyň garaşsyz bolan şertlerinde tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak babatda ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamy kämilleşdirildi. Bu edaralara şu aşakdakylar degişlidir: Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrligi we onuň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy, Suw hojalyk ministrligi, Balyk hojalyk döwlet komiteti we bu Komitetiň Döwlet balyk gorag müdirligi, „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy, „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky milli komitet we beýlekiler.

Görkezilen ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamynda Tebigaty goramak ministrligi aýratyn orun tutýar. Bu ministrlik tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny we gözegçiligi amala aşyrýar, ol tebigaty goraýyş işini toplumlaýyn dolandyrýan, beýleki edaralaryň ekologiýa babatdaky işini ugrukdyrýan edaradyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary (2000 ý.) bilen tassyklanan „Düzgünnamada“

göz öňünde tutulyşy ýaly, bu ministrlik öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda ekologiýa babatda möhüm işleri amala aşyrýar.

Tebigaty goramak ministrliginiň amala aşyrýan işleri: 1) döwletiň ekologiýa syýasatyny we tebigaty goramak baradaky maksatnamalaryny durmuşa geçirmegi üpjün etmek; 2) tebigaty goramak baradaky kanunçylygyň hemmeler tarapyndan berjaý edilişine döwlet gözegçiligi; 3) Türkmenistanyň ekologiýa babatdaky halkara we pudagara şertnamalaryny hem-de ylalaşyklaryny taýýarlamak boýunça ministrlikleriň we beýleki dolandyryş edaralarynyň işini ugrukdyrmak; 4) ekologik ulgamlarynyň goralyşyna, topragyň hasyllylygynyň egsilmeginiň öňüniň alnyşyna, ýerleriň, ýerasty we ýerüsti suwlaryň (gyzgyn suwlardan başga), atmosfera howasynyň, ösümlik dünýäsiniň (şol sanda tokaýlaryň), haýwanat dünýäsiniň (şol sanda balyk ätiýaçlyklarynyň), deňiz gurşawynyň, Türkmenistanyň çäk suwlarynyň tebigy serişdeleriniň peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçilik; 5) tebigy serişdeler hem-de daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň taşlanmagy üçin tölegleriň, şeýle hem tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýanyň möçberini hasaplamagyň ykdysady görkezijilerini işläp taýýarlamak we tassyklamak; 6) tebigy gurşawyň we tebigy obýektleriň ýagdaýyna syn etmegi geçirmek; 7) döwlet ekologik ekspertizany amala aşyrmak; 8) Türkmenistanyň „Gyzyl kitabynyň“ ýöredilmegini üpjün etmek; 9) ekologik işiň ähli görnüşleri boýunça ygtyýarnamalar bermegi geçirmek; 10) bellenilen tertipde tebigaty goraýyş işi bilen baglanyşykly rugsatnamalary bermek we ýatyrmak; 11) tebigaty goramak babatda dolandyryş hukuk bozulmalary baradaky işlere kanunçylykda bellenilen tertipde garamak we beýlekiler.

Tebigaty goramak ministrliginiň hukuklary: tebigaty goramak, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak hem-de tebigaty goraýyş çärelerini ýerine ýetirmek meseleleri boýunça eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýolbaşçylarynyň habarlaryny diňlemek; kärhanalara, edaralara we guramalara (eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) tebigaty goraýyş maksatly barlaglary geçirmek üçin barmak; ekologik seljermäni geçirmek, tebigy gurşawyň ýagdaýyny kesgitlemek, ony sagdynlaşdyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak

hem-de daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly beýleki meseleleri çözmek üçin ministrligiň ýanynda seljeriji we beýleki geňeşleri, toparlary döretmek hem-de beýlekiler.

Tebigy baýlyklaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarynyň wezipeleri we hukuklary olar hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen tassyklanan düzgünnamalarda göz öňünde tutulýar.

Mysal üçin, Oba hojalyk ministrligi oba hojalygynda özgertmeleri geçirmegi guramaçylyk-usul öwrediş we maslahat beriş taýdan üpjün edýän döwlet dolandyryş edarasydyr. Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy ýer baýlyklary babatda döwlet dolandyryş edarasy hökmünde şu aşakdaky meseleleri çözýär: Türkmenistanyň Prezidentiniň ýer gatnaşyklaryny özgertmek syýasatyny amala aşyrmak boýunça döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek, ýer gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek babatda bitewi syýasaty amala aşyrmak we beýlekiler.

Suw baýlyklary babatda Suw hojalyk ministrligi şu aşakdaky dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýär: Türkmen kölüni gurmak baradaky Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek; ykdysadyýeti we ilaty suwaryş suwy bilen üpjün etmek, suw hojalygyny ösdürmek; suw serişdelerini dolandyrmak, olaryň meýilnamasyny düzmek, olary paýlamak, hasaba almak we beýlekiler.

Şu aşakdaky edaralar hem tebigy serişdeleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralarydyr: ýerasty suwlar (gidromineral serişdelerinden başga) hem-de ýer jümmüşini geologiýa taýdan öwrenmek boýunça „Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy; suw haýwanlary boýunça Balyk hojalyk döwlet komiteti we onuň Döwlet balyk gorag müdirligi; umumy ýaýramadyk ýerasty baýlyklar, şol sanda gidromineral serişdeleri boýunça „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy; gidrometeorologiýa babatda Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometerologiýa baradaky milli komitet.

Tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak babatda käbir ýörite dolandyryş wezipelerini Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeleri

ministrligi, „Türkmengaz“ döwlet konserni, „Türkmennebit“ döwlet konserni we beýlekiler hem amala aşyrýarlar.

## §2. Ekologik gözegçilik

Ekologik gözegçilik diýlende tebigy gurşawy goramak we onuň serişdelerinden rejeli peýdalanmak babatda amala aşyrylýan gözegçilige düşünilýär. Bu gözegçilik jemgyýet tarapyndan onuň tebigat bilen ozara gatnaşyklary babatda alnyp barylýar. Ekologik gözegçilik tebigy gurşawy we onuň serişdeleriniň ýagdaýyny we olardaky bolup geçýän özgerişlere syn etmegi guramaga, tebigaty goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak baradaky meýilnamalaryň we çäreleriň ýerine ýetirilişini barlamaga, tebigy gurşawy sagdynlaşdyrmaga we ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilmegine gönükdirilen çäreleriň ulgamy bolup durýar.

Ekologik gözegçilik döwletiň ekologiýa babatdaky wezipesiniň ýüze çykyş görnüşidir. Ol tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak boýunça döwlet dolandyryş wezipesi hökmünde çykyş edýär. Bu gözegçilik ekologik gatnaşyklaryň dolandyryş tärleriniň aýrylmaz bölegidir, ekologik çäreleri kadalaşdyrýan hukuk kadalaryny durmuşa geçirmegiň kepilidir hem-de şu babatda kanunçylygyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň möhüm serişdesidir.

Ekologiýa babatda gözegçilik amala aşyrylanda häzirki we geljekki nesilleriň bähbitlerinden ugur alynýar. Şunda maksat tebigy gurşawyň hiliniň ilatyň saglygyny goramagy hem-de ýaşaýyş üçin amatly tebigy şertleri üpjün edýän derejede bolmagyny gazanmakdyr.

Ekologik gözegçiligiň alnyp barylýan ugurlary: tebigy gurşawyň umumy ýagdaýy hem-de tebigy baýlyklaryň aýry-aýry görnüşleriniň, ýagny ýeriň (topragyň), ýer jümmüşiniň, suwlaryň, tokaýlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň, atmosfera howasynyň, aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň ýagdaýy; hojalyk desgalarynyň ýerleşdirilişi, taslanyşy, gurluşy, ulanmaga berlişi we

ulanylyşy; tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilişi; ekologiýa kanunçylygynyň berjaý edilişi.

Bu gözegçilik jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň umumy ulgamynyň bir bölegi hökmünde iň ilki bilen dolandyryşyň umumy ýörelgelerine esaslanýar. Ol ýörelgeler: raýatlaryň bähbitlerine täsir edýän kararlar (çözgütler) işlenip taýýarlanylanda we olaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik edilende raýatlaryň gatnaşmagy; jemgyýetçilik pikiriniň göz öňünde tutulmagy; kanunçylygyň berjaý edilmegi; dolandyryş işine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we borçlarynyň, şeýle hem olaryň jogapkärçiliginiň anyk bolmagy.

Ekologiýa babatdaky gözegçiligiň ýörite ýörelgeleri degişli halkara ýörelgelerinden ugur alnyp hem-de ekologik işe gözegçiligiň özboluşly aýratynlyklary göz öňünde tutulyp kesgitlenilýär. Bu gözegçiligiň ýörite ýörelgelerine şu aşakdakylar degişlidir: gözegçilik edýän edaralaryň hem-de olaryň wezipeli adamlarynyň özbaşdaklygy; gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryň hojalyk işine bikanun gatyşmazlygy; gözegçilik we hojalyk wezipeleriniň aýrybaşgalanmagy; öňüni alyş gözegçiliginiň ileri tutulmagy; gözegçiligiň ekologik işiň netijesi boýunça amala aşyrylmagy; kärhanalaryň we guramalaryň öz-özüne gözegçilik etmegi; gözegçiligiň maglumat, ylmy taýdan üpjün edilmegi.

Ekologik gözegçiligi umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary we ýörite ygtyýarly döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Ekologik gözegçiligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar: döwlet ekologik gözegçiligi, pudagara we pudaklaýyn ekologik gözegçiligi, önümçilik, jemgyýetçilik we sanitariýa ekologik gözegçiligi. Döwlet ekologik gözegçiligi ekologiýa babatdaky gözegçiligiň esasy görnüşleriniň biridir. Bu gözegçilik umumy ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet edarasy bolan Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Tebigaty goramak ministrligi tebigy gurşawyň peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligini ýerine ýetirýär. Şunda bu gözegçilik ähli edara görnüşindäki taraplar we raýatlar, şol sanda daşary ýurt edara görnüşindäki taraplar we raýatlar barada amala aşyrylýar.

Tebigaty goramak ministrliginiň amala aşyrýan döwlet ekologik gözegçiligi şu aşakdaky alamatlar bilen tapawutlanýar: 1) bu gözegçilik tebigatdan peýdalanmagyň we tebigy gurşawy goramagyň ahli görnüşlerini (tebigy serişdeleriň görnüşlerine, pudaklaýyn tabynlyga we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan) öz içine alýar; 2) Tebigaty goramak ministrligi pudagara ekologik gözegçiligi amala aşyrýan ministrlikleriň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň işini ugrukdyrýar.

Pudagara ekologik gözegçiligi tutuşlygyna tebigy gurşaw babatda däl-de, tebigy baýlyklaryň aýry-aýry görnüşleri barada degişli ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Ýer serişdeleri barada şular ýaly gözegçiligi ýerine ýetirýän edara Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugydyr. Bu gulluk ýerlerden peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirip, ýer meseleleri boýunça ähli kärhanalar we guramalar hem-de raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökman bolan çözgütleri kabul edip bilýär.

„Türkmengeologiýa“ döwlet korporasiýasy (Düzgünnama 2006-njy ýylda tassyklandy) käbir gözegçilik wezipelerini ýer jümmüşi babatda amala aşyrýar. Bu edara geologiýa-gözleg pudagynyň ösüşini, ýer jümmüşiniň toplumlaýyn öwrenilmegini, nebit we gaz hem-de beýleki ýerasty baýlyklaryň ýataklaryny ýüze çykarmagy üpjün edýän edaradyr. Ol ýer jümmüşiniň geologiýa taýdan öwrenilişine, ýerasty baýlyklaryň ýataklary baradaky maglumatlaryň ýygnalyşyna we saklanyşyna gözegçiligi ýerine ýetirýär.

Ýer jümmüşinden rejeli peýdalanylyşyna we goralyşyna, ony geologiýa taýdan öwrenmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine, ýer jümmüşinden peýdalanylanda işleriň howpsuz alnyp barlyşyna gözegçiligi „Türkmenstandartlary“ baş döwlet gullugy (Düzgünnama 1999-njy ýylda tassyklandy) amala aşyrýar.

Suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak babatda gözegçilik etmek Suw hojalyk ministrliginiň üstüne ýüklenýär (Düzgünnama 2000-nji ýylda tassyklandy). Ol suwdan peýdalanmagyň tassyklanan çäklerine laýyklykda suwdan peýdalanyjylara suwuň öz wagtynda hem-de bökdençsiz berilmegini, şeýle hem suw

baýlyklarynyň rejeli peýdalanylyşyna we suwy aýaýan tilsimatlaryň ulanylyşyna gözegçiligi üpjün edýär.

Gözegçiligi balyk ätiýaçlyklaryny we suw haýwanlaryny goramak babatda amala aşyrýan edara Balyk hojalyk döwlet komitetiniň Döwlet balyk gorag müdirligidir (Düzgünnama 1998-nji ýylda tassyklandy). Bu müdirlik balyk hojalyk suw howdanlarynda balyk serişdeleriniň ýagdaýyna, balyk tutmagyň we balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň bellenen kadalaryny berjaý edişine, edara görnüşindäki taraplaryň tebigaty goraýyş kanunçylygyny berjaý edişine gözegçiligi amala aşyrýar.

Tebigaty goramak ministrligi ähli ekologik ulgamlaryň goralyşyna gözegçilik etmek bilen bir hatarda atmosfera howasynyň, ösümlik dünýäsiniň (şol sanda tokaýlaryň), haýwanat dünýäsiniň (şol sanda balyk ätiýaçlyklarynyň), deňizdäki haýwanlaryň we ösümlikleriň, Türkmenistanyň çäk suwlarynyň tebigy serişdeleriniň peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçiligi üpjün edýär.

Pudaklaýyn ekologik gözegçiligi ministrlikler we beýleki döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar hem-de olaryň tabynlygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda tebigatdan peýdalanmak we tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleriň, kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge gönükdirilýär.

Gös-göni kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň özleri tarapyndan guralýan gözegçilik önümçilik-ekologik gözegçiligidir. Jemgyýetçilik ekologik gözegçiligi bolsa ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, Tebigaty goramak jemgyýeti we beýleki jemgyýetçilik guramalary hem-de ilat tarapyndan amala aşyrylýar. Şunda tebigy gurşawy goramak baradaky çäreleri durmuşa geçirmekde degişli döwlet edaralaryna ýardam etmek esasy maksat bolup durýar.

Sanitariýa-ekologik gözegçiligi Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugy (Düzgünnama 1998-nji ýylda tassyklandy) tarapyndan amala aşyrylýar. Bu gullugyň ekologiýa babatdaky wezipeleri „Sanitariýa kodeksinde“ (2009 ý.) hem-de görkezilen düzgünnamada kesgitlenendir. Onuň esasy wezipeleri adamyň saglygyny goramak we pugtalandyrmak, sagdyn ýaşaýyş düzgünini emele getirmek hem-de kesellerden ägä

bolmak maksady bilen tebigy gurşawyň zyýanly hadysalarynyň ilatyň saglygyna täsir etmeginiň öňüni almak, ýüze çykarmak we olara ýol bermezlikdir.

## §3. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi

Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy ekologik-hukuk jogapkärçiligine getirýär. Şular ýaly bozulmalara ekologik-hukuk bozulmalary diýilýär. Tutuşlygyna tebigy gurşaw babatda hukuk bozulmalaryň sanawy „Tebigaty goramak hakyndaky“ kanunda berilýär. Sanitariýa ekologik-hukuk bozulmalarynyň sanawy „Sanitariýa kodeksinde“ göz öňünde tutulýar. Tebigy baýlyklaryň görnüşleri boýunça bolsa hukuk bozulmalaryň sanawlary Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde, „Ýer jümmüşi hakyndaky“, „Haýwanat dünýäsi hakyndaky“, „Ösümlik dünýäsi hakyndaky“, „Atmosfera howasyny goramak hakyndaky“ kanunlarda kesgitlenilýär.

Kanunçylyga laýyklykda ekologik hukuk bozulmalary edenler barada olar üçin amatsyz netijeleri göz öňünde tutýan çäreler ulanylýar. Şular ýaly çärelere ekologik-hukuk jogapkärçilik çäreleri diýilýär. Hukuk jogapkärçiliginiň çäreleri jenaýat, dolandyryş, raýat, zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleri: jenaýat, dolandyryş, raýat-hukuk (maddy), düzgün-nyzam we ýörite hukuk. Bu jogapkärçilik tebigy gurşawyň hapalanmagy, zaýalanmagy, bozulmagy, egsilmegi we şular bilen baglanyşykly adamyň saglygyna hem-de maddy gymmatlyklara ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilikdir.

Ekologik jenaýatlaryň düzümleri jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulýar. Oňa laýyklykda işler geçirilende ekologik howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy jenaýat hasaplanýar, ýagny senagat we beýleki desgalar taslananda, ýerleşdirilende, gurlanda, ulanmaga berlende daşky gurşawy goramagyň düzgünleri bozulyp, eger şol hereket radioaktiw ýagdaýyň düýpli üýtgemegine, adamlaryň saglygyna zyýan ýetiren, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna ýa-da beýleki agyr netijelere getiren bolsa.

Ekologiýa taýdan howply maddalary we galyndylary daşamagyň, saklamagyň hem-de gaýtadan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy hem jenaýatdyr, ýagny: 1) adamyň jany ýa-da saglygy üçin zyýanly maddalaryň we galyndylaryň bellenilen düzgünleriniň bozulyp daşalmagy, saklanylmagy, gömülmegi ýa-da gaýtadan peýdalanylmagy adamlaryň saglygyna ýa-da daşky gurşawa düýpli zyýan etmegine howp döretse; 2) daşky gurşawyň hapalanmagyna, zäherlenmegine ýa-da zaýalanmagyna, haýwanlaryň köpçülikleýin gyrylmagyna getiren ýa-da adamyň saglygyna zeper ýetiren şonuň ýaly hereketler; 3) ýokarda göz öňünde tutulan seresapsyzlyk sebäpli adamlaryň köpçülikleýin kesellemegine ýa-da adamyň ölmegine getiren hereketler.

Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan halatlarda şu aşakdaky hereketler hem jenaýat jogapkärçiligine getirýär: suwlaryň hapalanmagy, atmosferanyň hapalanmagy, deňiz gurşawynyň hapalanmagy, Türkmenistanyň çäk suwlary we onuň aýratyn ykdysady zolagy hakyndaky kanunçylygyň bozulmagy, ýeriň zaýalanmagy, suwdaky haýwanlaryň we ösümlikleriň bikanun alynmagy, ýer jümmüşini goramagyň we ondan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulmagy, balyk ätiýaçlyklaryny goramagyň düzgünleriniň bozulmagy, bikanun aw, agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bikanun çapylmagy, tokaý toplumlarynyň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy, aýratyn goralýan tebigy territoriýalaryň we obýektleriň düzgüniniň bozulmagy.

Ekologik hukuk bozulmalary üçin dolandyryş jogapkärçiligi „Dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky“ kodeksde bellenilýär. Bu jogapkärçilik dolandyryş etmişi üçin kazyýet tertibinde däl-de, dolandyryş edaralary tarapyndan ulanylýar.

„Dolandyryş-hukuk bozulmalary hakyndaky“ kodeksde tebigy gurşawy goramak we ondan peýdalanmak babatdaky hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilik çäreleri göz öňünde tutulýar. Olar: duýduryş, jerime, hukuk bozulma edilende ulanylan gurallary tölegli yzyna almak, bikanun ele salnan önümi yzyna almak, tebigy gurşawdan peýdalanmak we ony goramak bilen baglanyşykly işe bolan hukukdan mahrum etmek, işi duruzmak ýa-da hojalyk-tehniki desgalaryň we

enjamlaryň işini wagtlaýyn gadagan etmek, hukuk bozulmanyň edilmeginde gural bolan zady döwletiň haýryna geçirmek.

Şu aşakdakylar dolandyryş jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyna getirýär: suwlara, ýerasty baýlyklaryna, tokaýlara, haýwanat dünýäsine döwlet-eýeçilik hukugynyň bozulmagy; ýerleriň zaýalanmagy, olardan eýeçilik gözi bilen peýdalanmazlyk, ýerden peýdalanmagyň tebigaty goraýyş düzgünininiň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, ýerleriň ýagdaýyna amatsyz täsir edýän desgalaryň ulanmaga berilmegi; ýer jümmüşini goramak baradaky talaplaryň bozulmagy; suw baýlyklaryny goramak kadalarynyň bozulmagy; döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerinden bikanun peýdalanmak; birugsat ot ýatyrmak we mal bakmak; tokaýlarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny bozmak; atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň çäkden artyk ýa-da ygtyýar alynman goýberilmegi; haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň tertibini bozmak; aw awlamak we balyk tutmak kadalaryny bozmak we beýlekiler.

Ekologik-hukuk bozulma netijesinde tebigy gurşawa zyýan ýetirilende raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi ýüze çykýar. Hukuk jogapkärçiliginiň bu görnüşi ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjunyň hukuk bozujynyň üstüne ýüklenilmegini aňladýar. Zyýanyň öwezini dolmak tebigy gurşawyň bozulan bölegini öňki kaddyna getirmek ýoly bilen ýa-da pul görnüşinde geçirilýär. Şunda Türkmenistanyň „Raýat kodeksinden“ hem-de ýörite kanunçylykdan ugur alynýar.

Haýwanat dünýäsine, tokaýlara we ösümlik dünýäsine ýetirilen zyýany hasaplamak üçin jogapkärçiligiň taksa usuly ulanylýar. Taksa ýetirilen zyýany hasaplamagyň şertli birligidir. Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan haýwanlaryň görnüşlerini, ýabany ösýän ösümlikleri bikanun tutmak (almak) bilen ýetirilen zyýany töledip almagyň möçberlerini hasaplamak üçin taksalar Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan 2000-nji ýylda tassyklandy.

Tebigy gurşawa ýetirilen zyýany tölemegiň taksa usuly maddy jogapkärçilik hökmünde bikanun aw awlananda, bikanun balyk tutulanda, tokaýda bikanun agaç çapylanda we beýleki halatlarda ulanylýar. Taksalaryň möçberleri bolsa tebigy obýektiň görnüşine, onuň ykdysady ähmiýetine, durmuş-ekologik gymmatyna,

ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda bellenilýär. Maddy jogapkärçilikde taksalar boýunça ýetirilen zyýany töledip almak dolandyryş jerimäniň salynýandygyna garamazdan geçirilýär.

Bellenilen taksalar ýa-da raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligini kesgitleýän beýleki ýörite hukuk kadalary bolmasa, onda tebigy gurşawa ýetirilen zyýan „Raýat kodeksine“ laýyklykda töledilýär. Hukuk bozujynyň tebigy gurşawa ýetiren zyýany üçin maddy jogapkärçilige çekilmegi onuň hukuk jogapkärçiliginiň beýleki görnüşlerine (jenaýat ýa-da dolandyryş jogapkärçiligine) çekilýändigine garamazdan geçirilýär.

Düzgün-nyzam ekologik-hukuk jogapkärçiligi wezipeli adam, beýleki işgär tarapyndan düzgün-nyzam etmişi görnüşinde edilen ekologik-hukuk bozulma üçin ulanylýar. Bu jogapkärçilik zähmet düzgün-nyzamyny berkitmäge gönükdirilýär we ekologiýa kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilmegine ýardam edýär. Düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleri işgärleriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly eden ekologik-hukuk bozulmalary üçin ulanylyp bilner.

Ekologiýa kanunçylygy tebigatdan peýdalanýanlaryň tebigy serişdeler babatdaky bähbitlerine täsir edýän jogapkärçilik çärelerini hem göz öňünde tutýar. Bu çäreler tebigy gurşawyň böleklerini şolaryň eýelerinden (ýerleri), peýdalanyjylardan yzyna almak we beýlekilerdir.

Görkezilen ýörite-hukuk jogapkärçilik çäreleri Ýer, Suw, Tokaý kodekslerinde hem-de beýleki tebigaty goraýyş we tebigy serişdeler kanunçylygynda göz öňünde tutulýar. Jogapkärçiligiň bu görnüşi tebigatdan peýdalanmagyň aýry-aýry görnüşleri we olary goramak bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

Ekologiýa babatda ýörite-hukuk jogapkärçilik çärelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar: tebigatdan peýdalanmak hukugyny bes etmek; berlen tebigy gurşawyň böleklerini yzyna almak; tebigatdan peýdalanmak boýunça hukukdan mahrum etmek; tebigatdan rugsatsyz peýdalanylan döwürde edilen çykdajylary tölemezlik; tebigy serişdäniň bölegi bozulanda şony dikeltmek boýunça hukuk bozujynyň üstüne borç ýüklemek; tebigatdan peýdalanmak bilen baglanyşykly geçirilýän çäreleri duruzmak. Ýörite-hukuk jogapkärçilik çärelerini umumy

ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary hem-de ýörite ygtyýarly döwlet edaralary bellenilen tertipde ulanmaga haklydyrlar.

## Soraglar:

1. Ekologiýa hukugynyň kadalaşdyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklary haýsylar?
2. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasaty nähili durmuşa geçirilýär?
3. Ekologiýa kanunçylygy haýsy hukuk namalary öz içine alýar?
4. Ýere hususy eýeçilik hukugynyň görnüşleri haýsylar?
5. Ýerler peýdalanmak hukugyna haýsy maksatlar üçin berilýär?
6. Ýerleri kärendä bermegiň tertibi nähili?
7. Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugynyň mazmuny nämeden ybarat?
8. Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy näme?
9. Aýratyn goralýan döwlet-tebigy territoriýalaryň we obýektleriň görnüşleri haýsylar?
10. Ekologik dolandyryş näme?
11. Ekologik gözegçilik näme?
12. Ekologik-hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleri haýsylar?

# VII BAP. TÜRKMENISTANYŇ JENAÝAT KANUNÇYLYGYNYŇ ESASLARY

## Jenaýat hukugy barada düşünje we onuň wezipeleri

### §1. Jenaýat hukugy we jenaýat kanuny barada düşünje

**Jenaýat hukugy** – bu hukuk ulgamynyň aýratyn bir pudagy bolup, jenaýat we jeza baradaky kadalaryň jemidir. Jenaýat hukugy jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goranmak funksiýasyny (wezipesini) ýerine ýetirip, jenaýat we jeza baradaky umumy düşünjäni berýändir.

Häzirki döwürde biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň öňünde goýýan esasy meseleleriniň biri hem hukuk we dünýewi döwleti gurmakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň Jenaýat-hukuk ulgamy döwletimiziň hukuk ulgamynyň aýrylmaz düzüm bölegi bolmak bilen, beýleki hukuk pudaklarynda bolşy ýaly, döwletimizdäki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmekde, düzgünleşdirmekde, şeýle hem raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny goramakda öz goşandyny goşýar we öz öňünde birnäçe meseleleri goýýar. Ol meseleler hereket edýän Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 2-nji maddasynda görkezilen ýerine ýetirilmeli wezipeler bilen birmeňzeşdir. Türkmenistanyň Jenaýat-hukuk ulgamy, şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiligi, jemgyýetçlik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk derejesini, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak hem-de jenaýatçylygyň öňüni almak wezipesi bolup durýandyr.

Islendik döwletiň hukuk we dünýewi döwlet bolmagy üçin döwletiň kadaly dolanyşygy we raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýän hukuk kadalarynyň ulgamyny işläp düzmek zerurlygy ýüze çykyp durýar. Şol jähtden ugur alyp, Türkmenistan döwletimizde iňňän uly, tutanýerli we irginsiz işler

amala aşyrylýar. Şol bir wagtda-da biziň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolan Türkmenistan döwletimiziň Konstitusiýasyna laýyklykda ahli hukuk pudaklarynda bolşy ýaly, Jenaýat-hukuk pudagynda-da täze kämilleşdirilen hukuk düzgünleri girizilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň çap edilmegi, ol barasynda metbugatyň çykyş etmegi, halk arasynda düşündiriş işleriniň geçirilmegi her bir adamyň kanunçylyk barasyndaky hukuk düşünjesini artdyrýar, ol bolsa şolar ýaly adamlar tarapyndan bidüzgünçilikleriň edilmeginiň öňüni almakda degerli täsirini ýetirip biler. Elbetde, bu wezipeleri amala aşyrmak Türkmenistanyň Jenaýat-hukuk ulgamyny kadalaşdyrýan we jemgyýetde ýüze çykýan kriminal[5] (jenaýatçylykly) gatnaşyklary düzgünleşdirýän Jenaýat kanunçylygy tarapyndan amala aşyrylýar.

**Jenaýat kanuny** – bu halkyň erkini görkezýän we ýuridik güýje eýe bolan, döwlet häkimiýetiniň belli bir kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen we jemgyýetçilik guramalary, döwlet edara-kärhanalary, şeýle hem raýatlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmeli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy hukuk namasydyr.

Mälim bolşy ýaly, döwletimiziň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýamyzyň kadalaryna laýyk gelýän döwlet tarapyndan kabul edilen her bir kanun özüne degişli bolan pudaklaryň işlerini kadalaşdyrýandyr. Jenaýat kanuny bolsa öz gezeginde «jenaýat» we «jeza» diýen düşünjeler bilen baglanyşykly bolan hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýandyr. Döwletimiziň raýatlarynyň köpsanly erk-isleglerini beýan edýän Jenaýat kanuny jenaýatçylygyň garşysyna göreşmek üçin öz öňünde goýan meselelerini netijeli çözmekligi üpjün etmäge gönükdirýändir. Bu meseleleri çözmek üçin bolsa jenaýat kanuny haýsy jemgyýetçilik howply etmişiň jenaýat bolup durýandygyny we şol jenaýaty eden şahslara eden jenaýaty üçin jezanyň haýsy görnüşlerini bermelidigini kesgitleýär. Sebäbi islendik jemgyýetçilik gurluşynda jenaýata garşy göreşmek diňe Jenaýat kanunynyň esasynda mümkindir.

Hereket edýän jenaýat kanunymyz, Türkmenistanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Mejlis tarapyndan 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edildi we

---

[5] Kriminal – «crīminālis - jenaýatçylykly» diýen latyn sözünden gelip çykyp, «jenaýatçylykly, jenaýata degişlilik» diýmegi aňladýar;

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilip, 1998-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi[6]. Ol kanuna Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi[7] diýilýär.

Hereket edýän Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi iki bölekden, ýagny umumy we aýratyn böleklerden ybaratdyr. Jenaýat kanunynyň umumy we aýratyn bölekleri özara biri-biri bilen jebis bagly bolup, bilelikde olar jenaýat-hukuk pudagyny düzýärler.

**Jenaýat kanunynyň umumy bölegi** – jenaýat kanunynyň umumy ýagdaýlaryny tassyklaýar hem-de Jenaýat kanunynyň ýörelgelerini kesgitleýän jenaýat we jeza baradaky kadalardan ybaratdyr. Umumy bölek 6 bölümi, 100 maddany we şu aşakdaky baplary özünde jemleýändir:

1. Jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri we wezipeleri.
2. Jenaýat kanunynyň hereket edýän wagty we giňişligi.
3. «Jenaýat» diýen düşünje, jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri we görnüşleri.
4. Jenaýat jogapkärçiligine degişli adamlar.
5. Günä.
6. Jenaýata bile gatnaşma.
7. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.
8. «Jeza» diýen düşünje, onuň maksatlary we görnüşleri.
9. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenilmegi.
10. Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.
11. Jezadan boşadylmagy.
12. Günä geçme we rehim etme, kazyýet edilenlik aýby.
13. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary.
14. Medisina häsiýetli mejbury çäreler.
15. Medisina häsiýetli mejbury çäreleriň bellenilmegi we bes edilmegi.

Jenaýat kanunynyň aýratyn bölegi, aýratyn jenaýatlar barada öwredýän bölüm bolup, 8 bölümi, 259 maddany we şu aşakdaky baplary özünde jemleýändir:

---

[6] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1997 ý, № 2, 9-njy madda.
[7] Kodeks – «cōdex – kitap» diýen latyn sözünden gelip çykyp, «kanunlaryň ýygyndysy, bir bitewi kanunlar toplumy» diýmekdir.

1. Jana we saglyga garşy jenaýatlar.
2. Şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlar.
3. Jyns gatnaşyklary çygryndaky jenaýatlar.
4. Adamyň we raýatyň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlar.
5. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, maşgalanyň we ahlaklylygyň garşysyna jenaýatlar.
6. Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar.
7. Döwlete garşy jenaýatlar.
8. Döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy jenaýatlar.
9. Adyl kazyýetlige garşy jenaýatlar.
10. Dolandyryş tertibine garşy jenaýatlar.
11. Eýeçilige garşy jenaýatlar.
12. Ykdysady işi amala aşyrmagyň tertibine garşy jenaýatlar.
13. Kommersiýa we beýleki guramalarda gulluk bähbitlerine garşy jenaýatlar.
14. Jemgyýetçilik howpsuzlygyna we jemgyýetçilik tertibine garşy jenaýatlar.
15. Ilatyň saglygynyň garşysyna edilen jenaýatlar.
16. Ekologik jenaýatlar.
17. Transport hereketiniň we ony ulanmagyň howpsuzlygynyň garşysyna edilen jenaýatlar.
18. Kompýuter maglumaty çygrynda jenaýatlar.
19. Harby jenaýatlar (1-nji çyzga seret).

Bulardan başga-da jenaýat kanunynyň aýratyn böleginiň her bir maddasynyň bölümleri dispozisiýadan we sanksiýadan düzülýär.

## §2. Jenaýat hukugynyň predmeti

**Jenaýat-hukuk ylmynyň predmeti (zady).** Jenaýat hukugy we jenaýat kanuny baradaky düşünjäni alanymyzdan soňra, biziň jenaýat-hukuk ylmynda ilkinji bilmeli zatlarymyzyň biri hem jenaýat-hukuk ylmynyň öwrenýän zadydyr (predmetidir). Biziň Türkmenistan döwletimiziň islendik hukuk ylmynda bolşy ýaly, jenaýat-hukuk ylmy hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýändir. Jenaýat-hukuk ylmy beýleki hukuk ylymlaryndan özüniň öwrenýän zady bilen tapawutlanýandyr. Jenaýat-hukuk ylmynyň beýleki ylymlardan tapawudy, ol hem onuň jemgyýetiň arasynda bolup geçýän kriminal gatnaşygyny, ýagny başgaça aýdylanda, adamlaryň arasynda bolup geçýän jenaýatçylykly aragatnaşygy öwrenýänligindedir. Jemgyýetçiligiň arasynda bolup geçýän kriminal aragatnaşyk diýlende nämä düşünilýär? Bu soraga şu aşakdaky ýönekeý mysalyň üsti bilen göz ýetirjek bolalyň. Mysal üçin, Amanow Berdiýewi ar almak niýeti bilen urýar, urgynyň netijesinde Berdiýewe agyr ten şikesi ýetirilýär (Türkmenistanyň JK-synyň 107-nji mad). Görşümiz ýaly, bu ýerde Amanow bilen Berdiýewiň arasynda jenaýatçylykly (kriminal) gatnaşyk bolup geçdi. Sebäbi bu ýerde adamyň saglygyna şikes ýetirilýär. Jan we saglyk bolsa adama berlen iň gymmatly zatdyr. Jana ýa-da saglyga agyr şikes ýetirilen wagty, onuň öwezini dolup bolýan däldir. Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 3-nji maddasynda adam, onuň jany we saglygy, sözüň doly manysynda onuň beden ösüşi döwletiň we jemgyýetiň iň gymmatly hazynasy bolup durýandygy barada hukuk kadasynyň berkidilmegi hem adamyň janynyň we saglygynyň döwlet tarapyndan goralýan iň esasy obýektleriň biridigini tassyklaýar. Şonuň üçin hem adamyň saglygyna ýa-da janyna zorluk ulanyp, şikes ýetirilen mahaly, ony Türkmenistanyň Jenaýat hukugy (kanuny) öwrenmäge girişýändir. Şeýlelikde, Türkmenistanyň jenaýat-hukuk ylmynyň öwrenýän zady jemgyýetiň arasyndaky bolup geçýän kriminal gatnaşygydyr.

## §3. Jenaýat hukugynyň wezipeleri

Elbetde, her bir hukuk ulgamynyň öz öňünde goýýan wezipeleriniň bolşy ýaly, Türkmenistanyň jenaýat-hukuk ylmynyň hem öz öňünde goýýan birnäçe wezipeleri bardyr. Olar jemi sekiz sany bolup, ýagny: şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiligi, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk statusyny; parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň öňüni almak wezipelerinden ybaratdy[8]. Elbetde, bu wezipeleri amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy jenaýat jogapkärçiliginiň esaslaryny we ýörelgelerini berkidýär, jemgyýetçilik howply bolan haýsy etmişleriň jenaýatlar bolup durýandygyny kesgitleýär we şolaryň edilendigi üçin jezalary we gaýry jenaýat-hukuk täsir çärelerini belleýär.

## §4. Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri

Türkmenistanda hukuk we dünýewi döwletiň gurulýan döwründe, ýurdumyzyň jenaýat-hukuk ylymynyň öňünde goýlan meseleleriň çözgüdi, esasan, onuň ýörelgeleriniň we ýiti hukuk kadalarynyň institutyny we tejribesini ulanmaga ýykgyn edýänligindedir.

Jenaýat hukugy watansöýüjilik, ynsanperwerlik, adalatlylyk we kanunçylyk ýörelgeleriniň beýanyny özünde jemleýändir. Bu ýörelgeler diňe bir jenaýat-hukuk pudagyna degişli bolman,eýsem olar ähli hukuk pudaklarynyň esaslaryna hem degişlidir. Ine, şonuň üçin hem oňa käwagtlar hukuk pudaklarynyň umumy ýörelgeleri diýilmegi hem ýöne ýerden däldir. Olaryň jenaýat-hukuk ylmy üçin esasy bolmagynyň ýene-de bir düýp sebäbi olaryň biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň jenaýat-hukuk ylmynyň we jenaýat-hukuk syýasatynyň başlangyjyny kesgitleýji esas bolup durýandygyndadyr.

[8] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 2-nji maddasy.

Jenaýat hukugynyň umumy ýörelgelerinden başga-da, umumy ýörelgeleriň manysyny açýan we olary takyklaýan hem-de köpmanyly häsiýete eýe bolan pudaklaýyn ýörelgeleri hem bardyr. Jenaýat hukugynyň pudaklaýyn ýörelgeleri şu günki hereket edýän jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri bilen hem gabat gelýändir. Bu ýörelgeler, gyşarnyksyz ýerine ýetirilmäge degişli bolup, olar hem jemi sekiz sanydyr:

1) Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy kanunylyk, kanunyň öňünde raýatlaryň deňligi, günäkärlik jogapkärçiligi, adalatlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýar.

2) Etmişiň jenaýatçylyklydygy, şoňa jeza berilmelidigi we gaýry jenaýat-hukuk netijeleri jenaýat kanuny arkaly kesgitlenýär.

3) Adam günäsi belli edilen, diňe zyýanly netijelere getiren hereketleri (hereketsizligi) üçin jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

4) Kazyýetiň hökümi boýunça we kanuna laýyklykda günäkär diýlip hasaplanylmasa we jenaýat jezasy berilýän bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär diýlip hasap edilip bilinmez, oňa jenaýat jezasy berlip bilinmez.

5) Jenaýat eden adamlar kanunyň öňünde deňdirler we jynsyna, teniniň reňkine, milletine, emläk we wezipe ýagdaýyna, dine garaýşyna, ynançlaryna, jemgyýetçilik birleşiklerine degişliligine garamazdan, jenaýat jogapkärçiligine degişlidirler.

6) Jenaýat eden adama ulanylmaga degişli jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir ediş çäresi adalatly bolmalydyr, jenaýatyň agyrlygyna, onuň edilen ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine berk laýyk gelmelidir.

7) Jenaýat eden adamlara ulanylýan jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir ediş çäreleri fiziki taýdan ejir çekmeler ýetirmegi ýa-da adam mertebesiniň kemsidilmegini öz maksady edinip bilmez.

8) Şol bir jenaýat üçin hiç kim jenaýat jogapkärçiligini iki gezek çekip bilmez[9].

---

[9] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 3-nji maddasy.

# JENAÝAT WE JENAÝATÇYLYK BARADA DÜŞÜNJE

## §1. Jenaýat barada düşünje we onuň alamatlary

«Jenaýat» diýen düşünjäni öwrenmek, onuň alamatlaryny we agyrlyk derejelerini seljermek jenaýat-hukuk ylmynyň esasy aýrylmaz bir bölegi bolup durýandyr.

Jenaýat-hukuk taryhyndan we tejribesinden bize belli bolşy ýaly, «jenaýat» diýen düşünjä dünýä döwletleriniň hersiniň öz garaýşy we öz baha we kesgitleme berşi bar. Biziň Türkmenistan döwletimizde bolsa «jenaýat» diýen düşünjä jenaýat-hukuk ylmy tarapyndan we kanun çykaryjy tarapyndan şu aşakdaky ýaly kesgitleme berilýär. *Jenaýat* – bu kanun (JK) tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýada zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat diýlip hasap edilýär[10]. *Jenaýatçylyk* diýlende bolsa her haýsyna aýratynlykda jeza çäreleri göz öňünde tutulan birnäçe jenaýatlaryň jemine düşünilýär. Diýmek, etmişiň jenaýat bolmagy üçin kanun tarapyndan goralýan obýektlere zyýanyň ýetirilmegi ýa-da şol zyýany ýetirmek howpunyň döredilmegi gerekdir.

Günäniň jemgyýet üçin howplulygyny ýetirilen ýa-da ýetirilip biljek zyýanyň hukuk esaslandyryjysyny edilen jenaýatyň häsiýetli alamatlary bilen deňeşdirmek arkaly bilmek bolar.

Islendik jemgyýetçilik howply etmiş jenaýat boljak bolsa, onda ilki bilen ol edilen etmiş jenaýatyň hökmany alamatlaryny özünde jemlemelidir. Jenaýatyň alamatlaryny özünde jemlemedik islendik etmiş jenaýat bolup bilmez. Her bir jenaýat şu aşakdaky 4 sany hökmany alamatlary özünde jemleýändir:

1. Jemgyýet üçin howply etmiş bolmaklygy.
2. Etmişiň kanuna garşy bolmaklygy.
3. Günälilik.
4. Jezalandyrylmaga degişliligi.

---

[10] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 10-njy maddasy.

**Howply etmiş** – bu jenaýatyň esasy alamatlarynyň biri bolup, kanuna garşylygy ýüze çykarýan hem-de kanun tarapyndan haýsy etmişiň howplulygyny kesgitleýän we jenaýata maddy taýdan baha berýän ýuridik aňlatmasy bolan jenaýatyň özboluşlylygydyr. Jenaýat etmek bilen jemgyýete howp salmak diýlende, ilki bilen jemgyýetçilige zyýan ýetirmek, ýagny döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň kadaly işlemegine zeper ýetirmek, adamlaryň şahsy emläklerine zyýan ýetirmek we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny bozmak göz öňünde tutulýar. Jemgyýete howp salmak diňe bir adamlaryň bähbitlerine garşy hereket bolman, eýsem ol hereket kanuna we döwletiň hukuk gurluşyna garşy gitmek hem bolup durýandyr.

Jemgyýet üçin howply etmişiň netijesinde hökman zyýanly netije ýüze çykan bolmalydyr, jenaýatyň netijesinde zyýanyň şu aşakdaky görnüşleri ýetirilip bilner:

1. Maddy zyýan.
2. Fiziki zyýan.
3. Ruhy zyýan.
4. Ahlak zyýan.

**Etmişiň kanuna garşy bolmagy** – bu hem jenaýatyň esasy alamatlarynyň biri bolup, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynyň goraýan obýektlerine garşy howply etmişi edip, ýokarda görkezilen zyýanlaryň ýetirilmegine ýa-da şol zyýanlaryň ýetirilmek howpunyň döredilmegine aýdylýar. Türkmenistanyň jenaýat kodeksiniň goraýan obýektlerine bolsa şu aşakdakylar degişlidir:

- Şahsyýet;
- Raýatlaryň hukuklary we azatlyklary;
- Jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri;
- Eýeçilik;
- Jemgyýetçilik tertibi;
- Türkmenistanyň garaşsyzlygy;
- Konstitusion gurluşy we bitaraplyk derejesi;
- Parahatçylyk we adamzadyň howpsuzlygy[11].

[11] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 2-nji maddasy.

Şeýlelikde, ýokarda görkezilen jenaýat kanunynyň goraýan obýektlerine zyýan ýetirilse ýa-da zyýan ýetirilmek howpy döredilse, onda ol kanuna garşylyk diýip hasap edilmäge degişlidir.

Jenaýatyň esasy alamatlarynyň biri hem günälilikdir. **Günälilik** – bu jenaýaty eden adamyň öz eden jenaýatçylykly etmişine akylynyň ýetip, şony isläp etmegi ýa-da seresapsyzlykda jenaýata ýol bermegidir.

Jenaýatyň soňky alamaty bolsa, ol hem **jezalandyrmaga degişli bolmagydyr.** *Jezalandyrmak, başgaça jeza bermek* – munuň özi edilen etmiş üçin çäre görmekdir. Jenaýaty eden adamynyň eden etmişi esasynda, kazyýetiň hökümi bilen jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama, döwletiň mejbury çäresi hökmünde ulanylýan temmi çäresidir.

**Jenaýatçylyk** – bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän we hersine aýratynlykda jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan, jemgyýetçilik howply etmişleriň (jenaýatlaryň) umumy jemini aňladýan kriminologik[12] düşünjedir.

## §2. Jenaýatyň kategoriýalary (derejeleri) we görnüşleri

Türkmenistanyň jenaýat hukugynda her bir jenaýatyň öz alamatlarynyň bolşy ýaly, her bir jenaýatyň öz agyrlyk derejesi hem bardyr. Türmenistanyň JK-synyň 11-nji madasyna laýyklykda jenaýatlar özleriniň agyrlyk derejeleri boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýärler:

1. Uly bolmadyk agyr jenaýatlar.
2. Ortaça agyr jenaýatlar.
3. Agyr jenaýatlar.
4. Aýratyn agyr jenaýatlar.

**Uly bolmadyk agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan **mahrum** etmek

[12] Kriminologiýa – «crīmen» – jenaýat we «logos» – ylym diýen latyn we grek sözlerinden gelip çykyp, jenaýatçylygyň sebäplerini we onuň garşysyna göreşmegiň usullaryny öwrenýän ylym.

görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

**Ortaça agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy sekiz ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasap edilýär.

**Agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy on bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

**Aýratyn agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn jenaýatlar hasaplanylýar[13].

«Jenaýatyň derejeleri» diýen düşünjäniň berilmegi hukuk-ulanyş işinde, aýratyn hem jenaýat kanunynda jenaýatyň agyrlygy, jeza çäresini bellemegiň we ondan boşatmagyň tertibi, düzediş işleriniň görnüşiniň kesgitlenmegi ýaly meseleleri düzgünleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

## §3. Jenaýatyň düzümi

Jenaýat-hukuk ylmynda jenaýatyň düzümi diýen düşünje, jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esas hökmünde seredilip, etmişiň jemgyýetçilik howplulygyny açyp görkezýän jenaýat diýen düşünje bilen ýakyn arabaglanyşyklydyr. «Jenaýatyň düzümi» diýen düşünje jenaýat-hukuk ylmy tarapyndan giňden öwrenilmäge degişli bolup, dünýäniň hukukçy alymlarynyň köpüsiniň ünsüni özüne çekýändir. «Jenaýatyň düzümi» diýen düşünje takyk jenaýatlaryň ähli düzümlerini öz içine alýan başlangyjy bolan umumy düşünjäni özünde jemleýändir.

Islendik howply etmiş jenaýatyň düzümini emele getirjek bolsa, onda ol düzüm özüne mahsus bolan ähli alamatlary (elementleri), ýagny jenaýatyň düzüminiň obýektini, obýektiw tarapyny, subýektini we subýektiw tarapyny özünde

[13] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 11-nji maddasy.

jemlemelidir, başgaça aýdylanda, jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jemgyýetçilik üçin howply bolan etmişleri jenaýat hökmünde kesgitleýän jenaýatyň düzüminiň obýektiw we subýektiw alamatlarynyň jemini özünde jemlemelidir. Diňe jenaýatyň düzüminiň obýektiw we subýektiw alamatlary bir ýere jemlenen ýagdaýynda, jenaýatyň düzümi emele gelýändir. Jenaýatyň düzümine umumy kesgitleme bermek ýöne bir howaýy gürrüň bolman, eýsem ol takyk jenaýatlaryň düzümlerini gerekli basgançakda öwrenmekde-de esasy gönükdirme bolup çykyş edýär.

Her bir jenaýatyň düzümi özüniň kesgitli aýratynlyklary ýa-da alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Olar şol jenaýatyň düzüminiň özüne mahsus bolan häsiýetini bildirýärler. Mysal üçin, bilkastdan adam öldürmek, ogurlyk, garakçylyk we ş.m. Görkezilen jenaýatlar özlerine mahsus bolan jenaýatyň düzümi boýunça biri-birinden tapawutlydyr, ýagny bu diýildigi bilkastdan adam öldürmegiň düzümi ogurlygyň ýa-da garakçylygyň düzüminden tapawutlanýar diýildigidir. Görkezilen her bir jenaýatlaryň düzümi kesgitlenen alamatlar boýunça häsiýetlendirilýär. Ýöne her bir takyk jenaýatyň düzümi ähli jenaýatlaryň umumy düzümleri üçin gerekli bolup durýandyr. Jenaýat kanunynyň aýratyn böleginiň predmetini düzýän bu aýratynlyklary ýa-da alamatlary öwrenmek bilen, jenaýatlaryň aýratyn düzümleriniň aýratynlyklaryny häsiýetlendirmek bolar. Jenaýatyň esasy alamatlary bolsa ýokarda belleýşimiz ýaly, jemgyýetçilik üçin howplulyk, kanuna garşylyk, günälilik we etmiş üçin jeza berilmegi bolup durýar.

Jenaýat - hukuk kadasyna laýyklykda jenaýatyň düzümi şu aşakdaky 4 sany hökmany elementlerden[14] jemlenýär :

1. Jenaýatyň obýekti.
2. Jenaýatyň obýektiw tarapy.
3. Jenaýatyň subýekti.
4. Jenaýatyň subýektiw tarapy.

[14] Element – «elementum — ilki başlangyç» diýen latyn sözünden gelip çykyp, gadymy grek materialistik filosofiýasynda-tebigatyň ilki başlangyçlarynyň, düzüm bölekleriniň birini aňladýar.

**Jenaýatyň obýekti** – bu zyýan ýetirilýän ýa-da zyýan ýetirilip bilinjek jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna (obýektlerine) jenaýatçylykly hyýanatçylyk edilmegi netijesinde zyýan ýetirilýär ýa-da zyýan ýetirilmek howpy döreýär. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynyň 2-nji maddasyna laýyklykda jenaýat kanunçylygy tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak jenaýat kanunçylygynyň esasy wezipesi bolup durýar.

**Jenaýatyň obýektiw tarapy** – bu jenaýatyň daşky ýüze çykyşyny häsiýetlendirýän alamatlaryň jemidir. Obýektiw tarapa hereket we hereketsizlik jenaýatyň netijesi hem-de hereketliligiň ýa-da hereketsizligiň jenaýatçylykly netijä getiren sebäpleri degişlidir. Bulardan başga-da jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapyna käbir goşmaça alamatlar hem degişlidir. Olar: jenaýatyň edilen ýeri, wagty, jenaýat etmekde ulanylan gurallar, serişdeler we usullar hem-de jenaýatyň daşky ýüze çykyşy bilen baglanyşykly bolan gaýry ýagdaýlar.

**Jenaýatyň subýekti** – bu jenaýaty amala aşyran we kanun tarapyndan göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiligine düşýän ýaşa ýeten , akyly düzüw bolan fiziki şahsdyr[15].

**Jenaýatyň subýektiw tarapy** – bu jenaýaty eden şahsyň özüniň bilkastdan ýa-da seresapsyzlykdan eden etmişine, hereketine ýa-da hereketsizligine, başgaça aýdylanda, jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapyna aň taýdan, ruhy (psihik) taýdan gatnaşmagy ýa-da baha bermegidir[16].

Şeýlelikde, «jenaýatyň düzümi» diýen düşünje ýokarda agzalyp geçilen 4 sany elementleri özünde jemleýändir. Ol elementler bolsa biri-birine kesgitli täsir etmek bilen, öz aralarynda ýakyn aragatnaşykda bolup, jenaýatyň düzümini emele getirýärler. Görkezilen elementleriň haýsy-da bolsa biriniň ýok bolmagy edilen etmişi jenaýat hökmünde görkezýän jenaýatyň düzüminiň ýoklugyny aňladýandyr. Jenaýatyň düzüminiň elementleri bilelikde jemlenip, kesgitli bir etmişiň

[15] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 20-nji maddasy.
[16] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 27,28,29-njy maddalary.

jemgyýetçilik howplulygyny onuň häsiýetini we agyrlyk derejesini jenaýat hökmünde häsiýetlendirýärler.

jemgyýetçilik howplulygyny onuň häsiýetini we agyrlyk derejesini jenaýat hökmünde häsiýetlendirýärler.

## §4. Jenaýata bile gatnaşma (şäriklik)

***Jenaýata bile gatnaşma*** – bu bilkastdan jenaýat etmäge iki ýa-da şondan-da köp adamyň bilkastdan bilelikde gatnaşmagydyr[17]. Birnäçe adamlaryň bilelikdäki seresapsyzlyk bilen jenayat etmegi, jenaýata bile gatnaşma bolmaýar.

Jenaýaty bilelikde edýän adamlara bolsa **umumy şärikler** diýilýär. Umumy şäriklere jenaýaty ýerine ýetiriji bilen bir hatarda jenaýaty guraýjy, meçew beriji we ýaran degişlidirler[18].

***Jenaýaty ýerine ýetiriji*** – bu jenaýaty gös-göni eden adam ýa-da beýleki adamlar (bilelikde ýerine ýetirijiler) bilen bilelikde etmäge gös-göni gatnaşan, şeýle hem kanunyň güýjüne görä jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk beýleki adamlary peýdalanmak arkaly jenaýat eden adam.

***Jenaýaty guraýjy*** – bu jenaýaty etmegi guran ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk eden, şeýle hem jenaýat etmek üçin topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi döreden ýa-da olara ýolbaşçylyk eden adam.

***Meçew beriji*** – bu razy etmek, bermit bermek, haýbat atmak ýa-da başga usullar arkaly jenaýat etmäge yran adam. Diňe bir razy etmek, bermit bermek, haýbat atmak ýa-da başga usul arkaly däl, eýsem maddy taýdan bagly ýagdaýy, saglyk ýagdaýy, aýratyn hem adamyň kämillik ukyby bar mahaly psihik taýdan ýetmezçiligi bolan adamy, şeýle adamy masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpuny salmak we başgalar arkaly jenaýat etmäge yran adam jenaýat etmäge meçew beriji diýip hasap edilýär.

---

[17] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 32-nji maddasy.
[18] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 33-nji maddasy.

***Ýaran*** – bu maslahatlary, görkezmeleri bilen, habarlary, jenaýaty etmegiň gurallaryny ýa-da serişdelerini bermek ýa-da päsgelçilikleri ýok etmek bilen jenaýat edilmegine ýardam beren adam, şeýle hem jenaýatçynyň ýaragyny ýa-da jenaýat etmegiň gaýry serişdelerini, jenaýatyň yzlaryny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen zatlary gizlemegi öňünden wada beren hem-de şeýle zatlary edinmegi ýa-da satmagy öňünden wada beren adam.

## §5. Etmişiň jenaýatçylyklygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar

Zerur goranyş, jenaýat eden adamy saklamak, bialaç zerurlyk, fiziki we ruhy mejburlyk, esaslandyrylan töwekgelçilik, buýrugy ýerine ýetirmek ýaly hereketleri, şertleri berjaý eden adam jenaýat jogapkärçilikden boşadylmaga degişlidir. Sebäbi bu ýagdaýda hereket edýän adamlar peýdaly niýet bilen, ýagny gowy niýet bilen başga bir adama ýa-da bolmasa başga bir obýekte zyýan ýetirmekligi göz öňünde tutulýar. Bu adamlar eden etmişlerinde jenaýat etmek däl-de, eýsem bolup geçýän wakalardan adamlary halas etmek däl-de, eýsem bolup geçýän wakalardan adamlary halas etmekden ybaratdyr. Ol zyýanlary kanun ýerlikli diýip hasap edýär.

Etmişiň kanuna garşylygyny we jemgyýete howplulygyny anyklamak üçin jenaýatyň düzümini anyklamaly. Kä halatlarda etmişde jemgyýete howply jenaýatyň alamatlary bar hem bolsa, jenaýatyň düzümi howply hasap edilmeýär. Tersine olar jemgyýetiň bähbitlerine peýdaly, gerekli hasaplanylýar.

Şeýle hereketlere Türkmenistanyň jenaýat kodeksiniň 7-nji babynda 37–42 -nji maddalar aralygyndaky görkezilenler girýär. Olara:

- *Zerur goranyş (37-nji madda).*
- *Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmegi (38-nji madda).*
- *Bialaç zerurlyk (39-njy madda).*
- *Fiziki we ruhy taýdan mejbur etmek (40-njy madda).*
- *Esaslandyrylan töwekgelçilik (41-nji madda).*
- *Buýrugy ýerine ýetirmek (42-nji madda).*

**Zerur goranyş** – bu ähli raýatlaryň professional ýa-da beýleki ýörite taýýarlygyna we gulluk ýagdaýyna garamazdan, şahsyýetiň (goranýanyň ýa-da başga adamyň) hukuklarynyň, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitleriniň jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan, hyýanat edýäne (şol jenaýatçylykly hereketleri amala aşyrýana) islendik zyýany (zeleli) ýetirmek arkaly goranmagydyr. Şunuň ýaly hereketler jenaýat bolmaýar we kanunylyga laýyk hasap edilýär.

Goranýanyň ýa-da başga adamyň jany üçin howply bolan zorluk bilen ýa-da şeýle zorluk ulanmak haýbaty bilen baglanyşykly bolmadyk çozuşdan goranmak, eger şunda zerur goranyşyň çäklerinden aňry çykmaga ýol berilmedik bolsa, ýagny hyýanatçylygyň häsiýetine we howpuna açyk laýyk gelmeýän bilkastlaýyn hereketlere ýol berilmedik bolsa, ol kanuna laýyk hasaplanylýar.

Hyýanatçylykdan gutulmaga ýa-da başga adamlara ýa-da häkimiýet edaralaryna kömek üçin ýüz tutmaga mümkinçilige garamazdan, adama zerur goranyşa bolan hukuk degişlidir[19].

*Emma zerur goranyşyň çäklerinden çykmak, kanun çykaryjy tarapyndan jemgyýetçilik howply etmiş hökmünde görkezilip, käbir ýagdaýlarda jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Eger-de hyýanatçylygyň jemgyýete howplulygynyň derejesine, häsiýetine göz-görtere gabat gelmeýän hereketler bilkastdan edilen ýagdaýynda, onda şol hereketler zerur goranyşyň çäklerinden çykmak hasaplanylýar.*

**Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmegi** – bu jenaýat eden adamy häkimiýet edarasyna eltmek we täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksady bilen saklanan wagty, şol jenaýaty eden adam tarapyndan garşylyk bildirilen ýagdaýynda we ony başga şerişdeler bilen saklamak mümkin bolmadyk halatynda ýetirilýän zyýandyr. Şunlukda şol jenaýaty eden adam saklananda, zerur çärelerden aňry geçmäge ýol berilmedik bolsa, onda oňa zyýanyň ýetirilmegi jenaýat däldir.

---

[19] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 37-nji maddasy.

**Jenaýatkäri tutup saklamak** – bu täze jenaýatyň öňüni almaga we jogapkärçiligi berjaý etmek ýörelgelerini amala aşyrýan jemgyýetçilik peýdaly etmişdir.

**Saklamakda zyýan ýetirmegiň çäklerinden çykmak** – bu saklamakda ýetirilýän zyýanyň amala aşyrylan jenaýatyň agyrlygyndan uly bolmagydyr. Mysal üçin, ogurlyk edýän ýa-da ogurlyk eden (eger ol saklanan wagty hiç hili garşylyk görkezmeýän bolsa) tutup saklananda, oňa agyr ten şikesiniň ýetirilmegi ýa-da ölümiň ýüze çykmagy.

## §6. Bialaç zerurlyk

***Bialaç zerurlyk*** – bu goralýan bähbitlere abanýan howpy aradan aýyrmak we beýleki bir şonuň ýaly goralýan bähbitler bilen zyýan ýetirmek ýagdaýyna aýdylýar. Mysal üçin, tebigy betbagtçylykda ýa-da adamlaryň janyna we saglygyna howp salýan beýleki ýagdaýlarda başga biriniň eýeçiliginde duran awtoulagyň eýesinden soralman alnyp gidilmegi.

***Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy diýlip,*** salynýan howpuň we howpuň aradan aýrylýan ýagdaýlaryna onuň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmeýän zyýanyň ýetirilmegi, haçan-da öňi alynýana garanda hukuk taýdan goralýan bähbitlere has köp zyýan ýetirilende hasap edilýär. Şeýle çäkden çykylmagy diňe bilkastlaýyn zyýan ýetirilen halatlarda jogapkärçilige eltýär.

Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykmak TJK-nyň 57-nji maddasyna laýyklykda jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hasaplanylýar.

## §7. Fiziki ýa-da psihik (ruhy) taýdan mejbur etmek

Fiziki ýa-da psihik (ruhy) taýdan mejbur etmek netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetiren adamyň hereketi (hereketsizligi), eger şeýle mejbur etmegiň netijesinde ol öz hereketlerine erk edip bilmese, şeýle hereket jenaýat bolmaýar.

Başga halatlarda fiziki ýa-da psihik taýdan mejbur etmek netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçilik hakyndaky mesele TJK-nyň 39-njy maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen çözülýär.

***Fiziki taýdan mejbur etmek*** –bu adamy TJK-da görkezilen etmişleriň haýsy-da bolsa birini zor bilen amala aşyrtmak maksady bilen ulanylýan zorlukly häsiýetli etmişdir (ten şikesini ýetirmek bilen,daňmak, bogmak we ş.m.). TJK-nyň 40-njy maddasynyň 1-nji böleginde öňüni alyp bolmaýan we ýeňip geçmek mümkin bolmadyk fiziki zorluk göz öňünde tutulýar. 2-nji böleginde bolsa fiziki zorlukdan başga-da ruhy mejbur etmeklik göz öňunde tutulýar. Ol bolsa adamyň hereketlerini dolandyrmak ukybyny saklap galýar.

***Psihik mejburlyk*** – bu fiziki zorluk ulanmak, maddy we ahlak taýdan zyýan ýetirmek, ýagny haýal etmän ýerine ýetirmegine getirýän hereketleri ulanmak haýbatyny atmak. Mysal üçin, başga bir adama «eger-de sen şol etmişi etmeseň, onda men seniň ogluňy, gyzyňy, aýalyňy we ş.m. garyndaşlaryňa howp salaryn, öldirin we ş.m.» diýip haýbatyň atylmagy. Psihik mejburlygyň görnüşleri kanunda görkezilmedir we çäklendirilmedir.

Şunuň bilen baglylykda fiziki we psihik mejburlygyň netijesinde ýetirilýän zyýan, öňi alynýan zyýandan pes bolmalydyr (ýarag ulanmak haýbaty astynda goragçy jenaýatkäre gymmatlyklar bolan seýfiň açaryny berýär).

Eger-de ýetirilýän zyýan goralýan obýektden pes ýa-da deň bolsa, onda fiziki ýa-da psihik mejburlyk ýagdaýyna sezewar edilen adam umumy ýagdaýlar boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

## §8. Esaslandyrylan töwekgelçilik

Sosial taýdan peýdaly maksada ýetmek üçin obýektiw esaslandyrylan töwekgelçilik mahalynda hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi jenaýat bolmaýar. Eger goýlan maksada töwekgelçilik bilen baglanyşyksyz hereketler bilen ýetilip bolmasa we töwekgelçilige ýol beren adam hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýanyň öňüni almak üçin zerur çäreleri gören bolsa,

töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilýär. Eger-de töwekgelçilik adamlaryň saglygyna ýa-da janyna howp salmak, ekologik heläkçiligi ýa-da jemgyýetçilik betbagtçylygy bilen görnetin baglanyşykly bolan bolsa, töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilmeýär[20].

*Töwekgelçilik* – bu manysy boýunça peýdaly netije almaga gönükdirilen hereketdir. Töwekgelçiligiň esaslandyrylan bolmaklygynyň esasy şertdir.

*Şu aşakdaky şertler berjaý edilende, töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasaplanylýar:*

- Töwekgelçiligiň köp adamyň jany üçin howp bilen göz-görtele bagly bolmagy;
- Töwekgelçiligiň jemgyýetde betbagtçylyk we ekologik taýdan bolup geçýän adatdan daşary ýagdaýlarda abanýan howp bilen göz-görtere bagly bolmagy;
- Ekologik adatdan daşary ýagdaý – adam etmişiniň netijesinde adamyň özüniň bolmagyna biologik esasda howp salýan etmişler bilen tebigata zyýan ýetirilmegi;

Düzgün boýunça esaslandyrylmadyk töwekgelçilikde jenaýatyň subýektiw tarapy günäniň seresapsyzlyk görnüşini häsiýetlendirýär.

## §9. Buýrugy ýerine ýetirmek

Bellenilen tertipde we degişli formany berjaý etmek bilen, onuň üçin hökmany buýrugy ýa-da başga bir görkezmäni ýerine ýetirmek üçin hereket edýän adam tarapyndan hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi jenaýat däldir. Bikanun buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmegiň netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi, eger adam onuň bikanun häsiýetine akyl ýetirmese jogapkärçiligi aradan aýyrýar. Şu ýagdaýda bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek üçin edilen etmiş üçin jogapkärçiligi şeýle buýrugy ýa-da görkezmäni beren adam çekýär. Görnetin jenaýatçylykly buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek jenaýat jogapkärçiligine eltýär, ýöne jeza çäresini

[20] Türkmenistanyň Jenaýat bitewi kanunynyň 41-nji maddasy.

ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde ykrar edilip bilner. Görnetin bikanun ýa-da jenaýatçylykly buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmezlik jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar.

Buýrugy ýerine ýetirmegiň netijesinde zyýan ýetirmek jemgyýete howply etmişlerden gelip çykýar we jeza berilmegi mümkindir.

Görnetin bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmezlik jenaýat jogapkärçiliginden boşadýan şertler hökmünde alamatlandyrylýar.

*Bu ýagdaýlar şu aşakdakylar ýaly hasaba alynýar:*

- Buýruk göz-görtere bikanun bolmaly
- Ýerine ýetirmezlik – bu buýrugy ýerine ýetirmekden doly boýun towlamak. Bu köp halatlarda harby jenaýatlara degişli hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirýän görnetin jenaýatçylykly buýruk ýerine ýetirilmäge degişli däldir.

Eger-de buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmegiň kanuna laýyk şertleriniň bozulanlygy bilen baglanyşykly jenaýatlar amala aşyrylanda, bu ýagdaýlar jezany ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde alamatlandyrylýar (TJK-nyň 57-nji maddasy).

## Jenaýat jogapkärçiligi we jeza barada düşünje

### §1. Jenaýat jogapkärçiligi diýen düşünje

**Raýat-hukuk (maddy) jogapkärçiligi** – bu raýatlaryň arasyndaky bolup geçýän hukuk bozulmalarynyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini doldurtmak borjunyň üstüne ýüklenmegi ýaly ýagdaýlary göz öňünde tutýan jogapkärçilikdir. Mysal üçin, talapçynyň jogapkärden haýsy-da bolsa bir hereketleri etmegi ýa-da şol hereketleri etmezligi talap etmegi we ş.m.

Düzgün-nyzam jogapkärçiligi – bu haýsy-da bolsa bir adamyň edaranyň içinde bellenen kadalary bozan ýagdaýynda ýüze çykýan jogapkärçilikdir. Mysal üçin, işgäriň işe gijä galyp gelmegi netijesinde ýüze çykan jogapkärçilik we ş.m.

Dolandyryş jogapkärçiligi – bu jogapkärçilik Türkmenistanyň «Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky» kodeksinde görkezilen kadalaryň

bozulanlygy üçin ýüze çykýan jogapkärçilikdir. Mysal üçin, DHTBHK-nyň 168-nji maddasy «Ownuk huligançylyk» we ş.m.

Ýuridik jogapkärçiligiň iň berk we ýowuz görnüşi, ol hem jenaýat jogapkärçiligidir. Sebäbi jenaýat jogapkärçiligi beýleki ýuridik jogapkärçiliklerden özüniň hukuk bozulmalary üçin belleýän temmi çäreleri bilen tapawutlanýandyr. Jenaýat jogapkärçiliginiň beýleki jogapkärçiliklerden tapawudy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Beýleki temmi çäreleri ygtyýarly edilen wezipeli adamlar tarapyndan berlip bilinýär. Emma jenaýat jogapkärçiliginde bolsa temmi çäresi, ýagny jeza çäresi diňe kazyýetler tarapyndan döwletiň adyndan berlip bilinýär.

2. Jenaýat jogapkärçiligi beýleki jogapkärçiliklerden tapawutlylykda birnäçe kanuny yz galdyrmalara hem eýedir.

TJK-nyň 4-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň ähli alamatlaryny özünde saklaýan etmişiň edilmegi jenaýat jogapkärçiligine esas bolup durýar.

Jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esaslar:

1. Adam hökman jenaýaty amala aşyran bolmaly.

2. Onuň amala aşyran jemgyýetçilik howply etmişinde hökman günä bolmaly.

3. Etmişde jenaýatyň düzümi bolmalydyr, ýagny *obýekt, obýektiw tarap, subýekt, subýektiw tarap we olaryň alamatlary* bolmalydyr.

4. Jenaýatyň düzümi işiň materiallary bilen subut edilen bolmalydyr.

5. Amala aşyrylan etmişde jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýagdaýlar bolmaly däldir *(TJK-nyň 37–42-nji maddalary).*

## §2. Jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlar

Islendik jemgyýetçilik howply etmişe baha berlende, jenaýatçynyň şahsyýeti bilen birlikde, hökmany suratda edilen etmişiň agyrlaşdyrylýan we ýeňilleşdirilýän ýagdaýlaryna hem üns berilmelidir.

TJK-nyň 57-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdaky ýagdaýlar bar bolanda, jeza bellenilende jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýlip hasap edilýär:

*1) Uly bolmadyk agyr jenaýatyň ilkinji gezek edilmegi.* Uly bolmadyk agyr jenaýat diýip TJK-nyň 11-nji maddasyna laýyklykda edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykdan edilen etmişler hasaplanýar. Bu jenaýatlar jemgyýete ýokary derejede howp döretmeýän jenaýatlardyr. Şeýle ýagdaýda jenaýatyň edilmegi günäkärde jemgyýete garşy durnukly garaýyşlarynyň we işleriniň ýokdugyna şaýatlyk edýär.

*2) Günäkär kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa.* TJK-da sanalyp geçilýän jenaýatlaryň aglaba bölegi üçin jogapkärçilik kämillik ýaşyna ýetilmänkä ýüze çykýar. Sebäbi jenaýat-hukuk ylmynyň kriteriýasy[21] şeýledir we ol esaslandyrylandyr. Ýöne şol bir wagtyň özünde kanun kämillik ýaşyna ýetmedikde zerur durmuş başarnygynyň we bilimiň ýeterlik derejede bolmanlygy, şeýle hem onuň psihikasynyň ýaş aýratynlygy köplenç eden etmişleriniň jemgyýetçilik howplulygyna we agyrlygyna doly akyl ýetirmekden ukyplarynyň ejiz gelmegine getirýändigini göz öňünde tutýandyr. Şonuň üçin hem günäkäriň kämillik ýaşyna ýetmänligi jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde alynmaga degişlidir. Ýurdumyzda kämillik ýaşy kanun tarapyndan 18 ýaş diýip bellenendir.

*3) Göwrelilik* – bu hem günäkäriň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde ykrar edilýän ýagdaýdyr. Sebäbi göwrelilik ýagdaýy aýalyň organizmine, şeýle hem onuň psihikasyna düýpli täsir edýär, ýagny gyjynmagy, duýgurlygy ýokarlanýar. Bu bolsa onuň özüni alyp barşyna hem täsir edýär.

*4) Günäkäriň köp çagaly maşgalasynyň ýa-da kiçi ýaşly çagalarynyň bolmagy.* Köp çagaly diýip, maşgalada 4 sany kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň bolmagyna aýdylýar. Kiçi ýaşly çagalar diýip, Türkmenistanyň Raýat kanunynyň 23-nji

---

[21] Kriteriýa – «kriterion – jedelleşmek üçin serişde» diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir zadyň ölçegini kesgitleýän ýa-da şoňa baha berýän alamaty aňladýar;

maddasyna laýyklykda 7 ýaşa ýetmedik çagalar hasap edilýär. Görkezilen bu ýagdaýlar anyk barlagy we şoňa laýyklykda hem bahalandyrylmagyny talap edýändir. Bu ýagdaý günäkäriň diňe köp çagaly maşgalasynyň ýa-da kiçi ýaşly çagalarynyň barlygynyň kesgitlenmegi bilen däl-de, eýsem günäkäriň çagalaryna maddy taýdan, terbiýe taýdan gatnaşygy hem göz öňünde tutulmalydyr. Bu ýagdaý eger-de günäkär ata-enelik hukugyndan mahrum edilen bolsa ulanylyp bilinmez.

*5) Kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly jenaýatyň edilmegi.* Kyn durmuş ýagdaýlary maddy kynçylyklar, maşgala agzasynyň kesellemegi we şoňa meňzeş ýagdaýlar bolup biler. Bu ýagdaýlar günäkäriň özüniň bikanun hereketlerine kritiki (ýaramaz, tankydy) baha bermegi kynlaşdyrýan ýagdaýlardyr.

*6) Jenaýat haýbat atmagyň, gorkuzmagyň, mejbur etmegiň täsiri astynda ýa-da maddy, gulluk taýdan garaşlylyk ýa-da başga bir garaşlylyk zerarly edilen bolsa, şeýle hem jenaýatçylykly ýa-da bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetiren halatynda edilen bolsa.*

Haýbat atmak, gorkuzmak, mejbur etmek bu adamy jenaýat etmäge ýa-da oňa gatnaşmaga mejbur etmek maksady bilen psihik taýdan aňyna täsir etmekdir.

**Haýbat atmak –** urmak, zorlamak, öldürmek, emlägini ýok etmek we şuňa meňzeşlerden ybarat bolup durýar. Atylýan haýbat howply, nagt we hakyky bolmalydyr. Şunda haýbat atylýan adam haýbata ynanmalydyr.

**Gorkuzmak –** bu dürli hereketler bilen, üm bilen ýa-da şoňa meňzeş hereketler bilen adamyň psihikasyna täsir edip jenaýat etmeklige mejbur etmekdir. Mysal üçin, adamyň aýbyny açmak bilen, erbet keseliniň bardygyny aýan etmek ýaly gorkuzmak ýoly degişli bolup biler.

**Mejbur etmek –** haýbat atmakdan we gorkuzmakdan netije bilen aralygynda wagtyň ýoklugy bilen tapawutlanýar. Mejbur etmek iki ýagdaýda bolýar, ýagny fiziki mejburlyk we psihik mejburlyk.

**Maddy garaşlylyk –** bu günäkäriň özüni maddy taýdan ekleýän, pul, eşik, iýmit we şuňa meňzeşler bilen üpjün edýän adamyň bähbidi üçin jenaýat etmegidir. Muňa ene-atalar, hossarlar, ýakyn garyndaşlary degişlidir.

**Gulluk taýdan garaşlylyk** – bu iş boýunça bir adamyň beýleki bir adama tabynlygyny aňladýandyr.

**Buýruk ýa-da görkezme** – bu tabynlygyndaky adama ýolbaşçy tarapyndan edilýän we ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talapdyr.

*7) Zorluk ulanmak, erbet masgaralamak sebäpli ýüze çykan ruhy tolgunmanyň täsiri astynda ýa-da heläkçilik çekeniň başga bikanun hereketleri netijesinde jenaýat edilen bolsa,* bu ýagdaýyň howplulyk derejesi pes hasap edilýär, sebäbi günäkäriň ruhy tolgunma ýagdaýy jebir çekeniň özüniň bikanun hereketleri esasynda döreýär. Bu ýagdaý günäkäriň özüni alyp barşyna kritiki baha bermek ukybyny aşaklandyrýar. Ruhy tolgunma fiziki zorluk ulanylmagy bilen, günäkäriň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň kemsidilmegi ýa-da masgaralanmagy bilen ýüze çykyp biler.

*8) Zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamy saklamakda, ýiti zerurlyk ýüze çykanda, esaslandyrylan töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi.* Bu TJK-nyň 37, 38, 39-njy we 41-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň çäklerinden çykylyp jenaýatyň edilmegi bolýar.

*9) Psihik taýdan syrkawlyk ýagdaýyň täsiri astynda ýa-da psihik ösüşinde yza galmagy, akyly düzüwligi aradan aýrylmaýan ýagdaýynda jenaýat edilmegi.*

Bu ýagdaýdaky adamlar öz edýän herketlerine hasabat berip we olardan ugur alyp bilýändirler. Şonuň üçin olar TJK-nyň 24-nji maddasynyň talabyna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Ýöne olaryň öz hereketleriniň häsiýetine we ähmiýetine akly ýetirmegi, şeýle hem şol hereketlerden ugur almaga bolan ukyplary pesdir, çäklendirlendir, erk-häsiýeti gowşakdyr.

*10) Heläkçilik çekeniň hukuga ters gelýän hereketleri ýa-da ahlaksyzlygy jenaýat edilmegi üçin sebäp bolan bolsa,* jebir çekeniň jenaýatyň bolmagyna sebäp bolýan ýagdaýda özüni alyp barmagy günäkär adamyň ýagdaýynyň gazaplanma ýagdaý bilen baglanyşyklydygyny görkezýär. Birden dörän ruhy tolgunma, zorluk, masgaralama, paýyş sögmek esasynda dörap biler. Ýöne günäkäriň etmişi gös-
-göni ýokardaky hereketleriň yzýanynda amala aşyrylmalydyr.

*11) Günä boýun alnyp gelnen halatda, jenaýatyň üstüniň açylmagyna, jenaýata beýleki gatnaşanlary paş etmäge, jenaýat netijesinde edinilen emlägi gözläp tapmaga işeňňir ýardam edilmegi.*

- *Günäniň boýun alnyp gelinmegi* – bu günäkäriň eden etmişi barada hukuk goraýjy edaralara meýletin habar bermegidir.

- *Jenaýatyň üstüniň açylmagyna ýardam edilmegi* – bu günäkäriň derňew edaralaryna şol wagta çenli mälim bolmadyk, jenaýatyň açylmagyna ýardam edýän maglumatlary bermegidir.

- *Jenaýata beýleki gatnaşanlary paş etmek* – bu deslapdan dilleşip ýa-da deslapdan dilleşmän, jenaýatçylykly ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi we janaýat edilenden soň, şol toparlara gatnaşanlary paş etmek bilen derňew we kazyýet edaralaryna ýakyndan kömegiň berilmegidir.

Jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaý bolmagy üçin ýokarky ýagdaýlaryň meýletinlik bilen ýerine ýetirilmegi zerurdyr.

12) *Jenaýat edilmeginiň gös-göni yz ýanynda heläkçilik çekene medisina we başga kömekleriň berilmegi, jenaýat zerarly maddy we ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň meýletin dolmagy ýa-da düzedilmegi heläkçilik çekene ýetirilen zeleli düzetmek üçin gönükdirilen beýleki hereketler.*

Bu ýagdaýlar günäkäriň jemgyýet üçin howplulyk derejesiniň pesdigini görkezýär. Şonuň üçin bu ýagdaýlar hem ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde nazara alnyp bilner.

Kazyýetler ýokarda görkezilen jogagapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnykly däldigi sebäpli, jeza bellänlerinde ýokarda görkezilmedik ýagdaýlardan hem başga ýagdaýlary jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde nazara alyp bilerler.

## Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar

**(TJK-nyň 58-nji mad.).**

TJK-nyň 58-nji maddasyna laýayklykda jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar diýlip, şu aşakdaky ýagdaýlar ykrar edilýär:

1) *Jenaýatlaryň gaýtadan edilmegi, jenaýatlaryň gaýtalanmagy, pişe görnüşinde jenaýatlaryň edilmegi;*

Jenaýat kanunynyň aýratyn böleginiň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň ikisiniň ýa-da şondan-da köpüsiniň edilmegine jenaýatyň gaýtalanmagy diýilýär. Jenaýatyň gaýtalanmagynyň howplulygy jenaýat edýän adamyň düzelmek ýoluna düşmän, bir jenaýaty edenden soň ýene-de jenaýat etmegi bilen jemlenýändir.

Pişe görnüşinde jenaýatyň edilmegi – bu adamyň jenaýatçylykly hereketler bilen yzygiderli meşgullanyp, dowamlylygy az ýa-da köp wagt içinde şol bir jenaýaty azyndan üç gezek etmegidir. Şunda günäkär eden jenaýatlarynyň hiç biri üçin işi kesilmedik bolmalydyr.

2) *Edilen jenaýatyň agyr netijelere getirmegi;*

Jenaýatyň agyr netijelere getirmegi diýip, Jenaýat kanunynyň 11-nji maddasynyň 4, 5-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň getirýän netijeleri hasap edilýär.

3) *Iki we şondan-da köp adam bolup deslapdan dilleşmezden jenaýatyň edilmegi, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň toparynyň, guramaçylykly toparyň ýa-da jenaýatçylykly bileleşigiň düzüminde jenaýatyň edilmegi.*

Islendik toparlaýyn jenaýatlara elmydama jenaýatçylykly etmişleriň has howply görnüşi hökmünde garalýar. Bile gatnaşyjylaryň deslapdan dilleşmegi netijesinde olara diňe bir taýýarlanýan jenaýatlaryň däl-de, indiki edilmeli jenaýatçylykly etmişleriň käbir ýagdaýlary barada umumy maglumatlar aýan bolýandyr.

Jenaýatçylykly bileleşik beýleki toparlara garanda ýokary derejede jebisligi, durnuklylygy, ýörite kesgitlenen tertip-düzgüniň barlygy bilen tapawutlanýar. Bu toparyň howplulygy olaryň amala aşyrýan jenaýatlarynyň agyrlygy bilen häsiýetlendirilýär, ýagny bu topar agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilendir.

4) *Jenaýat etmekde aýratyn işjeň rol oýnaýan bolsa.*

Jenaýat etmekde aýratyn işjeň rol oýnamak beýleki gatnaşyjylara garanda has ýokary howp döredýändigini aňladýar.

5) *Psihik taýdan syrkawlyk zerarly bozulmalarda ejir çekýändigi günäkäre görnetin mälim bolan ýa-da serhoş ýagdaýynda bolan adamlary, şeýle hem jenaýat jogapkärçiligine ýaşy ýetmedik adamlary jenaýat etmäge çekmegi.*

Bu ýagdaýdaky adamlaryň fiziki we fiziologik ýagdaýlary islendik töwellalara derrew boýun bolýarlar we şonuň netijesinde jenaýatçylykly herketler amala aşyrylýar. Şol ýagdaýda günäkär olaryň hereketleriniň jemgyýetçilik howply etmişdigine akyly ýetýär, netijesini öňünden görýär, belli bir netijeleriň bolmagyny isleýär.

Jenaýat etmäge çekmek diňe bir şol adamlar tarapyndan jenaýatyň gös-göni edilmeginde däl-de, jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýatyň kastyna düşmek tapgyrlarynda haýsy hem bolsa aýratyn tabşyryklaryň ýerine ýetirilmeginde-de ýüze çykyp biler.

Jenaýat jogapkärçiligine ýaşy ýetmedik adamlary jenaýat etmäge çekmekde günäkäriň herketleri ýaş nesliň kadaly terbiýelenmegine garşy we çagalary hem-de ýetginjekleri ýoldan çykarmaga gönükdirilendir.

6) *Milli ýa-da dini duşmançylyk bahanasy boyunça, beýleki adamlaryň kanuny hereketleri üçin ar almak sebäbi boýunça, şeýle hem başga bir jenaýatyň edilmegini aňsatlaşdyrmak ýa-da jenaýatyň üstüni basyrmak maksady bilen jenaýatyň edilmegi.*

Jenaýatçylykly hereketler diniň ol ýa-da beýleki görnüşine baglylykda, zorlukly hereketleriň amala aşyrylmagynda, milli ýa-da jynsy duýgulara, däp-dessurlara, ynançlara dil ýetirilmeginde ýüze çykyp biler.

Beýleki adamlaryň kanuny hereketleri üçin ar almak sebäbi boýunça, şeýle hem başga bir jenaýatyň edilmegini aňsatlaşdyrmak ýa-da jenaýatyň üstüni basyrmak maksady bilen jenaýatyň edilmegi hem jenaýaty agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň biri bolup durýar.

7) *Göwrelidigi günäkäre görnetin mälim bolan aýal babatynda jenaýat edilen bolsa, şeýle hem ýaş çaga, beýleki garawsyz ýa-da biçäre ýagdaýda galan adamlar babatynda ýa-da günäkäre garaşly bolan adam babatynda jenaýatyň edilmegi.*

Bu adamlar babatda jenaýatyň edilmeginiň agyrlygy jebir çekeniň günäkäre garşylyk görkezip bilmeýänligindedir ýa-da garşylyk görkezmäge ýagdaýynyň ýoklugyndadyr.

Göwrelidigi günäkäre görnetin mälim bolan aýal babatynda jenaýatyň edilmegi jemgyýet üçin ýokary derejede howply bolup durýandyr. Sebäbi bu ýagdaýda günäkäriň göwreli aýala ýetiren zyýanynyň gelejekki dünýä injek çaga hem täsir etmek mümkinçiliginiň bardygydyr.

Ýaş çaga diýlip ýokarda bellenilşi ýaly, 7 ýaşa ýetmedik adamlar hasap edilýär.

Garawsyzlyk we biçäre ýagdaýda galan diýip fiziki ýetmezçiligi bolan, psihikasyna zyýan ýeten, garran adamlar hasap edilýär.

Günäkäre garaşly bolan adam babatynda jenaýatyň edilmeginde şu ýagdaý günäkäriň öz jenaýatçylykly netijesine aňsat ýetmegine mümkinçilik berýär.

Bu ýagdaýda garaşlylyk dürli görnüşde, ýagny maddy, gulluk taýdan, çagalaryň ene-atasyna, maýybyň (inwalidiň) özüne seredýän adama bolan garaşlylygy ýaly görnüşlerde bolup biler.

8) *Aýratyn rehimsizlik bilen, masgaralamak bilen ýa-da heläkçilik çekene, ýa-da onuň ýakynlaryna ezýet bermek bilen jenaýatyň edilmegi.*

*Aýratyn rehimsizlik* – günäkäriň öz hereketleri bilen jebir çekene fiziki taýdan zeper ýetirmek we azap bermek ýaly hereketlerine düşünilýär.

*Masgaralamak* – günäkär tarapyndan jebir çekeniň namysynyň, mertebesiniň peseldilmegi, psihik taýdan ejir çekdirilmegi ýaly hereketleri öz içine alýar.

Bu ýagdaýlar adamyň aýratyn zalymlygyny, bihaýalygyny, azgynlygyny häsiýetlendirip, has berk jeza berilmegini talap edýän ýagdaýdyr.

*9) Ýarag ulanmak arkaly ýa-da fiziki, ýa-da psihik zorluk ulanmak arkaly jenaýatyň edilmegi;*

«Ýarag» diýip janly we beýleki nyşanany ýok etmek üçin niýetlenen predmetlere (zatlara) we gurnamalara aýdylýar. Ýaraglar ok atýan görnüşde, sowuk ýarag we ýarag hökmünde ulanylýan beýleki predmetler bolup biler.

Islendik jenaýatyň ýarag, partlaýjy serişde we beýleki obýektleri ulanyp edilmegi jenaýatyň ýokary howplulygyny görkezýär. Günäkär ýaragyň we jenaýatyň

beýleki gurallarynyň kömegi bilen özüniň jenaýatçylykly hereketlerini amala aşyrmagyny ýeňilleşdirýär, bu ýagdaý bolsa jemgyýetçilik howplulygy has hem artdyrýandyr.

10) *Adatdan daşary ýagdaýyň şertlerini, tebigy ýa-da başga jemgyýetçilik betbagtçylygyny peýdalanmak arkaly, şeýle hem köpçülikleýin bidüzgünçilikler mahalynda jenaýatyň edilmegi;*

Adatdan daşary ýagdaýyň şertlerine, tebigy ýa-da başga jemgyýetçilik betbagtçylygyna: sil gelmegi, ýangyn, ýer titreme, ulag (transport) heläkçilikleri, epidemiýa, uruş, ekologik heläkçiligi sebäpli ilatyň göçürilmegi (ewakuasiýa) we şuňa meňzeşler degişlidir.

Şeýle ýagdaýlardan peýdalanyp jenaýat etmek jenaýatyň jemgyýete has howpludygyny görkezýär, günäkäriň bolsa bolan betbagtçylyga ähmiýet bermän, adamlaryň aljyraňňylygyndan, gorkulylygyndan, howsala düşenliginden peýdalanyp, jenaýatyň netijesine ýetmek üçin bu hereketi aňly-düşünjeli amala aşyrmagy bolsa jenaýatyň howplulygyny has hem artdyrýandyr.

11) *Gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän adam babatynda jenaýatyň edilmegi.*

Jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän adam diýip, ýörite üstüne ýüklenen jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän, şeýle-de jemgyýete peýdaly bolan beýleki işleri amala aşyrýan raýat hasaplanýar.

Ýokarda agzalan adam babatynda jenaýatyň edilmegi diňe bir şol adamlara däl-de, eýsem häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadaly işine hem zyýan ýetirmekdir.

12) *Jenaýat umumy howply usul bilen edilen bolsa.*

Bu ýagdaý hem jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý diýlip hasap edilýär, sebäbi jenaýatçylykly niýeti amala aşyrmak üçin saýlanyp alnan usulyň aýratyn uly möçberde zyýan ýetirip bilýänligidir (mysal üçin, adamlaryň toplanan ýerinde ok atylmagy, jaýlaryň otlanmagy, umumylykda peýdalanylýan ýerlede zäherleýji maddalaryň ulanylmagy, köp adamly ýerlerde partlaýjy serişdeleriň ulanylmagy we ş.m.).

13) *Jenaýatyň betnebislik meýiller bilen edilmegi.*

Bu maddy peýda almak maksady bilen amala aşyrylýan jenaýatdyr. Betnebislik meýli adam halal zähmet çekesi gelmeýän, jemgyýetiň we beýleki adamlaryň bähbitlerine göz gyzdyryp bikanun ýol bilen baýlaşmaga çemeleşýän adam hökmünde häsiýetlendirýär.

## §3. «Jeza» diýen düşünje, onuň maksatlary we görnüşleri

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 23-nji maddasynda:«*Kanunda takyk göz öňünde tutulandan başga halatlarda adam hukuklary çäklendirilip ýa-da özüne degişli hukugyndan mahrum edilip, oňa iş kesilip ýa-da jeza berlip bilinmez.*

Hiç kimi gynamalara, rehimsizlik, zalymlyk bilen ýa-da adam mertebesini kemsidýän derejede el gatylmagyna, ýa-da temmi bermeklige, şeýle hem onuň razylygy bolmasa, lukmançylyk (däri-derman we hekimçilik) synagyna ýa-da başga tejribelere sezewar edilip bilinmez. Raýat diňe kanunda takyk görkezilen esaslar bar bolan mahalynda kazyýetiň karary boýunça ýa-da prokuroryň sanksiýasy bilen tussag edilip bilner. Gaýra goýmak bolmaýan hem-de kanunda takyk görkezilen halatlarda ygtyýarly döwlet edaralary raýatlary wagtlaýyn tutup saklamaga haklydyrlar» *diýlip görkezilendir*.

Şonuň üçin hem biziň Türkmenistan döwletimiziň jenaýat kanunçylygynda jeza diýen düşünjä aýratyn kesgitleme berlip geçilýär.

*Jeza* – bu edilen jenaýat üçin berilýän temmi çäresi bolup, ol döwletiň mejbury çäresi hökmünde, kazyýetiň hökümi bilen bellenilýär we jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama ulanylýar hem-de jenaýat kanunynda göz öňünde tutulyşy ýaly, ony käbir hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum etmekden ýa-da çäklendirmekden ybarat bolup durýar (JK-nyň 43-nji mad. 1-nji böl.).

JK-nyň 43-nji maddasyna berilýän bu düşündiriş döwletiň jezany jenaýat temmisiniň esasy mazmuny hökmünde ykrar edýänligine şaýatlyk edýär. Şonuň bilen baglylykda hem «jeza» diýen düşünjä degerli üns bermegimiz gerekdir.

Jezanyň düýp manysy – bu jenaýatkäriň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleriniň garşysyna eden jemgyýetçilik howply etmişleri üçin öwezini dolmak bolup durýar.

Jeza diňe bir edilen etmiş üçin berilýän mejbury temmi çäresi hökmünde ulanylman, eýsem ol Jenaýat kodeksiniň 43-nji maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryna laýyklykda (*sosial) durmuş adalatlylygy* dikeltmek, şeýle hem iş kesilen adamy *düzetmek* we gaýtadan terbiýelemek hem-de täze jenaýatlaryň edilmeginiň *öňüni almak* maksatlary bilen hem bellenilýär we ulanylýar.

Mälim bolşy ýaly, islendik döwletde edilen etmiş üçin bellenilýän jeza temmi çäresiniň öz gezeginde birnäçe alamatlary bolýar, elbetde, biziň Türkmenistan döwletimiziň jenaýat-hukuk ulgamy hem jezanyň birnäçe alamatlaryny özünde jemleýär:

**Jezanyň alamatlary:**

1. Jeza – bu mejbury çäredir.
2. Jeza – bu kazyýet tarapyndan döwletiň adyndan berilýän temmi çäresidir.
3. Jeza – bu diňe günäli adama berilýändir.
4. Jeza – bu birnäçe kanuny yz galdyrmalara eýedir we kanuny yz galdyrmak bilen beýleki temmilerden tapawutlanýandyr. Mysal üçin, Administratiw (dolandyryş), raýat-hukuk, düzgün-nyzam temmilerden tapawutlanýar.

***Jezanyň maksady***

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, jeza diňe bir edilen etmiş üçin berilýän mejbury temmi çäresi hökmünde ulanylman, eýsem ol (sosial) durmuş adalatlylygy dikeltmek, iş kesilen adamy düzetmek we gaýtadan terbiýelemek hem-de täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen hem bellenilýär we ulanylýar.

*Sosial adalatlylygy dikeltmek* – jenaýatçynyň jenaýatçylykly hereketinde ýetiren zyýanynyň öwezini dolmagyna aýdylýar.

***Jenaýat eden adamy düzetmek* – terbiýelemek hem-de onuň aňynda jenaýata bolan pikirlerini aýyrmak, oňa iş öwretmek, özünden başga adamlary sylamagy öwretmek, umuman, adamlaryň arasyndaky bolan düzgün-tertibi berjaý etdirmekdir.**

*Boljak jenaýatyň öňüni almak,* ýagny bu diýildigi temmi berleni terbiýelemek bilen bir hatarda şol adamyň içine girmek bilen küýüni, niýetini (maksadyny) pikirini bilip, öz oý-pikirlerini orta atar ýaly edip, eger-de ol adam jenaýatçylykly hereket etse, onuň birnäçe hukuklarynyň çäklendiriljekdigini, onuň birnäçe hukugyndan mahrum ediljekdigini ol adama düşündirip, şol şahsyň aňyndan jenaýatçylykly hereketleri aýyrmaklykdyr, ýagny gelejekde şol adamyny ýa-da başga adamlary jenaýata baş goşmazlar ýaly etmekdir.

Bilşimiz ýaly, edilen etmiş üçin kazyýet edaralary tarapyndan jenaýat jezasy bellenilende, edilen etmişiň agyrlyk derejesini we etmişi eden adamyň şahsyýetini göz öňünde tutmak bilen, oňa degişli temmi çäresi berilmelidir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň JK-synyň 44-nji maddasy jezanyň şu aşakdaky birnäçe görnüşlerini özünde jemleýär:

***Jezanyň görnüşleri:***

1. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek. 46-njy madda.
2. Jerime. 47-nji madda.
3. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek. 48-nji madda.
4. Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek. 49-njy madda.
5. Düzediş işleri. 50-nji madda.
6. Harby gulluk boýunça çäklendirme. 51-nji madda.
7. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny üstüne ýüklemek. 51(1)-nji madda.
8. Emlägi konfiskasiýalamak.52-nji madda.
9. Azatlykdan mahrum etmek. 53-nji madda.
10. Harby düzediş bölüminde saklamak. 54-nji madda.

Ýokarda görkezilen jezalaryň görnüşleri öz gezeginde 3 topara bölünýär.

(JK-nyň 45-nji maddasy)

1. Esasy jezalar.
2. Esasy goşmaça jezalar.
3. Diňe goşmaça jezalar.

***E s a s y   j e z a l a r***

TJK-nyň 45-nji maddasynyň I bölegine laýyklykda esasy jezalar:

- düzediş işleri;
- harby gulluk boýunça çäklendirme;
- azatlykdan mahrum etmek;
- harby düzediş bölüminde saklamak;

Kazyýet esasy jezalary ulananda, diňe agzalan esasy jezalaryň birini ulanmaga haklydyr.

***E s a s y   g o ş m a ç a   j e z a l a r***

TJK-nyň 45-nji maddasynyň II.bölegine laýyklykda esasy goşmaça jezalar:

- ýetiren zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;
- jerime;
- belli bir wezipede işlemek hukugyndan mahrum etmek;
- belli bir ýerde ýaşamak borjuny üstüne ýüklemek.

Kazyýet esasy goşmaça jezalary ulananda, esasy jeza hökmünde ulanmaga ygtyýarlydyr ýa-da esasy jezanyň gapdalyndan goşup, goşmaça jeza hökmünde ulanmaga-da ygtyýarlydyr.

***G o ş m a ç a   j e z a l a r***

TJK-nyň 45-nji maddasynyň III bölegine laýyklykda diňe goşmaça jezalar:

- döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek;
- emlägi konfiskasiýalamak;

Kazyýet goşmaça jezany diňe esasy jezanyň ýa-da esasy goşmaça jezanyň gapdalyndan goşmaga haklydyr.

Eger adam jeza çekmekden möhletinden öň boşadylan bolsa ýa-da çekilmedik jeza möhleti has ýeňil jeza bilen çalşyrylan bolsa, onda iş kesilenlik aýbynyň dolunmaly möhleti esasy hem-de goşmaça jeza çäresiniň hakykatda çekilen pursadyndan hasaplanylýar.

Eger-de azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezanyň çekilmedik bölegi has ýeňil jeza bilen çalşyrylan bolsa, onda iş kesilenlik aýbynyň dolmagy hasaplamagyň möhletiniň başlanmagy has ýeňil jeza çäresiniň çekilmegi boýunça başlanýar.

JK-nyň 45-nji maddasynda täze jenaýat edilmegi ýa-da beýleki esaslar boýunça iş kesilenlik aýbynyň arasyny kesmek mümkinçiliginiň görkezilmändigi sebäpli, jenaýatlaryň her biri boýunça iş kesilenlik aýbynyň özbaşdak dowam edýändigini göz öňünde tutmak gerekdir.

Iş kesilen özüni birkemsiz alyp baran mahaly we iş kesilenlik aýbyny doldurmagyň azyndan ýarpy möhletiniň geçmegi boýunça iş kesilenlik aýbynyň möhletinden öň aýrylmagyna ýol berilýär.

On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat eden adamlar üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti (JK-nyň 93-nji maddasy) JK-nyň 45-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulyşy ýaly gysgaldylýar we degişlilikde şulara deňdir:

a) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek möhletini dolduranyndan soň 1 ýyla;

b) agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň 3 ýyla;

ç) aýratyn agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň 5 ýyla.

## Soraglar:

1. Jenaýat hukugy we jenaýat kanuny barada düşünje.
2. Jenaýat hukugynyň wezipeleri we ýörelgeleri.
3. Jenaýat barada düşünje we onuň alamatlary.
4. Jenaýatyň düzümi.

5. Jenaýata bile gatnaşma (şäriklik).

6. Jenaýat jogapkärçiligi barada düşünje.

7. Jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlar.

8. Jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaýlar

**MAZMUNY**

**Giriş**........................................................................................... 3

**I bap. Türkmenistanyň Konstitusion kanunçylygynyň esaslary**

§1. Türkmenistanyň döwlet we hukuk gurluşynyň esaslary..................... 5

**Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary**

§1. Adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary barada düşünje......................................................................................... 18

§2. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary........................................................................ 21

**Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy. Türkmenistanyň Prezidenti**

§1. Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk derejesi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary.................................................................. 23

§2. Türkmenistanyň Mejlisi kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr. ................................................. 26

§3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji we serenjam beriji edaradyr. Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary.............................. 32

§4. Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş.................................................................... 33

§5. Saýlaw ulgamy, sala salşyk................................................................ 49

§6. Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti we prokuratura...................... .... 51

**II bap. Türkmenistanyň dolandyryş kanunçylygynyň esaslary**

**Dolandyryş hukugy özbaşdak hukuk pudagydyr**

§1. Döwlet dolandyryşy barada düşünje we onuň esasy häsiýetleri........... 54

§2. Dolandyryş-hukuk kadalary.............................................................. 63

§3. Dolandyryş-hukuk gatnaşyklary......................................................... 71

**Dolandyryş hukugynyň subýektleri (gatnaşyjylary)**

§1.Döwlet dolandyryş edaralary............................................................... 76

§2. Döwlet gullukçylary.......................................................................... 80
§3. Raýatlar we jemgyýetçilik birleşmeleri................................................. 90
**Dolandyryş jogapkärçiligi**
§1. Dolandyryş jogapkärčiligine düşünje……………….................……........ 96
§2. Dolandyryş jogapkärçiliginiň esaslary. Dolandyryş
etmişiniň düzümi…........................................................................................ 98
§3. Dolandyryş temmileri……………………………..……………...... 102
**III bap. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esaslary**
§1. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň
zähmet kanunçylygynyň ösüşi.................................................................. 109
§2. Zähmet-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny, gurluşy............................. 113
§3. Zähmet-hukuk gatnaşygynyň subýektleri.............................................. 118
§4. Işe kabul etmegiň we işden boşatmagyň resmileşdirilişi....................... 120
**Zähmet şertnamasy we onuň görnüşleri**
§1. Zähmet şertnamasynyň mazmuny, gurluşy…………......………........ 123
§2. Zähmet şertnamasynyň görnüşleri....................................................... 125
§3. Iş wagty. Iş wagtyny kadalaşdyrmagyň tertibi.................................... 128
§4. Dynç alyş wagty we onuň görnüşleri.................................................... 129
§5. Zähmet rugsatlaryny we beýleki rugsatlary bermegiň tertibi…………. 132
§6. Aýal-gyzlaryň we ýaşlaryň zähmetini guramagyň aýratynlyklary........ 134
**Zähmet düzgün-nyzamy. Zähmeti goramak**
§1. Zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmegiň hukuk serişdeleri................ 137
§2. Zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi................................................. 138
§3. Zähmet düzgün-nyzam temmileriniň görnüşleri we olary
ulanmagyň tertibi.......................................................................................... 140
§4. Türkmenistanyň zähmeti goramak hakyndaky kanunçylygy…………..... 142
§5. Türkmenistanda zähmet jedellerini seljermegiň tertibi........................ 145
**IV bap. Türkmenistanyň raŷat kanunçylygynyň esaslary**
**Türkmenistanyň raýat kanunçylygy**
§1. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň

raýat hukugy we ykdysady kanunçylygyň kämilleşdirilişi......................... 148
§2. Türkmenistanyň raýat hukugynyň esasy düşünjeleri............................ 152
§3. Raýat hukugy we raýat kanunçylygy................................................. 154
§4. Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň umumy düşünjeleri.............................. 157
**Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplary we olaryň hukuk ýagdaýy**.
§1. Raýatlar we olaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kanunçylyk............ 159
§2. Raýatlaryň hukuk we kämillik ukyby................................................. 161
§3. Ýuridik şahslar (edaralar, kärhanalar, guramalar) we
olaryň hukuk ýagdaýy………………………………………………… 164
§4. Eýeçilik hukugy barada düşünje. Türkmenistanda
eýeçiligiň görnüşleri..................................................................... ........ 166
§5. Raýat-hukuk borçnamalary. Borçnamalaryň ýüze
çykmagynyň esaslary........................................................................... 169
§6. Raýat-hukuk borçnamalarynyň görnüşleri.......................................... 172
§7. Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň goralyş usullary…………...... 173
Raýat-hukuk şertnamalary. Raýat-hukuk jogapkärçiligi
§1. Raýat-hukuk şertnamalaryny baglaşmagyň tertibi............................ 175
§2. Raýat-hukuk şertnamalarynyň görnüşleri.......................................... 178
§3. Raýat-hukuk şertnamalarynyň ýerine ýetirilişi.................................. 181
§4. Şertnamalaryň ýerine ýetirilişini üpjün ediş serişdeleri...................... 184
§5. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň şertleri.............................................. 186
§6. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň alamatlary we görnüşleri.................. 189
**Awtorlyk we oýlap tapyş hukugy. Türkmenistanyň miras kanunçylygy**
§1. Awtorlyk hukugy bilen goralýan çeper döredijilikli işiň netijeleri-
niň düşünjesi we görnüşleri.................................................................. 191
§2. Awtorlyk hukugynyň mazmuny we çäkleri...................................... 193
§3. Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda kanunçylyk.............. 195
§4. Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip
çykan ýeriniň ady hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy..................... 198
§5. Türkmenistanyň miras hukugynyň umumy düşünjeleri.................... 200

§6. Kanun we wesýetnama boýunça miras almak.................................. 201
§7. Mirasy kabul etmegiň düzgünleri..................................................... 203
**V Bap. Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynyň esaslary**
§1. Maşgala hukugy barada düşünje....................................................... 205
§2. Maşgala hukuk gatnaşyklary we olaryň görnüşleri............................. 207
§3. Nika barada düşünje. Nikalaşmagyň tertibi we şetleri....................... 209
§4. Är-aýalyň arasynda ýüze çykýan şahsy
we emläk gatnaşyklary......................................................................... 212
§5. Nikany ýatyrmagyň tertibi. Nikanyň bozulmagynyň tertibi............. 213
§6. Bozulan nikanyň hukuk netijeleri.................................................... 216
§7. Hossar hakyny (aliment) tölemek borjuny ýüklemek we hossarlyk
hakyny (aliment) tölemekden boşatmak................................................ 217
**Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan şahsy we emläk gatnaşyklary**
§1. Ene-atalaryň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan hukuk
gatnaşyklarynyň esaslary. Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze
çykýan şahsy gatnaşyklaryň görnüşleri.................................................. 219
§2. Atalygy meŷletin kesgitlemek.......................................................... 224
§3. Kazyýet tertibinde atalygy bellemek................................................ 226
§4. Ene-atanyň we çagalaryň arasynda ýüze çykýan
şahsy we emläk gatnaşyklarynyň görnüşleri.......................................... 229
§5. Perzentlige almak we perzentligi ýatyrmak………......…….............. 233
§6. Hossarlygy we howandarlygy bellemek we ony ýatyrmak……........... 236
**VI bap. Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygynyň esaslary**
**Ekologiýa hukugy barada düşünje**
§1. Ekologiýa hukugy barada düşünje...................................................... 239
§2. Türkmenistanyň Prezidentiniň ekologik syýasaty................................ 243
§3. Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy............................................ 247
**Ýere eýeçilik hukugy, ýerden peýdalanmak hukugy we ýer kärendesi**
§1. Ýere hususy eýeçilik hukugy............................................................. 250
§2. Ýerden peýdalanmak hukugy............................................................ 253

§3. Ýer kärendesi........................................................................................ 256

**Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik we peýdalanmak hukugy**

§1. Ýer jümmüşine, suwlara, tokaýlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine eýeçilik hukugy........................................................................ 259

§2. Ýer jümmüşinden, suwlardan, tokaýlardan, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak hukugy............................................................ 264

§3. Aýratyn goralýan döwlet-tebigy meýdanlar we zatlar (döwlet goraghanalary, çäkli goraghanalar, tebigy ýadygärlikler).......................... 270

**Ekologik dolandyryş we gözegçilik. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi**

§1. Ekologik dolandyryş.................................................................................. 276

§2. Ekologik gözegçilik................................................................................... 281

§3. Ekologik-hukuk jogapkärçiligi.................................................................. 285

**VII bap. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynyň esaslary**

**Jenaýat hukugy barada düşünje we onuň wezipeleri**

§1. Jenaýat hukugy we jenaýat kanuny barada düşünje.............................. 290

§2. Jenaýat hukugynyň predmeti.................................................................... 294

§3. Jenaýat hukugynyň wezipeleri.................................................................. 295

§4. Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri.................................................................. 295

**Jenaýat we jenaýatçylyk barada düşünje**

§1. Jenaýat barada düşünje we onuň alamatlary........................................... 297

§2. Jenaýatyň kategoriýalary (derejeleri) we görnüşleri.............................. 299

§3. Jenaýatyň düzümi....................................................................................... 300

§4. Jenaýata bile gatnaşma (şäriklik) ........................................................... 303

§5. Etmişiň jenaýatçylyklygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar.......................... 304

§6. Bialaç zerurlyk............................................................................................ 306

§7. Fiziki ýa-da psihik (ruhy) taýdan mejbur etmek...................................... 306

§8. Esaslandyrylan töwekgelçilik................................................................... 307

§9. Buýrugy ýerine ýetirmek............................................................................ 308

**Jenaýat jogapkärçiligi we jeza barada düşünje**

§1. Jenaýat jogapkärçiligi diýen düşünje.................................................... 309
§2. Jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we
agyrlaşdyrýan ýagdaýlar........................................................................ 310
§3. «Jeza» diýen düşünje, onuň maksatlary we görnüşleri…………........... 319